UOK 008+323 (575.4)
B 50

Berdimuhamedow G.
B 50 Ömrümiň manysy. – A.: Türkmen döwlet neşirýat gullugy, 2022.

Hormatly Arkadagymyzyň «Ömrümiň manysy» atly täze kitabynda türkmen halkynyň dünýä nusgalyk asylly ýörelgeleri bilen bir hatarda, Garaşsyz, Bitarap ýurdumyzyň häzirki döwürde gazanýan ösüşleri, ýeten derejesi hem-de özüniň ömrüniň manyly menzilleri, durmuş ýoly baradaky maglumatlar jemlenendir.

Gahryman Arkadagymyzyň kämil zehini bilen dörän bu eserinde şu gün we geljek üçin örän möhüm başlangyçlar öňe sürülýär. Olarda mukaddes Garaşsyzlygymyz, hemişelik Bitaraplygymyz, ata-babalarymyzyň beýik işleri, türkmen topragynyň gülläp ösüşleri, saz, söz, sungat, medeniýet, parahatçylyk, dost-doganlyk, ynsanperwerlik, milli garaýyşlar, milli duýgy-düşünjeler, döwletlilik, syýasat, adalat, diplomatiýa, taryh hem miras, şu gün hem geljek hakynda söhbet edilýär.

Hormatly Arkadagymyzyň täze kitaby ösüşiň täze tapgyry — Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwrüniň geljek 30 ýyly üçin kesgitlenen belent maksatlara ýetmekde halkymyza ruhy goldaw berer.

TDKP № 43, 2022 KBK 71/79+66.3 (2Tü)

© G. Berdimuhamedow, 2022.

GURBANGULY
BERDIMUHAMEDOW

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Aşgabat
Türkmen döwlet neşirýat gullugy
2022

Giriş

Eziz watandaşlar!

Bu gün Türkmenistan döwleti Ýer togalagynda, türkmen halky bolsa dünýä halklarynyň arasynda özüniň mynasyp ornuna eýe boldy. Döwletimiziň hem, halkymyzyň hem mertebesi belende galdy. Elbetde, döwleti hem, halky hem beýgeldýän ynsanlardyr. Şunda şol ynsanlaryň asyrlaryň dowamynda sünnälenip kemala getirilen kada-kanunlara, ýörelgelere, däp-dessurlara eýerişi, olara sarpa goýşy uly ähmiýete eýe bolýar. Ata-babalarynyň ýörelgelerine ygrarly bolmak, olary baýlaşdyrmak, geljek nesillere ýetirmek her bir halkyň öňünde durýan wajyp meseleleriň biridir. Kähalatlarda şular dogrusynda, durmuş pelsepesi hakynda, ynam, ynanç, mukaddes ýörelgeler, olaryň durmuşymyzdaky orny, nesillerimiziň bagtyýar ýaşamaklary üçin indiki edilmeli işler barada oýlara berleniňi duýman galýarsyň. Durmuş tejribäň artdygyça-da bulara has içgin aralaşýarsyň. Men özümiň bu zatlara garaýyşlarymy kagyza geçirip,

ildeşlerim bilen paýlaşmagy ozaldan göwnümde besleýärdim. Allatagalanyň eradasy bilen, köp ýyllaryň dowamynda eden belliklerimi, toplan maglumatlarymy seljerip, bir kitaba ýerleşdirip, ine, şu günlerde ony okyjylaryma peşgeş bermegi makul bildim.

Saglyk bilen, üstesine, abraý bilen ýaşamak aýratyn uly nygmatdyr, gadyryny bilmeli, müňdebir şükür etmeli nygmatdyr.

Halkymyz hemişe ýagşylyga ýaran bolup gelendir, her ýerde, her ýagdaýda ýagşylygy ündändir. Şunuň bilen baglanyşykly, meniň çuňňur ynanjyma görä, her bir adam öz geçen ýoly, şu güni, geljegi barada çynlakaý we düýpli oýlanmalydyr. Men şunça ýoly nähili geçdim? Nämeleri bitirdim? Şu gün nähili bolmaly, nämeleri etmeli? Galan ömrümi nähili ýaşamaly? Ine, şeýle soraglary, kärine we derejesine seretmezden, her bir ynsan öz-özüne bermelidir. Men bu ýagdaýa ynsançylyk borjy diýip düşünýärin. Aslynda, meniň pikirimçe, hakyky ynsan boljak bolsaň, mydama öz-özüňden hasabat sorap ýaşamaly. Bu ýagdaý her ynsanyň öz-özüni açmagy, özüniň nädogry hem dogry ädimlerine, asgyn hem üstün taraplaryna düşünmegi, eden hem edip ýetişmedik işlerini seljermegi, ýalňyşmazlygy, geljegini kämil kesgitlemegi, dogry ýoldan gitmegi

üçin möhüm pursatdyr. Adamlar özlerinde her ýaşyň aýratyn jogapkärçiligini duýmalydyrlar we ýaňky ýaly soraglar orta gelende, muňa has ünsli garamalydyrlar. Şunda öz-özüňe örän talabedijilik bilen garamak gerek, sebäbi munuň özi galan ömrüňi hem manyly ýaşamak üçin tijenmäge iterýär. Ýeri gelende, her ýaşyň öz aýratyn jogapkärçiliginiň bardygyny hem aýdasym gelýär.

Ep-esli ýaşa ýeten adamyň öz aýratyn hormaty bar. Bu ýöne ýere däldir, halkymyzyň ýaşula goýýan üýtgeşik sarpasy bilen baglydyr. Bu hormata mynasyp bolmak gerek! Ine, şu ýerden öz-özüňe jogapkärçilik ýokarlanýar. Ol bolsa sözüňe, hereketiňe, durmuşyňa, bütin bolşuňa jogapkärçilikdir.

Halk diýeniň, millet hem ymmat diýeniň – mizan. Ol mydama seniň agramyňy ölçär durar. Mynasypmyň – mynasyp diýer. Mynasyp dälmiň – mynasyp däl diýer. Şoňa görä, men ýurdumyzyň her bir raýatyna ömrüniň her gününi, her demini il-halkymyza mynasyp, döwrümize mynasyp, dinimize hem däp-dessurlarymyza mynasyp ýaşamagy, bütin ömrüni ýagşylyklara beslemegi, halkymyzyň ynamyna, söýgüsine mynasyp bolmagy, berkarar döwletimizi mundan beýläk hem beýgeltmäge goşant goşup ýaşamagy, bulary ömrüniň manysyna öwürmegi,

hemişe şu mukaddes düşünjä hyzmat etmegi arzuw edýärin.

Biziň halkymyzyň köp öwüşginli we köp sanly toýlary bar. Şeýle toýlaryň birine «pygamber toýy», «pygamber ýaş toýy», «ak goýun bermek» ýa-da «ak goýun toýy» diýýärler. Atlandyrylyşy dürlüçeräk bolsa-da, hemmesi bir many-mazmundan ybarat. Bu toý halkymyzyň milli toýudyr. Şeýle toýuň diňe biziň halkymyzda – türkmenlerde bardygy hem muny tassyklaýandyr. Şundan hem görnüşi ýaly, türkmenler her bir mukaddes ynanja, hatda onuň toý-baýramlaryna hem özboluşly çemeleşýär. Muny beýleki baýramlaryň bellenilişinde-de görmek bolýandyr. Türkmenler, edil dini däp-dessurlar babatda bolşy ýaly, şol köp sanly musulman baýramlarynyň hem käbirini hiç mahal baýram etmändirler. Olardan diňe belli-bellilerini özlerine kabul edip alypdyrlar we asyrlaryň dowamynda bolşy ýaly, şu günlerde-de ol baýramlar bellenilýär. Ol baýramlaryň mynasyp derejede bolmagyna döwletimiz doly goldaw, uly hemaýat berýär. Bu baýramlara diňe dindarlarymyz däl, bütin halkymyz gatnaşýar. Şeýlelikde, olar diňe dini baýramlar hem däl, şu halkyň öz baýramy, milli baýramlar ýaly täsin bir derejä göterilip, özboluşly öwüşgine eýe bolup gelýändir. Şeýle bolmagyny, bir tarapdan,

halkymyzyň yslam medeniýetiniň iň gowy däplerine goýýan aýratyn hormaty bilen, beýleki bir tarapdan, ol däpleriň çuňňur köklerinin yslamdan has ozalky müňýyllyklardan gaýdýandygy bilen düşündirip bolar.

Hudaý sylap, saglyk bilen ömür sürüp ýören her bir adamyň öz maşgalasynyň, ýakynlarynyň, töwereginiň – goňşy-golamlarynyň, dost-ýarlarynyň, gatnaşýan adamlarynyň, şonuň bilen birlikde, bütin jemgyýetiň öňünde ýeneki hyzmatlary, borçlary bardyr. Ol hyzmatlar, borçlar halallyk bilen bitirilmeli ýagşy işlerdir. Öz nebereleriniň arasynda, märekelerde, ähli ýerde öz sözi hem işi bilen bitirjek, ile-ýurda peýdaly işleridir.

Türkmenistanyň Esasy Kanunynda ýurdumyzyň konstitusion gurluşynyň esaslary, ýurdumyzda adamyň we raýatyň hukuklary, azatlyklary we borçlary örän aýdyň kesgitlenilendir. Şoňa laýyklykda, Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň ýokary gymmatlygy adamdyr. Adamy goramak, goldamak we oňa hyzmat etmek döwlet häkimiýet edaralarynyň baş wezipesidir. Döwlet dinleriň we dine uýmagyň erkinligini, olaryň kanunyň öňünde deňligini kepillendirýär. Dünýewi we demokratik kada-kanunlary öz durmuşynyň esasyna öwren ýurdumyzda dini

guramalar döwletden aýrydyr, olaryň döwletiň işine gatyşmagyna we döwletiň wezipelerini ýerine ýetirmegine ýol berilmeýär. Edil şonuň ýaly, döwletiň bilim ulgamy dini guramalardan aýrydyr we ol dünýewi häsiýete eýedir. Syýasy partiýalaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň we gaýry gurluşlaryň taglym ulgamy babatda bolşy ýaly, dini guramalaryň taglym ulgamy hem raýatlar üçin hökmany häsiýete eýe däldir.

Bulardan başga-da, Konstitusiýamyza laýyklykda, ýurdumyzda adamyň we raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň deňliginiň, şeýle hem milletine, teniniň reňkine, jynsyna, gelip çykyşyna, emläk hem wezipe ýagdaýyna, ýaşaýan ýerine, diline, dine garaýşyna, syýasy ynam-ygtykadyna ýa-da gaýry ýagdaýlara garamazdan, adamyň we raýatyň kanunyň we kazyýetiň öňünde deňliginiň kepillendirilýändigini aýtmalydyryn. Her bir adam özüniň dine garaýşyny özbaşdak kesgitleýär, onuň ýeke özi ýa-da beýleki adamlar bilen bilelikde islän dinine uýmaga ýa-da hiç bir dine uýmazlyga, dine bolan garaýyşlary bilen baglanyşykly ynam--ygtykatlaryny beýan etmäge we ýaýratmaga, dini däpler berjaý edilende gatnaşmaga haklydyr.

Biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiz halkymyzyň erk-islegi, köp asyrlyk arzuw-umytlary

bilen guruldy. Türkmenistan döwleti dünýewi, demokratik döwletdir.

Sözümiň başynda aýdyşym ýaly, şu günlerde eliňizdäki kitabymy halkyma, ähli okyjylaryma peşgeş bermegim häzirki pursatlarda bu babatda özümde duýýan jogapkärçiligim, aňymda hem ýüregimde oturan pikir-duýgularymy size ýetirmegi wajyp bilendigim bilen bagly. Şunda men öz halkymyň ogludygyma, öz halkymyň ynanjyny, arzuw-isleglerini ähli zatdan belentde tutýandygyma, sözümi öz halkymyň guran döwletine Baştutan bolan adam hökmünde aýdýandygyma dogry düşünýärin. Munuň özi halkymyň belent ynamyna eýe bolup, berkarar döwletimiziň Prezidenti wezipesini ýerine ýetirýärkäm, elbetde, ähli meselede şeýle bolupdy we şonuň bilen birlikde, dinimiz, däp-dessurlarymyz, ýol-ýörelgämiz hakynda söhbet açýan şu kitabymda-da şeýledir.

Hakyky adam, Hakyň söýen ynsany nähili bolmaly? Ynsan Zeminde peýda bolaly bäri munuň jogaby gözlenilýär.

Meniň şeýle diýesim gelýär: hakyky ynsan Hakyň söýen ynsanydyr. Ol özüne erk edýändir. Zyna edýän däldir. Sözünde tapylýandyr. Amanada kast edýän däldir. Boş we peýdasyz zatlardan ýüz öwürýändir. Sabyr edýändir. Şükürlidir. Tobalydyr.

Hiç wagt öte geçýän däldir. Gahar-gazaba berilýän däldir. Adamlary bagyşlaýandyr. Gysgançlyk etmez, emma isrip hem etmez. Özüni gowulyga tutýandyr, ýamanlygy terk edendir. Gybat etmez. Agyr söz urmaz. Görmedigine ynanmaz...

Aýtsaň, aýdyp oturmaly. Şeýle tämiz görelde, gyşarnyksyz ýörelge, beýik parasat müňýyllyklaryň jümmüşlerinden gelýändir, diniň, ýol-ýörelgäniň hem özenine siňendir, Magtymguly ýaly beýik akyldarlaryň eserlerinde hem aýdyň şöhlelenýändir. Hut şolar hem häzirki günlerimiziň görüm--göreldesini, edep-terbiýesini, ýol-ýörelgesini, päkize ahlagyny düzýändir, ähli gowy işlerimiziň esasynda durandyr.

Şu ýerde men gadymyýetden gelýän parasatly sözüň biziň günlerimizde hem hiç ähmiýetini ýitirmändigine, gaýtam, ýaşaýşa çelgi bolup lowurdap durandygyna käbir mysallary getireýin. Gadymy Oguz-Orhon ýazgylarynda duş gelýän «Göge tüýkürseň, ýüzüňe düşer» diýen nakylyň manysyny tirip görüň! Şeýle pähimler gadymy türkmen topraklaryndan beýleki ülkelere aralaşyp, başga medeniýetlere galtaşyp hem, goşulyşyp hem hiç mahal, hiç ýagdaýda öz manysyny, çeperçilik gymmatyny gaçyrmandyr. Ýa-da ata-babalarymyzyň has gadymy durmuşynda-da, ýaşan

ähli döwürlerinde-de şol bir gymmatyny saklap gelen sahylyk, zady zaýa etmezlik ýaly düşünjeler hakynda aýdaýyn. «Oguznamalardan», «Gorkut atadan» biz bular hakynda bilip bileris. Yslam hem şuny ündeýär. Magtymguly:

Kyýamat güni jomarda
Dowzahdan zyýan ýetmezmiş –

diýip, şol gadymy, telim dinleriň, ýörelgeleriň içinden geçip, ýitmän ýaşap gelen pähimi öz beýik sözüne ýugrup aýdypdyr. Jomartlyk etmek, emma isrip etmezlik hakynda-da şuny aýdyp bolar. Halkymyz isrip etmegi berk ýazgarýar. Halkymyzda: «Isrip – haram» diýen söz bar. Görnüşi ýaly, gadymyýetiň pähim-parasaty şu günki we uzak geljegi nazarlaýan maksatlarymyz bilen sazlaşyp, bitewi milli ýol-ýörelgämizi düzýär.

Şeýlelikde, milli kada-kanunlarymyz, döwletliligimiz bilen bagly, biziň bütin dünýäde ykrar edilen Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwletimiziň ösüşleri bilen bagly hökman aýtmaly sözlerim bar. Şonuň üçin bu kitaba milli ýol-ýörelgämiziň, däp-dessurlarymyzyň, dinimiziň köklerinin juda çuňdugy, has gadymy döwürlerden gaýdýandygy baradaky pikirlerimi girizdim. Dünýewi döwletimizde milli ýol-ýörelgämizi gaýtadan dikeldýändigimiz, berkidýändigimiz, juda aýawly,

päkize saklaýandygymyz, ruhy gymmatlyklarymyzyň sarpasynyň belentdigi baradaky garaýyşlarymy beýan etdim.

Türkmen topragy müňlerçe ýyllaryň dowamynda dünýä medeniýetiniň umumy taryhy üçin örän ähmiýetli mekan, uly wakalaryň, siwilizasiýalaryň mesgeni boldy. Bu toprakda ekerançylyk, maldarçylyk, ylym, medeniýet, sungat gülläp ösdi. Biziň ata-babalarymyz bilimde öňdebaryjylar bolupdyrlar. Irki ekerançylyk zamanasynda türkmen topragynda Garadepe, Göksüýri, Ýylgynly ýaly oturymly ýerler döräpdir.

Ata-babalarymyzyň döreden beýik ýaşaýyş medeniýetleri, guran beýik döwletleri adamzadyň taryhynda lowurdap durandyr. Ol döwletler ylym, ýol-ýörelge, adalat baýdagy bolup pasyrdapdyr. Biz – bu günki türkmenler, geçmişimizi çuňňur öwrenmek bilen, gadymy oguz-türkmen döwletiniň, Parfiýa döwletiniň, seljuk türkmenleriniň döreden onlarça döwletleriniň, osman türkmenleriniň soltanlyklarynyň, beýleki türkmen döwletleriniň şöhratyna buýsanyp bileris.

Türkmenistany dünýä taryhynyň ösüşinde Hytaý, Mesopotamiýa, Müsür bilen deň derejede goýýan alymlar mamladyr. Munuň özi eýýäm ylmy taýdan subut edilen, dünýäde ykrar edilen

hakykatdyr. Şeýle şöhratly taryhy dünýä beren ata-babalarymyz, elbetde, ruhy-medeni baýlyklary hem miras galdyrdy. Ol baýlyklar biziň bahasyz milli baýlyklarymyz bolmak bilen, bütin adamzat üçin hem juda ähmiýetlidir, olaryň dünýä gymmatlyklarynyň arasynda öz mynasyp orny bardyr.

Biz ata-babalarymyzyň mirasdüşerleridiris. Başda-da belleýşim ýaly, ata-babalarymyzyň ynam-ygtykadyny, däp-dessuryny, dinini, ýörelgesini, bütin ruhy-medeni gazananlaryny öwrenmek, olary döwre görä öňe alyp gitmek işi bu gün biziň egnimize düşýär. Döwletliligimizi mundan beýläk-de ösdürmek, berkitmek, onuň hiç mahal mizemezligini gazanmak biziň mukaddes borjumyzdyr, iň belent wezipämizdir. Muňa hötde gelmek üçin halkymyzyň ynanjyny hem mertebesini kesgitleýän milli ruhy gymmatlyklarymyzyň gadyryny bilmegimiz, olary aýawly saklamagymyz we ösdürmegimiz zerur. Biziň hiç mizemejek milli ruhy gymmatlyklarymyz berkarar döwletliligimiziň sarsmaz polat sütünleridir!

Eziz okyjym!

Ýokarda aýdanlarym boýunça beýan edýän garaýyşlarymda meniň bilen duýgudaş, pikirdeş, köňüldeş bolarsyň diýip umyt edýärin.

ÝAŞAÝYŞ MEDENIÝETI

Adam ykballary... Men bu hakynda kän oýlanýaryn. Şonda dogry görüm-göreldäniň, dogry terbiýäniň, kämil ýol-ýörelgäniň adam ykballaryna täsiri barada pikir edýärin. Ata-babalarymyz bu babatda beýik nusgalary goýup gidipdirler. Olaryň müňlerçe ýyllyk tejribesi, ynsan terbiýesi we ynsanyň kämil adam bolmagy baradaky garaýyşlary esasynda dörän nakyllarda hem bu barada örän aýdyň beýan edilýär. «Ýagşy ene ýagşy gyza görelde», «Çagany – ýaşdan, edebi – başdan», «Ergeneksiz eklenen, terbiýesiz saklanan», «Enesini gör, gyzyny al, gyrasyny gör, bizini al», «Ata ogly ata çeker», «Atany söýen Watany söýer», «Ata gören ýol keser, ene gören don keser», «Atadan nesihat alan ogul kethuda bolar, eneden nesihat alan gyz keýwany bolar», «Ata alkyşy – altyn», «Ataň barka, dost gazan, atyň barka – ýol», «Ata kesbi ogla halal», «Enem-atam şirin dilli ussadym», «Ene-atany horlanyň dony otdan bolarmyş», «Halypasyz ussa bolmaz, tagsyrsyz – molla», «Şägirt halypadan

ozdurmasa, hünär ýiter», «Hünärli ýigit – miweli agaç»... Görnüşi ýaly, şu hili atalar sözlerinde ajaýyp gylyk-häsiýetli, gowy terbiýeli, hünärli bolmak, käriňde kämilleşmek, ýoluňy dogry saýlamak bilen baglanyşykly durmuş kanunlary her taraplaýyn düşündirilýär. Şunda ene-atanyň ornuna, halypanyň ornuna ullakan ähmiýet berilýär.

Haýsydyr bir zady ýüregiňe berk düwseň, maksat edinseň, bu ugurda tagallaňy gaýgyrmasaň, ýetilmejek menzil ýok. Munuň şeýledigini durmuşda kän gördüm. Dürli ynsan ykballaryny synlamak arkaly, bu barada özümçe netije çykardym. Medisina institutynda işleýärkäm-de talyplaryň durmuşy, olaryň soňraky durmuş ýollary barada gyzyklanýardym.

Edil şu mahal, hormatly okyjym, bu barada aýdýarkam, şeýle bir ýagdaý ýadyma düşýär. Men bu ýokary okuw mekdebinde dosent, kafedra müdiri bolup işläp ýören wagtlarym talyplarymyň içinde bir oglan bardy. Ýeri gelende aýtsam, stomatologiýa fakulteti abraýly fakultet hasaplanýardy. Arzuw edýän kän, ýöne olaryň hemmesi okuwa girip bilenok. Sanalgy adam şol bagta eýe bolýar. Diş lukmany bolsa il arasynda hormatlanýan adam, arzyly hünäriň eýesi, köplenç, gurply kişi hasaplanýardy.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Ýaňky talyp erbedem okanokdy, beýlekilerden has tapawutlanyp hem barmaýardy. Düşbüligine, tertipliligine, pespälligine görä, ýoldaşlarynyň arasynda abraýy bardy. Mugallymlar hem ony ortatapdan ýokarda okaýan talyp hökmünde görýärdiler. Ol okuwyny tamamlap, diplomyny eline alandan soň, bir gün meniň ýanyma geldi.

– Köp sag boluň, mugallym! Gowy okatdyňyz, gowy hünär berdiňiz. Bu ugurdan işlesem, il içinde sylagly adam boljakdygymy, durmuşda hor bolmajakdygymy bilýän. Başarnygym hem ýok däl. Ýöne men bu ugurdan işlemekçi däl – diýdi.

Men oňa:

– Okadyň, bilim aldyň, gowy hünäriň eýesi bolduň. Indi hünäri har etmän, öz ugruňdan işle ahyryn! Öz aýdyşyň ýaly, abraýyňam, sylag-hormatyň hem ýetik bolar, gazanjyňam gowy bolar. Işlemejek bolsaň, okamalam däl ekeniň. Bu ýagdaýda sen başga biriniň ýerini saklap gelen adam bolýaň. Şunça wagt okatmak üçin, döwlet saňa, gör, näçe çykdajy etdi!? Seniň ýeriňe başga biri okan bolsa, begenerdi – diýdim.

Şonda ol:

– Men Size dogrymy aýdaýyn. Ejem ýarawsyz boldy. Ol hemişe meniň şu ugurdan okamagymy,

lukman bolmagymy arzuw etdi. Men bu okuwa ejemi razy etjek bolup girdim. Razy etdimem. Ýöne galan ömrümi öz-özümi aldap gezip biljek däl. Men göwnüme kän geňeşdim. Işinden lezzet almaýan lukman bolanymdan, söwdagär bolanymy gowy görýärin. Kakam söwdagär, meniň damarlarymda söwdagäriň gany aýlanýar. Diýşiňiz ýaly, men okuwda kimdir biriniň ýerini alanyma hem düşünýän. Emma bu ugurdan işlemäge welin höwesim ýok, meniň höwesim söwdada, söwda ugrundan gitjek. Size şu gürrüňi aýtmak üçin hem has köp pikirlendim. Ýöne maňa iň gowy düşünýän mugallymym diýip hasap edemsoň, Size muny aýtmagy makul bildim – diýip, müýnli ýaly aşak bakdy.

Hawa, şol wagt bular ýaly gürrüň düýbünden garaşylmadyk gürrüň hasaplanýardy. Oňa her hili ýagdaýda düşünjeklerem bardy. Düýbünden düşünmejeklerem bardy. Talyp hernäme-de bolsa, muny mertlerçe aýtdy. Elbetde, men oňa dogry düşündimmikäm diýýärin. Şonuň üçinem durmuş tejribäme görä maslahat berdim.

Şondan soň aýlar aýlandy, ýyllar geçdi. Men ýurdumyzyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri bolup işleýärdim. Beýleki işler bilen birlikde, daşary ýurtlardan gelýän wekiliýetleri hem

kabul edýärdim. Gepleşikler gutaransoň, türkmen myhmansöýerligine görä, olara hyzmat edilerdi. Bir gezek şeýle wekiliýetleriň biriniň agzalaryna agşamlyk naharyny bermekçi boldum. Ol wagtlar paýtagtymyzda gowy görülýän restoranlary barmak büküp sanaýmalydy. Şolardan birini saýlap-seçip, myhmanlary eltdim. Ine, görsem, ol ýerde meniň öňki talybym iş bilen gümra bolup, aýlanyp ýör. Men oňa habar gatdym:

– Sen bu ýerde näme işläp ýörsüň?

Ýaňky ýigit:

– Men okuwy tamamlap, özümi söwda işlerine urdum. Şu restorany täzelikde satyn aldym, indi ol meňki. Sizden hem ömürboýy hoşaldyryn. Şol gezek maňa dogry düşünip, ýüzümi alyp goýbermediňiz, gaýtam, degerli maslahatlaryňyzy berdiňiz. Siziň beren maslahatlaryňyzy öz ýakynlaryma hem gürrüň berdim, indi olar hem size alkyş aýdýarlar – diýdi.

Garaz, durmuşyny gysgaça gürrüň berdi, ilkibada üstünligem bolupdyr, kynçylygam bolupdyr. Hususyýetçilige ýaňy ýol açylyp başlansoň, kem-kemden onuň işi şowlapdyr. Ol öz ykbalyny göwün söýen işine baglapdyr, şondan rysgalam tapypdyr. Işi hakynda gürrüň berşi hem üýtgeşik, gözlerinden

dogum syçrap dur. Indiki etsem-goýsamlary has-da köp.

Käriň, hünäriň, işiň erbedi ýok. Söwda işi-de gowy. Halal hem kämil bolanda, söwda diňe ol ýa beýleki anyk bir adam babatda alnanda däl, halk hem ýurt babatda alnanda hem juda peýdalydyr. Ata-babalarymyz hem muňa uly üns beripdirler, olar peýdanyň örän köp böleginiň söwdadan gelýändigini durmuş tejribesinde görüpdirler. Kämil döwletleri gurup, imperiýalary dolandyran pederlerimiziň tejribesinden bu babatda köp mysallary getirip bolardy.

Biziň bu günki Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň beýleki döwletler bilen, sebitler bilen gatnaşygynda hem söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk örän möhüm orun eýeleýär. Eýsem-de bolsa, men ýokarda diňe söwdanyň gürrüňini etmedim-de, islendik göwün söýen işiň, şol iş boýunça hünär almak, kämillige ýetmek, arzuwlaryňa, maksadyňa gowuşmak ugrundaky tutanýerlilik hakynda aýtdym. Haýsydyr bir kynçylyga duş gelen ýagdaýyňda ruhdan düşmezlik, başlan işiňi taşlamazlyk, gaýtam, işe tutanýerlilik bilen ýapyşmak öňde goýan maksadyňa ýetmegiň ygtybarly ýoludyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Şeýle mysallar durmuşda bir ýa iki däl, olar kän gabat gelýär. Ýaňky wakany mysal getirmek bilen, bir zady göwnüňe berk düwseň, maksat edinseň, zähmetden gaçmasaň we her işiňi akylly-başly etseň, ýol alyp bolýandygyny, hatda abraýly menzillere ýetip bolýandygyny nygtamakçy boldum. Elbetde, her işe zehin gerek, höwes gerek, başarnyk gerek, zähmet gerek. Adamyň iň gowy başarjak işi onuň göwnünde otyr, şoňa görä, haýsydyr bir işe ymykly baş urmazdan öňürti, göwnüňi diňlemek zerur. Göwnüňi diňlemek – bu özüňi açmakdyr, öz-özüňi diňlemekdir, öz-özüň bilen maslahatlaşmakdyr. Adamy onuň özünden gowy tanap biljek ýokdur, emma adam özüni açmany, özüne dogry baha bermäni başarmaly.

Şunuň bilen birlikde, meseläniň başga tarapyna hem ünsi çekmek isleýärin. Munuň özi hünäri çagalykdan saýlamak, şoňa görä hem bilim almak bilen baglanyşykly. Men entek mekdep partasynda otyrka, okuwçylaryň hünär saýlamak meselesine üns berilmeginiň, olaryň belli bir hünäri saýlamagyny gazanmagyň tarapdary. Degişli ýolbaşçylardan işini şonuň ýaly guramagy talap hem edýärdim. Bu hatda diňe orta bilim berýän mekdeplere däl, eýsem, mekdebe çenli çagalar edaralaryna hem degişlidir.

Çagalary heniz olar mekdebiň bosagasyndan ätlemänkäler, çagalar baglarynda hünärlere ugrukdyrmak zerur. Terbiýeçiler çagalaryň hünärlere höwesi, ukyby bilen gyzyklanmalydyrlar, olara dürli hünärleriň aýratynlygy, gymmaty barada düşünjeleri bermelidirler. Ata-eneleriň öz çagalarynyň hünärleri saýlamaklaryna garaýyşlary bilen gyzyklanmalydyrlar. Soňra bu ugurdaky işler mekdeplerde dowam etdirilmelidir. Munuň şeýle bolmagy üçin biziň terbiýeçilerimizde we mugallymlarymyzda ähli mümkinçilikler bar. Biz şol mümkinçilikleri ýene-de kämilleşdirýäris, giňeldýäris. Iň esasy zat: maksatlarymyz aýdyňdyr, hünärli nesillerimizi ýetişdirmek, olary öz zehinleri, başarnyklary, isleg-höwesleri boýunça hünärlere ugrukdyrmak, şular esasynda mekdepden soňky ýokary ýa-da orta hünär okuw mekdeplerinde bilim almaga ugrukdyrmak mugallymlaryň öňündäki möhüm wezipelerdendir.

Hakykatda, çagany hünäre ugrukdyrmak onuň terbiýesiniň has irki döwründen, ene hüwdüsinden başlanýandyr. Ene hüwdüsi – bu çaga üçin dogadyr. Ene hüwdüsi – bu perzendiň il-halkyny söýýän, sylagly, ýagşy görüm-göreldeli, ýagşy ýörelgeli, ajap hünärli adam bolup ýetişmegi baradaky ilkinji

«sapaklardyr». Heniz mana düşmeýän diýilýän we dil çykarmadyk körpe şol ýagdaýda hem ene hüwdüsinden dünýäniň manysyny aňýandyr. Terbiýäniň esaslary hut şundan başlanýar!

Görnüşi ýaly, ogul-gyzyň hünärleri dogry saýlamagynda, şol hünärler boýunça bilim almagynda, özüni kämilleşdirmeginde maşgala ilkinji orun degişlidir. Bu babatda ata-eneleriň öňünde örän jogapkärçilikli hem mukaddes wezipe durýar. Men «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» kitabymda-da bu barada söz açypdym, hünärlere bolan höwesiň maşgalada döredilmeginiň zerurdygy hakynda aýdypdym. «Mert ýigitler gaýrat üçin dogulýar» atly kitabymda bolsa kakamyň söhbetleri barada söz açypdym we hünär saýlap almagymda kakamyň şol söhbetleriniň ähmiýetiniň uly bolandygy barada belläpdim.

Hünär meselesi – adamyň ykbaly. Ykballar birleşip, halkyň ykbalyny emele getirýär. Halkyň ykbaly bolsa ýurduň, döwletiň ykbalydyr. Munuň özi biziň umumy ýol-ýörelgelerimiziň, diýmek, hatda ynam-ygtykadymyzyň berkligi bilenem baglanyşyp gidýär.

Bir zady göwnüňe berk düwseň, zehiniňe ýugrup, akylly-başly zähmet çekseň, maksatly

ýollarda abraýly menzillere ýetip bolýandygy, nesilleri hünärlere ugrukdyrmakda, düşünjeli we giň gözýetimli adamlar edip ýetişdirmekde bilim-terbiýe ojaklaryna, ata-enelere juda uly jogapkärçiligiň düşýändigi bilen baglanyşykly ýene bir mysal getireýin.

Adatça bolşy ýaly, «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» ýyly diýlip yglan edilen 2020-nji ýylda hem ýurdumyzda Bütindünýä welosiped güni uly dabaralar bilen bellenildi. Paýtagtymyzda Welosiped binasynyň açylyş dabarasyndan soň guralan sport çäreleri Olimpiýa şäherçesinde dowam etdi. Bu ýerde men Aşgabatda işleýän halkara guramalaryň wekilleri bilen duşuşdym. Ýeri gelende aýtsam, ýurdumyz öz üstüne alan halkara borçnamalaryna üýtgewsiz eýerýär, halkara hyzmatdaşlygynyň meselelerine örän jogapkärli çemeleşýär. Biz Birleşen Milletler Guramasy we onuň düzümleri bilen hyzmatdaşlyga aýratyn ähmiýet berýäris. Bu zatlary ýatlamak arkaly men nesillere bilim-terbiýe bermegiň, olary hünärlere ugrukdyrmagyň ýurdumyzyň dünýä bilen gatnaşyklaryna, halkymyzyň bagtly geljegi bilen baglanyşyp gidýän bir pursadyna ünsi çekmek isleýärin. Munuň özi ýene-de adam ykballary, bagtyýar nesillerimiziň geljegi

baradaky söhbedimiň dowamydyr. Adam ykballarynyň bitewülikde tutuş halkyň ykbalyny emele getirýändigi, ýurduň ykbalyny kesgitleýändigi barada çuňňur oýlananyňda, bu işiň iňňän düýplüdigine, çynlakaýdygyna, hiç haçan ony ünsden düşürmeli däldigine has doly göz ýetirmek bolýar.

Halkara guramalaryň Aşgabatdaky wekilhanalarynyň ýolbaşçylary bilen bolan bu duşuşygyma agtygym Kerim hem gatnaşdy. Men bu ýere ýygnananlary agtygym bilen tanyşdyrdym. ÝUNISEF-iň ýurdumyzdaky wekilhanasynyň ýolbaşçysy onuň bilen gürrüňdeş boldy, ondan okuwy, sapaklary barada sorady. Ýurdumyzyň orta mekdeplerinde bilim berlişiniň hiliniň nähilidigini bilmek onuň üçin gyzyklydy. Kerim berlen sowallara anyk jogaplary bermegi başardy. Haçan-da ol arassa iňlis dilinde gürläp başlanda, myhmanlaryň ählisi ony üns bilen diňlediler. Özüne berlen sowallara jogaplaryndan daşary ol ýurdumyzyň ähli umumy orta bilim berýän mekdeplerinde daşary ýurt dilleriniň öwredilýändigi, mekdeplerde rus, iňlis dilleriniň öwredilmeginiň hökmany ugurdygy, käbir ýöriteleşdirilen mekdeplerde hytaý, nemes, ýapon, koreý, fransuz, italýan dilleriniň çuňlaşdyrylyp öwredilýändigi barada gürrüň berdi.

Duşuşyga gatnaşanlar onuň iňlis dilini suwara bilýändigine, diliň kadalaryndan ýokary derejede baş çykarýandygyna haýran galdylar.

ÝUNISEF-iň ýolbaşçysy Kerimiň gürrüňini ünsli diňläp, häzirki wagtda Türkmenistanda nesilleriň sazlaşykly ösüşi, şunlukda, çagalaryň irki ösüşi, ýaşlaryň dünýä ylmyna aralaşmagy, daşary ýurt dillerini öwrenmegi üçin uly aladalaryň edilýändigine ýene bir gezek göz ýetirendigini nygtady. Ol Kerimiň iňlis dilinde arassa, sowatlylyk bilen gürleýşine ýokary baha berdi. Ýeri gelende aýtsam, Kerimiň gyzyklanýan, höwes edýän, öwrenýän zatlary giň, töwerekleýin. Onda bedew atlarymyza aýratyn söýgi bar. Onuň atlary seýislemäni öwrenendigini, ökde çapyksuwar hökmünde ýaryşlara gatnaşyp, ýeňiji bolandygyny ýatlasam, köp zat düşnükli bolar. Ol sungaty, aýratyn hem, aýdym-saz sungatyny söýýär, saz çalyp, aýdym aýdýar, hatda kompozitorlyk zehinini hem synap gördi – meniň goşgularyma döreden aýdymlary halkymyzyň arasynda uly gyzyklanma döretdi. Kerimiň aýdym-saz sungatynda gazanan üstünlikleri netijesinde Türkmenistanyň Prezidentiniň «Türkmeniň Altyn asyry» atly bäsleşiginiň ýeňijisi bolmagy hem meni juda guwandyrdy. Ol çagalykdan hünär saýlady we

hünäri kämil ele almagy öz öňünde maksat edinip goýdy. Daşary ýurt dillerini, aýratyn hem, iňlis dilini öwrenmäge çagalykdan bäri çynlakaý ýapyşýar. Ýaşdygyna seretmezden, Kerimiň özi baradaky gyzyklanmalara hem sowallara säginmezden, anyk we düşnükli jogap berşine, iňlis dilinde arkaýyn gürleýşine halkara guramalaryň ýolbaşçylarynyň ünsüni çekendigine, hatda olary biraz geň galdyrandygyna öz ýanymdan buýsandym. Sebäbi men öz agtygymyň mysalynda tutuş türkmen ýaşlarynyň geljegini görýärin. Onsoňam her bir ata-enäniň ogul-gyzynyň, agtyklarynyň üstünligine buýsanmagy bolaýmaly ýagdaý ahyryn.

Eýsem, şu zatlary serimde aýlap, men, ozaly bilen, näme hakynda oýlandym? Şol pursat ýurdumyzda ylym-bilimi ösdürmek, okuwlaryň guralyşyny kämilleşdirmek, nesillerimizi ylymly-bilimli, giň dünýägaraýyşly, medeniýetli, halkara dilleri bilýän adamlar edip ýetişdirmek boýunça saýlap alan ugrumyzyň örän dogrudygyny ýene bir gezek ýatladym. Şunlukda, söýen käriňe, maksadyňa ýetmek üçin jan etseň, ýetilmejek menziliň ýokdugy barada öňki aýdanlarymy ýene bir gezek nygtamagy zerur hasap etdim. Biz ýaşlaryň hünärleri kämil ele almagyna, şonuň bilen birlikde, daşary ýurt

dillerini çuňňur öwrenmegine uly talap bildirýäris. Sebäbi ýaşlaryň dünýä dillerini bilmegi geljekde olaryň ýokary hünärli adamlar bolup ýetişmekleri üçinem, halkara giňişlikde Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip bilmekleri üçinem zerurdyr.

Ýaşlar – biziň geljegimiz. Olar halkyň, ýurduň ykbalyna dahylly bolmaly adamlar. Halkyň, ýurduň ykbaly bilen bagly meseleleriň üstünde kelle döwjek we akylly-başly netije çykarmagy başarjak adamlar. Nesillerimizi ýetişdirmek bilen biz öz geljegimizi gurýarys. Bu meselede halypalaryň egnine juda mukaddes borç, edil şonuň ýaly hem, uly wezipe düşýär. Meniň bu ýerdäki «halypalar» diýýänim, ilkinji nobatda, ata-enelerdir, terbiýeçilerdir, mugallymlardyr, dürli ugurlardan öz işine ussat adamlardyr. Halkymyz öz nesillerini geçmişde-de şeýdip ýetişdiripdir. Ata-babalarymyz öz nesillerini, ine, şu taýsyz nusganyň – hünär, düşünjelilik, zerur dilleri öwrenmek, Watany jan-dilden söýmek, tutanýerlilik, zehiniňi ýerinde ulanmak we zähmetsöýerlik babatdaky beýik mekdebiň, beýik ruhy akademiýanyň gujagynda ýetişdiripdirler.

Ýaşaýşyň şeýle kämil nusgasyny döreden halkymyz: «Okan il ozar, okamadyk il tozar» diýipdir. Ýene-de: «Ylym – akylyň ýarysy» diýipdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Biziň döwrümiz ylmyň hem bilimiň döwri. Bu gün uly kärhanalardan, zawoddyr fabriklerden başlap, ekerançylyga, maldarçylyga çenli – bularyň ählisine häzirki döwrüň ylym-bilimi aralaşýar, zamananyň dürli tehnologik oýlap tapyşlary, enjamlary we tehnikalary, sanly ulgamyň mümkinçilikleri ornaşýar. Olaryň barha kämilleşýändigini hem göz öňünde tutsaň, olardan baş çykarmak, olary netijeli, dogry we ýerlikli ulanmagy başarmak üçin, özüni dyngysyz ösdürýän, dünýä dillerinden baş çykarýan ylymly-bilimli nesilleriň halk üçin, ýurt üçin nähili zerurdygy düşnüklidir.

Ýol-ýörelgelerimiz hakynda gürrüň edýärkäm, bir zada aýratyn ünsi çekmelidirin. Ýol-ýörelgelerimiz diýlen düşünje bütin durmuşymyza, ýaşaýşymyzyň ähli taraplaryna degişlidir. Diýmek, ynançlarymyzyň, dünýä özboluşly garaýyşlarymyzyň, milli däp-dessurlarymyzyň, adatlarymyzyň, dürli halklar bilen özara gatnaşyklarymyzyň ylalaşmagy, goşulyşmagy, bitewüleşmegi netijesinde munuň özi biziň halkymyzyň bütin ýaşaýyş keşbini öz içine alýar. Bular biri-birine bal bilen ýag ýaly gatylandyr, şoňa görä, bulary biri-birinden aýyrmak mümkin däldir. Ýene bir gezek nygtap düşündirsem, bular bitewülikde biziň halkymyzyň milli ýol-ýörelgesini

düzýär, özbaşdak millet hökmündäki aýratynlygyny, berkligini kesgitleýär.

Men ýurdumyzyň welaýatlarynda, dürli etraplarynda bolanymda hem muny içgin synlaýardym. Şonda halkymyzyň gadymyýetiň jümmüşinden gelýän, dürli döwürlerde kämilleşdirilen ýol-ýörelgeleriniň şu günlerde hem dowam etdirilýändigine guwanýaryn. Ol ýol-ýörelgeler dürli öwüşginliligi bilen, şol bir wagtyň özünde-de biri-birine aýrylmaz baglanyşygy bilen haýran galdyrýar. Hatda men ekerançylaryň, maldarlaryň, bagbanlaryň, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň we gaýtadan işleýjileriň arasynda bolanymda-da, şu ýagdaýy görýärin. Olar öz işleri bilen ata-babalarymyzyň gadymy däp-dessurlaryny döwrümize mynasyp dowam etdirýärler.

Ýeri gelende, men türkmen topragynyň gadymy ekerançylygyň mekanydygyny ýatlatmalydyryn. Gadymy Jeýtun medeniýeti bu babatda bütin dünýäde bellidir. Jeýtun medeniýetini çuňňur öwrenen türkmen we dünýä alymlary gadymy ekerançylyk medeniýetiniň hut biziň topragymyzda ýüze çykandygyny kesgitledi. Munuň özi adamzat üçin ýaşaýyş medeniýetiniň täze dünýäsiniň açylmagydyr, adamzadyň jemgyýetçilik ösüşiniň,

maddy-ruhy medeniýetiniň, durmuş-syýasy ösüşiniň täze basgançagydyr. Ylymda aýdylyşy ýaly, siwilizasiýadyr. Men bu ýerde diňe ýekeje mysala ýüzlendim. Türkmenistan bolsa gadymy siwilizasiýalaryň ençemesiniň mekanydyr, diýmek, adamzat ösüşleriniň täze-täze basgançaklarynyň döredilen ýurdudyr.

Gadymy Änew medeniýetini ýatlamak bilen hem şuny aýdyp bolar. Mundan 100 ýyldan gowrak ozal türkmen topragyna Amerikanyň Karnegi instituty tarapyndan guralan, amerikan alymy Rafael Pampelli tarapyndan ýolbaşçylyk edilen ylmy ekspedisiýanyň anyk delillere, ylmy derňewlere esaslanyp çykaran netijesi bilen taryhy hakykat dünýä äşgär boldy. Bu ylmy ekspedisiýanyň gadymy Änewde geçiren gazuw-agtaryş işleriniň netijesinde ak bugdaýyň däneleri tapyldy. Türkmen topragynda biziň eýýamymyzdan öňki V asyrda, diýmek, mundan ýedi müň ýyl ozal ösdürilip ýetişdirilen ak bugdaý gadymy Änew medeniýetine degişlidir.

Ine, meniň ata-babalarymyzyň gadymy ekerançylyk medeniýeti, ýaşaýyş medeniýeti, döreden siwilizasiýalary diýýänim şunuň ýaly anyk maglumatlar, taryhy deliller, bütin dünýäde ykrar edilen hakykatlar baradadyr. Şu günki

daýhanlarymyzyň ata-babalarymyzyň gadymy däp-dessurlaryny mynasyp dowam etdirýändikleri barada guwanyp aýdýanlarym hem şular bilen baglanyşyklydyr.

Diňe şunuň özi hem juda gyzykly söhbetler etmäge mümkinçilik berýär. Şeýle hem bu baradaky söhbet örän inçeligi, düýplüligi, ylmy pikirlenmeleri talap edýär we durmuşyň ähli beýleki ugurlary, bütin ýol-ýörelgelerimiz bilen baglanyşyp gidýär. Şu babatda men ýene ýekeje zada ünsüňizi çekeýin. Halkymyzyň ekin-dikin bilen baglanyşykly döreden nakyllarynyň özi hem uly tejribeden habar berýär. Men «Paýhas çeşmesi» atly kitaby çapa taýýarlamak üçin toplanan nakyllary seljerenimde, olaryň her biri hakynda örän içgin oýlandym. Şeýle nakyllarda siz nämeleriň aýdylýandygy barada oýlanyp görüň, şonda bu sadadan düşnükli bolup görünýän atalar sözleriniň nähili çuň mana eýedigine, nähili beýik tejribä esaslanýandygyna ýene bir ýola göz ýetirersiňiz. Şunuň bilen birlikde, käbir nakyllar barada, gysgarak hem bolsa, öz pikirimi aýdyp geçesim gelýär:

«Dökün bolmasa, ekin bolmaz», «Dökün – höküm, harmany köpüm». Şu hili nakyllar ata-babalarymyz tarapyndan, entek ylmyň, tehnologiýanyň şu günki

derejelerine ýetmegine juda köp wagt, alys menziller bar wagtynda, şol öňki döwürlerde döredilip, häzirki döwürde bolsa ylmy esaslandyrma eýe boldy.

«Çarwa çarwanyň yzyndan ýedi ýylda ýeter, daýhan daýhanyň yzyndan bir ýylda ýeter», «Bugdaý: – Bäş aýda bir garyş öserin, bir aýda bäş garyş öserin – diýermiş», «Ak ekine ýokardan, gök ekine akardan», «Bugdaýy bolmadygyň ýagdaýy bolmaz» – bular hem gaty ir döwürlerden bäri aýdylyp gelinýän nakyllar. Müňýyllyklaryň dowamynda gazanylan netijäni, toplanan tejribäni şundan düşnükli, şundan gysga, şundan owadan edip aýtmak mümkin däl.

«Bir gün öň sepen bir hepde öň orar» diýlip hem ýöne ýere aýdylmandyr. Munuň göni, şeýle-de töwerekleýin we giň manylary bar. Ýöne men ata-babalarymyzyň tohum sepilende, ilki azalyň üstüne düşüp, soňra ýere düşen tohum bilen, hiç zada galtaşman, hiç ýerde saklanman, göni ýere düşen tohumyň arasynda-da parh goýmagy başarandyklaryny ýatlatmak isleýärin. Munuň nähili duýgurlygy, inçeligi, üşükliligi, başarnygy, ussatlygy talap edýändigini özüňiz çuňňur seljerip görüň!

«Çillede suw içen üzüm hiç haçan suwsamaz», «Almany çöle ek, üzümi – köle» – bularam juda jaýdar

jümleler. Bu pähimlerden durmuşda peýdalanylyşyny welaýatlarda iş saparlarynda bolanymyzda, üzümdir alma ýetişdirýän telekeçilerimiziň ylmy esaslarda bitirýän işleriniň mysalynda gördük.

Aslynda, ähli işiň, rysgal-berekediň sakasynda halal zähmet ýatyr. Zähmet çekmeli, der döküp, ene ýere hyzmat etmeli. Şonda baýlygam, saglygam gazanylýar. Şu zatlary göz öňünde tutup, ata-babalarymyz «Der astynda dert galmaz» kimin ajaýyp nakyllary döredipdirler. Men şeýle ajaýyp sözleriň her biriniň çuňňur manysy, gymmaty hakynda oýlanyp, ata-babalarymyzyň parasatyna buýsanjakdygyňyza berk ynanýaryn.

Halkymyz: «Harman aldym – gala aldym» diýipdir. «Gala» diýmek «şäher» diýmekdir, has dogrusy, «döwlet» diýmekdir. Hasyla ýetmegi, bol hasyldan harman döretmegi halkymyz döwletlilik diýip bilipdir. Biziň şu günki döwletliligimiziň düýp binýady hem ýurt edinip oturan mukaddes topragymyzdyr, bu toprakdan önýän baýlyklarymyzdyr, bereketli hasyllarymyzdyr, galla, pagta, ýüpek ýaly gymmatlyklarymyzdyr, dürli gök we bakja önümlerimizdir, miwelerimizdir.

Türkmenistanda öndürilýän önümleriň esasy aýratynlygy hakynda oýlanyp gördüňizmi? Bu

soragyň jogaby köp bolup biler. Sebäbi önümlerimiziň tapawutly taraplary-da, mahabatyny ýetirmek üçin sözem ýeterlik bar. Ýöne has gysgadan düşnükli aýdylmaly bolsa, ozaly bilen, olaryň ekologiýa taýdan arassalygyny nygtamaly diýip hasap edýärin. Men welaýatlarymyzda oba hojalyk işleriniň gidişi, obasenagat toplumynyň ösüşi bilen ýakyndan tanyşmak, zähmetkeşleriň armasyny ýetirmek üçin eden iş saparlarym wagtynda diňe Türkmenistanda öndürilen eşikleri geýdim. Bu eşikler üçin çig mal hem, soňra çig malyň gaýtadan işlenilişi hem, taýýar önüm derejesine ýetirilişi hem – bularyň ählisi özümize degişli. Muňa üns beriň! Şeýle mümkinçilik her bir ýurtda tapylýan zat däldir. Ýene bir üns bermeli örän möhüm zat şundan ybaratdyr: bular ekologiýa taýdan juda arassa türkmen pagtasyndan öndürilendir. Munuňam üstesine, iň soňky nusgada, örän gelşikli tikilendir, geýmek üçin örän rahatdyr, oňaýlydyr, howa şertlerimize örän laýyk gelýändir. Olara beýleki ýurtlarda hem islegiň uludygy, barha artýandygy şu artykmaçlyklary sebäplidir. Bu gün türkmen topragynda öndürilen pagtadan edilen taýýar önümlerimiz Amerikanyň Birleşen Ştatlary, Kanada, Argentina, Russiýa Federasiýasy ýaly

ýurtlara, Ýewropa döwletleriniň köpüsine eksport edilýär.

Bu zatlar biziň dokma senagatyny ösdürmek, daşyndan getirilýän harytlaryň ýerini tutýan harytlary özümizde öndürmek boýunça saýlap alan ugrumyzyň dogrudygyna şaýatlyk edýär. Biz ýurdumyzda pagtany gaýtadan işleýän, ýüplük öndürýän, egirýän, dokaýan, tikýän fabrikleri gurduk. Munuň bilen çäklenmän, taýýar önümleri öndürýän fabrikleri hem gurduk. Şeýlelikde, öz pagtamyzdan nah ýüplükleri, nah matalary, nah geýim-gejimleri özümiz öndürip ugradyk. Ine, indi bolsa Ahal welaýatynda ýene iki sany fabrik gurduk. Olaryň doly gurlup, ulanmaga berilmegi netijesinde öz taýýar önümlerimizi öndürýän önümçiliklerimiz ýene giňeldi, bu ugurdaky işiň hili has hem ýokarlandy, geljekde diňe nah däl-de, eýsem, ýüpek pagtadan hem taýýar önümler öndürilip, türkmen dokma önümleriniň eksporta çykarylýan möçberleri, ýurtlarynyň sany has-da artar.

Babadaýhan etrabynda gurlan iri senagat toplumynda ýylda 5 müň tonna ince süýümli pagta gaýtadan işlenilýär, şeýlelikde, bu ýerde ince süýümli ýüplügiň ýylda 3 müň 300 tonnasy öndüriler. Pagta süýümini gaýtadan işlemekden

başlap, ahyrky önümi öndürmäge çenli işleriň ýerine ýetirilmegi toplumyň artykmaçlygydyr. Toplumda egriji, dokma, boýag, tikin bölümleri bar. Olarda ýokary hilli matalaryň 20 million inedördül metri, şol sanda boýalan matalaryň 18 million inedördül metri, taýýar tikin önümleriniň 3,5 million sanysy öndüriler.

Şeýle önümçilik kärhanalarynyň ýene biri Kaka etrabynda guruldy. Bu senagat toplumynda egirme, dokma, boýag, tikin önümçilikleri bar. Toplumda ince süýümli pagtanyň ýylda 5 müň tonnasy gaýtadan işlenilýär. Şeýlelikde, ýüplügiň 3 müň 650 tonnasy öndüriler, egin-eşik tikmek üçin 12 million inedördül metr ýokary hilli matalar, şol sanda 10 million inedördül metr boýalan matalar, 1 million 200 müň sany taýýar önümler öndüriler.

Tebigy ýüplüge we matalara, olardan taýýarlanan egin-eşiklere dünýäde ýokary isleg bildirilýär. Munuň özi, ozaly bilen, bularyň ekologiýa taýdan örän arassadygy bilen baglanyşyklydyr. Biz milli ykdysadyýetimizi ösdürmekde hut şuny hem göz öňünde tutduk. Şeýlelikde, ekologiýa taýdan arassa önümleri öndürmek işi dokma senagatymyzyň ileri tutulýan ugruny kesgitledi. Ýeri gelende aýtsam, dokma pudagynyň ösdürilmegi iş orunlarynyň

artmagyny, milli ykdysadyýetiň berkemegini üpjün etmek bilen, halkymyzyň abadan hem rahat durmuşyna hyzmat edýär. Önüm öndürmekde ekologik arassalyga birinji nobatdaky wezipe hökmünde garamagymyz bolsa biziň umumy maksatlarymyza, ilkinji nobatda, adamlaryň saglygy babatdaky tagallalarymyza doly laýyk gelýär. Görnüşi ýaly, bir haýyrly iş beýleki haýyrly işler bilen baglanyşyp gidýär, olaryň üstüni dolduryp, olar bilen bir bitewi maksat-myrady hasyl edýär.

Biziň topragymyzyň asty-üsti durşuna baýlykdyr. Ol baýlyklary goramak, netijeli ulanmak, artdyrmak biziň özümize bagly. Döwletliligimiz, ine, şuňa daýanýar, mukaddes topragymyza bolan wepadarlygymyza, söýgimize, bu topragyň üstünde döredijilikli zähmet çekmegimize daýanýar! Şonuň üçin biz Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ruhy-medeni ösüşlerimizi dowam etdirmek bilen birlikde durmuş-ykdysady ösüşlerimizi üpjün etmek üçin ähli tagallalary etdik. Şonuň netijesinde senagatda, gurluşykda, nebit-gazda, ulag-aragatnaşykda, mahlasy, ähli ugurlarda ösüşleri gazandyk we bu babatdaky işlerimiz birjikde gowşadylmaýar. Biziň özgerişlerimiz, ösüşlerimiz dünýä ýaň salýar. Ýurdumyzdaky täze önümçilikler

barada näçe aýtsaň aýdyp oturmaly. Hatda olaryň käbiri dünýäde iň täze, ilkinji önümçiliklerdir. Mysal üçin, Owadandepedäki gazdan benzin öndürýän zawodymyz dünýäde iň täzedir, ilkinjidir.

Bu aýdýanlarym biziň halkymyzyň gurujylyk, döredijilik güýjüne degişlidir. Şunda gurujyjyk, döredijilik güýjüniň diňe wagtlaýyn ýa birtaraplaýyn peýdany däl-de, adam hakyndaky ähli aladany öz içine alýandygyna üns beriň! Şuny aýtmak bilen, men munuň, hakykatdan-da, halkymyz hakyndaky, bütin adamzat hakyndaky, halkymyzyň we adamzadyň umumy ösüşleri, abadançylygy baradaky aladadygyna göz ýetirilmeginiň wajypdygyny nygtamakçy boldum. Müňýyllyklaryň dowamynda ruhy hem durmuş-ykdysady ösüşleri bilen dünýäni aňk eden ata-babalarymyzyň kesp-kärleriniň, däp-dessurlarynyň, gurujylyk hem döredijilik başarnyklarynyň, ýol-ýörelgeleriniň biziň günlerimizde ählitaraplaýyn we juda kämil, döwrebap derejede dowam etdirilýändigini nygtamakçy boldum.

Däp-dessurlarymyz, adatlarymyz, milliligimize dahylly ähli zatlarymyz barada giňişleýin pikir öwürmek endigime öwrülipdir. Ilkinji nobatda,

olaryň ähmiýeti, haçan dörändigi baradaky sowallar serime dolýar. Aslynda, türkmen halkynyň haýsy bir ýörelgesini, däp-dessuryny alanyňda hem onuň aňyrsynda uly bir many ýatandyr, ynsan ömri, saglygy, adamzat gatnaşyklary bilen bagly haýsydyr bir bähbidi araýan maksat bardyr. Milli lybaslarymyz barada hem bu şeýledir. Olaryň biçüwi, tikilişi, geýniliş edebi, şaý-seplerimiziň dakynylyş medeniýeti uly mana eýe bolup, sagdyn nesli kemala getirmegiň, ynsanyň beden we ruhy saglygyny gorap saklamagyň bähbidi bilen baglanyşyklydyr. Şeýle garaýyşlar şu günlerde ulanylýan agyz-burun örtükleri bilen türkmen gelin-gyzlarynyň milli lybaslarynyň bir parçasy bolan ýaşmagyň arasyndaky baglanyşyk baradaky oýlanmalara getirdi.

Esasy gürrüňe geçmezden öň, zenanlarymyzyň häzirki günlerimizde hem pagta meýdanlarynda Günüň ýiti şöhlesinden we howadaky çaň-tozandan goranmak üçin ýüzüni, agyz-burnuny nah ýaglyk bilen saraýandyklaryna, ýüň saýanlarynda, daranlarynda, tamdyr salanlarynda, tamdyrda çörek, ojakda pişme bişirenlerinde, düýe saganlarynda we beýleki öý-hojalyk işleri bilen meşgullananlarynda çaň-tozandan, gyzgyn howurdan, howadaky adamyň

saglygyna zeper ýetirip biljek, göze görünmeýän närselerden goranýandyklaryna, arassaçylygy berjaý edýändiklerine ünsüňizi çekmekçi.

Ýaşmagyň haçan dörändigi barada gyzyklanyp, birnäçe edebiýatlar bilen tanyşdym. Munuň üçin gadymy döwürleriň edebiýatyna salgylanmaly boljakdygy düşnükli zat. Men Gündogaryň has irki beýik medeniýetleriniň biriniň ruhy esasy bolan «Awestadan» hem maglumatlary gözledim.

Gadymy ata-babalarymyzyň yslamdan öňki uýan otparazlyk dininde ot mukaddeslik hasaplanypdyr we oňa ybadat edilipdir. Şeýle bolansoň, ot ybadatyny ýerine ýetirýän adam, meniň demim oda düşmesin, hapalamasyn diýip, mata bilen başyny we maňlaýyny, ýüzüni örtüpdir. Ýüz örtgüsi gulagyny, agzyny we burnuny ýapyp duran şekilde daňylypdyr. Otparazlyk dini bilen bagly dessurlar berjaý edilen mahalynda ynsan deminiň mukaddes oda düşmezligi üçin ýaşmagyň ulanylandygyny tassyklaýan maglumatlar başga-da bar.

Türkmen halkynyň däp-dessurlarynyň asylky nusgasyny beýan edýän dessanlardyr eposlardan «Kitaby dädem Gorkut» eposynda Salyr Gazanyň aýaly Burla hatynyň «ýaşmak» ady bilen türkmen zenanlarynyň ýaglygyny daňynandygy bellenilýär.

Eposyň «Baýbüräniň ogly Bamsy Beýrek boýuny beýan eder» atly bölüminde: «Beýrek geldi. Banuçiçek ýaşmaklandy, habar sordy» diýen jümleler bar. XIX asyryň meşhur syýahatçysy Gulibef de Blokwiliň hem türkmen zenanlarynyň ýaşynýandyklary baradaky maglumatlaryna gabat geldim.

Türkmenistanyň ähli ýerlerinden tapylan müňlerçe zenan heýkeljikleri hem «ýaşynmak» däbiniň parfiýa döwründen-de gadymy döwre degişlidigini aýtmaga mümkinçilik berýär. Bu däbiň oguz boýundan bolan türkmenleriň Garagoýunly we Akgoýunly döwletlerinde hem ýöredilendigini şol döwletlere degişli bolan miniatýura suratlarynda-da görmek bolýar.

Görnüşi ýaly, ýaşynmak dessurynyň döreýşi gadymy döwürden gözbaş alýar. Ýaşmak barada «Bulutdan çykan Gün ýakar, ýaşmakdan çykan dil», «Gelin gowusy ýaşmakly, gaýyn gowusy nikaply» diýen nakyllar hem döredilipdir. Halkymyzyň arasynda «Ýaşmak – ýaraşyk» diýen düşünje-de bar. Ol täze düşen gelniň gaýyn öýüniň maşgala agzalarynyň, hususan-da, ýanýoldaşyndan uly erkek dogan-garyndaşlarynyň arasynda mertebesini beýgeltmek maksady bilen döredilipdir. Ýaşmak ýerliksiz pikirleriň döremeginden ýaşynýanam,

ýaşynylýanam halas edipdir we gürlemezlik kadasyna eýerýän gelniň dünýäsini syrly perde arkaly gorap saklapdyr. Türkmençilikde ýaşmak edalylygyň, näzikligiň, ýaşuly nesle bolan beýik hormat-sarpanyň aňladylmasy hasaplanýar.

Tebipçilikde, halk lukmançylygynda adamyň özüni daşky-gurşawdan we daş-töweregini özünden goramak üçin görýän çäreleri hem «ýaşynmak» däbiniň taryhy kökleri bilen baglanyşyklydyr diýip pikir etmek mümkin. Alymlaryň zenanlaryň biş-düş, tagam taýýarlanlarynda: «Demimiz bişiren naharlarymyza düşmesin» diýip, ýaşynandyklaryny belleýänleri hem bar.

Ýokarda aýdylan pikirleriň hemmesinde-de esas bardyr diýip hasaplaýaryn. Halkymyzyň durmuşynda gaýly-tupanly günlerem, şemally, harasatly pursatlaram az bolan däldir. Belki, şeýle günlerde ýaglyk daňmak däbi gündelik durmuşa ornaşyp galandyr. Belki, türkmen zenanlary sypaýylygy, edalylygy, edepliligi saglyk, arassaçylyk kadalaryny berjaý etmek bilen utgaşdyrandyrlar. Pikirleriň haýsy birine ýykgyn edeniňde-de, zenanlarymyz ýaşmaklarynyň beden we ruhy saglyga uly täsiriniň bardygyny bilipdirler we ýaşmak medeniýetini

asyrlardan aşyryp, biziň günlerimize ýetiripdirler diýen netijä gelmek bolýar.

Şular bilen baglanyşykly şeýle bir zady nygtasym gelýär: islendik bir mesele, edil şonuň ýaly, döwür, durmuş, saglyk, kesellere garşy durmak, arassaçylyk meseleleri ýüze çykanda hem, halkymyz muňa hemişe özüni ýitirmän, paýhaslylyk bilen, akylly-başly çäre gözlemegi we tapmagy başarypdyr. Bu babatda halkymyzyň asyrlaryň synagyndan geçip gelýän baý tejribesi bar. Edil ýurt goragy orta gelende, mert hem gaýratly ýigitleriň ata atlanyp, gylyç syryşlary ýaly, adamlary her bir kynçylyk öňküden-de jebisleşdiripdir. Hatda garahassalyk ýaly, öňler däri-dermany tapylmaýan, howply, ýokanç keseller hasaplanan dertler gelende hem, halkymyz olara garşy özboluşly goranyş ýagdaýyna geçipdir. Şeýle ýaramaz keselleriň oba-şaherleri, illeri gyrgyna berip gidişini adamzat kän görendir. Islendik kynçylykly pursat ýüze çykanda, asla aljyramazlyk, oýlanyşykly hereket etmek, kynçylygy agzybirlikde ýeňip geçmek halkymyzyň öňden gelýän ýörelgesidir. Sabyrlylyk, dury paýhaslylyk halkymyzyň bütin durmuşyna ornapdyr, häsiýetine, ýörelgesine siňipdir, parasatly sözi bolup ýüze

çykypdyr. «Kyrk ýyl gyran gelse-de, ajally öler, biajal galar» diýen halkymyzyň sözünde nähili uly durmuş tejribesiniň, ruhy güýjüň, ynamyň bardygyny ýene bir seriňizde aýlap görüň! Ýeri gelende, birwagtlar bejerip ýa-da öňüni alyp bolmadyk howply we ýokanç keselleriň bir toparynyň biziň döwrümizde düýp-teýkary bilen ýok edilendigi saglygy goraýyşda bitiren, dünýäde doly ykrar edilen üstünligimizdir. Türkmenistan şeýle kesellerden azat zolakdyr. Türkmenistan halkyň saglygy baradaky aladany örän ýokary orunda goýýan döwletdir.

Gelip-gelip, ýigrimi birinji asyryň ikinji onýyllygynyň aýaklarynda ýüze çykan, dünýäni gaplap alan pandemiýa döwründe hem biziň halkymyzyň özüni juda rahat, parasatly alyp barandygy hemmelere mälimdir. Şunda, elbetde, döwletimiz tarapyndan dessine ähli zerur çäreler, onda-da dünýäniň başga bir ýerinde görlüp ýetişilmedik çäreler görüldi. Bu ugurda döwletimiz tarapyndan bitirilen möhüm işler milli kadalara hem, saglygy goraýşyň halkara düzgünlerine hem doly laýyk gelýär. Biz hut şoňa laýyklykda ýörite meýilnama işläp düzdük. Hemişe bolşy ýaly, bu döwürde Bütindünýä Saglygy Goraýyş Guramasy bilen üstünlikli işleşdik. BSGG-niň ýurdumyzda

bolan wekilleri biziň işimize ýokary baha berdiler. Munuň üstesine, şu döwürde halkymyzyň özüni juda düşünjeli alyp barmagy, aňyrdan gelýän milli häsiýetine görä, agzybirligi, sowukganlylygy, özüne ynamy, arassaçylyk düzgünlerini berk berjaý edişi, habar beriş serişdelerinde we beýleki ýerlerde wagyz-nesihat çäreleriniň ýaýbaňlandyrylyşy... – bularyň ählisi ýurdumyzdaky agzybirlikli işiň netijeliligini görkezdi.

Biziň topragymyz baý toprak. Allatagala bize ýaşamak, döretmek, üstünlikli öňe gitmek üçin ahli baýlyklary, mümkinçilikleri eçilipdir. Edil şonuň ýaly, bu toprak dermanlyk otlara hem juda baý. Halkymyzda bu giň mümkinçiliklerden peýdalanmagyň, şol sanda diňe dürli sökelliklere garşy däl, sökelliklerin öňüni almak üçin tebigy dermanlyk serişdelerden peýdalanmagyň juda baý tejribesi bar. Dünýäni uly alada goýan pandemiýa döwründe hem üzärlik, buýan, zäk ýaly halkymyzyň köp asyrlarboýy öz durmuşynda ulanyp gelýän dermanlyklary juda ähmiýetlidigini ýene bir gezek görkezdi.

Üzärligiň adamyň özüni rahat alyp barmagyna täsirinden başlap, bejerijilik, keselleriň öňüni alyjylyk häsiýeti bellidir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Buýan köki keselleriň öňüni almakda örän peýdalydyr, dertleri bejermekde taýsyz melhemdir. Beýleki dermanlyk serişdeler bilen birlikde bu barada hem men «Türkmenistanyň dermanlyk ösümlikleri» atly köp jiltlik ensiklopedik kitabymda durup geçdim.

Hytaý we Tibet lukmançylygynda dermanlyk täsiri boýunça buýan köküni ady rowaýata öwrülen ženşeniň köki bilen deňeýärler. Gadymy grek we rim lukmanlary süýji buýanyň bejerijilik, keseliň öňüni alyjylyk hasiýetine aýratyn uly ähmiýet beripdirler. Dünýä lukmançylygy buýany we ženşeni ilkinji dermanlyk ösümlik hökmünde ykrar edendir.

Halk lukmançylygynda buýan köküniň peýdasy has gadymdan bäri bellidir. Lukmançylyk ylmynda hem muňa öňden bäri üns berilýär, ine, indi bolsa onuň ýene barha gymmaty artýar. Antioksidant we sowuklama garşy häsiýete eýe bolan glisirrizin turşusy mundan öň başga-da birnäçe wiruslarda ulanylyp, onuň peýdasy subut edilendir. Alymlar buýan köküniň şerbetini we glisirrizin turşusynyň koronawirusa edýän täsirini has jikme-jik öwrenmelidir diýip pikir edýärin.

Buýanyň dünýäde 15, Türkmenistanda 4 görnüşi duş gelýär. Biziň ýurdumyzda bitýän buýanlar,

onda-da, süýji buýanyň köki dermanlyk häsiýeti boýunça beýlekilerden düýpli tapawutlanýar. Biziň ýurdumyzyň buýanlary dermanlyk için iň gowy, taýsyz buýanlardyr. Ýurdumyzda buýan köküni ýygnamak we ondan dermanlyk serişdeleri taýýarlamak işine uly üns berilýär. Bu ugurdaky işler mundan beýläk hem dowam etdiriler.

Zäk ýakymsyz yslary aýryjydygyndan hem başga dürli keselleri bejeriji, agyryny we ýokanç wiruslary, ýaramaz täsirleri aýryjy serişdedir. Bu halk lukmançylygynda has öňden bäri mälimdir, lukmançylyk ylmynda ykrar edilendir. Ony antiseptik, ýagny zyýansyzlandyrýan serişde hökmünde hem ulanmak mümkindir.

Şu ýerde men ýene ýaşynmak däbine gaýdyp gelsem, bu däbiň haýsy döwürden öz gözbaşyny alyp gaýdýandygyny, şeýle hem ony berjaý etmegiň ilkibaşdaky maksatlarynyň häzirki wagtdaky bilen meňzeşliklerini we aýratynlyklaryny ýüze çykarmak wezipesi alymlaryň öňünde durýar.

Elbetde, ynam-ygtykat, ýol-ýörelge, taryhy tejribeler, durmuş hakykaty ýaly zatlar barada oýlananyňda, «Şu zatlara biziň dinimiziň täsiri nähilikä?» diýen sowal hem öz-özünden döreýär.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Şu kitabymda bu sowala jogap agtaryp, gelen netijelerimi-de okyjylaryma ýetirmegi makul bildim.

At – türkmen üçin syrdaş, wepaly ýoldaş, maşgalanyň bir agzasy ýaly hasap edilýän, örän üşükli jandar, galyberse-de, ol gadym döwürlerden bäri iň naýbaşy ulag. At hakynda, onda-da ahalteke bedewi hakynda söhbet edilende, elbetde, ilkinji nobatda, onuň gözellikdigi barada hem aýdyp bolar. Onuň beýleki kän üýtgeşik taraplary, halkymyzyň durmuşyndaky orny barada hem aýdyp bolar. Ähli artykmaçlyklaryny göz öňünde tutup, ahalteke bedewiniň biziň buýsanjymyzdygy, şöhratymyzdygy barada aýdýarys. Eýsem-de bolsa, men bu ýerde onuň naýbaşy ulag hökmündäki aýratynlygyndan söhbet açmak isleýärin.

Siz bedew ata atlanan goç ýigidiň nähili duýgulary başdan geçirýändigi hakynda oýlanyp görüň! Men bolsa, mundan öňürti, ahalteke bedewiniň naýbaşy ulagdygy bilen baglanyşykly başga bir zada siziň ünsüňizi çekmekçi.

Biz ata-babalarymyzyň adamzat üçin ençeme siwilizasiýalary döredendigi, türkmen topragynyň şeýle şöhratly toprakdygy barada buýsanç bilen gürrüň edýäris. Bu dünýäde ykrar edilen hakykatdyr. Dünýä alymlarynyň gaýta-gaýta tassyklan bu

hakykatynyň üstüne men ýene bir hakykaty nygtap goşmakçy. Munuň özi ata-babalarymyzyň gadymyýetden bäri ýetişdirip gelen atlary – şu günki ahalteke bedewleri bilen baglanyşyklydyr.

Mundan müňlerçe ýyllar ozal öz bedewlerini kemala getirmek bilen ata-babalarymyz dünýäniň iň ýyndam ulagyny döredipdirler! Dünýäniň iň naýbaşy, iň kämil, iň amatly, iň rahat, iň gözel ulagyny! Şu aýdanymyň üstüne hiç zat goşmanymda-da, munuň özi dünýä taryhyndaky beýik açyşdyr! Ýöne welin, men bu baradaky sözümiň üstüni ýetirmekçi. Şeýlelikde, bu – birinjiden.

Ikinjiden, müňlerçe ýyllaryň dowamynda türkmeniň şol ulagynyň deňine ýetip bilen başga bir ulagy adamzat oýlap tapyp, döredip ýa ýetişdirip bilmändir. Diýmek, türkmeniň ulagy kämilligi boýunça dünýäde ilkinjidiginden hem başga, müňlerçe ýyllap öňüne tizlik geçirmändir!

Üçünjiden, soň-soňlar, has dogrusy, heňňamlaryň, müňlerçe ýyllyk taryhyň wagt ölçegine görä aýtsak, ýaňy-ýaňylar ýerde we suwda ýöreýän, howada uçýan dürli ulaglar, hatda reaktiw uçarlar ýüze çykdy. Häzirem olaryň täze-täze görnüşleri ýüze çykyp dur we olar biri-biriniň yzyndan juda çalt ýetýärler. Emma olaryň hiç biri heniz özünden

öňe geçilmesizdigini, bedew atlarymyzyňky ýaly müňlerçe ýyllab-a däl, hatda onlarça ýyllap hem subut edip bilmediler. Şoňa görä, dünýäniň tizligi ýene biziň bedewlerimize degişli bolup galýar.

Dördünjiden, hiç bir tehnikany, metal hem ýangyç ýaly serişdeler arkaly herekete getirilen enjamy tebigatyň özünden, öz tebigy ýagdaýyndan kemala getirilen tizlik bilen deňeşdirmek mümkin däldir.

Bäşinjiden, meseläniň ekologik arassalyk bilen baglanyşykly ýerlerini hem hökman göz öňünde tutmak gerek.

Altynjydan, ýene bir aýratyn ünsi çekmek isleýän zadym şundan ybaratdyr: öz ýyldyrym tizlikli bedewlerini ýetişdirmek bilen, ata-babalarymyz adamzadyň ösüşine tizlik beripdir. Muny siwilizasiýa diýip atlandyrmak bolar! Bu sözümi jemläp, şeýle diýmekçi: bedew atlaryny döretmek bilen, türkmen halky adamzadyň ösüşlerine tizlik beripdir, adamzada ýene bir siwilizasiýasyny beripdir. Şu hili ýagdaýlara görä, türkmen bedewi ÝUNESKO--nyň mukaddes sanawyna – Adamzat medeniýetiniň bütindünýä mirasynyň sanawyna goşulmaga doly mynasypdyr.

Ine, indi men bu baradaky başky sözüme dolanyp geleýin! Bedew ata atlanan goç ýigit belentden-

-belent duýgulara berilýär. Ahalteke bedewleriniň, ine, hut şeýle, seriňi howalandyryjy täsiri bar! Sebäbi ol, öňem nygtaýşym ýaly, ýönekeý bir ulag däl. Onuň duýgularyňa hem pikirleriňe täsir ediji üýtgeşik häsiýeti bar. Muny gudrat, keramat diýip atlandyrasym gelip dur. Ata-babalarymyz öz zehinine, zähmetine, yhlasyna ýugrup, şeýle gudraty, keramaty döredipdirler. Bedew atlarymyza atlananyňda, ruhuň göterilýär, durmuşa hyjuwyň artýar, hyýallaryň hakykata öwrülmek mümkinçiligi öz-özünden golaýlaşýar, gözýetimler giňelip, dünýä eliň aýasyna gelen ýaly bolýar, özüňi sagdyn, ýeňilmezek hem bagtly duýýarsyň. Bu hakynda ýene köp-köp zatlary aýdyp bilerdim. Sebäbi men dünýä gelip, gözümi açyp, bu atlara belet we hemişe olar bilen bile boldum.

Şu günki dünýäde ýaşap, şu günüň ulaglaryndan, beýleki dürli tehnikalaryndan peýdalanmazlygyň mümkin däldigi hem düşnüklidir. Elbetde, bu eýýäm birneme başga gürrüň we şol bir wagtyň özünde bedew at bilen baglanyşykly ýaňky aýdanlarymdan gaty bir aýrybaşga gürrüň hem däl. Meniň ulaglara bolan bu garaýşym olaryň dürli görnüşlerini, welosipedden başlap, uçarlara çenli – ýerde, suwda, howada ýöreýän dürli ulaglary sürüp görmek, olary

dolandyrmak başarnygyny kämilleşdirmek islegimi döredýär. Welaýatlarymyza aýlanyp, daýhanlaryň işleri bilen tanşan pursatlarym ýokary öndürijilikli kuwwatly oba hojalyk tehnikalaryna atlandym, bu tehnikalaryň iş öndürijiligini hut özüm anyk işde synap görmek bilen, olary altyn öwüsýän bugdaýly meýdanlarda işletdim, ýetişen galla hasylyny ýygdym. Ine, indi şu pursatlar hakynda, döwrüň iň kämil tehnikasyna atlanan adamyň nähili duýgulary başdan geçirýändigi hakynda oýlanyp görüň!

Bu ajaýyp tehnikalara atlanan, olara ussatlyk bilen erk edýän islendik adamyň göwün guşy ganatlanýar, pikiri durlanýar. Bedew ata we döwrüň täze tehnikasyna atlanan adamlaryň ikisinde-de tämiz pikir-duýgular peýda bolýar. Emma, aýdylyşy ýaly, «polat ata» atlananyň ýagdaýy bedew ata atlananyňdakydan başgaçarak. Kuwwatly tehnika atlananyňda, seniň öňüňde başga meýdan – ýetişen hasylly meýdan ýaýylyp ýatyr. Sen halkyň rysgalyny ýygýaň, harmanlaryň bereketli, saçaklaryň doly bolmagy, iliň rysgaly, adamlaryň eşretli durmuşy üçin şu mukaddes işe berilýäň. Işiňe abraý bilen hötde geljekdigiňe asla güman ýok – daýhan birkemsiz zähmet çekipdir, toprak jomartlyk bilen eçilipdir, hasyl kemsiz ýetişipdir, ygtyýaryňda

iň kämil tehnika bar we sen oňa doly erk edip bilýärsiň. Seniň öňüňde diňe hasylly meýdan hem däl, uly durmuş bar. Sen geljek günleriň bagtly durmuşyny üpjün etmek üçin zähmet çekýärsiň, daýhanyň halal zähmeti bilen beýgelýän, öňe uzaýan durmuşa goşulýarsyň. Bularyň ählisi watançylyk duýgyňy hem joşdurýar, il-halka wepaly bolmak, il rysgynyň seniňem rysgyňdygy baradaky pikirleriňi çuňlaşdyrýar. Hasyly çalt we zaýasyz ýygnamak islegi bilen daýhanyň arly ýyl çeken zähmetiniň netijesine dahylly bolýarsyň. Onuň ýetişdiren hasylyna guwanyşyna düşünmek bilen, bu işe şärikdeş bolýarsyň.

Ýeri gelende aýtsam, halkymyz taryhyň dowamynda toprak, ekerançylyk, çarwaçylyk, zähmetiň nesil terbiýesinde eýeleýän orny barada köp sanly nakyllary, pähim-paýhasa ýugrulan sözleri döredipdir. Şol ajaýyp ruhy mirasyna anyk durmuş tejribelerini siňdiripdir.

«Baýlygyň enesi – ýer, atasy – zähmet», «Daýhandan hereket, ýerden bereket» diýen ýaly nakyllara üns berseňiz, olarda ýeriň gymmaty barada aýdylmak bilen birlikde, şol uly baýlygy ulanmagy başarmagyň zerurdygy, munuň üçin zähmet çekmelidigi düşündirilýär. Emma zähmet

manyly bolmaly, düşünjelilik bilen çekilen bolmaly. Şunda asyrlaryň dowamynda çuňňur bilim hem ylym derejesine ýetirilen beýik tejribäni ulanmagy başarmaly. Şonda zähmet bipeýda hem bimany bolmaz. Ýeri haçan agdarmaly, sürmeli, ekişe nähili taýýarlamaly, ýere haçan tohum sepmeli... – şu hili zatlaryň ählisi uzak taryhyň dowamynda çuňňur işlenen we ekerançylyk medeniýetini düzmäge gatnaşan düzgünlerdir. Şonuň esasynda halkymyzda: «Ýeriňi güýz sür, güýz sürmeseň, ýüz sür», «Ir eken harman alar, giç eken – arman» diýen ýaly, gönüden-göni ekerançylyk kada-kanunlaryny görkezýän parasatly sözler döräpdir.

«Suw hasylyň enesidir», «Suwly ýer gülli, suwsuz ýer ýelli», «Hasyly bitirýänem suw, ýitirýänem suw» ýaly nakyllarda suwuň gymmaty açylýar. Bag-bakjalaryň, ekinleriň, otlaryň hem gülleriň, bütin tebigatyň direlişi, ösüşi, ýaprak ýazyşy, gülleýşi, hasyl berşi suw bilen. Suwsuz ekin ýok, suwsuz hasyl ýok. Aýdylyşy ýaly, suw bar ýerde ýaşaýyş bar. Şoňa görä, daýhan hemişe suw bilen iş salyşýar. Ýeriň dilini tapýan daýhan suwuň gymmatyna düşünýär, ony dogry ulanmagy başarýar. Bu tejribe ata-baba dowam etdirilip, ösdürilip gelinýär. Suwy dogry ulanmagy başarmasaň, hasyl almagy hem

başarmarsyň, sebäbi, nakylda aýdylyşy ýaly, hasyly bitirýänem, ýitirýänem suw. Şoňa görä, «Suw zerdir, suwçy bolsa zergär». Diýmek, edil kümüş ussasynyň – kümüşden, altyndan her hili şaý-sepleri ýasaýan adamyň öz işine ussat bolşy ýaly, suwçy suwy ulanmagy ussatlarça başarmaly.

«Ýeriň görki galla, adam görki elde», «Ekseňem doýraryn, sökseňem doýraryn»... Şeýle nakyllar topragy ynsan üçin zerur ekinleriň bezeýändigini, ynsany bolsa zähmetiniň, hünäriniň bezeýändigini, topragyň hem ekiniň häsiýetli aýratynlyklaryny görkezýär.

Tebigatyň kada-kanunlaryny synlamak, öwrenmek, özleşdirmek bilen, halkymyz olary öz parasatly sözlerine salypdyr. Şunda şol kada--kanunlary obrazly bir ýagdaýda beýleki päkize düşünjelerini, arzuw-umytlaryny beýan etmek üçin hem ulanypdyr. Biz muny «Ýagmyr bilen ýer gögär, alkyş bilen är gögär» ýaly nakyllarda görýäris.

«Ýeriň köpi hor eder, malyň köpi baý eder» ýaly nakyllaryň döremegi hem taryhy tejribäniň netijesidir. Şu nakylda, bir tarapdan, güýjüňden, mümkinçiligiňden zyýat ýere zähmet çekmegiň haýyrsyzdygy, diňe başaryp biljek ýeriňe, hasyl alyp biljek möçberdäki ýeriňe eýelik etmelidigi

düşündirilýär. Şonda zähmetiň yrýa bolmaz, ýeriň hasylly bolar we sen zähmetiňe görä rehnet görersiň. Emma zähmetiňi mümkinçiligiňden aşa ýere sarp etseň, onça ýere seniň güýjüň, döküniň, beýleki gerekli zatlaryň kemlik eder we sen hasylsyz, peýdasyz galarsyň, diýmek, zähmetiň yrýa bolar. Bu nakylyň ikinji bölegi hem birinji bölegi bilen ugurdaş bolup, maldarçylykda gowy netije gazanmagyň ýoluny görkezýär. Az mal üçin çeken azabyň seni maldar etmez, gerekli netijäňi bermez, baýatmaz, belki, garyp düşürer diýýär. Maldarçylykda köp maldan peýda gazanyp boljakdygy bu ugurdaky işiň ähli inçelikleri jemlenilip, umumylaşdyrylyp düşündirilýär. Maldarçylygyň şeýle inçelikleri, syrlary «Oty köpüň maly dok» ýaly nakyllarda hem görkezilýär. Öriň gowy bolmaly, islendik ýagdaýa taýýar bolmaly, otuň-iýmiň bol bolmaly.

«Düýe maly – dünýe maly» diýmek bilen, halkymyz maldarçylygyň ýene bir ugruna bolan garaýşyny aňladypdyr. Düýe maly – ýaşaýşyň ajaýyp gymmatlygy. Onuň süýdüne, ýüňüne, etine çenli uly baýlyk. Süýdünden önýän nygmatlardan başlap, düýe maly ynsan üçin saglyk hem eşret çeşmesi. Lukman hekim dünýäden gaýtjak mahaly, adamlaryň: «Indi nähili ýaşarkak?» diýen

sowalyna: «Düýe bardyr, şony idediň, şoňa yhlas ediň!» diýendigi hakyndaky rowaýat ýöne ýere dörän däldir. Düýe bütin durmuşda, asyrlaryň dowamyndaky kerwen ýollarynda, ýurtlar hem halklar arasyndaky gatnaşyklarda ulag hökmünde hem ýerini çalşyp bolmajak hyzmatlary bitiripdir. Şonuň üçin türkmen: «Hatarda ner bolsa, ýük ýerde galmaz» kimin nakyllary döredipdir. Halkymyz: «Düýeli baý – dünýeli baý» hem diýýändir.

«Gallam bar – tyllam bar» diýen peder paýhasynda, gör, nähili giň many bar! Ondan bugdaý önýän topragyň keramatdygy baradaky pikiri hem okap bolar, bugdaý ekýän we desterhanlaryň doly bolmagyny üpjün edýän halkyň umumadamzat ýaşaýşyna bahasyna ýetip bolmajak genji-hazyna goşýandygy hakyndaky düşünje bolsa bu sözde lowurdap, nur saçyp durandyr.

Biz gallaçy kärendeçilerimize ähli şertleri döretdik. Kuwwatly, döwrebap tehnikalar olaryň hyzmatynda. Şeýle şertler, döwrebap tehnikalar ýetişdirilen bol hasyly isripsiz ýygnamak işinde juda zerur. Ata-babalarymyz «Iş guralyň bolsa saz, muşakgatyň bolar az», «Guralyň düz – azabyň az» diýipdirler.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Türkmen topragy öz önümleri bilen öz halkyny üpjün edip bilýän toprak, oňa eýelik etmeli, onuň dilini tapmaly, oňa geregini bermeli, suwuň, döküniň üpjün bolmaly, zähmetiňi gaýgyrmaly däl, iş gurallaryň kämil hem ýeterlik bolmaly. Şonda toprak nygmatlaryny bolluk bilen eçilýär we sen ol baýlyklary isrip etmän ýygnap alyp bilersiň. Biz muny şu günki ajaýyp günlerimizde görüp ýörüs.

Ata-babalarymyz çörege hemişe mukaddeslik hökmünde garap gelipdirler, şunuň bilen baglanyşykly örän köp mysallary edebiýatymyzyň dürli çeşmelerinden getirip bolardy. Şol bir wagtyň özünde «Çörek – uludan, suw – kiçiden», «Çörek – ýolda ýoldaş, dost – ýolda syrdaş», «Malsyz öý bolar, çöreksiz öý bolmaz» ýaly nakyllar hem döräpdir. Olarda çörege, saçaga, rysgal-berekete goýulýan uly sarpa beýan edilýär. Şonuň bilen birlikde, üns berip görseňiz, şeýle nakyllarda çörek bilen baglanyşykly däp-dessurlar, adatlar, ynançlar, ýörelgeler hem öz beýanyny tapýar. «Aşyny aýan aşa ýeter, donuny aýan – toýa» diýen sözde hem tüýs türkmençilik, milli häsiýet, milli görüm-görelde duýlup durandyr.

Çörek – saçagymyzyň bezegi, rysgal-berekedi. Çörege uly sarpa goýýan halkymyzda oňa bolan üýtgeşik garaýyş bar. Şol hem ony ähli beýleki

nygmatlardan tapawutlandyrýar. Duz-çörek mukaddes, tamdyr keramat hasaplanýar. Her bir zat barada halkymyzyň öz garaýşy bar. Halkymyzyň özboluşly, belent häsiýetlerini, mysal üçin, ene-ata baradaky garaýyşlarynda-da görmek bolýar. Türkmen ilinde ene-ata hormaty ähli zatdan ýokarda tutulýar. Bu babatdaky garaýyşlary halkymyzyň bütin durmuşyna siňip, durmuş ýörelgesine öwrülip gidipdir. Ol garaýyşlar nesiller üçin terbiýe mekdebidir, ýaşaýşyň düzgün-kadasydyr. Bu ýörelgäni dowam etdirmek, döwrebap derejede ösdürmek möhümdir. Ata-babalarymyzyň mizemez ýörelgelerine sarpa goýmak – özüňe sarpa goýmakdyr, ýagny öz geçmişiňe, şu günüňe sarpa goýmakdyr we geljegiňi kämil gurnamak baradaky akylly-başly aladaňdyr. Şol ýörelgeleriň esasynda paýhasly jümleleri aýdypdyrlar, ol jümleler nakyllar bolup, asyrlardan-asyrlara, nesillerden-nesillere geçip gelipdir. Ol nakyllar hemişe şol ýörelgelerden habar berip, ýaşaýşyň dilden aýdylýan, adamlaryň aňynda hem ýüreginde saklanýan kanuny bolup ýaşapdyr. Ine, «Gyzjagazyň eline iňňe-sapak ber, oglanjygyň eline pil ber» diýen paýhasly jümläni alyp göreliň! Bu sözi ene-mamalarymyz ýagşy görüm-göreldäniň, her kimiň özüne laýyk hünäriniň

dowam etdirilmegini isläp aýdypdyrlar. Atalaryň ýoly, eneleriň ýagşy dessurlary mundan beýläk hem dowam etdirilmelidir. Milli ýörelgeler biziň şu günki berkarar döwletimiziň ýörelgesidir, millet hökmünde, umuman, döwletli-döwranly halk hökmünde buýsançly ýaşamagymyzyň çelgisidir. Şunuň ýaly ajapdan-ajap däp-dessurlarymyzyň, köp müň ýyllyk tejribämiziň, ýol-ýörelgämiziň mynasyp dowam etdirilmegi, ähli gowy işleriň özeni halal zähmet bilen baglanyşyklydyr. Akylly-başly halal zähmet bilen biz gymmatlyklarymyza eýe çykyp hem, olary döwrebap ösdürip hem bileris. Her işde zähmetiň ornunyň gutulgysyz zerurdygyna düşünen atalarymyz: «Zähmet soňy – rehnet» diýipdirler.

Geliň, ene-mamalarymyzyň dilinden alnan ýaňky sözüň – «Gyzjagazyň eline iňňe-sapak ber, oglanjygyň eline pil ber» diýen nakylyň manysyny ýene has çuňňurrak yzarlap göreliň! Ol, bir tarapdan, her kimiň özüne muwapyk kesp-kär bilen meşgullanmalydygyny ýatladýar, şol bir wagtyň özünde, nesilleri hünärlere nähili ugrukdyrmalydygyny hem salgy berýär. Men muňa öz durmuş tejribämden mysal getireýin. Haçan-da, agtyjaklarymyň birine şol paýhasly jümlä eýerilip sapak berlende, ol maňa öz elleri bilen alaja işip berdi. Men muňa juda guwandym. Şunuň

özi-de şaýatlyk edýändir, ene-mamalarymyzyň gadymy amaly-haşam sungaty häzirki döwürde-de nesillerimiz tarapyndan mynasyp dowam etdirilýär. Bu-da ýörelgedir, ýaşaýşymyzyň ýörelgesidir, ene-mamalarymyzyň göreldesi bilen dowam edýän ýörelgedir.

Nesil terbiýesi, mukaddes ýörelgeleriň ulularyň göreldesi bilen ýaş nesillere geçişi barada ýene bir mysal getireýin. Men Beýik Watançylyk urşunda gazanylan Ýeňşiň 75 ýyllygy mynasybetli, türkmen esgerleriniň şol aldym-berdimli uruşda görkezen gahrymançylygyny wasp edýän «Durnalar» aýdymy barada ýatlama» atly täze goşgymy ýazdym. Beýleki bir agtyjagym bolsa durnalaryň suratyny çekipdir. Men bu ýagdaýa, edil gadymy döwürlerden bäri ata-babalarymyzyň nesil terbiýesine garaýyşlaryndaky ýaly, nesillerimizi ýagşy işleri etmäge ündeýşimiz bilen baglanyşykly garaýaryn, şonuň netijesinde, ösüp gelýän ýaş nesilleriň umumadamzat bähbitli beýik başlangyçlara mynasyp goşant goşmaga bolan gyzyklanmalarynyň aýdyň beýany diýip düşünýärin. Bu ýerde guwanmaga düýpli esaslar bar!

Şeýle gyzyklanmany ýurdumyzyň gallaçylarynyň bugdaý taýýarlamak boýunça borçnamalaryny ýerine ýetirendikleri baradaky hoş habary

buşlamaga welaýatlarymyzdan paýtagtymyza gelen çagalaryň ýüzlerinden-de, bütin hereketlerinden--de, üstünliklerimizi wasp edýän goşgy setirlerini uly joşgun bilen okaýyşlaryndan-da duýdum. Olar gallaçylarymyzyň gazanan zähmet ýeňişlerine guwanýarlar. Diýmek, olary ýurdumyzyň ýeten belent sepgitleri, ýeneki ösüşleri gyzyklandyrýar. Şol uly sepgitlerde, ösüşlerde olar halkymyzyň abadan, bagtly, bolelin durmuşyny, öz bagtly çagalyklaryny we ýagty geljeklerini görýärler. Çagalaryň nurana ýüzleri, şadyýanlygy, ruhubelentligi şol günki hoş habary has-da dabaralandyrdy. Sahawatly türkmen topragy, zähmetsöýer daýhanlarymyz, olaryň alyn deri bilen önýän altyn-zerler arassa çaga kalby bilen wasp edildi. Ine, şeýdip şöhratly pederlerimiziň ruhy, edep-terbiýesi, ýagşy zatlara ýagşy garaýyşlary, mukaddes dessurlary nesilme-nesil dowam edýär.

Mälim bolşy ýaly, 2020-nji ýylyň başynda koronawirus ýokanjynyň pandemiýasy sebäpli dünýä ýüzi uly kynçylyklar bilen ýüzbe-ýüz boldy. Önümçilikleriň bir toparynyň durmagy ýa-da işini ep-esli haýallatmagy, ykdysadyýetiň belli-belli pudaklarynyň köp zyýan çekmegi, önüm öndürmekde, ýetişdirilen hasyly ýygnamakda, azyk howpsuzlygyny üpjün etmekde düýpli kynçylyklaryň ýüze çykmagy netijesinde dünýäde

ykdysady çökgünlik örän ýiti duýlup başlandy. «Sygryň şahyna ursaň, endamy syzlar» diýlişi ýaly, dünýäde bolýan ýagdaýlar bütin adamzady alada goýýar.

Ol kynçylyklar biziň ýurdumyzdan sowlup geçenem bolsa, şeýle ýagdaýda gol gowşuryp oturmak türkmene gelişjek zat däl. Men şol günlerde hökümet agzalarymyz bilen ýurdumyzyň welaýatlaryna gidip, halk içinde bolmagy, galla oragynyň gidişi, agrosenagat toplumynda özgertmeleriň alnyp barlyşy, oba hojalyk önümlerini öndürijileriň işleri bilen tanyşmagy makul bildim. Şeýlelikde, ýurdumyzyň ähli sebitlerine bardym. Biziň döwletimiz daýhanlara uly goldaw berýär. Şonuň netijesinde uly üstünlikler hem gazanylýar. Ýerlerde kuwwatly tehnikalar bar, bol galla, pagta hasyllaryny almak üçin, miweleri, gök-bakja önümlerini ösdürip ýetişdirmek üçin zerur şertler üpjün edilýär. Biziň daýhanlarymyz şol şertlerden peýdalanmagy başarýarlar. Iş saparymyň barşynda altynsow öwsüp, tolkun atyp duran ak bugdaýly meýdanlary synlanymda, ykbalyny ene topraga baglan jepakeş daýhanlarymyzyň yhlasynyň ýerine düşýändigine guwandym.

Öz elim bilenem, kombaýn bilenem ýetişen bugdaýy orup gördüm. Şonda başdan geçiren

ýakymly duýgularymy hiç zat bilen deňemek mümkin däl. Şeýle pursatlarda çörek diýen mukaddeslik bilen iş salyşýarsyň.

Çörek mukaddesligi hakynda öňde-de aýtdym. Bu barada näçe aýtsaň-da artykmaçlyk etmez. Şoňa görä, ýene bir gezek nygtap, ünsi çekesim gelýär: çörege halkymyz diňe bir ýaşaýyş üçin möhüm iýmit hökmünde garaman, eýsem, tebigatyň ynsana beren mukaddes peşgeşi diýip düşünýär. Şunuň bilen baglylykda, halkymyz geçen uzak asyrlaryň jümmüşlerinden gözbaş alýan däplerini, ajaýyp dessurlaryny döredipdir. Arzyly myhmany duz-çörek bilen garşylamak, ýakyn adamyň uzak ýola gidende, oňa çörek berip goýbermek, özüň ýola gitseňem, ýanyňa çörek almak ýaly däpler şolardandyr. Diňe nana-çörege däl, nany-çöregi gowy saklamak, dolap goýmak üçin, ýörite we yhlas bilen bejerilen saçagyna hem türkmen mukaddeslik hökmünde garaýar. Saçak mukaddesligi berekediň egsilmezligi baradaky düşünjelerden başlap, halallyk ýörelgelerine, adamlar arasyndaky ýakyn gatnaşyklar baradaky düşünjelere çenli öz içine alýar. «Saçagyň doly bolsun!», «Berekediň egsilmesin!» ýaly ýagşy dilegler, «saçak halallygy», «saçakly gatnaşmak» ýaly düşünjeler bu aýdanymy doly tassyklaýandyr.

Ýaňy tamdyrdan çykan çöregiň ýakymy düýbünden başgadyr. Gyzgynjak çöregiň ysy, gaýtalanmajak tagamy ony ýekeje gezek dadyp gören adamyň hiç haçan ýadyndan çykmaz. Edil häzir, bu barada aýdyp otyrkam, ýaňy tamdyrdan çykan çöregi suwa basyp iýen çagalygym ýadyma düşüp, täsin bir ahwalaty başdan geçirýärin.

Ýeri gelende, ýene-de bir ýakymly ýagdaýa ünsüňizi çekmek isleýärin. Men bu barada welaýatlarymyza iş saparlarym wagtynda topraga bagry badaşan daýhanlarymyz bilen duşuşanymda hem aýdypdym. Oruma gelen, altyn öwüsýän bugdaýly meýdanyň gözelligini säher bilen synlap gördüňizmi? Bu gözelligi synlanlar maňa düşünerler. Daň säherler bugdaýly meýdanlaryň gyrasyndan barsa, daýhan-a alyn derini siňdirip, ýere eden yhlasynyň netijesinden lezzet alýar, döredijilik bilen meşgullanýan adamyň bolsa zehini joşýar, pikirleri tämizlenýär. Şeýdip, ajaýyp eserleriň döremegine gönezlik emele gelýär. Bu döredýän adamlaryň hemmesi babatda-da şeýledir diýip pikir edýärin. Şol daň säherlerde synlan bugdaýly meýdanlarymyň gözelliginden täsirlenip ýazan goşgymy, hormatly okyjylarym, size-de ýetirmegi makul bildim.

Bugdaý

Säher synlap bereketli meýdany,
Göwnüm tapdy ylham-heýjany, bugdaý!
Gaýrat saňa, halal türkmen daýhany!
Çoýup dur çoguna dünýäni, bugdaý!

Ak bugdaýyń mekanydyr Watanym,
Bagtyń baky mukamydyr Watanym!
Ýurdum diýip, belent maksat tutanyń
Joş urar döwleti, döwrany, bugdaý!

Ýeriń mähri, Arşyń rehmeti bilen,
Durmuşyń höziri, rehneti bilen,
Jepakeş ilimiń zähmeti bilen
Tolkun atan ryşgal ummany, bugdaý!

Ojaklar otludyr, saçaklar doly,
Dowletim rowaçdyr, açykdyr ýoly,
Halkym yhlasyndan tapýar kemaly,
Ýaşaýşyń dowamat-dowamy, bugdaý!

Daýhan, güýç goşulyp kuwwat-guýjüňe,
Nur-bereket insin altyn çäjiňe!
Meňzäp topragymyń tylla täjine,
Şugla saçsyn mydam günýaly, bugdaý!

G. Berdimuhamedow.

23.06.20.

Şu ýerde «Bugdaý nanyň bolmasa, bugdaý sözüň ýokmudy?!» diýen nakyla ünsüňizi çekmek isleýärin. Muňa bugdaý diläp gelene bugdaý bermeseňem, ýagşy sözi aýdyp, göwnüni awlap goýbermeli diýlip düşünilse, ýöntem bolýar. Bu nakylyň örän çuň manysy bar. Ol, ilkinji nobatda, adamlar bilen ähli gatnaşyklarda mylakatly bolmagy, ýagşy sözli bolmagy ündeýär. Aslynda, adamlar barada gowy pikirde, gowy niýetde bolmak, gör, nähili ajaýyp! Men muny maksada ýetmegiň bir ýoly hasaplaýaryn. Adam gowy zatlar hakynda pikir etse, şolara ýetmek ugrunda alada etse, hökman menziline ýetýär diýip ynanýaryn. Elbetde, adamyň niýetine görä ykbalynyň bolmazlygy hem mümkindir. Bu barada Magtymguly ýaly akyldarlarymyz hem aýdyp geçipdir. Munuň şeýle bolmagyna köp ýagdaýlar täsir edýändir. Geçen çylşyrymly we agyr döwürlerden muňa näçe diýseň mysal getirmek bolardy. Ol wagtlar hatda tutuş halkyň ykbaly sorag astynda galýardy. Ýöne bir zada üns beriň: şol kyn döwürlerde-de halkymyz gowy günler, erkana durmuş, döwletlilik baradaky arzuw-umytlaryny syndyrman ýaşapdyrlar. Biziň bu günki Garaşsyz döwletimiziň gurulmagy hut şonuň netijesidir. Diýmek, halkymyzyň telim asyrlyk arzuw-hyýallary, gowy pikir-niýetleri maksada ýetmegiň ýoly bolupdyr. Hut şol ýol türkmeni bu

günki berkarar döwletine, erkana hem bagtly durmuşyna ýetirdi. Ata-babalarymyz: «Ýagşy niýet – ýarym döwlet» diýipdirler, ýagşy niýet etmek – maksada ýetmegiň ýarysy, galany, elbetde, soňky gowy hereketleriňe, yhlasyňa baglydyr.

Halkymyzda alkyş aýtmak, dileg etmek ýaly gowy häsiýetler bar. Türkmen: «Ýagmyr bilen ýer gögär, alkyş bilen – är» diýen sözi ýöne ýere aýdýan däldir. Alkyş almak adamy galkyndyrýar, ruhlandyrýar, abraý eýesi edýär, onuň güýjüne güýç goşýar, işlerine rowaçlyk berýär. Alladan isleg-arzuwlaryň amala aşmagynyň dilenmeginde-de keramat derejesindäki täsir bar. Ol täsir ýagşy dileg edýäniň arzuw-maksatlaryna ýetmeginiň ýolunda-da kyn işleri asan edip biler. Ýöne ýere dilegi duşýan adamlara «dili senaly» diýilýän däldir. Hawa, Alla halasa, şeýle bolup biler.

Men haýsydyr bir adam hakynda ýagşy pikir-niýetler, arzuw-umytlar etmegiň, edýän işiňi, hereketiňi ýagşylyga ýormagyň öz netijesini, hasylyny berýändigini durmuşda kän gördüm. Şuňa bir mysal getireýin.

Türkmenistanyň saglygy goraýyş we derman senagaty ministri bolup işleýän döwrümde ýurdumyzyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Ataýewiç Nyýazowy nobatdaky lukmançylyk barlagyndan

geçirýän günümiz şahyr Gözel Şagulyýewanyň 60 ýaşynyň dolýan gününe gabat gelipdi. Döredijiligine sarpa goýýan şahyrymyň doglan güni hakynda onuň bilen pikir alşasym gelýärdi. Ýöne Prezidentiň saglygynyň barlagyny ýokary derejede geçirmek baradaky pikirler, Germaniýadan gelen lukmanlar bilen netijeli işleşmek, olara hyzmat edilişi... garaz, iş-alada ýetikdi. Hernäme-de bolsa, men Gözel Şagulyýewanyň ýaş toýy barada Prezidente duýdurdym. Şonda ol: «Bu zatlara özüň inçeden gowy düşünýärsiň. Näme sowgat bersek gowy bolar? Gowusy, onuň göwnünden turaýjak sowgady özüň taýýarla» diýdi. Elbetde, halkymyzda sowgat etmek üçin zat köp. Nepis haly sowgat berlende-de, dereje-at berlende-de, döwlet sylagyna hödürlenende-de bolman duranok. Şular barada oýlanyp, men: «Näme sowgat berilse-de bolardy, ýöne kyrk bir sany bägülden boglan çemen sowgat edilse, has ýerlikli bolar» diýdim.

Eýsem, men şonda näme üçin bägül, onda-da kyrk bir sany bägül bermegi makul bildim. Birinjiden, ýaş toýy gutlanylýan – zenan maşgala. Ony ähli zatdan beter gül bilen gutlamak gerek diýip pikir etdim. Ikinjiden, gülleriň içinden hem bägüli saýlaýşymyň sebäbi, bägül gülleriň soltany hasaplanylýar. Ondan dolulygyň, doklugyň, uç-gyraksyz dünýäniň,

rahatlygyň, üznüksizligiň manysyny okaýanlaram bar. Üçünjiden, bägül, onda-da 41 bägül – bu juwanlygyň, ter-tämiz we hyjuwdan doly ýaşlygyň alamaty diýip hasapladym. 41 sanyň älem giňişligini, möwçlüligi, joşguny aňladýanyna ynanyp, men şahyr zenana gözelligiň, terligiň, juwanlygyň alamaty hökmünde, nurana pikir, ýagşy niýet, ýagşy umyt-arzuwlar bilen 41 sany ter bägüllerden ybarat ajaýyp çemen gowşurylsa, ýerlikli bolar diýen netijä geldim. Saparmyrat Ataýewiç meniň bu pikirim bilen doly ylalaşyp: «Men Gözele sowgadyny özüm gowşuraýyn, lukmanlara hem ýagdaýy düşündir, men barýançam olary özüň güýme» diýdi.

Şondan birki ýyl geçenden soň, Gözel Şagulyýewa «Türkmenistanyň halk ýazyjysy» diýen hormatly at dakyldy. Ol yzly-yzyna ýurdumyzyň abraýly baýraklaryna, döwlet sylaglaryna mynasyp boldy. 2015-nji ýylda bolsa oňa Türkmenistanyň iň ýokary tapawutlandyryş derejesi – «Türkmenistanyň Gahrymany» diýen at dakyldy we «Altyn Aý» altyn medaly gowşuryldy.

Hawa, şahyr zenana şol bägül çemeniniň gowşurylanyna ýigrimi ýyl geçenden soň, ýene şol hili waka gaýtalandy – men ony doglan güni bilen gutlap, ýene 41 sany ter bägüllerden ybarat çemeni ýolladym. Geň galaýmaly, ondan bäri ýigrimi ýyl

geçip, şahyr asla garramandyr, gaýtam, onuň sesi barha hyjuwly, juwanlygyň joşguny bilen çykýar. Megerem, şol öňki ugradylan ter bägüller bilen onuň täze ömri başlanan bolsa gerek! Men oňa 80 ýaşynyň toýy mynasybetli ýene bägülleri hem-de ýürekden çykýan arzuwlarymy ýolladym. Ol indiden beýläk hem garraman, döwrümiziň sesine ses goşýan goşgulary döredip, ýüz ýaşa ýeter diýip, ýagşy umyt, ýagşy niýet, ýagşy dileg edýärin. Goý, 100 ýaşanda-da şahyra ýene şeýle çemeni bermek bize miýesser etsin!

Elbetde, oňa has köp bägülden baglanan çemenleri hem gowşuryp bolardy. Emma men ýüregimiň buýruşyna görä, diýmek, çuňňur ynanjym bilen şeýle etdim. Ýagşy pikirde bolup, ýagşy niýet edip, ynanyp bir iş etmegiň gowy netijesiniň bardygyna men hemişe uýup geldim.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

* * *

Belli şahsyýetler, dünýä inen, ýaşan we işlän ýerlerinde özüni gowulykda tanadan, ili üçin uly işleri bitiren adamlar hemişe ýatlanylýar. Olar hakyndaky ýagşy ýatlamalar adamlary jebisleşdirýär. Olaryň geçen ýoly ynsanlar üçin durmuş mekdebi bolup hyzmat edýär. Şeýle adamlara «Hakyň halan adamy», «Taňry nazary düşen adam», «Allanyň sylan bendesi» diýilýär. Bilýänsiňiz: uly obalar şol obalarda önüp-ösen, ili üçin ýagşy işlere amal eden belli şahsyýetleriň ady bilen tanalýar. Öňden gelýän ýörelge boýunça häli-häzirem adamlardan asyl oba-kendiniň haýsydygy soralanda, «pylanynyň obasyndan» diýip jogap berilýän halatlary bolýar. Men öz kyblam Mälikguly Berdimuhamedowyň dünýä inen obasyndandyklaryny ýa-da bolmasa, onuň zähmet çeken edarasynda gulluk edendiklerini, onuň adyny göterýän harby bölümde gulluk edýändiklerini, onuň ady dakylan şäherçede ýaşaýandyklaryny aýdanlarynda, ildeşlerimiziň buýsanýandyklaryny duýýaryn. Buýsanç eýesi bolmak – bu uly bagt ahyryn! Pederiň abraýy, elbetde, perzent üçin hem bagt! Onda-da ýerini başga zat bilen çalşyp bolmajak bagt!

Türkmençilikde ogluň atasyna bolan hormat-sarpasy üýtgeşikdir, aýratyn mana eýedir. Bu milli ýörelgämiziň özenini düzýän gymmatlyklardandyr,

asyrlaryň dowamynda durmuş tejribesinden geçip, kämilleşip, berkäp gelendir. Atalar bilen bagly nakyllar, parasatly sözler, rowaýatlardyr tymsallar birwagtlardan bäri ýandepderçämdäki ýazgylarymyň arasynda öz ornuny, onda-da aýratyn orny tutýar. Halkymyzyň paýhas eleginden geçen «Ata dünýäsi – ogla gönezlik», «Perzende ata gorgan («gorgan» – gala manysynda)», «Ata alkyşy – altyn», «Ataň bilen eneň – Mekge bilen Medinäň», «Enem – Käbäm, atam – Kyblam», «Altyn-kümşüň könesi bolmaz, ata-enäniň bahasy», «Atany söýen – Watany söýer», «Atadan nesihat alan ogul kethuda bolar» diýen ýaly nakyllar barada näçe gürrüň etseň edibermeli. Olaryň her birisiniň aňyrsynda örän çuňňur many, giň durmuş tejribesi, mukaddes ýol-ýörelge bar.

Adam öz ýakynyny ýitirende, agyr hasrata uçraýar. Atasyny ýitireninde, ol bu hasraty has-da ýiti duýýar. Ýöne nätjek, Magtymguly şahyryň aýdyşy ýaly: «Heňňam uzyn, ömür az». Her kimiň sanalgysy dolsa, gidibermeli. Hesret-gussadan ýaňa ýüregiň agyrýar. Her hereketiňde, her demiňde ýitgiňi gözleýärsiň. Ol hakyndaky ýatlamalar aňyňda aýlanyp dur. Emma çekmeli, kysmata kaýyl bolmaly.

Türkmençilikde gaty berk berjaý edilmeli kadalar bar. Ýas dessurlary babatda-da şeýle. Ajy hasrat düşen öýde ähli zat kada laýyk bolmaly. Şol öýde sähel üýtgeşik hereket edilse-de, gatyrak

ses çyksa-da, il-halk muny halamaýar. Merhumyň hatyrasy saklanmasa, bu biedeplik hasap edilýär. Şeýle ýagdaýlaryň ählisi juda oýlanyşyklylyk bilen, paýhas eleginden geçirilip, asyrlaryň dowamynda halkyň özi tarapyndan düzgün-kada öwrülip gelipdir. Her zat edilse-de, bu dünýäden gideniň ýitgisiniň öwezini welin, hiç bir zat dolup bilmeýär.

Magtymguly Pyragy mähriban kyblasy Döwletmämmet Azady aradan çykanda, gussadan ýüregini paralap, «Atamyň», «Azadym kany?» diýen elegiýalaryny ýazypdyr. Şahyryň hasraty maňa örän tanyş. Sebäbi men hem özüne iň ýakyn ynsany ýitiren, indi onuň mährini hiç haçan görmejek adamlaryň biri. Adam näçe ýaşasa-da, ata mähribanlygyndan doýup bilmeýän ekeni. Adamyň hemme ýerde mert bolmalydygyny bilsem-de, aýralygyň öňünde mert bolmagyň juda kyndygyny öz durmuşymda gördüm. Munuň ýürekde goýan yzasyny, hasratyny diňe wagt egser diýip pikir edýärin. 2021-nji ýylyň 18-nji aprelinde mübärek Remezan aýynyň keremli pursatlarynda mähriban kakam Mälikguly Berdimuhamedow 89 ýaşynyň içinde aradan çykdy. Bu ajy habar il-halkymyza hem ýetirildi. Şol günlerde medet beriji sözlerini aýdyp, öz gynançlaryny bildiren adamlaryň her bir sözi ýadyňda galýan ekeni. Munuň özi hossarlyk küýsegi bilen ýüregiň hasrat çekýändigi, adama şeýle pursatda duýgudaşlygyň

hemme wagtdakydan zerurdygy bilen bagly bolsa gerek.

Adamdan at galýar. Adam bu dünýäden baka gitse-de, onuň ady ýaşaýar. Kakam pahyry köp ýatlaýaryn. Adamyň bu dünýädäki baýlygynyň onuň at-abraýyndadygyny akyldarlar aýdyp-aýdyp gidipdirler...

Perzent üçin kakanyň ornuny tutjak başga bir ynsan ýok. Ýaşyň her çene ýetende hem, kakaň nesihaty bilen durmuşyň iň çylşyrymly sowallaryna-da akyl ýetirip, düşünip bolýandygyna hemişe ynanyp geldim. Ejeler mähirliligi bilen ogul perzendine köp öwütleri berýär, ýöne ogla hakyky erkek adam bolmagy kakalar öwredýär. Hawa, ogla ata terbiýesi gerek! Ata ogul perzendiň durmuşynda hemişe ýol görkezijidir. Bir sebäp bilen ýaşlygynda kakasyndan aýra düşen ogullaryny watansöýüji, ilhalar, halal adamlar edip terbiýeläp ýetişdirmegiň ejäniň bir özüne kyn düşýändigi belli zatdyr. Ýöne ýalňyz galan zenanlaryň merdanalyk bilen, är ornunda durup, perzentlerini şeýle adamlar edip ýetişdirendikleri hem mälimdir. Türkmençilikde olara aýratyn hormat goýlup gelnipdir.

Kakam manyly ömür sürdi. Halky, mähriban topragy üçin ýaşady. Diňe bir öz maşgalasyndaky adamlara däl, tutuş il-ulsumyza watansöýüjiligiň, ynsanperwerligiň, adamkärçiligiň belent nusgasyny görkezdi. Kakam ikimiziň hünär babatda saýlan

ugrumyz başga bolsa-da, adamlara gatnaşygymyzda, köplenç, pikirimiziň deň gelendigine begenýärin. Kakam her bir adamyň baş wezipesiniň, ömrüniň manysynyň adamlar üçin haýyr işleri etmekdedigi barada aýdardy. Maşgalamyzda özara pikir alşanymyzda, adamyň tebigy taýdan kadaly kemala gelen ukybynyň haýyr işleri etmekde ýüze çykýandygyny kakam mysallar getirip düşündirerdi. Bular ýaly söhbetler adamyň ýaşyny saýlamaýar, näçe ýaşyňda hem bolsaň, ýürekden maslahat berýän, bärden gaýdýan ýeriňi düzedip, ýardam edip bilýän, seniň bilen mydama gowy söhbetdeş bolup bilýän adam gerek. Kakalar hem öz ogullary üçin şeýle adamlardyr. Ogullara hemişe mert bolmak, durmuşda başyňy çaramak, çylşyrymly ýagdaýlardan tiz netije çykaryp bilmek öwredilýär. Kaka mähri perzentleriniň hemmesine-de gerekdir, ýöne ol ogullar üçin has gerek. Kakasynyň geplemän arkasyna kakmagy ýa-da aýlawly gep urup, henek etmegi ogluň göwnüni göterýär, onda ýaşaýşa mizemez ynam döredýär. Kaka ogul üçin durmuşa, dünýä akyl ýetirmegiň mekdebidir. Perzendiniň özbaşdaklygynyň kemala gelmeginde kakanyň ornuny hiç bir zat bilen çalşyp bolmaz. Kakamda adamlary özüne çekip bilmek ukyby bardy, ol gürrüň berende, hezil edip diňläp bolýan, maslahat berende, aýdan zady ýüregiňe jüňk bolýan paýhasly adamdy. Şonuň üçinem onuň durmuş ýoly tutuş halkymyz,

aýratyn-da, ýaşlarymyz üçin görelde mekdebine öwrüldi. Kakam hakyndaky ýatlamalar mende örän kän, muňa guwanýaryn. Biz biri-birimize juda ýakyn adamlardyk.

Men onuň şahsy resminamalarynyň nusgalaryny aýawly saklaýaryn. Olar biziň maşgalamyzda mukaddeslik hasap edilýär. Kakam 1932-nji ýylyň 12-nji awgustynda Gökdepe etrabynyň 1-nji Birleşik obasynda doglan. Atam Berdimuhamet Annaýewiň, kakam Mälikguly Berdimuhamedowyň atlarynyň obadaşlarynyň kalbynda ýaşaýandygyna ynanýaryn. Ynanýaryn hem guwanýaryn. Öz doglan obaňda, önüp-ösen ýeriňde sylanmagyň, dünýäden öteniňden soňam ýagşylykda ýatlanmagyň sebäbi, manysy hakynda oýlanyp görüň! Bu her bir ynsan üçin dirilikde-de, ondan soň hem iň zerur zatlaryň biri ahyryn! Bu, dünýäden ötenden soň, onuň ýagşy ýatlamalarda ýaşamagy, nesilleriniň egnini gysman, atalarynyň abraýyna guwanyp, şoňa mynasyp boljak bolup çytraşmagy, ata göreldesini ýörelge edinmegi üçin zerurdyr.

Has irräk döwürde biziň maşgalamyzyň duznesibesiniň Tejen derýasynyň boýuna, Babadaýhan töwereklerine çekendigi barada ozalky eserlerimde hem ýazypdym. Mekdep müdiri bolup işlän atam Berdimuhamet Annaýew şol ýerden hem fronta gidýär. Kakam ýaş hem bolsa, şol gazaply döwürde adamlaryň ruhuny götermek maksady bilen goşgy

ýazypdyr. «Ýeňiş biziňki bolar» atly goşgyny ýazanda kakam ýaňy on iki ýaşly oglan ekeni. Soňra ol «Uruş bolmasyn», «Ýaşasyn», «Köp ekeliň dänäni» ýaly goşgularyny ýazýar. Şeýle hem ol «Aslymy yzlasam mertdir pederim», «Ýürek mydam mähribanlyk küýseýär» ýaly goşgularyny döredýär. Şol goşgulary okanymda, olarda nähili uly watansöýüjiligiň, adamlara mähribanlygyň we söýginiň bardygyny duýýaryn. Ol iliň agysyna aglap, begenjine begenip bilýän adam bolandygy üçin, ýürekden sözlemegi, aýdan zadyny ýüreklere ýetirmegi başarardy. Adamlarda hem şol häsiýetleri gowy görýärdi.

Hawa, adatça: «Adamyň başyna düşen kynçylyklar ony gahrymana öwürýär» diýilýär. Meniň muny başgaça beýan edesim gelýär. Adam kynçylykly ýa-da ýeňil durmuş diýmän, nähili gün bolanda-da, özüniň adamkärçilik mertebesini saklamaly. Süýji durmuşda eljiremek ýa-da özüňi diňe ähli zat bilen üpjün durmuşa taýýarlamak we şeýle durmuşa endik etmek adamy emelsiz, juda gowşak edip goýýar. Adam hemişe özüni taplamaly. Hakyky adam üçin bu ýöne bir zerurlyk däl-de, gowulyga ganat berip göterýän isleg bolmalydyr. 1941–1945-nji ýyllaryň Watançylyk urşy ýyllarynda durmuşyň agyr şatylaryna merdanalyk bilen döz gelip, ýaş başyna uly adam çykan, oba adamlaryna goldaw-hemaýat beren, şeýdip merdanalyk ýoluny geçen kakama

men çäksiz guwanýaryn, buýsanýaryn. Haýsy ýerde, haýsy ýagdaýda, haýsy kärde bolsa-da, ol mydama mertlik, batyrlyk, edermenlik, adalatlylyk häsiýetlerini görkezdi.

Gadymy Yzgant obasyndaky mekdepden kakam Mälikguly Berdimuhamedowyň zähmet ýoly başlanýar. Ol öz dünýä inen obasyndaky mekdepde soňky synplarda okan ýyllarynda kakasynyň hünärini dowam etdiripdir, 1950-nji ýyldan başlap mekdepde ilki kitaphanaçy, soňra başlangyç synp mugallymy bolup işläpdir.

Kakam 1952–1954-nji ýyllarda harby gullukda bolýar. Özbegistanyň Çyrçyk şäherindäki kiçi serkerdeleri taýýarlaýan mekdepde okap, 1954-nji ýylda kiçi leýtenant çini bilen Gyrgyzystanyň Oş şäherinde ýerleşýän Dag atyjylyk harby bölüminde wzwod serkerdesi bolup gulluk edýär.

Bu harby bölüm ýapylandan soň, ol Gökdepe etrabynyň Babarap obasyndaky 13-nji mekdepde ýaşlara bedenterbiýe we harby taýýarlyk boýunça sapak berýär.

Şondan bir ýyl geçenden soň, kakam komsomolyň (häzirki Ýaşlar guramasynyň) Gökdepe etrap geňeşinde mekdep okuwçylary bilen iş alyp barýan bölümiň müdiri wezipesinde işleýär.

1956-njy ýyldan Babarap obasyndaky mekdepde işleýär.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

1958-nji ýylyň iýun aýyndan kakam Mälikguly Berdimuhamedowyň durmuşynyň täze tapgyry başlanýar. Şu döwürden 1982-nji ýyla çenli ol Içeri işler ministrliginiň goşunlarynda we edaralarynda dürli wezipelerde gulluk edýär.

Kakamyň ömür menzilleriniň her bir pursadyndan mert pederleriň gaýratyny görkezýän durmuş ýoly görünýär. Şuňa degişli maglumatlary gözden geçirenimde, olar maňa durmuşyň kynçylyklary bilen birlikde ýakymly günlerini, mundan many almaly pursatlaryny hem ýatladýar. Kakam 1959-njy ýylda Russiýanyň Rýazan şäherinde harby kämilleşdiriş okuwynda bolan günlerini ýatlap gürrüň bererdi. Adam gatnaşyklary, garaýyşlary babatda şol günleriň onuň durmuş tejribesini baýlaşdyrandygyny bilýärin. Meniň üçin kakam hiç zat diýmezden, hereketi, bakyşy bilenem köp zady öwredýän adamdy. Onuň islendik sowala hemişe göwnejaý jogap tapjakdygyna men ynanýardym. Ata mähribanlygynyň, öwütleriniň belli bahasynyň ýokdugy çirksiz hakykatdyr. Kakalar öz gylyk-häsiýetleri, durmuş ýörelgeleri bilen ogullaryna özbaşdak çözgüt tapmagy öwredýärler. Adama durmuşda iň zerur zatlaryň biri özüne ynanylmagydyr. Bu ata-ogul gatnaşyklarynda aýratyn mana eýe. Men köp ýerde kakamyň ynamyny ödejek bolup, durkum

bilen pikirlere berilýärdim. Şonuň netijesi bolsa, hemişe-de anyk näme iş etmelidigini salgy berýärdi. Kakam öz hünäri boýunça hem, jemgyýetçilik durmuşyna gatnaşygy taýdan hem ylym-bilimi ýetik adamdy. Ol Türkmen döwlet uniwersitetiniň taryh--hukuk bölümini 1966-njy ýylda tamamlaýar. Onuň zandynda okumyşlyk bardy, hünärlere atygsap duran ýüregi ony, gör, nirelere atarypdyr! Ol 1968-nji ýylda Oržonikidze şäherindäki harby uçilişşäniň doly kursuny tamamlap, motoatyjylyk goşunlarynyň serkerdesi hünärine eýe bolýar. 1969-njy ýylda paýtagtymyzdaky Serkerdeler öýüniň Aşgabat garnizonynyň ýanyndaky ýörite okuw mekdebiniň umumy bölüminiň okuwyny geçýär. 1976-njy ýylda syýasy edaralaryň başlygy maksatnamasy boýunça Kiýewdäki ýokary mekdepde okap, hünärini ýokarlandyrýar.

Alnan bilimler oňa öz işini dürs guramaga, Içeri işler ministrliginiň bölümleriniň şahsy düzümleriniň arasynda syýasy-terbiýeçilik, wagyz-nesihat işlerini geçirmäge, işgärleriň düzgün-nyzamlylygyny, işe jogapkärçiligini pugtalandyrmakda goldaw bermäge ýardam edýär. Ol bu işleri gulluk borjy hökmünde däl-de, eýsem jemgyýetçilik başlangyçlary esasynda ýerine ýetiripdir.

Kakam Içeri işler ministrliginiň Daşoguz, Mary we Aşgabat şäher bölümlerinde toparyň serkerdesi,

otrýadyň başlygy, nobatçylyk bölüminiň we işgärler bölüminiň ýolbaşçysy, ştabyň başlygy wezipelerinde işleýär. Özüni işine ussat, tertip-düzgünli, ýokary ahlakly, öz-özünden we tabynlygyndakylardan örän talabediji serkerde hökmünde tanadýar. Özüne ynanylan bölümde jenaýatçylygyň öňüni almak, üstüni açmak boýunça çäreleriň geçirilmegine aýratyn üns berýär.

Kakam Mälikguly Berdimuhamedow gulluk döwründe Içeri işler ministrliginiň ýolbaşçy düzüminiň hormat hatlaryna, pul baýraklaryna, döşe dakylýan nyşanlara we köp sanly medallara mynasyp bolýar.

1982-nji ýylda podpolkownik harby derejesi bilen hormatly dynç alşa çykandan soň, ol köp ýyllaryň dowamynda ýaşlara bilim-terbiýe bermek işinde zähmet çekdi. Häzirki Milli bilim institutynda, Pedagogik ylymlaryň ylmy-barlag institutynda, Aşgabat şäheriniň Baş bilim müdirliginde we beýleki ugurlarda işläp, özüne ynanylan wezipäni birkemsiz ýerine ýetirýän, örän döredijilikli işgär hökmünde özüni ykrar etdirdi.

Mähriban kyblamyň ömür ýoly – nusgalyk ýol. Onuň beýik ahlak sypatlary elmydama meniň idealym, durmuş uniwersitetim bolar...

...Hawa, ýüregiň hasrata dolandyr, gussaly dem alýansyň. Eliňe kagyz-galam alyp, derdiňi egsersiň, saz guralynyň başyna geçip hem şeýdersiň. Sungat!

Sende, gör, näçe gudrat bar! Göwnühoş çagym şatlygymy, gamgyn çagym gussamy bölüşip bilýärsiň! Aslynda, sen dünýäniň bagtyndan hem hasratyndan dörän bolmaly! Allatagala seni ynsanlara şeýdip berendir – şatlyk hem hasrat goşup berendir! Olaryň begenjini hem gynanjyny paýlaş, iň ýakyn syrdaş, ýürekdeş hem heserdeş bolup paýlaş diýip berendir!..

Magtymguly akyldar «Bu derdi» diýen goşgusynda aýralyk derdiniň juda agyrdygyny aýdýar. Dogrudan-da, «daglaryň, daşlaryň çekip bilmejek derdi» ynsanyň başyndan inýär. Hernäme-de bolsa, ynsan bu derdi çekmeli, şeýle ýagdaýda mert durmaly! Giden gaýdyp gelmeýär – ynsan, ine, diňe şu ýolda alaç-syz. Dünýäden giden ynsanyň mert hem gaýratly ýaşan ömri bize teselli berýär. Ol hakyndaky ýagşy ýatlamalaryň kändigi, ony tanaýanlaryň ählisiniň ol barada diňe oňat pikirdedigi, onuň adamlara ýagşylyk edip, ýol goýup gidendigi bize teselli berýär...

Dünýäden ötmezinden öň kakam pahyr bilen köp söhbetdeş boldum. Şolaryň birinde ol atanyň perzende bolan söýgüsi hakynda aýtdy. Men, edil gyzyldyr kümşüň könesiniň bolmaýşy ýaly, ata--enäniň bahasynyň ýokdugy hakynda, ata-ogul gatnaşyklary hakynda juda kän okadym, kän eşitdim, kän öwrendim. Aslynda, bu baradaky nurana düşünjeler bütin terbiýämiň özeninde oturandyr – muny maňa atam-enemiň perzende bolan gatnaşygy,

söýgüsi, ynamy berdi. Ine, indi şunça ýaşap, hakykatyň ýoluny yzarlaýan sözi eşitmegiň, onda-da öz pederiňden eşitmegiň hemişe-de gymmatlydygyna, täsiriniň başgaçadygyna, ajaýypdygyna ýene bir ýola göz ýetirdim. Şol söhbetdeşligimizde kakam maňa: «Ata mähriniň ýerini çalşyp bolýan däldir, ol ýeke-täkdir. Ata mähribanlygy üýtgeşikdir. Saňa şol mähribanlyk siňendir, ogul! Bu gün egniňe uly ýük düşendir – il-halkyň, Watanyň bütin aladasy bilen baglanyşykly mukaddes wezipe. Şony çekişmäge-de ataň beren mähri saňa her demde kömek eder» diýdi.

Ýüregime-aňyma siňen, gulagymda ýaňlanyp duran, bakylyk bolup galan bu sözleri ýatlap, her sapar: «Atam, mähriban pederim! Imanyň hemraň, jaýyň jennet bolsun! Köňlüme guýan nur-mähriňe çirk ýetirmän, menziller aşmakda Hakdan maňa ýardam bolsun!» diýýärin...

* * *

Şu ýerde ýene bir wakany ýatlasym gelýär. Men öz ömrümde iň möhüm çözgütleri kabul edenimde, hemişe kakam bilen maslahatlaşdym. Onuň beren maslahatlarynyň hemişe dogry bolup çykandygyny durmuş tejribämden bilýärin. 2006-njy ýylyň ahyrynda Türkmenistanyň ilkinji Prezidenti Saparmyrat Türkmenbaşy tarpa-taýyn aradan

çykdy. Bu waka ähli ildeşlerimiz bilen bilelikde maňa hem örän agyr täsir etdi.

Ähli halkymyz üçin ýeňil bolmadyk şol günlerde Türkmenistanyň Döwlet howpsuzlyk geňeşiniň hem-de Türkmenistanyň Ministrler Kabinetiniň bilelikdäki mejlisiniň çözgüdi bilen maňa ýurdumyzda Türkmenistanyň Konstitusiýasy boýunça Prezident saýlawlary geçirilýänçä Türkmenistanyň Prezidentiniň, Türkmenistanyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysynyň wezipelerini wagtlaýyn ýerine ýetirmeklik ynanyldy. Türkmen döwletiniň ilkinji Prezidenti Beýik Saparmyrat Türkmenbaşyny soňky ýoluna ugratmak boýunça Hökümet topary döredilip, oňa ýolbaşçylyk etmek hem maňa tabşyryldy.

Soňra maňa Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine geçiriljek ählihalk saýlawlarynda dalaşgär hökmünde gatnaşmak teklip edildi. Men şonda kakama sala saldym, ondan maslahat soradym. Onuň şol gün aýdan sözleri häzirlerem gulagymdan gidenok. Kakam şeýle diýdi: «Oglum, dalaşgär hökmünde saýlawlara gatnaşyp bilersiň. Ýöne bu entek seniň saýlanjakdygyňy aňladanok. Diňe halkymyz ynam eden ýagdaýynda saýlanarsyň. Eger, saýlansaň, gije-gündiz halkyňa hyzmat et! Gerek bolsa, halkyň üçin janyňy ber! Halkyň ynamy belent hem mukaddes zatdyr. Ol namartlamaga ýer goýýan däldir! Diňe alkyş bilen abraý almaga

çalyş!» Ine, kakamyň aýdan şu sözleri hemişe maňa güýç-kuwwat berdi. Men ol sözleri özüme hemişelik ýörelge edindim.

* * *

Men şu ýerde ýene-de maşgala gymmatlyklary, dessury bilen baglanyşykly, gysgarak hem bolsa, käbir zatlary aýtmak isleýärin. Biziň maşgalamyzda gazanjyňy tygşytly tutmak, has zerur zatlara sarp etmek däbi bardy. Ony kakam ýola goýdy.

Kakam zähmet hakyny mydama ejeme getirip bererdi. Eýýäm 6-njy synpda okaýan döwrümden başlap, TSSR-iň 40 ýyllygy kolhozynda işlemek bilen, menem zähmet hakymy ejeme getirip berýärdim. Soňra institutda okaýarkam, talyp hakymy-da ejeme getirip berýärdim. Soň oglum Serdar hem bu düzgüne eýerdi...

Kakam aradan çykandan birnäçe gün geçenden soň, 22-nji aprelde biz, milli däbimize laýyklykda, tereke etdirdik. Molla geldi, biz ähli ýakynlarymyz – men we bäş sany aýal doganym, jemi alty adam bolup ýygnanyşdyk. Maňa ogul hökmünde kakamyň köneje awtoulagy we sagady ýetdi. Aýal doganlarym özlerine düşýän puly almak, paýlaşmak islemediler we ol kada boýunça ejemde galdy.

Ertesi, anna güni, 23-nji aprelde juma namazy okaldy, agzaçar boldy. Şonda uýalarym özlerine düşýän puly merhumyň kyrky berilýänçä, kyrk

günüň dowamyndaky anna agşamlarynda sadaka bermeklige sarp etmek kararyna geldiler.

Tereke wagtynda Serdar hem bardy, ol bu dessurdan özüne ýene bir durmuş tejribesini gazandy...

* * *

Indi bolsa ejemiň el işleri hakynda täsin bir hekaýaty aýdyp bereýin.

Ejem dynman zähmet çekerdi, begres çabytlary tikerdi. Ol zenanlaryň bu arzyly eşigini tikmegiň ussadydy. Onuň ýanyna kän gelerdiler, özlerine çabyt tikip bermegini haýyş ederdiler.

Ejem hepdede bir çabyt taýýarlap ýetişerdi, soňra çabydy satardylar. Ýadyma düşýär, 1970--nji ýyllarda bir gün meniň doganoglanymyň gyzy Kiçigyz geldi we öz toýuna kürte tikip bermegini haýyş etdi. Ejem oňa kürte tikip berdi.

Şol wakadan elli ýyl geçenden soňra, 2020-nji ýylda ol ejeme şol kürtäni getirip berdi. Bu kürte «gyýak», «okgözi», «içýan agyz», «tazy guýruk» nagyşlary bilen bezelipdir. Aragerbisi alaja düýe ýüňi bilen örülip, merkezinde çatylypdyr. Ýakasynyň sag tarapynda kürtäniň doly taýýarlanylyp bolnan wagty görkezilipdir – «1971 ýyl» diýen ýazgy bar, bu ýazgy iňňe bilen köjeme usulynda tikilipdir. Hawa, ejem bu kürtäni ýarym asyr mundan ozal 20 günüň içinde baldyzy üçin niýetläp taýýarlapdyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Haýran galaýmaly: ejemiň tiken kürtesi, şunça ýyl geçse-de, öňki gözelligini saklapdyr! Ol hut ýaňyja elden çykan ýaly! Üstünden ýarym asyr geçse-de, asyl durkuny saklapdyr. Reňkleri ýiti, nagyşlary nepis, tutuşlygyna alnanda, ol türkmen gelin-gyzlarynyň el işleriniň ajaýyp nusgasydyr, geçmişden mukaddes ýadygärlikdir, biziň taryhymyzyň bir bölegidir.

Şol pursat men zenanlarymyzyň el hünärine ýene bir gezek guwandym. Milli medeniýetimiziň bu taýsyz görnüşini dowam etdiren ejem janyň sungatyna guwandym! Men ony, tanyşdyrsynlar, adamlara görkezsinler, soňra bolsa, isleg bildirýänleriň ählisi synlap biler ýaly, muzeýde ýerleşdirsinler diýip, Türkmenistanyň Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşiniň başlygyna we Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisiniň Başlygyna gowşurdym.

Şeýlelikde, Döwlet medeniýet merkeziniň Döwlet muzeýinde milli amaly-haşam sungatymyzyň bu ajaýyp eseriniň – mähriban käbämiň kalbynyň mähri siňen sungatyň, ýagny onuň işläp bejeren kürtesiniň bu muzeýe gowşurylmagy mynasybetli dabara, şeýle-de «Ýürek mähri siňen sungat» atly maslahat geçirildi. Türkmenistanyň Konstitusiýasynyň we Döwlet baýdagynyň gününe gabatlap, bu çäräni Türkmenistanyň Milli Geňeşiniň Mejlisi, Medeniýet ministrligi, Zenanlar birleşiginiň Merkezi geňeşi bilelikde

guradylar. Şonda kürteden başga-da, ejemiň ýarym asyr mundan ozal öz eli bilen ören joraby hem muzeýe gowşuryldy. Jorap ussatlyk bilen örülipdir, oňa öz döwrüne mahsus nagyşlar salnypdyr.

Türkmen gelin-gyzlarynyň keşde çekmek sungaty – juda gadymy el hünärleriniň biri. Eli çeper, dili şeker ene-mamalarymyz milli lybaslarymyzy bezemek üçin dürli nagyşlary döredipdirler. Lybaslary şol bezegler bilen bezemek işi keşdeçilik usulynda ýerine ýetirilipdir. Şol çeper usullary, tärleri, tejribeleri eneler gyzlaryna, aýal doganlar uýalaryna, gelinler baldyzlaryna öwredipdirler. Şunuň bilen baglanyşykly üme dessuryny ýatlamak isleýärin. Bu dessur asyrlaryň dowamynda türkmen gyzlary üçin edep-terbiýäniň, hünär öwrenmegiň, sungata aralaşmagyň mekdebi bolup gelendir. Ümede ýaş gyzlar öz boýdaşlaryndan, deň-duşlaryndan, gelnejelerinden el işlerini öwrenýärler, şonuň bilen birlikde, durmuşda özüňi alyp barmagyň ýollaryny, edep kadalaryny hem öwrenýärler.

Men ejemiň ýaş gelin-gyzlarymyza nusgalyk zenandygyna buýsanýaryn. Onda türkmen zenanyna mahsus salyhatlylyk, kanagatlylyk, döwletlilik, belent adamkärçilik, maşgala ojagyna wepalylyk, el hünärine ussatlyk jemlenipdir. Ejem öz keşde-nagyşlaryny gözellige, sungata öwürmegi başarýan zenandyr. Men onuň öz eli bilen ören alajasyny täze

doglan taýlara, bedewlere dakanymda hem örän buýsanýaryn.

Elbetde, tikin tikip, keşde gaýamak aňsat däl, şonuň üçinem oňa «Iňňe bilen guýy gazan ýaly» diýilýär. Ejem ýaşlygyndan şeýle işlere inçelik bilen hötde gelipdir. Bular barada men «Enä tagzym – mukaddeslige tagzym» atly kitabymda hem aýdypdym. Käbämiň gyzlary bilen bile oturyp, keşde gaýaşynyň, jorap örüşiniň hem edil janly surat eseri ýalydygyny nygtapdym. Türkmeniň mukaddes maşgala ojaklarynda gadymdan gelýän milli ýörelgelerimiziň mynasyp dowam etdirilýändigine buýsanjymy beýan edipdim. Mähriban käbämiň durmuş ýoly onuň halkymyzyň ruhy-ahlak gymmatlyklaryna ygrarlydygyny örän aýdyň görkezýär.

Taryhy-medeni mirasymyz geçmiş bilen şu güni baglanyşdyrýar, biziň milli ýörelgelerimizde tutuş adamzat üçin bähbitli örän ajaýyp, asylly nusgalaryň jemlenendigini görkezýär.

Bu – biziň taryhymyz, bu – biziň medeni mirasymyz, bu – biziň gadymy däbimiz. Men bu beýik taryha, bu beýik mirasa, bu beýik däbimize hemişe guwanýaryn.

* * *

Hawa, wagt geçip dur, kakam ýogalansoň, onuň üçi, ýedisi, anna agşamlary geçdi, garaz, kakamyň

belli günlerini sowduk. Şu kitabymda onuň kyrkyny berenimizde aýdan sözlerimi hem ýerleşdirmegi makul bildim. Ine, şol söz:

Essalawmaleýkim, eziz watandaşlar!

Hormatly adamlar!

Bu gün kakamyň kyrkyna gatnaşýandygyňyz üçin, siziň hemmäňize taňryýalkasyn aýdýaryn, toýuňyzda gaýtsyn! Kakamyň ýatan ýeri ýagty, jaýy jennet bolsun!

Hormatly adamlar!

Kakamy ýatlap, doga-dileg etdiňiz. Okan aýatlaryňyz, eden doga-dilegleriňiz kabul bolsun! Siz bir käse çaý içiň! Men bolsa size kakam baradaky käbir ýatlamalarymy aýdyp bereýin.

Hormatly adamlar!

Mähriban kyblamyň ömür ýoly meniň üçin durmuş mekdebi boldy. Ol her hili çykgynsyz, kyn ýagdaýdan hem aljyraman baş alyp çykmagy başarýardy.

Kakam örän ruhubelent adamdy. Atam Berdimuhamet aga urşa gidende, kakam ýaňy on bir ýaşynda ekeni. Şonda-da, şol kynçylykly döwürde öz goşgulary bilen adamlarda ýeňşe, ertirki gowy günlere ynam döredipdir. Kakamyň «Köp ekeliň dänäni» diýen goşgusy ýadyňyzdadyr.

Bu goşgy 1944-nji ýylda şol wagtky Kirow etrabynyň «Ýagty ýol» gazetinde çap hem edilipdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Her maşgalanyň özüne mahsus däbi bolýar. Enematamyň doglan günlerini hemme doganlarymyz, ählimiz jem bolup gutlamak maşgala däbimizdi. Kakamyň 80 ýaş toýundan bir pursady ýatlamak isleýärin. Şonda doganlarym: «Kakamyza nähili sowgat etsek ýerine düşerkä?» diýip, maňa maslahat saldylar. Kakam ruhubelent, göwnaçyk adam. Onsoň, onuň göwnüni diňe söz bilen, sungat bilen göterip, galkyndyryp boljakdy. Şoňa görä-de, birimiz goşgy bilen, birimiz saz çalyp, ýene birimiz aýdym aýdyp gutlasak, has ýerine düşer diýip pikir etdim. Ählimiz şu pikiriň daşynda jemlendik. Onsoň, her kim taýýarlyk görüp başlady.

Wagtyň salymy ýok. Ine-de, kakamyň 80 ýaş toýy ýetip geldi. Gutlap başladyk.

Özümden kiçi jigim bar. Ol – gyzlaryň iň ulusy. Oňa enemiň ady dakylansoň, Enegül diýýäris. Aslynda, onuň çyn ady – Durdynabat. Gutlamak gezegi şol jigime ýetdi.

Ol tolgunyp: «Kaka, bagyşla, birinjiden-ä, goşgy ýazmaga ýetişmedim, onsoňam, näçe ýazsamam, göwnümdäki ýaly çeper bolanok, bärden gaýdýar» diýdi.

Şonda kakam güldi-de: «Hany, sen ýüregiňdäkini söz bilen aýt. Onsoň, ony häzir ikimiz bilelikde goşgy setirlerine geçiräýeris» diýdi. Hemmämiz uly gyzyklanma bilen diňläp otyrys. Kakam jigimiň

sözlerini diňledi-de, ony şol ýerde goşga öwürdi. Goşgy hemmämiziň göwnümizden turdy. Häzir size şol goşgyny okap bereýin.

Bu goşgy Mälikguly aganyň soňky goşgy setirleri boldy.

Belleýäs kakamyň doglan gününi,
Başymyz jem boldy – begenýär ýürek.
Ata-enäň gadryn bilmek barada
Agamdan görelde almagmyz gerek.
Bize mähribanlar – ata-ene gerek.

Ýanynda agamyz – Arkadag ogly,
Bizem görüp dursak gezekme-gezek.
Agtyk-çowluklarna guwanyp ýörkä,
Ýuwlugnam görmegi isleýär ýürek.
Bize goşa gumry – ata-ene gerek.

Çylşyrymly bolýar durmuşyň ýoly,
Ýöne ýalňyşmajak bolmaklyk gerek.
Ata-ene käýinse – säwlik goýbersek,
Ony gaty görmän, düzetmek gerek.
Bize maslahatçy ata-ene gerek.

Kakam baradaky ýagşy ýatlamalar hemişe ýüregimde ýaşaýar.

Perzent daragt bolsa, kökleri ata-enedir. Daragtyň saýasy-da, miwesi-de köklerine baglydyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Perzent çeşme bolsa, gözbaşy ata-enedir. Çeşmäniň durulygy, arassalygy hem gözbaşyna baglydyr.

Şu gün menem mähriban kyblama bagyşlap ýazan goşgy setirlerimi siziň bilen paýlaşmak isleýärin.

ATAMYŇ

Mähriban kyblam
Mälikguly Berdimuhamedowyň
ýagty ýadygärligine bagyşlaýaryn.

Aýlaryň soltany – ol Remezanda,
Tamam boldy durmuş ýoly atamyň.
Gözellik jem bolup, beýik ynsanda,
Şan-şöhratly geçdi saly atamyň.

Päkizedi Hak-huda dergähinde,
Ýalkym bardy gahrymanlyk ruhunda,
Orunly bolmakdy Hak uçmahynda
Isleg-arzuw hem hyýaly atamyň.

Hemmäni çagyryp edermenlige,
Halkyny başyna edindi jyga,
Ol doga beýikdi, dogady, doga,
Nusgalykdyr päk ykbaly atamyň.

Ruhubelentligi bolup ýokary,
Ýeňip geçdi ähli kynçylyklary,
Açykdy ýüregi, nurludy seri,
Bilýär ony gözel ili atamyň.

Mätäje uzatdy kömek goluny,
Mukaddeslik saýdy ene dilini,
Il içinde alkyş boldy alany,
Ýollary alkyşdan doly atamyň.

Ýagşy işler gül ömürden ýadygär,
Beýik ynsan asyr saýyn adygýar,
Ynsan mertebesin barha artdyrýar
Göreldesi hem mysaly atamyň.

Ýurdumyza rowaçlyklar ýar bolsun,
Bagy-bossan bolsun, gülgüzar bolsun,
Älem-jahan dursun, Watan bar bolsun,
Arzuwlap ýaşaýşy ýaly atamyň.

Hormatly adamlar!

Bu topragyň her daban ýerini, mukaddes hem keramatly Watany gözüniň göreji, başynyň täji saýan kakam Mälikguly agany hatyralap berlen sadaka, okalan aýat-töwirler Allatagalanyň dergähinde kabul bolsun! Kyblamyň ýatan ýeri ýagty, jaýy jennet bolsun!

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Men kakam Mälikguly Berdimuhamedowyň ruhuny şat etjek şu sadaka gatnaşanlaryň hemmesine minnetdarlyk bildirýärin.

Taňryýalkasyn, saglykda görşeliň!

* * *

Ýurdumyzyň bagtyýar adamlary bilen söhbetdeş bolmak hemişe-de ýakymly. Olaryň hemmesi-de päk zähmetden bagta ýeten, halalhon, durmuşda öz ornuny tapan adamlar. Sorap-idäberseň, täsin ykbally, durmuşy, hereketleri nusgalyk adamlara-da köp duş gelýärsiň. Daşoguz welaýatynda iş saparynda bolanymda-da, şeýle adamlaryň döwletli maşgalasyna berlen täze öýde myhman bolmak miýesser etdi.

Kärendeçi Uzakbaý Esenowyň bagtly maşgalasy bar eken. Ol synpdaşy Jennet Meläýewa bilen halaşyp durmuş gurupdyr. Olaryň jemi 13 çagany – 8 ogul bilen 5 gyzy kemala getirýändikleri hakyndaky gürrüňini tolgunman diňlemek mümkin däl. Maşgalanyň diýseň tertipli çagalary bar. Mende bu çagalar bilenem gürleşip görmek höwesi döredi. Maşgalanyň uly ýaşly çagalarynyň ýurdumyzyň gülläp ösüşlerine mynasyp goşant goşmagy arzuw edýändikleri hakyndaky gürrüňlerine, körpeleriniň bolsa özlerine mahsus mähirlilik bilen okaýan goşgularyna, umuman, bu maşgaladaky gyz çagalaryň mähriban käbämiň mysalynda milli gymmatlyklarymyza, däp--dessurlarymyza hormat goýmak, çuňňur watançylyk,

zähmetsöýerlik ruhunda terbiýelenýändigine guwandym.

Öý eýelerinden täze öý, onda döredilen şertler baradaky pikirlerini soradym. Olar häzirki zaman ölçeglerine kybap gelýän, ähli amatlylygy bolan, ajaýyp jaýda ýaşamaga döredilen mümkinçilikler barada birin-birin aýdyp berdiler. Elbetde, halkymyzyň mynasyp durmuş şertlerini üpjün etmek döwletimiziň esasy wezipesidir. Biz, elbetde, halkymyzyň abadançylygyny üpjün etmek, hal-ýagdaýyny has-da gowulandyrmak, ýurdumyzda bagtly hem eşretli durmuşy berkarar etmek babatda mydama alada ederis.

Halkymyzyň asylly däp-dessurlary, edim-gylymlary bar. Olar asyrlaryň dowamynda kämilleşip, ýol-ýörelgä, düzgün-kada öwrülipdir, sünnälenip, sungat derejesine ýetirilipdir. Öý edinmek, jaý toýuny tutmak babatda-da şeýle, onda hökman berjaý edilýän däpler bar. Men hem şolara eýerip, öýüň eýelerini jaý toýy bilen gutladym, olara sowgatlarymy gowşurdym, täze ojakda bagtly ýaşamagy, maşgala abadançylygyny, saglyk, üstünlikler arzuw etdim. Ýene nähili isleg-arzuwlarynyň bardygy, nähili kömek gerekdigi bilenem gyzyklandym. Şonda maşgalabaşy dabaraly pursatdan ýadygärlik hökmünde bilelikde surata düşmegi haýyş etdi. Men degişmä salyp, köplük bolup düşüljek bolsa, öýüň içinde däl-de, daşarda

düşülse, gowy boljakdygyny aýtdym. Şeýdibem, biz Uzakbaýyň tutuş maşgalasy bilen daşaryk çykyp, ýadygärlik surata düşdük. Türkmen halkynyň asylly däbine eýerilip, toý düwünçegi gowşuryldy. Bu pursatlar aýratyn ýakymlylygy bilen ýadymda galdy.

Aslynda, köp çagalylyk türkmen halkyna mahsusdyr. Şu ýerde doganlar baradaky pikirlerimi hem paýlaşmagy makul bildim. Dünýäde mähriban käbämiz bilen eziz kyblamyzdan soň, biziň üçin iň ýakyn ynsanlar – doganlarymyz. Ata-babalarymyzyň ata-ene hormaty, dogan gadyry baradaky pähimi uzak asyrlaryň durmuş tejribesinden geçendir, kämil durmuş ýörelgesine öwrülendir. Köp çagalylyk babatda hem şuny aýdyp bolar – bu-da halkymyzda ýörelge derejesindedir. Türkmen hemişe köp çagalylygy gowy gören milletdir. Şuňa görä, köp çagaly maşgala «döwletli maşgala» diýlipdir. «Perzent – döwlet» diýendir türkmen. «Ogul – döwletimiň başy, gyz – göwnümiň hoşy» diýendir türkmen. Görnüşi ýaly, maşgala üçin döwletlilik hem, göwnüň hoşlugy hem zerur. Aslynda, bular aýrybaşga zatlar hem däldir, bir binýady bilelikde hasyl edýändirler. Halkymyzyň «Bir dogan, bir dogran», «Garny birim ýet-de gel, garny aýrym ýat-da gel», «Çöp bol, köp bol», «Dogan – dogana gala» ýaly başga-da köp nakyllary bar. Olarda aýdylýan pikirler giden bir durmuş, tutuş bir ýörelge.

Ilimizde bir ata-eneden bolan çagalara «doga dogan» diýilýär. Türkmeniň sagdyn garaýşyna görä, doga doganly bolmak uly döwletlilikdir. Är-aýalyň nikasy duşup, agzybir ömür sürlende, göwün göwünden suw içip, dideler sözleşende, sözsüz düşünişilende, maşgalanyň binýady berk bolýar. Şeýle maşgalada on-onki perzent dünýä inäýende hem, ata-enä gaty bir agram düşmeýär. Ata-babadan gelýän ýörelgelere eýerip, ýaş çatynjalar ilkinji çagalaryna ýerlikli terbiýe berýärler, türkmeniň girim-çykymyny, milli hünärlerini, däp-dessurlaryny öwredýärler. Ýerlikli terbiýe berlen uly doganlar jigilerini oýnatmak, olaryň üst-başyna seretmek, olary çagalar bagyna we mekdebe äkidip-getirmek ýaly, hysyrdysy ýetik işleri öz boýunlaryna alýarlar. Olaryň garagolluk etmäge, biweç hereketler bilen meşgullanmaga wagty hem bolmaýar. Jigilerine görelde bolmak islegi bolsa olary elmydama tertip-düzgüne çagyrýar.

Köp çagaly maşgalada agalarynyň eşiklerini inilerine, gyz doganlarynyň lybaslaryny kiçi uýalaryna geýdirmek hem ýörgünli. Şeýtmek bilen, parasatly türkmen halky perzentlerinde pespälligi, kiçigöwünliligi, özara sylag-hormaty terbiýeläpdir. Kiçiler uly doganlarynyň eşiklerini geýip, olara meňzemäge, batyr, zähmetsöýer, erjel bolmaga çalşypdyrlar.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Il içinde bolanyňda: «Men pylany bilen süýt emşen dogan» diýen jümlä-de gabat gelinýär. Bu sözler, ilkinji nobatda, türkmen enesiniň rehimdarlygy, hamraklygy, mähribanlygy bilen baglanyşyklydyr. Aýdaly, şeýle ýagdaý duşýar: bäbekhanada ilkinji perzendi dünýä inen ýaş enede kähalat süýt bolmaýar. Tejribesi ýetik, iki-üç çagany dogran başga bir gelniň bolsa, öz bäbegini emdirenden soň hem, süýdi joşup durýar. Ejesiniň razylygy bilen gelin çagajygy emdirýär. Işiň gyzgalaňly günlerinde ejelerimiz pagta meýdanlarynda sallançak gurup, emýän çagalaryny ukladyp, pagta ýygyp, gök-bakja eker ekenler. Goňşuçylykda keçe basylyp, tamdyra çörek ýapylýarka-da, ýaş çagaly gelinler toý-dabaranyň aladasynda bolýarkalar-da, ýa-da bolmasa, başga bir sebäbe görä, ýaş ene emdirmekden saklanmaly bolanda-da, şeýle ýagdaýlar gaýtalanypdyr. Dogrusy, şu hili sebäpler bilen baglanyşykly çagany öz ejesiniň däl-de, başga enäniň emdiren halatlaryna çagalyk döwürlerimizde özümizem kän şaýat bolupdyk. Bu dessuryň ýaşlary terbiýelemekde ähmiýeti uludyr. Ol, ilkinji nobatda, ýaş enelerde mähribanlyk, rehimdarlyk duýgularyny ösdürýär. Ene emdiren çagasyny öz balalarynyň biri hasaplaýar. Ine, şeýle türkmençilik ýollaryna görä, biri-biriniň ejesini emen iki çaga «süýt emşen dogan» diýilýär. Süýt emşen doganlar ulalanlaryndan soň hem biri-birini eý görüp, ýakyndan gatnaşýarlar.

Türkmeniň girim-çykymy örän inçedir. Doga dogandan we süýt emşen dogandan başga «ganybir dogan», «dogan okaşan dogan» ýaly düşünjeler hem bar. Halkymyzda enesi bir doganlara «süýtdeş», atasy bir doganlara bolsa «ganybir dogan», biri-biriniň hüý-häsiýetini halap, «dogan bolaly» diýip, wadalaşan ynsanlara «dogan okaşan» doganlar diýilýär. Doganly bolmak hossarly, howandarly adam bolmakdyr. Doganlarymyz biziň daşymyzyň galasydyr.

Uzakbaý hem maşgalasynda biri-biriniň gadyryny bilýän 13 sany doga dogany terbiýeleýär. Ol gelni Jennet bilen entek çagaka mekdebe bile gatnapdyr. Bir synpda okansoňlar, biri-birini sulhy alyp, aralarynda söýgi döräpdir. Hortapdan çepiksije gyz bilen uzyn boýly, edenli, daýaw ýigidiň arasyndaky söýgä biraz geňirgenenler hem bolupdyr. Ýöne ýürek ýürege berlip, ýaşlaryň arasynda tutaşan söýgi netijesinde, täze maşgala döräpdir. Şeýdip dörän maşgalada dünýä inen 13 çaga bolsa çyn söýginiň netijesidir. Jennet çagalykdan ikinji topar maýyplyga degişli bolansoň, diňe çagalaryň terbiýesi, öý aladalary bilen meşgullanýar. Uzakbaý bilen içgin söhbetdeş bolanymda, aýaly Jennete bolan söýgüsiniň ýyllaryň geçmegi bilen birjigem peselmeýändigini, gaýtam, ýyl geçdigiçe güýjeýändigini, berkeýändigini aýtdy. Bu sözleri aýdanda, onuň ýüzi-gözi hem has ýagtylan, nurlanan ýaly boldy. Onuň sözleriniň tüýs

ýürekden çykýandygyna ynandym. Men şonda: «Ine, zamanamyzyň «Zöhre – Tahyrlary», «Leýli – Mejnunlary», «Gül – Bilbilleri» şular. Şeýle bagtyýar maşgalalar ýurdumyzyň hemme ýerinde hem bar. Olar biziň sarsmaz döwletimiziň jebis jemgyýetiniň sütünleridir» diýip pikir etdim. Şol söhbetdeşlikde maşgalabaşa aýdan: «Arkaňyzda döwletimiz dag ýaly bolup durandyr!» diýen sözlerim bolsa her bir maşgala hem degişlidir. Uzakbaýyň maşgalasynda ýene-de toý tutmaga taýýarlyk görülýän ekeni. Olar uly ogly Otuzy öýermek üçin guda bolupdyrlar. Türkmençilikde ogul öýerip, gyz çykaryp, toý etjege, öý gurjaga, ulag edinjege Hudaý ýetirermiş diýlip, dumly-duşdan goldaw bermek däbi bar. Bizem, nesip etdiginden, toý tutýana-da, ýaşlara-da goldaw-hemaýatymyzy ýetirýäris. Otuzyň toýuna-da sowgat etdik. Toýdan bolsun!

* * *

Daşoguz welaýatyna iş saparymdan ýene bir pursat hakda gürrüň edesim gelýär. Täze gurlan «Türkmeniň ak öýi» binasynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň şowhunly çykyşlary görkezildi. Hemişe bolşy ýaly, olaryň haýran galdyryjy çykyşlaryny, dabarasy dünýä dolan ahalteke bedewleriniň akyllylyk, düşbülik bilen edýän çalasyn hereketlerini tomaşaçylar dowamly el çarpyp garşyladylar. Meşhur toparyň agzalary

şol gezekki çykyşlaryna meşhur Eýeberdi telekäniň ugrundan bolan Gazanç atly gara atyň ýerine ýetirmeginde «Aty ýüpden bökdürmek» diýip, täze bir oýun hem goşupdyrlar. Ýöne at şol oýny bir gezek görkezenden soň, ýaş çapyksuwar Serdar Baýramdurdyýewiň diýenini etmedi.

At eýesiniň begenjini, gynanjyny paýlaşyp bilýär, eýesiniň syrdaşy hasap edilýär. Ol üstüne münen adamyň hal-ýagdaýyny, keýpiçaglygyny ýa gamgynlygyny, durmuş tejribesiniň azlygyny ýa ýetikligini, seýisçiligiň ince syrlaryny bilýänini ýa bilmeýänini, başga-da şuňa meňzeş ahwallary derrew aňýar. Men şu ýerde-de bedew bilen çapyksuwaryň arasynda şonuň ýaly bir düşünişmezligiň, dartgynlylygyň bardygyny dessine aňdym. Onuň nämedigine düşünmäge çalşyp, çapyksuwardan käbir zatlary soraşdyrdym. Sebäbini bilemsoň, aty getirip, oňa biraz mylakatlylyk bilen, öňküsinden başgaçarak çemeleşmegi, bedewe özünden edilýän talaby düşündirmegi, ony rahatlandyrmagy, diňe şondan soň ýüpden bökdürmäge täzeden synanyşmagy maslahat berdim. Çapyksuwar diýşim ýaly hem etdi. Olaryň biri-birine düşünendigini bedewiň akylly gözlerinden aňdym. Netijede, soňky synanyşyk şowly boldy. At ýüpden bökdi. Tomaşaçylaryň güwwüldili el çarpyşmalarynyň ýaňlanmagy bolsa türkmen bedewiniň düşbüligine, türkmen ýigidiniň ussatlygyna berlen mynasyp

baha boldy. Bu oýnuň mundan beýläk «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň ussatlary tarapyndan yzygiderli ýerine ýetirilip, köp ýurtlaryň tomaşaçylaryny haýran galdyrjakdygyna ynanýaryn.

* * *

Ynsan ömrüniň ýatda galyjy pursatlary näçe diýseň bar. Olaryň her biri barada ýazjak bolsaň, onda gürrüň uzaga gider. Ýöne 2021-nji ýylyň soňky günlerinde, 29-njy dekabrda çagalaryň şatlygyny paýlaşmak üçin Baş arçanyň ýanyna baranymda bolan pursady ýene bir gezek ýatlasym gelýär. Şonda mekdep okuwçysy Ibraýym Rüstemow bilen gürrüňdeş boldum. Has dogrusy, ol maňa Aýazbaba ýazan haty barada gürrüň berdi.

Çagalaryň Täze ýylyň öň ýanyndaky günlerde ýylboýy eden arzuwlary barada Aýazbaba hatlaryny ýollap, olaryň amala aşaryna sabyrsyzlyk bilen garaşýandyklary şeýle bir geň zat däl. Meniň çagalarym hem ýaş wagtlary şeýderdiler. Häzir bolsa agtyklarym Aýazbaba hatlaryny ýollaýarlar. Ýeri gelende, çagalaryň päk kalbyndan çykan arzuwlarynyň hasyl bolýandygyny hem aýtmak gerek.

... Dabara dowam edýärdi. Daş-töwerekde aýdym-saz, şatlyk-şowhun ýaňlanýar. Birdenem, dabara gatnaşyjylardan 8-10 ýaşlaryndaky, ak ýüzli, gök göz oglanjyk niredendir bir ýerden peýda

bolup, maňa janygyp bir zatlary gürrüň berýär. Hernäçe üns bersem-de, onuň aýdanlary şol wagt maňa gowy eşidilmedi. Onuň gürrüňi dabaranyň meýilnamasynda göz öňünde tutulmandyr. Şonuň üçin ol bir garaşylmadyk waka hökmünde kabul edildi. Töweregimdäkiler hem onuň nireden peýda bolanyny-da görmändirler, aýdan zatlaryny-da eşitmändirler. Ara ümsümlik aralaşanda, Türkmenistanyň Prezidentiniň howpsuzlygyna we goragyna jogap berýän işgärleriniň hem hiç biriniň gözüne ilmän, dabara gatnaşýanlardan kimdir başga biriniň däl-de, hut meniň ýanyma gelip, näme aýtmakçy bolandygyny bilmek üçin men şol oglanjygy täzeden diňlemek isledim.

Ol Aýazbaba hat ýazandygyny aýtdy. Men onuň hatynyň mazmuny bilen gyzyklandym. Ibraýym Arkadag bilen surata düşmek arzuwynyň bardygyny hem-de ak reňkli welosipedli bolmak isleýändigini ýazandygyny gürrüň berdi. Men degişmeden, birinji arzuwyňy häziriň özünde bitirýäris, akja welosipedi hem Aýazbabadan ugradaryn diýdim. Soň bile surata düşdük, şol surat metbugatda hem çap edildi. Ertesi bolsa Aýazbabadyr Garpamyk oňa meniň adymdan täzeje welosipedi gowşurdylar. Onuň begenjini, guwanjyny ýurdumyzyň ähli çagalarynyňky hökmünde kabul etdim. Sebäbi olaryň ählisiniňem isleg-arzuwlary amala aşýar. Türkmenistan – arzuwlaryň hasyl bolýan ýurdy.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Ýurdumyzda çagalar baradaky alada hemişe-de üns berler. Çagalaryň ertirki güni biziň hut olar baradaky aladamyza, körpeleriň bagtyýar durmuşyny üpjün etmek hakyndaky tagallalarymyza baglydyr. Biz döwrebap, kämil enjamlar, interaktiw we multimediýa tehnologiýalary hem-de internete birikdirilen ulgamlar bilen üpjün edilen mekdep ýaşyna çenli çagalar edaralaryny, mekdepleri, çagalar we ýetginjekler üçin estetiki, döredijilik merkezlerini, sport toplumlaryny hem-de dynç alyş merkezlerini gurýarys.

Birinji synp okuwçylarynyň ählisine her ýyl iň döwrebap kompýuterleri sowgat berýäris. Gökderede, «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda hem-de ýurdumyzyň beýleki sebitlerinde ýerleşen çagalar sagaldyş we dynç alyş merkezleriniň sanyny hem ýylsaýyn artdyrýarys.

Berkarar döwletimiziň bagtyýarlyk döwründe ýaşlarymyza döredijilik bilen meşgullanmak, sportuň dürli görnüşlerinde ýokary netijeleri gazanmak üçin ähli mümkinçilikleri we şertleri döretdik. Häzirki wagtda olar diňe bir milli ders bäsleşiklerinde we ýaryşlarda üstünlikli çykyş etmek bilen çäklenmän, eýsem, daşary ýurtlarda geçirilýän halkara derejeli abraýly olimpiadalarda Garaşsyz, baky Bitarap Türkmenistana mynasyp wekilçilik edip, ata Watanymyzyň abraý-mertebesini has-da belende galdyrýarlar.

Men ýurdumyzyň geljegi bolan ýaş nesillerimize buýsanýaryn. Biziň geljegimiz hut şolar ýaly akylly, tertipli, dogumly, özbaşdak pikirlenmegi başarýan ýaşlarymyzyň elinde bolar.

... Bu waka maňa 2016-njy ýylda bolan, täsinligi bilen haýran galdyran, ýöne şol wagt gatybir ähmiýet bermedik bir pursadymy ýatlatdy. Şol ýylyň maý aýynda biz Türkmenistanyň wekiliýetiniň agzalary bilen mukaddes Käbä baryp, hemme däp-dessurlary berjaý edip, haj parzymyzy ýerine ýetirdik.

Maý aýynyň 2-sinden 3-üne geçilýän gijede bolsa Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri, Onuň Alyjenaby, Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdylaziz Al Saud türkmen halkyna, ýurduň Prezidenti hökmünde özüme bildirilýän çuňňur hormat-sarpanyň nyşany hökmünde biziň üçin mukaddes Käbäniň – Allatagalanyň öýüniň gapylaryny açyp, onuň içinde namaz okamak üçin ýörite mümkinçilik döretdi. Mukaddes Käbäniň içine girip, namaz okamak hormatynyň türkmen halkynyň taryhynda ilkinji gezek bildirilendigi üçin buýsanmaga haklydyrys. Munuň özi bu ýurtda biziň halkymyza, berkarar döwletimize goýulýan çäksiz sarpanyň nobatdaky subutnamasy boldy.

Şol ýerde-de 8–10 ýaşlaryndaky ak ýüzli gök göz oglanjygyň garaşylmadyk ýagdaýda peýda bolandygy ýadyma düşýär. Arap doganlarymyz, mukaddes Käbäniň we belent mertebeli myhmanlaryň

howpsuzlygyna we goragyna jogap berýän işgärler ony meniň bilen gelendir öýdüpdirler. Hatda olar şol oglanjyk Siziň ogluňyzmy ýa-da agtygyňyzmy diýip hem soradylar. Men hiç biri hem däl diýip jogap berdim. Türkmenistanyň Prezidentiniň Howpsuzlyk gullugynyň işgärleri bolsa ol arap doganlarymyz tarapyndan gatnaşýandyr diýip pikir edipdirler. Şol wagt oňa ähmiýet berip, oglanjygyň kimdigi bilen gyzyklanyp hem durmadym. Wagtyň geçmegi bilenem ol waka unudyldy. Ýöne Baş arçanyň ýanynda bolan waka maňa, nämüçindir, şol pursatlary ýatlatdy. Belki, bu ikisiniň hiç hili baglanyşygy-da ýokdur. Kim bilýär?!

* * *

Ine, men şunça ýol geçip, şu günlerde şeýle ahwallary, başdan geçirmelerimi aýratyn ýakymlylyk bilen ýatlaýaryn. Adam durmuşda kän synaglardan geçýär, şoňa görä, ol ýagşy-ýamany seljermäge, haýryň-şeriň, günäniň-sogabyň parhyny bilmäge ukyply bolýar, durmuş tejribesine daýanyp, ýaşlara nusgalyk görelde görkezmegi başarýar.

Aslynda, adamyň dünýäsiniň bir ak tarapy, bir gara tarapy bolýar. Şol aklyk we garalyk hem mydama biri-biri bilen gapma-garşylykdadyr. Adam şolaryň haýsysyny ileri tutup, haýsysyna köp üns berse, şol hem üstün çykýar. Men öwüt-ündewlerimde bu barada yzygiderli nygtamak bilen, ildeşlerimiziň

hemişe ak niýetleriň, päkize duýgularyň ýoluny tutup, ruhy kämillige ýetjekdiklerine berk ynanýaryn.

Biziň durmuşa geçirýän syýasatymyzyň – Bitarap Türkmenistanyň ägirt uly geosyýasy, ykdysady we adam mümkinçiliklerinin doly derejede peýdalanylmagyny esasy ugur edinýän işjeň syýasatymyzyň dünýäde giňden ykrar edilýändigi, Diýarymyzyň halkara giňişlikdäki belent abraýy watandaşlarymyzyň her birini buýsandyrýandyr.

Biz yhlasly zähmetimiz bilen, öňki ýyllarda bolşy ýaly, 2021-nji ýylda hem ykdysadyýetimiziň durnukly ösmegini gazandyk, il-ýurt bähbitli, döwletli işlere badalga berdik. Köp sanly durmuş we önümçilik maksatly desgalary gurup, ulanmaga berdik. Bagtyýar maşgalalaryň müňlerçesi jaý toýlaryny toýlady.

Halkymyzyň köp asyrlyk tejribesine daýanyp, şeýle-de dünýä tejribesiniň iň gowy nusgalaryny nazarda tutup, döwlet häkimiýetiniň kanun çykaryjy wekilçilikli edarasynyň işini kämilleşdirmek bilen bagly möhüm wezipeleri amala aşyrdyk. Milli parlamentimiziň hil taýdan täze, iki palataly gurluşynyň döredilmegi ata Watanymyzy mundan beýläk-de ösdürmegiň hukuk binýadyny berkidip, döwlet häkimiýet edarasynyň işiniň has netijeli bolmagy üçin oňaýly şertleri üpjün edýär.

2020-nji ýylda Türkmenistanyň baky Bitaraplygynyň şanly 25 ýyllygyny baýram etdik.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Ýurdumyz döredijiligiň we üstünlikleriň ýoly bilen ynamly öňe barýar. Ähli ugurlarda ýetilen belent sepgitler netijesinde halkymyzyň ýaşaýyş-durmuş derejesi yzygiderli ýokarlanýar.

Bitarap döwletimiziň daşary syýasatynyň esasy wezipeleri, ileri tutulýan ugurlary aýdyň kesgitlenilendir. Biz halkara gatnaşyklardaky işlerimizde döwletimiziň hemişelik Bitaraplyk syýasatyna daýanýarys. Türkmenistanyň Bitaraplyk syýasaty hemmetaraplaýyn, şonuň bilen birlikde, dürli garaýyşlary we häzirki zaman dünýäsiniň ösüş meselesi boýunça dürli ugurlary öňe sürýän, özara gapma-garşylyklary bar bolan döwletler tarapyndan hem giň goldawa eýe boldy. Halkymyzyň beýleki halklar bilen köp asyrlaryň dowamyndaky gatnaşygynyň, hyzmatdaşlygynyň taryhy tejribesi Bitaraplyk derejesini saýlap almagymyza esas bolandyr. Halkymyz islendik döwürde we islendik ýagdaýda dünýa bilen gatnaşyklarynda parahatçylygy söýüjilik, özara hormat goýmak, hemmelere deň göz bilen garamak, açyklyk häsiýetlerini elden bermändir. Garaşsyzlygymyzy gazanmak bilen, biz bu düşünjeleri bitewüleşdirip, daşary syýasatyň anyk ugruna – Bitaraplyk ýörelgesine öwürdik we ony dünýä bileleşiginiň doly goldamagyny, ykrar etmegini gazandyk.

Biz ony «oňyn Bitaraplyk» diýip atlandyrmak bilen, halkara gatnaşyklarymyza aýratyn häsiýet berýäris.

Ähli döwletler bilen hoşniýetli, deň derejedäki we netijeli gatnaşyklara bolan gyzyklanmalarymyz onuň esasyny düzýär. Türkmenistan hemmelere dostlugy, hyzmatdaşlygy, deňhukukly gatnaşyklary teklip etmek bilen, Bitarap ýurt hökmünde olaryň içerki işlerine gatyşmazlyk, döwletleriň özygtyýarlylygyna, çäk bitewüligine hormat goýmak, köptaraply harby-syýasy şertnamalara we harby bileleşiklere gatnaşmazlyk ýaly borçlary öz üstüne aldy.

BMG-niň Baş Assambleýasynyň 75-nji mejlisinde Türkmenistanyň başlangyjy, Milletler Bileleşigine agza döwletleriň biragyzdan goldamagy bilen «Halkara parahatçylygyň, howpsuzlygyň, durnukly ösüşiň saklanylmagynda we pugtalandyrylmagynda bitaraplyk syýasatynyň orny we ähmiýeti» atly Kararnama kabul edildi. Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasynyň daşary işler ministrleriniň Geňeşiniň 47-nji mejlisinde «Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy sebitinde we tutuş dünýäde halkara parahatçylygy, howpsuzlygy, durnukly ösüşi saklamakda hem-de pugtalandyrmakda bitaraplyk syýasatynyň orny» atly Kararnamanyň kabul edilendigini hem bellemelidiris.

2020-nji ýylyň aprel aýynda Türkmenistan BMG-niň 2021–2025-nji ýyllar üçin Durmuş ösüşi, 2021–2024-nji ýyllar üçin Ylym we tehnika boýunça Komissiýalarynyň agzalygyna saýlandy. Mähriban

halkymyzyň abadan durmuşyny, ata Watanymyzyň gülläp ösüşlerini üpjün etmäge gönükdirilen özgertmelerimiz, dünýä döwletleri bilen özara bähbitli hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak babatdaky tagallalarymyz oňyn netijelerini berýär. Biz ýurdumyzy halkyň rahat, erkana, asuda ýaşaýşynyň mekanyna öwürdik. Munuň özi dünýäde ykrar edilen hakykatdyr, halkara barlaglar merkeziniň Türkmenistany dünýäniň iň howpsuz ýurdy diýip ykrar etmegi hem muny doly tassyklaýar.

Parahatçylyk we ynanyşmak adamzadyň örän uly baýlygydyr. Türkmenistanyň başlangyjy esasynda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasy tarapyndan möhüm resminama — «2021-nji ýyl — Halkara parahatçylyk we ynanyşmak ýyly» atly Kararnama kabul edildi. «Türkmenistan – parahatçylygyň we ynanyşmagyň Watany» ýylynda ata Watanymyzyň Garaşsyzlygynyň yglan edilenine 30 ýyl doldy. Biz eziz Diýarymyzyň özbaşdak ösüşiniň şanly senesini taryhy wakalar bilen garşyladyk. Bu ajaýyp senäni toý-dabaralara besläp, giňden belläp geçdik.

30 ýyl mundan ozal ýurduň ösüşiniň saýlanyp alnan syýasy, durmuş-ykdysady, daşary syýasat ugry parahatçylyk söýüjilik we ynsanperwerlik ýörelgelerine esaslanýar. Geçen ýyllar bu ugruň dogrudygyny we netijelidigini aýdyň görkezdi. Garaşsyz, özygtyýarly Türkmenistanyň kuwwatly

döwlete öwrülendigi, halkymyzyň bagtly, eşretli durmuşy biziň ýeten belent sepgitlerimizden habar berýär. Türkmenistan öz halkynyň rahat durmuşy, tutuş adamzadyň bagtyýar, abadan ýaşaýşy, dünýäde parahatçylygyň, dostana gatnaşyklaryň pugtalanmagy ugrunda mundan beýläk hem ähli tagallalary eder.

Biziň Bitaraplygymyz döredijilikli iş bolup, ol täze taglymlar, iş ýüzündäki tejribeler bilen baýlaşdyrylýar, üýtgäp durýan ýagdaýlara, ýüze çykýan wehimlere uýgunlaşýar. Eýsem-de bolsa, onuň parahatçylyk söýüjilik, döredijilik, ynsanperwerlik häsiýeti üýtgewsizligine galýar. Ýene bir gezek nygtap bellesem, Türkmenistan Garaşsyzlyk ýyllarynda uly sepgitlere ýetdi, kuwwatly ykdysadyýeti, kämil durmuş ulgamy bolan, okgunly ösýän, dünýä bileleşiginde uly abraýdan peýdalanýan döwlete öwrüldi. Bu üstünlikleriň her birinde Bitaraplyk syýasatymyzyň aýratyn uly orny bardyr. Hut şonuň üçin hem, men Garaşsyzlyk we Bitaraplyk düşünjeleriniň türkmen halky üçin bitewi garaýyşlar bolup durýandygyny hemişe belleýärin. «Türkmenistan – Bitaraplygyň mekany» atly kitabymda hem men muny her taraplaýyn düşündirdim. Şol kitabymda nygtaýşym ýaly, Garaşsyzlyk hem Bitaraplyk biziň döwletliligimiziň goşa ganatydyr. Hawa, bular biziň döwletliligimiziň goşa daýanjydyr. Ine, şeýdip Garaşsyz, Bitarap

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Türkmenistan abadan durmuşyň nurana ýoluny gurýar, Ýer ýüzündäki köp sanly dostlaryny parahatçylygyň, ynanyşmagyň, hyzmatdaşlygyň, ösüşiň täze belentliklerine çagyrýar.

Gazanylan üstünlikler merdana halkymyzyň agzybirliginiň, netijeli zähmetiniň miweleridir. Men geljekde hem el-ele berip, yhlasly zähmet çekjekdigimize, öňde goýlan belent maksatlara ýetjekdigimize, Watanymyzyň şöhratyny arşa göterjekdigimize berk ynanýaryn.

Türkmenistan Watanymyzda halkymyzyň köp asyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýän, parahatçylyk, abadançylyk ýörelgelerini ugur edinýän giň möçberli taslamalar ütünlikli durmuşa geçirilýär. Diňe 2020-nji ýylyň birinji ýarymynda ýurdumyzda umumy bahasy 37 milliard amerikan dollaryndan hem köp bolan 2,5 müňe golaý iri senagat hem-de durmuş maksatly desgalaryň gurluşygynyň alnyp barlandygy hem bu aýdylanlary doly tassyklaýar.

Bu işler ata-babalarymyzdan gelýän milli mirasymyzy toplamak, öwrenmek, dünýä ýaýmak, milli aňyýetimizi, ruhy-ahlak gymmatlyklarymyzy gorap saklamak, ösdürmek işleri bilen utgaşykly alnyp barylýar. Halkymyzyň däp-dessurlary, ýörelgesi – halkymyzyň bahasyz milli gymmatlygy. Milli gymmatlyk bolsa, gürrüňsiz, goralmaga, öwrenilmäge, dowam etdirilmäge, ösdürilmäge degişlidir.

YNANÇ HAKYNDA SÖZ

LEBIZ, YGRAR, KÖŇÜL TÄMIZLIGI

Men dürli çeşmeler bilen gyzyklanyp, dürli ugurlardan işlän, işleýän alymlaryň, dürli dinleriň wekilleriniň din, ynanç, ýol-ýörelge düşünjelerine dürlüçe kesgitleme berip gelýändiklerini gördüm. Hatda yslam alymlarynyň bu ugurdaky garaýyşlarynda--da dürlülik bar. Emma yslam alymlarynyň dine beren kesgitlemeleri düýp esasda birleşýärler.

Döwrüniň meşhur alymy Gürgenli Seýit Şerif Jürjany (1340–1413) yslam adalgalaryny düşündirýän «Tagryfät» atly eserinde şeýle diýipdir: «Din özlerine akyl berlenleri pygamberiň habar beren zatlaryny kabul etmäge çagyrýan ylahy bir kanundyr». Şuňa meňzeş pikirleri aýdan başga alymlar hem bar, ýaňky diýşim ýaly, olaryň garaýyşlary bir özende birleşýär. Olaryň kesgitlemelerinde akyla we erk-ygtyýara orun berlipdir. Çünki yslama görä, diniň akyl we erk-ygtyýar bilen aragatnaşygy bardyr. Akyly ýoguň dini ýokdur. Din akyly barlar

üçindir. Dine zor bilen uýdurylmaýar. Din ynsan üçin serişdedir. Ýene yslama görä, din ynsanyň bu dünýäde we dünýäden ötenden soň bagtyýarlyga, rahatlyga gowuşmagyny üpjün edýär. Şeýlelikde, ähli dinler hem, aslyýetinde, adamzadyň halas bolmagyny esas edinip alypdyr, munuň üçin ynanç-ygtykat, ybadat we ahlak ulgamlaryny beripdir.

Alymlar diniň gurluşyny, taryhyny yzarlap, taryhy bir hadysa hökmünde onuň durgun däldigini, yzygiderli ösüşdedigini hem aýdýarlar. Şeýlelikde, ähli dinler üçin umumy bolan kesgitlemäni bermek üçin, iki tapgyryň göz öňünde tutulmagy gerek diýip hasaplaýarlar: birinji tapgyrda din mukaddes kitaplaryň sözlerinden ybaratdyr. Munda diniň asyl çeşmesi bolan beýanlar we buýruklar bardyr. Ikinji tapgyr diniň gurulmagyndan soňky ösüş etabydyr we ol ylahyýeti (teologiýa, kelam), mistisizmi (yrfan, tasawwuf), ybadaty, dessurlary, hukugy, sungaty, dindarlaryň öz imanlaryna laýyk ýöreden pikirlerinden, sözlerinden, eden işlerinden emele gelen tutuş bir gurluşy öz içine alýar. Şuňa görä, meniň pikirimçe, din ynanç-ygtykatlar, edim-gylymlar we jemgyýetçilik durmuşynyň belli şertlerine görä emele getirilen guramalar ulgamydyr diýsek, hakykata has laýyk bolar.

Şulary göz öňünde tutup, şeýle kesgitleme berýäris: din adamlaryň bagtyýar ýaşamaklary üçin Allatagalanyň pygamberlere ýollan mukaddes kitaplarynda geçýän sözlerden, adamlaryň berjaý edýän edim-gylymlaryndan we emele getiren guramalaryndan ybarat ulgamdyr. Gysga aýdylanda, din – bu ynanç hem ýol-ýörelgedir.

Adamzat ýaşaýşynyň ilki döwürlerinde dini düşünjeler durmuşyň ilkinji düzgünleriniň, kanunlarynyň döremegine getiripdir. Gowy näme, erbet näme – muny tapawutlandyryp bilýän ynsanlar ýüze çykyp ugrapdyr. Iňňän gadymy zamanlaryň düşünjesine laýyklykda, ol adamlar beýlekilerden üýtgeşik, ýokarda durýan adamlar hasaplanypdyr. Diniň kämilleşip başlamagy ynsan düşünjesiniň kämilleşip başlamagy bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr. Ýagşy bilen ýamany saýgaryp bilen adamlar dini düşünjeleri wagyz edýän ilkinji dindarlar bolupdyrlar. Olar dindarlykdan başga-da, görünmez gudrat bolan Taňrydan habar berýän, şonuň üçin-de, ynsanlaryň saglyk ýagdaýlaryna, üpjünçiliklerine hem jogap berýän ynsanlar hasaplanypdyr. Türki halklar beýle adamlaryň ölen adamlaryň ruhuny arşa ýollamak wezipesini bitirip, adamlaryň başyna geljek belany keramaty bilen dep edip bilýändigine ynanypdyrlar.

Olaryň bu ynanjy has soňlar, yslam dinini kabul eden döwürlerinde hem dowam edipdir. Hoja Ahmet Ýasawy, Hajy Bekdaş Weli, Mäne baba ýaly keramatly pir-şahyrlara bolan garaýyşlar şol örän gadymy döwürlerden galan düşünjeler bilen baglanyşyklydyr.

Has gadymy döwürlerden bäri Taňry, onuň yns--jynsy ýaradyşy, Adam ata, How ene, perişdeler, pygamberler, ýagşylygyň hem ýamanlygyň ýaradylyşy barada dürli garaýyşlar, köp sanly mifler döräpdir. Porhançylyk, zikir aýtmak, şöwür çekmek, em etmek, Güne, oda, suwa sygynmak, gorky-ürki, gara güýçden üstün çykmak ýaly ýagdaýlar ynsanyň durmuşyndan, ruhy ahwalatyndan döräpdir.

Hawa, iň gadymy döwürlerde hem adamlar tebigatdan daşary bir güýjüň bardygyna ynanypdyrlar, şoňa laýyklykda, olarda dünýä göz ýetirmek bilen bagly düşünjeler ýüze çykypdyr, dini ybadatlar peýda bolupdyr. Adamlar Ýer ýüzünde hereket edýän güýçler, asman hem älemler hakynda, tebigatyň gorkunç hem howply güýçleri, ýyldyrym çakmagy, ýer titremegi, suw joşmagy ýaly hadysalar hakynda, özleri üçin juda syrly, düşnüksiz zatlaryň her biri hakynda pikir ýöredipdirler. Bolup geçýän zatlaryň ählisiniň Hudaý tarapyndygy barada oýlanypdyrlar. Şeýlelik bilen, olarda Hudaý

hem ruhlar, gudrat hem keramat, bu dünýä hem o dünýä baradaky düşünjeler kemala gelipdir. Men okan edebiýatlarymda alymlaryň ilkinji dinleriň mundan kyrk-elli müň ýyl ozal, gadymy daş asyrynyň soňky döwürlerinde ýüze çykandygy hakyndaky maglumatlaryna duş geldim. Men öz ýanymdan: «Ilkinji dinleriň ýüze çykyşyny mundan-da has gadymy zamanlar bilen seneläp bolar» diýip oýlanýaryn. Sebäbi mukaddes kitaplar ilkinji pygamber Adam ata döwründen habar berýär.

Meniň pikirimçe, haýsy döwürde dörändigine garamazdan, ynsan köňlüniň tebigy isleglerine hem talabyna görä, dini garaýyşlar belli bir jemagat, käte-de ol ýa beýleki bir halk üçin, soňra-da iline-ýurduna, milletine seretmezden, külli adamzat üçin iman hem ýol-ýörelge hökmünde ýüze çykandyr. Olaryň hersi özüçe adamlara ýaşaýyş kanunlaryny hödürläpdirler. Olaryň käbiri, ýokarda aýdyşym ýaly, az sanly adamlara ýa-da belli bir jemagata, belli bir halka, belli bir ýurda degişli bolupdyr. Käbiriniň ýaýrawy uly bolupdyr. Şuňa görä-de, olary kiçi dinler we uly dinler diýen düşünjeler bilen şertli ýagdaýda bölmek mümkin. Belli-belli dinler bolsa kän ülkelere ýaýrapdyr we kän illere ynanç hem ýörelge bolupdyr, netijede, olar dünýä dinlerine öwrülip gidipdirler.

Käbir ýurtlarda milli dinler saklanyp gelýär. Halklaryň arasyndaky syýasy, ykdysady we medeni gatnaşyklaryň netijesinde birnäçe dinler dünýä dinlerine öwrülipdir. Men b. e. öňki 6–5 asyrlarda Hindistanda dörän buddizmi, b. e. 1-nji asyrynda Rimde dörän hristiançylygy, b. e. 7-nji asyrynda Arabystanda dörän yslamy şeýle dinleriň hataryna goşýaryn.

Şeýlelikde, din adamlary bir ynama birleşdirmek, bitewi düşünjä, ýol-ýörelgä, däp-dessura salmak maksady bilen, Allatagalanyň adyndan adamlara ýetirilen we Ýer ýüzüne ýaýylan taglymlar ulgamydyr. Dinleriň hersi özbaşyna taglymdyr. Ýöne, şol bir wagtyň özünde, birinjiden, Allatagalanyň ady bilen ýöredilýändigine göra, ikinjiden, ýaradylyş hem barlyk, pany hem baky baradaky garaýyşlarda umumylygyň bardygyna görä, üçünjiden, ynsan ýaşaýşyndaky umumy ýagdaýlary göz öňünde tutýandygyna görä, dördünjiden, adamzat pikirlenişiniň gözýetimleri nukdaýnazaryndan, ruhy-pelsepewi pikir-düşünjeler babatda hem olarda biri-birine ýakynlyklar bar.

Dinleriň iň esasy ýakynlyklarynyň biri olaryň ählisiniň adamzady tümlükden ýagtylyga, diýmek, pikir-düşünje giňişligine çykarmak, sansyz

sowallaryň jogabyna eýe etmek, dogry ýoldan ýöretmek maksadyndan ybaratdyr. Ine, şularyň ählisi dürli dinlerdäki düşünjeleriň bir bitewi kökden gaýdýandygy hakynda düýpli, töwerekleýin pikirlenmek mümkinçiligini döredýär.

Adamzat Ýer ýüzünde peýda bolaly bäri ynsan we dünýä, dünýä we älemler, ýaşaýyş we ölüm, durmuşyň manysy ýaly, juda köp meseleleriň üstünde kelle döwüpdir. Munuň özi Adam atadan başlap, geçen juda uzak döwri öz içine alýar. Ýeri gelende aýtsak, mukaddes Gurhanyň düşündirişi ýaly, ilkinji doga Adam ata bilen How enäniň dogasydyr. Allanyň adyndan ýalan güwälik beren şeýtanyň raýyny gaýtarman, gazaba duçar bolanlaryndan soň, olar öz günäleriniň geçilmegini sorap, Hudaýa ýalbaryp doga edipdirler.

Gurhana çenli, öňde aýdyşym ýaly, örän uzak ýol geçilendir. Ynsan ýere-göge akyl ýetirjek bolup jan edipdir. Öz artykmaçlyklarynyň we kemçiliklerniň, üstünlikleriniň we asgynlyklarynyň, şowlulyklarynyň we şowsuzlyklarynyň, ýene kän zatlaryň sebäbine düşünjek bolupdyr. Tebigatda, öz ýaşaýşynda görýän hem duýýan, başdan geçirýän zatlary barada belli bir düşünjelere eýe bolsa-da, ol heniz özüniň juda köp zatlara akyl ýetirip, düşünip bilmeýändigini

bilipdir. Ähli zada erk etmäge synanyşypdyr, emma özüniň erk edip bilýän zatlaryndan özge zatlara asla alaçsyzdygyny hem boýun almaly bolupdyr.

Şol ýagdaýlar kä birtaraplaýyn, käte-de töwerekleýin, kä rowaýata çalymdaş, käte-de çynlakaý kadalar ýaly bir görnüşdäki düşünjeleri ýüze çykarypdyr. Şeýle düşünjeler kämil bir ulgamy döredipdir, Adam atanyň ýaradylyşyndan başlap, pany we bakyýet düşünjelerine çenli giňelipdir hem çuňlaşypdyr. Biz köp sanly akyldarlaryň, alymlaryň, parasatly baştutanlaryň, hatda özüne pygamber diýenleriň hem gelip geçendigini bilýäris. Olar adam gatnaşyklaryna, tire-taýpalar, halklar arasyndaky gatnaşyklara täsirini ýetirmäge, adamlara ynam bermäge synanyşypdyr. Olaryň her biri taryhda özüçe ýol-yz goýup gidipdir. Ýöne hakyky pygamberleriň kimlerdigini olara uýýan ynsanlar, şonuň bilen birlikde, Allatagalanyň beren Wagt diýen adyl kazysy kesgitläpdir.

Dinler, ylym-düşünjeler, garaýyşlar... Pikiri sap, ýoly arassa bolanda, bularyň ählisiniň maksadynyň adam durmuşyny gözelleşdirmekden ybaratdygyna söz bolup bilmez. Ynsan şunça ýol geçip, elbetde, mydama hakykatyň gözleginde bolupdyr. Mydama gowy durmuşyň, birek-birek bilen düzgüne-kada

öwrüljek ylalaşykly ýaşaýşyň gözleginde bolupdyr. Onuň dürli ýollaryny açypdyr. Bir ýol anyk ýagdaýlara laýyk gelmese ýa-da wagty geçip könelse, başgarak ýoly gözläpdir. Nähili akyl-parasatyň, nähili bilim--tejribäniň eýesi hem bolsa, ol, barybir, özüniň hemme zady başarmaýandygyna, öz gepine hemmeleri ynandyryp bilmeýändigine düşünipdir. Ýokarda ähli zada hökümini ýetirip duran bir uly güýjüň bardygyny duýupdyr. Allatagalanyň bardygyna we ýeke-täkdigine, dünýäni we älemleri ýaradanyň Allatagaladygyna akyl ýetiripdir. Onuň pygamberlerine we şolaryň üsti bilen iberilen kitaplaryna iman getiripdir. Öz güýjüniň, ygtyýarynyň ýetmedik ýerinde dünýäni düzüw et, durmuşy düzüw et, adamlary düzüw et diýip, Hudaýy çagyrypdyr.

Şeýlelikde, adamzat taryhynda dörän dinleriň ählisiniň maksady adamlary erbetliklerden saklamakdan, ýagşylyga ugrukdyrmakdan ybaratdyr. Beýik dinler adamlara ýagşy bilen ýamanyň, halal bilen haramyň, günä bilen sogabyň aratapawudyny açyp beripdir. Ine, şu aratapawuda ýetende, şuňa düşünende, şular barada takyk görkezmeler, düşünjeler alanda, Ýer ýüzünde müňlerçe ýyl bäri ömür sürüp ýören adamzat öz durmuşy,

dünýägaraýşy üçin täze eýýamy açandyr diýip pikir edýärin.

Aýdylyşyna görä, Adam atadan bäri ençeme pygamber gelip geçipdir. Olaryň birnäçesi dinleri esaslandyryjylar bolupdyrlar. Pygamberler dini kada-kanunlary kämilleşdiripdirler, ösdüripdirler. Bu pygamberleriň ählisi şol bir hakykatlary, ýagny Allanyň ýeke-täkligini, öleniňden soň täzeden direlmegiň hakdygyny düşündiripdirler.

Musa, Dawut, Isa ötüpdir, Muhammet pygamber gelipdir... Hudaýa ýakyn diýlip hasap edilýän adamlar bolýar, Muhammet pygamberiň şol ýakyn adamlardan hem Hudaýa iň ýakyn adam bolandygyny aýdyp bolar. Injilde Isadan soň ýene bir pygamberiň geljekdigi aýdylýar. Muny ykrar etmek bilen, mukaddes Gurhanda Muhammet aleýhyssalamyň iň soňky pygamberdigi tassyk edilýär.

Gurhanda beýan edilişine görä, Töwrat hezreti Musa, Zebur hezreti Dawuda, Injil hezreti Isa inderilen hak kitaplardyr. Soňra bu üç kitap we bulara goşmaça birnäçe kitap hristianlar tarapyndan «Mukaddes kitap» ýa-da «Bibliýa» ady bilen bir ýere jemlenendir. «Bibliýa» grek sözi bolup, «kiçi kitaplar» manysyny aňladýar. Hristianlaryň ynanjyna laýyklykda, jemi 66 sany kiçi kitap bardyr. Gurhanda

agzalýan Töwrat we Zebur 39 kiçi kitapdan, Injil bolsa 27 kiçi kitapdan ybaratdyr. Gurhan mukaddes kitaplaryň asyl nusgasyny tassyk edendir.

Dini taglymat pygamberleri Hudaýyň ýerdäki ilçileri, wekilleri diýip düşündirýär. Şuňa laýyklykda, pygamberler Alla tarapyn adamlara şerigat düzgünlerini düşündirmek üçin iberilipdir. Olar Hudaýyň tabşyryklaryny Ýer ýüzündäki halklara ýetirýänler, adamlara dogry ýoly salgy berijilerdir. Pygamberler keramatly, öňdengörüji adamlar bolupdyrlar, adaty adam güýjünden daşary başarnyklary – mugjuzalary bilen haýran galdyrypdyrlar. Olar Jebraýyl perişdäniň kömegi arkaly Allatagala bilen aragatnaşyk saklapdyrlar, Allatagala bilen täsin ýagdaýlarda duşuşypdyrlar. Dünýäden ötenlerinden soň bolsa Allatagala gowşupdyrlar.

Yslam taryhynda «Jebraýyl hadysy» diýlip bilinýän hadysda aýdylyşyna görä, bir gün pygamber aleýhyssalam ynsanlara wagyz edip oturan eken. Şol wagt onuň ýanyna Jebraýyl gelip: «Iman näme?» diýip sorapdyr. Pygamber: «Allatagala, perişdelerine, kitaplara, Allatagala gowuşmaklyga, ilçilerine we täzeden direlmäge ynanmakdyr» diýip jogap beripdir. Onsoň Jebraýyl: «Yslam näme?» diýip sorapdyr. Pygamber: «Yslam Allatagala ybadat etmek we oňa

hiç bir zady şärik etmezlik, namaz okamak, parz bolan zekaty bermek, remezanda oraza tutmak we güýjüň ýetse, haj parzyny berjaý etmek» diýip jogap beripdir. Jebraýyl: «Yhsan näme?» diýip sorapdyr. Pygamber: «Allany görýän ýaly bolup, Oňa ybadat etmekdir. Sen Ony görmeseň-de, Ol seni görýär» diýip jogap beripdir. Onsoň Jebraýyl: «Kyýamat haçan?» diýip sorapdyr. Pygamber: «Munuň soralan adamsy soragy berenden has gowy bilýän däldir. Men saňa onuň alamatlaryny habar bereýin: gyrnagyň öz hojaýynyny dogran wagty, düýe çopanlarynyň jaý gurluşygynda bäsleşen wagtlary we ýene bäş wagtda bolup, olary Alladan başgasy bilýän däldir» diýip jogap beripdir...

Kähalatlarda millet, ynanç, ygrarlylyk ýaly düşünjeler barada pikir edýärin. Olara degişli ýörite belliklerim hem bar. Meniň okan ähli maglumatlarymda hem türkmenleriň öz ynançlaryna hemişe wepaly bolandyklary nygtalýar. Has irki döwürlerden hem muňa degişli mysallary getirip bolýar. Men şu ýerde türkmenleriň yslam dinini doly kabul eden, yslam baýdagy bilen dünýä çykan döwürlerinden bir mysal getireýin.

Seljuk türkmenleriniň Mogol şadöwletiniň beýik hökümdary Akbar şa günlerde bir gün özüniň

hyzmatkärlerinden iki beýt goşgudaky soraglara jogap bermeklerini sorapdyr. Şol goşguda:

O nämedir, ýanar otda hem ýanmaz? –

diýen setir hem bar eken.

Emma olaryň birem soraglara jogap berip bilmändir. Onsoň Akbar şa iň gowy görýän, parasatly wezirleriniň biri Birbalyň yzyndan adam iberipdir. Birbal gelipdir. Akbar şa goşgyny oňa hem okap beripdir. Dana Birbal şeýle soraglara mydama säginmän, ýüzüniň ugruna jogap berer ekeni. Ol bu soraglaryň jogabyny bada-bat tapypdyr we ýaňky ýatlan setirimize bolsa şeýle jogap beripdir:

Ol mezhepdir, ýanar otda hem ýanmaz.

Birbalyň jogaby Akbar şanyň göwnünden turupdyr. Şa oňa serpaý-sowgatlar edipdir. Köşk emeldarlary bolsa Birbalyň danalygynyň öňünde baş egipdirler.

Şuny ýatlamak bilen, men «Ol mezhepdir, ýanar otda hem ýanmaz» diýen setire ünsüňizi çekmek isledim. Gaýratly hem mert, özüne göwni ýetýän hem buýsançly türkmenler hiç mahal öz milli ýol-ýörelgelerinden, dine bolan garaýyşlaryndan, mezheplerinden dänmändirler. Türkmenlerdäki «messep» diýen söz hem şu manydadyr. Lebiz, ygrar, ähti-peýman–munuň özi messepdir, lebziňde,

ygraryňda, beren sözüňde tapylmakdyr. Halkymyz muny öz beýik kada-kanuny, ýagny öz ýol-ýörelgesiniň talaby, öz ynanjy, dini bilen ölçeýär.

ÝARADYLYŞYŇ KANUNY

Mukaddes kitaplar diniň asyl çeşmesiniň nämedigi barada maglumat berýär. Bu barada, dogrusy, başga bir taryhy nama ýokdur. Şol sebäpli, ylmy usullara salgylanyp, diniň başlangyjy we asyl çeşmesi barada anyk maglumat bermek mümkin däl. Muňa garamazdan, käbir jemgyýetçilik bilimleri boýunça diniň asyl çeşmesini tapmaga synanyşan alymlar mydama diýen ýaly bolupdyr. Men şeýle alymlaryň işlerini hem kän okadym. Olar ele salan maglumatlarynyň çäginde diniň köki baradaky käbir nazaryýetleri öňe sürüpdirler. Belli bir döwürde bu nazaryýetler käbir ülkelerde rowaçlyk tapan hem bolsa, wagtyň geçmegi bilen tankyt edilip, onuň güýjüni ýitirendigi subut edilipdir.

Diniň çeşmesi baradaky garaýyşlary alymlar ewolýusiýaçy garaýyş we wahyý (Taňrynyň ilçilerine bildiren beýanlary) asylly garaýyş diýip ikä bölýärler.

Iňlis naturalisti hem syýahatçysy Çarlz Darwiniň (1809–1882) biologik ewolýusiýa bilen baglanyşykly garaýyşlaryny bize orta mekdeplerde

hem ürç edip öwredipdiler. Şol wagtlar döwrüň ideologiýasy şuny talap edýärdi. Onuň 1859-njy ýylda «Görnüşleriň gelip çykyşy» atly kitabynyň çap edilmegi Günbatarda dine we kilisä (buthana) garşy bolanlaryň arasynda uly joşgun döredipdir. Darwin bu kitabynda, kilisäniň we mukaddes beýanlaryň ýaradylyş barada habar berýän maglumatlarynyň tersine, jandarlaryň biologik ewolýusiýa esasynda dörändiklerini öňe sürüpdir. Onuň öňe süren pikirleri, hamana, mukaddes kitaplaryň ýaradylyş bilen baglanyşykly beýanlaryny ýalana çykarýardy. Kilisä we dine garşy çykýanlar Darwiniň bu garaýyşlarynyň ylmy taglymat hökmünde kabul edilmegi üçin tagalla baryny edipdirler. Alymlaryň XIX asyryň ahyrlarynda – XX asyryň başlarynda geçiren ylmy-barlag işleriniň netijelerini hem ewolýusiýa nazaryýetiniň haýryna ulanmaga çalşypdyrlar.

Darwinçileriň aýdyşyna görä, indi ynsanyň, ýaşaýşyň, jandarlaryň we tebigatyň syrlary açylýardy, din diýilýän zat adamzadyň durmuşyndan çetleşip, öz ornuny ylym-bilime berýärdi. Bu ideologiýa dünýäniň dürli künjeklerinden özüne köp tarapdarlary jemläp hem bolsa, şu hörpden gopýan pikirler ylmyň, sungatyň dürli ugurlary boýunça kän ýaýradylan hem bolsa, ynsan döräli bäri onuň ýaşaýyş-durmuşynyň

aýrylmaz bir bölegi bolup gelen dini düýp-teýkary bilen ýok edip bolmajakdygyny, gaýtam, diniň garşysyna edilýän işleriň ömrüniň juda gysgadygyny wagt doly aýan etdi.

Şu meselede ýene kän zat aýdyp bolar. Emma men Hudaýyň ýokdugy barada pikir ýöredip edilen işleriň netijesine salgylanyp, gysgaça şuny aýdaýyn: olaryň ählisi diniň köküni ylmy barlaglar esasynda ýüze çykaryp bolmajakdygyny subut edendir. Diniň nähili ýüze çykandygy, çeşmesiniň nämedigi barada, eýýäm öňde aýdyşym ýaly, mukaddes kitaplar maglumat berýär.

Yslam alymlarynyň tassyklamagyna görä, diniň asyl çeşmesi ylahy wahyýdyr. Şunda olar hezreti Adam aleýhyssalam bilen başlap, hezreti Muhammet aleýhyssalamyň pygamberligi bilen kemal tapan din – yslam hakynda aýdýarlar. Musulman alymlary dinleri «ylahy dinler» we «beşeri (adamzada degişli) dinler» görnüşinde ikä bölýärler. Ylahy dinlere ýahudyçylyk, hristiançylyk we yslam degişlidir. Bu üç dinden beýleki dinleriň esaslanýan çeşmeleri bolsa adamzatdyr.

Mukaddes Gurhan bize diniň esasy çeşmesiniň wahyýdygyny anyk görnüşde mälim edýär. Allatagala Gurhanyň Äli-Ymran süresiniň 33–34-nji aýatlarynda

Adamy, Nuhy, Ybraýymy saýlap, olara pygamberlik berendigini, Nisä süresiniň 163-nji aýatynda Nuha, Ybraýyma, Yshaga, Ýakuba, Musa, Isa we beýleki pygamberlere iberen wahyýlaryny pygamberimiz hezreti Muhammede hem iberendigini aýdypdyr. Şuňa görä, yslam alymlary ylahy dinleriň bu pygamberlere iberilen wahyýlardan emele gelendigini aýdýarlar. Bu dinlerden başga dinleriň bolsa adamzadyň tapan (beşeri) dinleridigini aýdýarlar. Allatagala Gurhanda ähli milletlere pygamber iberendigini mälim edýär.

Şular baradaky pikirlerimi jemläp aýtsam, netijede, diniň asyl çeşmesi Alladyr. Hiç bir adam, hatda pygamber hem özbaşdak din gurup bilmez. Müňlerçe ýyllap ýitmän-ýok bolman ýaşap gelen we häzirki döwürde-de ýaşaýan dinleriň asyl çeşmesi hem haýsydyr bir görnüşde wahyýa esaslanýandyr. Ýöne bu dinleriň käbiriniň taryhyň dowamynda üýtgeşmelere sezewar bolup, bozulyş halyna düşen bolmagy ahmaldyr. Wahyýa esaslanmaýan ýa-da wahyý asylly dinlerden ýygnalyp emele getirilen dinler, taryhyň belli bir döwründe rowaçlyk tapan ýaly hem bolsalar, ahyrsoňy ýitip gidipdirler.

Şeýlelikde, din wahyýa esaslanýan, adamzadyň bagtyýarlygyny özüne esasy maksat edinýän kadalaryň ulgamydyr. Din adamzadyň ýaradylyşynda

(tebigatynda) bardyr, onuň ýaşaýşy üçin bir zerurlykdyr. Adamzadyň ruhy iýmitidir. Adamzady ýokdan bar eden Alla, onuň öz ýaradylyşynyň asyl maksadyna mynasyp ýaşamagy üçin, dini döredipdir. Meniň pikirimçe, hut şol sebäpli hem din asyl maksadyny gorap bilen wagtynda hemişe adamzada peýdaly bolupdyr. Diniň üýtgedilip, asyl manysyndan we maksadyndan çykarylmagy bolsa adamzadyň öz ýaradylyş maksadyna mynasyp ýaşamagyna oňaýsyz täsirini ýetiripdir.

Diniň asyl çeşmesiniň Allatagala bolşy ýaly, ynsandaky din duýgusynyň gözbaşy hem Allatagaladyr. Allatagala ynsany ýaradan mahaly oňa bu duýgyny hem beripdir. Şonuň üçin bu duýgy adamzadyň tebigy aýratynlygydyr, ýagny onuň tebigatynda bardyr. Fransuz ýazyjysy we filosofy Şarl de Monteskýo (1689–1755): «Adamzat wyždanynyň jümmüşinde maddy hem-de çäkli ýaşaýşyň daşyndaky metafiziki hakykatlar bilen doldurylmak üçin goýlan boş çukur bar. Bu hakykatlar oňa bu «ýapyk durmuşyň» we «ýapyk tebigatyň» daşyndan gönükdirme berýär. Şol boş çukur, (ýagny) adamzadyň kalbynyň we ruhunyň gizlin burçy, eger iň ýokary, dörediji we aýdyňlaşdyryjy hakykatlar bilen doldurylmasa, toslamalar bilen dolar we boş

galmaz» diýipdir. Şu pelsepeden ugur alanyňda hem, öňde aýdyşym ýaly, akyly ýerinde bolan adam dinsiz ýaşap bilmeýär. Ol özünde hökmany suratda bir zada ynanmak zerurlygyny duýýar.

Din duýgusy ýaradylyşdan gelen bir duýgy bolany üçin, taryhyň hiç bir döwründe we hiç bir ýerde ynsanlar dinsiz ýaşamandyrlar. Şunça gazuw-agtaryşlar geçirip, şunça öwrenip, arheologlar henize-bu güne çenli dinsiz bir jemgyýetiň üstünden baran däldirler. Bir adamyň, birnäçe adamyň dinsiz bolmagy mümkin bolsa-da, tutuş bir jemgyýetiň dinsiz bolmagy mümkin däldir. Dine garşy bolup, dinsizlik düşünjesi bilen ýaşamagy saýlap alan adamlar hem ýaradylyş tebigatynyň zerurlygy hökmünde bu boşlugy başga bir ynanç bilen doldurýarlar. Emma olar ýa-ha bu hakykaty aňýan däldirler, ýa-da hakykaty kabul etmek isleýän däldirler.

Mälim bolşy ýaly, dini aradan aýryp, onuň ýerine ylym-bilimi goýýarys diýýänler tutuş jemgyýetleriň aňyndan dini aýryp, ýerine öz pikirlerini goýup bilmediler, soňra bolsa «öz işlerini» bes etdiler. Çünki bir tarapdan, diniň özüniňem ylmy we paýhas esaslary bar. Beýleki bir tarapdan, diniň, ynsan kalbynyň isleýän ruhy iýmitleriniň aradan aýrylmagy bilen dörän boşlugy ylym-bilimler

arkaly dolduryp bolmaýar. Şu ýagdaýda din bilen ylym-bilim biri-birinden tapawutlydyr. Din hemişe bilimiň ýerini tutmaz, bilim hem hemişe diniň ýerini tutmaz. Din bilen keselleriň bejerilmeýşi ýa-da ekin meýdanlaryndan köp hasyl alyp bolmaýşy ýaly, ynsanyň tebigatyndaky ruhy boşluk hem diňe bilim bilen doldurylmaýar. Ol boşluk din bilen, şeýle-de biziň ruhy gymmatlyklar diýýän köp öwüşginli baýlyklarymyz bilen, diýmek, gözbaşy ýaradylyşdan gaýdýan şol mukaddes gymmatlyklar bilen doldurylýar. Ynsan dini düşünjelere-de, milli ruhy gymmatlyklara-da, bilime-de – bularyň ählisine mätäçdir, ýöne bularyň her biriniň ynsanyň durmuşynda öz tutýan orunlary bardyr.

Ynsanlar ýaradylyşda bar bolan, bir zada ynanmak zerurlygyny elmydama üpjün etmek isläpdirler. Muny hem belli bir dine girmek arkaly ýerine ýetiripdirler.

Milletleriň gündelik durmuşlaryndaky diniň haýsydyr bir sebäpden bozulan ýa-da ýol görkeziji bolmakdan daşlaşan halatlary bolupdyr. Şeýle ýagdaýlarda täze bir pygamber ýa-da adamlara duýduryş edýän bir wagyzçy ýüze çykyp, düzediş işlerini geçiripdir. Şeýle pygamberleriň we wagyzçylaryň alyp baran işleri, öňki ýagdaýdan

gönnühoş adamlar tarapyndan ters hasaplanyp, netijede, halk ikä bölünipdir. Wagtyň geçmegi bilen täze pygamberiň ýa-da wagyzçynyň sözlerine gulak asýanlaryň kabul eden dini ýüze çykypdyr. Hezreti Isanyň pygamberligi muňa mysaldyr. Hezreti Musanyň dinini düzetmek üçin, täze dini halka ýetirip, adamlary dogry ýola çagyran hezreti Isa aleýhyssalama ynananlar has soňra hristiançylygy emele getiripdirler. Şeýlelik bilen, ýahudyçylygyň gapdalyndan hristiançylyk döräpdir. Bu din giň köpçülige ýaýrap, butparazlygy ündän dinleri aradan aýrypdyr.

Belli bir wagtlardan soň, hristiançylyk bilen baglanyşykly hem dürli ýagdaýlar bolup geçipdir. Bu ýagdaýdan gönni suw içmedikler hristiançylygy düzetmek maksady bilen ýüze çykan täze mezheplere ýa-da yslam ýaly tapawutly ynanç we ýaşaýyş görnüşini hödürleýän dinlere geçipdirler. Tutuş taryhyň dowamynda ynsanlaryň dine çemeleşmesi şeýle bolupdyr. Dinler bozulyp, ýaramsyz ýagdaýa gelenlerinde, ynsanlar dessine ondan dänmekçi bolmandyrlar. Dogluşdan bäri dowam edip gelýän ynanç zerurlygyny täze bir mezhebe ýa-da täze bir dine eýermek arkaly üpjün etmegiň ýoluny tutupdyrlar. Şol sebäpli,

häzirki döwürde Ýer şarynyň dürli künjeklerinde ýaşap ýören adamlaryň ynanýan we berjaý edýän san-sajaksyz ynanç-ygtykatlary bardyr.

Alymlar «din» sözüniň, aslynda, «bergi, borç» diýen manyny aňladýan arap sözünden ýasalan atdygyny kabul edipdirler. Arap dilçileri «din» sözüniň «adat», «jeza», «üstünlik», «hasabat», «höküm», «perman», «boýun bolmak» diýen manylary aňladýandygyny hem aýdypdyrlar.

Elbetde, din barada gürrüň etjek bolsaň, mukaddes Gurhandan habarly bolmalydygyň düşnükli zat. Biziň halkymyzda bolsa islendik sowalyň jogabyny mukaddes kitapdan gözlemelidigi hakynda düşünjede bar. Men hem hiç babatda halkymdan üzňe däldigimi duýmak bilen, bu kitaby ürç edip okanymda, ondan özümi gyzyklandyrýan köp sowallara jogap gözländigimi, tapandygymy bellemek isleýärin. Şu kitabymda olar baradaky garaýyşlarymy, pikirlerimi beýan etmek isledim.

Gurhanda «din» sözi onlarça ýerde duşýar. Aýatlarda bu söz, esasan, «dolandyrmak», «dolandyrylmak», «boýun egmek», «höküm», «ybadat etmek», «täklik», «yslam», «şerigat», «temmiler», «adat», «jeza», «hasabat», «millet» manylarynda ulanylýar. Mukaddes Gurhanyň

Mekgede inen aýatlarynda «din» sözi «ýewmüd din» (din güni, hasap güni) görnüşinde gelýär. Bu söz, yslamyň başlangyjynda gelen ähli aýatlaryň umumy mazmunyna laýyklykda, adamzadyň iman we amal taýdan hasaba çekiljek ahyret gününi aňladýar (Gurhan, el-Fatiha 1/4; ez-Zäriyat 51/6). «Din» sözüniň has soňky, Mekgede inen aýatlardaky berýän manysy bolsa Allanyň birligine we Oňa boýun sunmaklyga gönükdirilendir. Muňa laýyklykda, ynsan ýalňyz Allatagala ybadat etmeli we başgasyny Oňa şärik tutmaly däldir. Şeýlelikde, Alla tarapyn orta goýlup, ynsanlary Onuň Özüne eltýän ýola «din» diýlipdir. Gurhanda aýdylyşy ýaly, dini arassa Alla degişli bilmeli, oňa başgasyny dahylly etmeli däl. Diňe kynçylyga sezewar bolan pursatlaryňda däl, eýsem, elmydama Allatagala sygynmaly, Ony ýatlamaly, onuň dininden aýrylmaly däl. Gurhanyň Engam süresiniň 161-nji aýatynda: «Sen: «Perwerdigärim meni dogry ýola, sagdyn bir dine, Allany bir bilen Ybraýymyň dinine gönükdirdi. Ol (Ybraýym) Allanyň işine başgasyny dahylly (şärik) edýänlerden (Ýeke-täk Hudaýa şärik-ortak goşýanlardan) bolmandy» diýip aýt» diýilýär.

Medinede inen Haj süresiniň 78-nji aýatynda «Ybraýymyň dini» diýen söz «musulmanlar» ady

bilen deňleşdirilýär. Yslam Medine döwründe beýleki birnäçe dinler bilen ýüzbe-ýüz bolupdyr, köp kynçylyklara sezewar bolupdyr.

Şeýlelikde, meniň pikirimçe, «Mekge döwründe «din» adalgasynyň gysgaça mazmunyny «taryhy we tebigaty ugrukdyrýan, wagta we äleme hökümini ýöredýän, dini döredýän, hasabat gününi öz elinde saklaýan Allanyň täsiri» diýip düşündirmek bolar. Medine döwründe bu mazmun has hem giňelip, «ynsanyň Allanyň gönükdiren durmuşynda ýaşamagy, beýleki musulman köpçüliginiň öňündäki borçlaryny berjaý etmegi, Allanyň çäksiz ygtyýarlylygy we häkimiýeti» manylaryny-da içine alypdyr» diýlen düşünje hakykata has ýakyndyr.

Beýleki tarapdan, Gurhanda «din» sözi diňe musulmanlaryň dini üçin däl, eýsem, başgalaryň ynançlaryny bildirmek üçin hem ulanylypdyr. Mysal üçin, Mekge döwründe butparazlara ýüzlenilip: «Siz öz diniňize, men hem öz dinime», edil şonuň ýaly hem, Medine döwründe tutuş adamzat jemgyýetine ýüzlenilip: «Ähli dinlere üstün çykmak üçin pygamberini dogry ýol we hak din bilen iberen Oldur (Alladyr)» diýlip, olaryň ýöredýän ýoluna-da «din» ady berilýär. Munuň bilen bir hatarda «din» sözi hususy manyda «yslam dini» manysyny aňlatmak

üçin ulanylypdyr. Şol sebäpden Gurhandaky «din» sözi bilen «yslam» sözi biri-biri bilen manydaş bolan iki söz ýaly görlüpdir.

Hadyslaryň içinde hem «din» adalgasynyň mazmunyny anyklaýan maglumatlar bardyr. Bir hadysda: «Allanyň ýanynda diniň asly hanyflyk we yslamdyr» diýilýär. Başga bir hadysda: «Dine güýç beren Alla şükürler bolsun!»; «Dinde giňlik döreden Alla şükürler bolsun!»; «Din nesihatdyr» diýlip, «din» sözi «yslam» manysynda ulanylýar. Pygamberleriň atabir dogandyklaryny mälim edýän hadyslar bolsa ähli hak dinleriň düýp maksatlarynyň birdiginden habar berýär. Käbir hadyslardaky «Allanyň dini» sözi «Allanyň ýoly, şerigaty, kanuny» manysyny, «Kişi dostunyň dinindedir», «Her diniň ähmiýet berýän ahlagy bardyr, yslamyň ahlagy hem haýadyr» ýaly hadyslardaky «din» sözi bolsa «şerigat, edep we ahlak» manylaryny berýär.

AHLAK HEM DURMUŞ GÖZELLIGI

Dürli ylymlar, dürli döwürler bilen, şoňa laýyklykda, din bilen baglanyşykly okan kitaplarymy, durmuş tejribämi her taraplaýyn seljerip görýärin. Şonda men diniň adamzadyň durmuşyndaky ähmiýetiniň

mydama örän uly bolandygyna, şeýle bolmagynda hem galýandygyna ýene bir ýola göz ýetirýärin.

Pikir-düşünjeler barha kämilleşipdir. Dini garaýyşlar kämilleşipdir. Telim dinlere uýup, telim heňňamlary, telim eýýamlary, telim gowgalary, ajy hem süýji günleri başdan geçirip, adamzat şu döwre ýetipdir.

Tämiz dini garaýyşlar ynsan gatnaşyklaryny tertipleşdirýär, adamlary agzybirlige, dost-doganlyga çagyrýar, her bir kişiniň başgalar bilen deňdigini, diňe bilim-düşünjesi, akyl-parasaty, ahlak gözelligi, päkligi, adamkärçilik sypatlary, zähmeti bilen biriniň beýlekiden üstün bolup bilýändigini aýdýar. Hatda ylmyň we tehnologiýanyň örän ösen döwründe – biziň zamanamyzda hem päkize dini garaýyşlar öz ähmiýetini asla ýitirmeýär. Sebäbi, dini garaýyşlar bilim-düşünjä, ylma, paýhasa ters gelmeýär, aslynda, ol garaýyşlar bilim-düşünje, ylym, paýhas esaslaryna daýanýar, nesilleri oňat gylyk-häsiýetli edip terbiýelemäge kömek edýär.

Okanlarymy, öwrenenlerimi, toplan maglumatlarymy her taraplaýyn seljerip, aňymda aýlap, men diniň ýüze çykyşy adamzadyň döreýşi bilen birlikde başlanýar diýen netijäni dogry tapdym. Şeýlelikde, taryhyň ähli döwürlerinde adamzadyň dine bolan zerurlygy äşgär duýulýar. Arheologiýa,

antropologiýa, etnografiýa ýaly ylymlaryň adamzat geçmişiniň iň irki döwürlerine çenli öwrenip, hiç döwürde dinsiz bir jemgyýete gabat gelmändikleri baradaky pikirime dolanýaryn. Ol ýa beýleki bir jemgyýetde diniň garşysyna goýlan düşünjeleriň, taglymatlaryň, dürli basyşlaryň dini şol jemgyýetiň durmuşyndan düýpli aýryp bilmändiginiň mysallary näçe diýseň bar. Dinsizlige we Hudaýa ynanmazlyga garşy göreşde din elmydama üstün çykyp gelipdir. Munuň iň aýdyň mysalyny mukaddes Garaşsyzlygymyza çenli bolan durmuşymyzda biziň hut özümiz hem gördük. Ateizmiň ýörelge edinilen döwrüniň geçmegi bilen metjitler, beýleki ybadat ýerleri täzeden açyldy we halkymyz dini ynançlaryny, ybadatlaryny, edim--gylymlaryny berjaý etmäge, din bilen baglanyşykly däp-dessurlaryny dowam etdirmäge mümkinçilik aldy. Hatda dine garşy düzgüniň dowam eden onlarça ýylynyň dowamynda hem biziň halkymyz, edil beýleki halklar ýaly, kä açyk, käte bolsa ýaşyryn bir görnüşde öz käbir dini däp-dessurlaryny dowam etdirip geldi.

Adamzadyň häzirki güne çenli başdan geçiren tejribesi onuň durmuşyndan dini aýyrmagyň mümkin däldigini subut edýär. Uzak geçmişlerde adamlar hatda öz ynanç-ygtykatlarynyň ugrunda her dürli ezýetlere

döz gelipdirler, ähli zadyň öz ýerine barjakdygyna ynanyp, şoňa sabyr edip, garaşyp ýaşapdyrlar.

Adamzat özüniň, ähli barlyklaryň we älemleriň ýaradylyşynyň asyl sebäbini, maksadyny hem dinden öwrenipdir. Şol sebäpli, dini özünden başga hiç bir düzgün bilen deňeşdirip bolmaýar. Iň kanuna dogry gelmeýän, düşündirip bolmaýan ýaly bolup görünýän dini ygtykatlar hem ýitip gidibermeýärler. Butparazlyk we köphudaýlylyk häzirki döwürde hem Hytaý, Hindistan, Ýaponiýa ýaly ýurtlarda giňden ýaýrandyr. Hindistanda uzak geçmişden bäri adamlaryň mukaddes hasaplaýan sygyrlaryna garaýşy barada bilýänsiňiz. Edil şonuň ýaly, Ýaponiýada we Hytaýda şu günlerem adamlaryň bir topary atalaryň ruhuna çokunýar. Ylymda we tehnologiýada ýokary derejede üstünlikler gazanan bu ýurtlarda gadymy ynançlaryň dowam etmeginiň sebäbi barada oýlanyp görüň! Bu ýagdaý size dini garaýyşlaryň, gadymy ata-babalaryň düşünjeleriniň, ýol-ýörelgesiniň berkdigini we ähli döwürde ynsan ruhuna ýakyndygyny görkezýändir. Adamzat taryhynda örän köp pelsepewi garaýyşlar, döwürleýin taglymlar bolup, olar ýa-ha yzsyz-sorsuz, bütinleý ýitip gidipdirler, ýa-da geçmiş bolup galypdyrlar, emma has gadymy, ýönekeý ýaly bolup

görünýän dini garaýyşlar hem henize-bu güne çenli adamzadyň durmuşyndan aýrylmandyr.

Din adamzady içinden hem daşyndan gaplap alyp, onuň düşünjelerinde we hereketlerinde özüni mälim edýär. Ýokary bir gudrata ýürekden ynanmagy adamyň güýjüne güýç goşýar. Doga-dileg etmek, ýalbarmak, penalanmak ynsany beýgeldýär. Allany söýmek we Ondan gorkmak bilen, ynsan güýçli erk-ygtyýara, sagdyn häsiýete eýe bolýar. Şeýle ynsanlaryň ýaşaýan jemgyýetinde adamlar biri-biri bilen diňe gowulykda ýaryşýarlar. Din adamzadyň öz içki duýgularynyň we bu maddy älemiň ýesiri bolmazlygyny üpjün edip, şonuň bilen birlikde, çäksiz erkinliginiň we garaşsyzlygynyň ýokdugyny hem onuň aňyna salýar.

Din adamlary mukaddes duýgynyň, ortak aňyýetiň we wyždanyň töwereginde jemleýär. Jemgyýetleri beýgeldýär we olaryň ösüşlerini üpjün edýär. Din şol bir wagtyň özünde ahlaky gurluşdyr. Ol adamlary gowulyklara ugrukdyrýar. Diniň ejizlemegi jemgyýetiň içinde ahlak, hukuk bozgaklygynyň artmagyna sebäp bolup biler. Çünki din bolmasa, onuň ajaýyp däp-dessurlaryna ynanylmasa, ahlak kadalaryny berjaý etdirmegiň ygtybarly ýoly galmaýar.

Din ýalňyzlyga, çäresizlige, gorka, gaýgy-gama, kesele, ýitgä, betbagtlyga we bela-betere sezewar

bolan adamlara umyt, teselli, ynam berýär. Dine uýmagyň ynsany müňkürlikden daşlaşdyrýandygy, ruhy çökgünlikden goraýandygy hakynda kitaplardan kän okadym. Taryhy tejribäni, dürli jemgyýetleri, anyk durmuşy içgin öwrenmek bilen, alymlar şeýle netije çykarypdyrlar: hakyky dindarlaryň Allatagala boýun egmegi ene-ata, ýaşululara, döwlete, millete söýgi hem wepalylyk, çirksiz hormat, janly-jandarlara, ähli zatlara merhemetlilik bilen baglydyr. Ynsanlaryň Allatagala ýürekden ynanmagy we boýun egmegi olarda, ine, şu belent häsiýetleri güýçlendirýär.

Ahyret ynanjy ynsanyň öz hereketlerine jogap bermek duýgusyny ýiteldýär, ahlak kämilligini üpjün edýär. Ynsandaky ölüm gorkusynyň onuň ruhy dünýäsine etjek ýaramaz täsiriniň öňüni alýar. Şeýle hem ahyret ynanjy ynsany kynçylyklardan halas bolup, baky hözire gowuşmak barada çyn tagalla etmäge iterýär, onuň ýaşaýşyna güýç-kuwwat berýär. Aslynda, pany dünýäniň arzuw-hyýallarynyň ynsany kanagatlandyrmandygy üçin, din oňa iň ýokary, beýik lezzetleri we ruhy eşretleri gazanmak baradaky ynanjy beripdir.

Ynsanyýetiň aňlaýşynda, ruhy ösüşinde diniň uly orny bardyr. Pygamberleriň dini getirmekleri bilen adamlar käbir haý-höweslerinden we ýaramaz endiklerinden halas bolup, asylly hem ýokary

düşünjelere çenli beýgelipdirler. Hak dinleriň ählisi adamzadyň ýokary ýaşaýyş derejesine beýgelmegi üçin amaly mümkinçiligi berýär. Diniň görkezýän ideal durmuşyny ynsanlar bu dünýäde ýaşap, bu dünýäniň şertlerinde gazanmalydyr. Ynsanlara ylham berýän asylly duýgularyň köki pygamberleriň we olaryň yzyny dowam etdiren alymlaryň öwüt-ündewlerine, nusgalyk ýaşaýyşlaryna esaslanýandyr. Din adamzat jemgyýetini elmydama zaýalanmakdan, çüýremekden, ýok bolmakdan gorap gelipdir. Ynsan diniň saýasynda men-menlikden, öz-özüne çokunmakdan halas bolup, ynsanyýete we ynsançylyga hyzmat etmek mümkinçiligini tapýar.

Bu günki gün tutuş dünýäde ruhy gymmatlyklaryň, ahlak kadalarynyň ähmiýeti artýar. Gözleg işleri geçirilen ýurtlarda ynam-ygtykata, milli ýol-ýörelgä dolanmagyň manysyna barha çuňňur düşünilýändigi anyklanypdyr. Meniň gabat gelen bir maglumatyma görä, dünýäde otuz bäş ýaşa çenli bolan nesiller muňa uly ýaşlylardan has köp ýykgyn edýärler. Ýene bir bellemeli zat, Hudaýyň bardygyny inkär edýänleriň sany hem dünýäde barha kemelýär. Bu zatlaryň ählisi adamzadyň köp müňýyllyk tejribesiniň, döreden ruhy-ahlak kadalarynyň öz gymmatyny gaçyrman, gaýtam, barha uly ähmiýete eýe bolýandygy bilen baglanyşyklydyr.

MÜŇÝYLLYKLARYŇ JÜMMÜŞINDEN GAÝDÝAN ÝOL-ÝÖRELGE

JUDA BAÝ, JUDA GYMMATLY TARYH

Hormatly okyjym, elbetde, munuň özi uzak we çylşyrymly döwürleri öz içine alýar. Hatda alymlar hem dürli ugurlaýyn we şunça işläp, birhudaýlylyk, onuň taryhy baradaky pikirlerine nokat goýup bilenoklar. Gaýtam, bir syr ýa taryhyň bir wakasy açyldygyça, ýene kän sowallar orta çykýar. Men bolsa öz halkymyň dini we ýol-ýörelgesi bilen baglanyşykly taryhyň iň gymmatly maglumatlaryny, iň möhüm pursatlaryny, iň täsin syrlaryny öz garaýşymdan geçirip, saňa ýetirmegi zerur hasap edýärin. Sebäbi, bu, hakykatdan-da, meniň halkymyň taryhy. Meniň halkymyň juda çuň, juda baý, juda gymmatly taryhy!

Şol uzak we juda çylşyrymly döwürler adamlaryň dünýä akyl ýetirmek, ýaşaýşy tertibe salmak, özara gatnaşyklary kämilleşdirmek ugrundaky köp tagallalaryny, şonuň netijesinde dörän garaýyşlaryny, däplerini hem dessurlaryny özünde jemleýär. Haýsy ülkede ýaşaýan, haýsy halk bolsa bolsun, ynsanlary dogulmakdan o dünýä gitmäge çenli ähli ýagdaýlar,

tebigat hadysalary haýran galdyrypdyr. Olar bu syrlara düşünmäge synanyşypdyrlar. Mysal üçin, gök gürlemegi, ýyldyrym çakmagy, pasyllaryň aýlanyp gelip durmagy, Aý-Günüň tutulmagy, ýer yranmasy... – bulardan adamlar özleriçe netije çykarypdyrlar. Şeýle zatlaryň bolup durmagyna haýsydyr bir güýçleriň buýruk berýändigi hakynda düşünjeler orta gelipdir. Adamlar şol ýagdaýlary dürlüçe atlandyrypdyrlar we olaryň käbirine bolsa Hudaý diýip çokunypdyrlar. Ruh, al-arwah, döw, jyn, peri ýaly düşünjeler peýda bolupdyr. Her zada hökümini ýetirip bilýän güýçler bar diýip düşünipdirler. Türkmenleriň ýagşyň piri Burkut diwana, ýeliň piri Haýdar baba diýen ýaly düşünjeleri şol gadymy düşünjeler bilen baglanyşyklydyr.

Şeýdip kän asyrlar aýlanyp, döwürler dolanyp, heňňamlar çalşypdyr. Düşünjeler giňelip, garaýyşlar kämilleşipdir. Oguz han atamyzdan gaýdýan müňlerçe ýyllyk ýol biziň bir Hudaýa ynanmak baradaky düşünjelerimizi belli-belli döwürlerde silterlän, synaga salan hem bolsa, soňra ýene berkidipdir, bu düşünjeleri dünýä ýaýypdyr.

Geçmişi bolmadygyň geljeginiň bolmaýşy ýaly, geçmişimizi bilmesek, şu günümize dogry düşünip we geljegimizi dogry kesgitläp bilmeris. Şoňa görä, biz halkymyzyň taryhyny dowamly we çuňňur

öwrenmelidiris. Bu dinimiz, ynam-ygtykatymyz, däp-dessurlarymyz babatda hem şeýledir.

Aslynda, birhudaýlylyk ähli pygamberleriň esasy hem ilkinji ündewi, şygary bolup, ol ylahy dinleriň hemmesinde esasy sütün we baş taglymatdyr. Ol iki dünýäniň bagtyna eltýän mäkäm ynançdyr. Gurhanda bu barada aýatlar köpdür. Din alymlarynyň pikirine görä, Gurhanyň köp bölegi bu meselä degişlidir. Islendik günä işleri edýän adamlaryň Alla ynanyşynda, Ony bir diýip ykrar etmeginde kemçilik bardyr diýip pikir edýärin. Bu barada aýatlarda aýdylan: «Alla ybadat ediň, Ondan başga hudaýlary tutunmaň». «Eger asmanda we ýerde Ýeke-täk Alladan başga hudaý bolsa, ol ikisi (asman we ýer) bozulardy». «Iberen ähli pygamberlerime «Alladan başga ybadata mynasyp hudaý ýokdur, diňe Oňa ybadat ediň» diýen düşünjäni aýtmaklygy tabşyrdym». «Saňa-da senden öňki pygamberlere aýdyşym ýaly tabşyrylýar: «Eger sen şirk getirseň (Alla şärik goşsaň) ähli amallaryň batyl bolar we diňe zyýan görersiň. Alla ybadat et we şükür edijilerden bol» diýen ýaly jümlelere okyjymyň ünsüni çekmegi ýerlikli diýip hasapladym. Allatagala Gurhanda pygamberlere diňe Alla ybadat etmekligi tabşyrandygyny aýdandan soň, şeýle diýýär: «Bu

Allanyň hak ýoludyr, Ol bu ýola islän bendelerini salýandyr».

Birhudaýlylyk ybadat etmekde Allany birlemek (muňa towhyd hem diýilýär), ýagny diňe Oňa (Alla) ybadat edip, Ondan gaýrylara ybadat etmekden saklanmakdyr. Ýokarda aýdylan aýatlardan görnüşi ýaly, diňe bu esasy kada doly berjaý edilen halatynda bendäniň beýleki amallary kabul bolýar. Ybadat sözi bolsa bendelik etmek diýen manyny aňladýar. Ybadat – Allanyň gowy görýän we razy bolýan ähli sözlerdir amallarynyň umumy adydyr. Ybadat, munuň özi Allatagalanyň buýran zatlaryny berjaý edip, gadagan eden zatlaryndan gaça durmak arkaly Oňa bendelik etmek. Ybadat kalp ybadaty, dil ybadaty we beden (beden agzalarynyň) ybadaty ýaly görnüşlerde bolýar. Diýmek, ybadat diňe namaz, roza, zekat ýaly parz amallar bolman, ol ähli babatda – durmuşda, öýde, işde, hemme ýerde we hemme wagt Allanyň ündän ýolundan we kada-kanunlaryndan, hakdan-hakykatdan çykmazlykdyr. Pygamberimiz: «Alladan başga ybadata hakly zat ýokdur: diýen jümläni diliňiz, kalbyňyz we amallaryňyz bilen ykrar ediň, şonda bagt hem üstünlik taparsyňyz» diýýär. Muhammet pygamber 13 ýyllap Mekgede adamlary Allany dogry tanap, Ony birlemeklige çagyrypdyr. Bu düşünje doly

ornaşandan soňra namaz, roza ýaly amallar parz edilipdir.

Birhudaýlylyk diňe Onuň ýeke-täk Ýaradyjydygyny, Rysk Berijidigini ykrar etmek bilen çäklenmän, eýsem, öz durmuşyňda, amallaryňda hem diňe Onuň gullugynda bolmakdyr, Alla mahsus amallary başga adamlaryň ýa-da zatlaryň öňünde etmezlikdir. Gysgaça aýdylanda, Allany birlemek adamyň Allanyň bende babatda edýän işlerinde-de, bendäniň Allanyň öňünde edýän işlerinde-de Allanyň şäriginiň bardygyna ynanmazlykdyr.

Birhudaýlylygy doly kabul eden adamyň diňe bir ýürek ynanjy däl, eýsem, ähli hereketleri Allanyň razylygy üçin bolýar. Durmuşy, sözi hem hereketi dürs bolýar, ikilik hem Haka nälaýyk hereketler ondan daşda bolmak bilen bolýar. Şonuň üçin, beýle adamyň ýüregi rahat bolýar, diňe Alla doly ynanmak we bendelik etmek bilen onda ruhy taýdan ynjalyk döreýär. Agyr-kyn ýagdaýlarda ýüregini agyrtman--ynjytman, diňe Ondan haraý isleýär. Allanyň eradasy bolmasa, hiç bir zadyň ýüze çykmajakdygyna doly ynanýar. Allanyň bendäniň maňlaýyna ýazan ýazgydyna boýun bolup, Onuň bendesi üçin ýamanlyk islemeýändigini, bendelerini hemmelerden gowy görýändigini, merhemetlidigini, mähribandygyny, rehimdardygyny bilýär. Kähalatlarda başyna

kynçylyklar düşse-de, beýle ýagdaýlary Ýaradanyň synagy diýip düşünýär we şuňa görä, özüni horlap, zeýrenip ýörmeýär. Sabyrly bolup, her halda Haka şükür edýär. Adamlar beýle kişiniň ähli işde yhlaslydygyny, eden işini göz üçin etmeýändigini bilýärler we oňa ynam edýärler, ony sylaýarlar. Allany birlemek adamlary birleşdirýär, agzybirlik we jebislik döredýär. Muhammet pygamber bu meseläni ündänsoň, Medinedäki ýyllarboýy biri--birine duşman bolup gelen ows we hazraj taýpalary aýrylmaz dost-doganlara öwrülipdirler. Allany tanamak, Onuň birligini ykrar etmek we Onuň razylygyny gazanmak ynanjy, berç tutan ýigrenji ýok edip, olaryň ýüreklerinde täze bir söýgi döredipdir.

Men şu kitabymyň mundan öňdäki sahypalarynda diniň, din duýgusynyň asyl çeşmeleri barada aýdanymda, bu babatda ýeke-täk we iň ygtybarly daýanjyň ylahy kitaplardygyny nygtadym. Hakykatdan-da, bu barada mukaddes kitaplar maglumat berýär we başga bir anyk taryhy nama hem gabat gelmedim.

Eýsem-de bolsa, islendik halkyň taryhyny, gelip çykyşyny, ýaşaýyş medeniýetini, dinini-ygtykatyny öwrenmekde bu ugurda öz anyk netijenamalaryny orta atýan ylymlaryň gymmatyna hem asla kembaha garamak bolmaz diýip pikir edýärin.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Biziň halkymyzyň – türkmenleriň baý taryhy bar. Bu taryhy öwrenmekde taryhy çeşmeler uly ähmiýete eýe. Adamzat ýaşaýşynyň dürli döwürlerine laýyklykda, taryhy çeşmeler hem dürli-dürlüdir. Arheologik ýadygärlikler türkmen halkynyň iň gadymy döwürlerine degişli örän möhüm taryhy çeşmelerdir. Ýer gatlaklarynda saklanyp galan gadymy zähmet gurallary, dürli gurluşyk desgalarynyň yzlary, öý-hojalyk esbaplary, bezeg şaý-sepleri, sungat eserleri, daşdan, keramikadan bejerilen zatlar we beýlekiler taryhymyzy öwrenmekde, dürli döwürlerdäki ykdysady ösüşiň derejesini, şonuň bilen birlikde, şol wagtky aň-düşünje, ynam-ygtykat goruny kesgitlemekde hem uly ähmiýete eýedir.

Etnografik, arheologik, antropologik maglumatlaryň ýygnalmagy bilen, biziň elimizde Türkmenistanyň we türkmen halkynyň taryhyny öwrenmek boýunça köpsanly çeşmeler, ylmy işler peýda bolýar. Ýurdumyzyň taryhynyň iň gadymy döwürleri baradaky maglumatlara baý ýerlerde dürli wagtlarda arheologlar tarapyndan köp sanly ylmy-barlag işleri alnyp baryldy. Ýaňyja, Balahana, Jebel gowagy, Jeýtun, Namazgadepe, Yzzatgulydepe ýaly ýerler, olardan tapylan köp sanly zähmet gurallary, bezeg şaýlary, ýaraglar, hojalyk-durmuş

desgalarynyň galyndylary gadymy taryhymyza şaýatlyk edýär. Gadymy Änewden tapylan, mundan ýedi müň ýyl ozalky döwre degişli bolan bugdaý däneleri mähriban topragymyzda döredilen ekerançylyk medeniýetinden habar berýär. Şöhratly taryhymyz baradaky şeýle mysallar örän köp. Gadymy Jeýtun, Altyndepe medeniýetleri, Parfiýa, Margiana, Baktriýa, Horezm döwletleri, Amul, Zemm, Dehistan... – dürli taryhy çeşmeler, şäher harabalyklaryndan tapylan şekiller, hat deregine ulanylan şertli belgiler gadymyýetimiziň hiç öçmedik yzlarydyr.

Biziň ýurdumyzda VII – XIII asyrlara degişli arheologik we arhitektura ýadygärlikleri has köp saklanyp galypdyr. Olar şol döwürlere degişli şäherlerdir, kerwensaraýlardyr, harby-goranyş berkitmeleridir, medreselerdir, metjitlerdir, dürli suwaryş desgalarynyň galyndylarydyr, Astanababa, Alamberdar, Soltangala, Abiwert, Gürgenç, Dehistan, Talhatanbaba, Sarahsbaba, Soltan Sanjar... ýadygärlikleridir we beýlekilerdir.

Türkmenistanyň çäklerindäki gadymy ýaşaýyş barada iň irki ýazuw ýadygärlikleri – b. e. öňki asyrlardan galan pahna şekilli ýazgylar, dag gaýalarynyň ýüzüne oýulyp ýazylan Behistun (Bisütün) ýazgylary gürrüň berýär. Bu babatda

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Parfiýa patyşalarynyň köne Nusaýdan tapylan hojalyk arhiwiniň materiallary, Gerodot, Tasit, Strabon ýaly gadymy grek we rim awtorlarynyň eserleri hem juda ähmiýetlidir. Taryhyň atasy hasaplanýan Gerodot «Taryh» diýen işinde Orta Aziýadan bolan esgerler, olaryň eşikleriniň pagtadan dokalandygy, ýaýlarynyň oklarynyň demir peýkamlary we naýzalarynyň uçlarynyň hem demirdendigi barada aýdýar.

Türkmen halky – okumyş halk, edil şonuň ýaly hem, dörediji halk. Milli mirasymyza degişli köp sanly eserleri okamak bilen, mende öz halkymyň gadymylygyna, medeniýetine, ynanjyna hem däp-dessurlaryna çuňňur söýgi döräpdir. Bu söýgi, elbetde, ozaly bilen, ata-baba aňrymda, ganymda oturandyr, soňra ene hüwdüsi bilen berkändir, okap-ýazmany öwrenen wagtlarymdan bäri ilkinji özbaşdak okan halk döredijilik eserlerimden, beýleki eserlerden kalbyma girendir, şeýdip ýyldan-ýyla barha berkändir. Men hemişe halkymyzyň taryhyny öwrenmekde halk döredijilik eserleriniň, nusgawy edebiýatymyzyň eserleriniň uly ähmiýete eýedigi hakynda oýlanýardym. Dilden-dile geçip gelen halk döredijilik eserleri türkmen halkynyň bütin taryhy bilen birlikde, däp-dessurlaryny, ruhy-medeni durmuşyny häsiýetlendirmäge mümkinçilik berýär.

Bu babatda «Oguznamalar», Oguz-Orhon ýazgylary, mukaddes «Awesta», Behistun ýazgylary, «Kitaby dädem Gorkut», «Görogly» şadessanlary, beýleki türkmen dessanlary, Mahmyt Kaşgarlynyň, Omar Haýýamyň, Ýusup Balasugunlynyň, Hoja Ahmet Ýasawynyň, Burhaneddin Siwaslynyň, Süleýman Bakyrganynyň, Jelaletdin Rumynyň, Ýunus Emräniň, Seýit Nesiminiň, Alyşir Nowaýynyň, Wepaýynyň, Muhammet Fizulynyň, Muhammet Baýram hanyň, Sopy Allaýaryň, Nurmuhammet Andalybyň, Döwletmämmet Azadynyň, Magtymguly Pyragynyň, Abdylla Şabendäniň, Mahmyt Gaýybynyň, Gurbanaly Magrupynyň, Seýitnazar Seýdiniň, Gurbandurdy Zeliliniň, Mämmetweli Keminäniň, Mollanepesiň, Mätäjiniň, Garajaoglanyň we köp sanly beýleki şahyrlaryň eserleri hem gymmatly çeşmelerdir.

Gadymy zamanlara, taryhyň jümmüşlerine aralaşdygymyzça, bu toprakda dörän, dünýä ýaň salan ösüşleri, beýik medeniýetleri görýäris. Şonuň bilen birlikde, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda kemala getiren ruhy-ahlak ýörelgeleriniň çuňňur köklerine aralaşýarys. Şonça-da, biz öz medeniýetimiziň beýikligine, şöhratyna, köp döwürlerden, köp synaglardan geçip, barha berkäp, kämilleşip gelendigine, milli

ruhy gymmatlyklarymyzyň ähmiýetine has gowy düşünýäris.

Oguz hanyň atasyna Alan han diýipdirler. Onuň Gara han, Ur han, Gur han, Guz han atly ogullary bolupdyr. Oguz han Gara hanyň bäşinji ogludyr. Görnüşi ýaly, Guz han bilen Oguz han bir gandan, bir kök-damardandyr. Türkmen halkynyň taryhynda «guz», ýagny, «oguz» ady bilen özüne lakam alan şahsyýetler az däl. «Kysasyl-enbiýa» («Pygamberler kyssasy») atly meşhur eseriň awtory Burhaneddin Rabguzy hem şeýle şahsyýetleriň biri. Bu kitabynda Rabguzy öz adynyň «Rabat Guzy» (Guz şäherinden») diýmekdigini ýazypdyr. Munuň özi bu gymmatly edebi ýadygärligiň, ozaly bilen, oguz türkmenlerine ýakyndygyny aňladýar.

Bu kitap Magtymguly Pyragynyň:

Depderler içinde bir kitap gördüm, –
«Kysasyl-enbiýa» atly, ýaranlar.
Hezreti Ýusupny beýan eýläli,
Kyssasy şekerden datly, ýaranlar –

diýip taryplan kitabydyr. Bu kitapda älemiň döreýşinden başlap, tä orta asyrlara çenli bolup geçen wakalar beýan edilýär, has aňyrlardan gelýän ruhy-ahlak gymmatlyklar görkezilýär. Şeýle eserlerden biziň ähli gowy gylyk-häsiýetlerimiziň, päkize

ýol-ýörelgämiziň köklerinin juda gadymydygyna, uzak asyrlaryň, dürli döwürleriň içinden geçip, kämilleşip gelendigine, yslam medeniýeti bilen hem bitewüleşip, onuň iň gowy taraplaryny özüne kabul edip alandygyna ýene bir ýola göz ýetirmek mümkin.

Haýsydyr bir ýerlerde Hudaýyň özlerini ajaýyp edip ýasandygy, öz Hudaýlarynyň bardygy hakynda gürrüň edilýärkä, ata-babalarymyz baryp Oguz han eýýamyndan bäri Taňrynyň ähli adamlary deň ýaradandygy hakynda aýdypdyrlar. Bu barada Gurhanda-da örän düşnükli we berk aýdylandyr. Bu mukaddes kitapda Allatagalanyň öňünde hemmeleriň deňdigi, hemmeleriň Adam atanyň neslindendigi, reňkine, diline, medeniýetine garamazdan, Allatagalanyň tutuş ýaradylanlar üçindigi düşündirilýär. Hakyky musulmanlar Taňrynyň şu buýrugyna uýup ýaşaýarlar.

Şunuň bilen baglanyşykly bir zada ünsi çekesim gelýär. Soň-soňlar «Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasyna» girizilen şu hili ýörelgeler, hukuk düzgünleri Oguz han atamyzyň döwründe, Oguz hanyň birhudaýlylygy wagyz eden, dünýä ýaýan parasatynda, soňra bolsa yslamyýetde ýedinji asyrda beýan edilendir. Edil Oguz hanyň edişi ýaly, yslam dini hem şeýle deňlik ýörelgelerini

durmuşa geçirmek üçin asyrlarboýy göreşdi. Dünýäde jyns, millet, reňk, dil kimin aýratynlyklary sebäpli, käbir meseleleriň häzirki günde-de ýüze çykyp durandygyny görýäris. Yslam dini asyrlaryň dowamynda şahsyýetiň şeýle aýratynlyklary sebäpli kemsidilmezligi, ýazgarylmazlygy ugrunda çykyş edip, bu babatda kada-kanunlaryň berkidilmegini gazanyp geldi.

Ýeri gelende aýtsak, her bir şahsyýetiň tebigy, elinden alyp bolmaýan hukuklary bar, ählumumy ykrar edilişi ýaly, munuň özi adam hukuklary diýen düşünjäni düzýär. Adamyň ýaşamaga, azat ömür sürmäge bolan hukugy, howpsuzlygy, eýeçilik, fiziki hem-de psihiki taýdan eldegrilmesizligi, mertebesi, şahsy we maşgala syrlary, beýleki hukuklary bar. Türkmenistan «Adam hukuklarynyň ählumumy jarnamasy», «Raýatlar we syýasy hukuklar hakyndaky halkara ylalaşyk», «Ykdysady, durmuş we medeni hukuklar hakynda halkara ylalaşyk», «Çaganyň hukuklary hakyndaky konwensiýa» ýaly halkara hukuk namalaryna goşulandyr. Esasy Kanunymyzda aşakdaky jümleler mizemez orun alandyr: «Türkmenistanda jemgyýetiň we döwletiň iň gymmatly hazynasy adamdyr. Döwlet özüniň her bir raýatynyň öňünde jogapkärdir. Ol şahsyýetiň erkin ösmegi üçin

şert döredilmegini üpjün edýär; raýatyň janyny, namysyny, mertebesini we azatlygyny, şahsyýetine eldegrilmesizligini, tebigy hem mizemez hukuklaryny goraýar». «Adamyň hukuklary hem azatlyklary eldegrilmesizdir we olary adamyň elinden alyp bolmaz». «Türkmenistanda erkekleriň we aýallaryň deň hukuklary we azatlyklary, şeýle hem olary durmuşa geçirmek üçin deň mümkinçilikleri bardyr. Deňhukuklylygyň jyns alamaty boýunça bozulmagy kanunda bellenilen jogapkärçilige eltýär».

Hudaýdan gorkmak, ogurlyk etmezlik, adamy ynjytmazlyk, adamyň mertebesini kemsitmezlik, kişi zadyna el urmazlyk, ýalan sözlemezlik, ene-ataňa hormat goýmak, ýakynlaryňy söýmek, dosta wepalylyk, akgöwünlilik, ajy söz urmazlyk, goňşyň bilen oňşukly ýaşaşmak, özüňden ula hormat goýmak, ýaşuly sarpasy, ýaşkiçi hormaty, nesil terbiýesi, maşgalanyň abraýy, ahlaklylyk ýaly adamzady şeýle dogry ýola, kämil düşünjelere, päkize garaýyşlara ugrukdyrmak işi biziň halkymyzda juda gadymy döwürlerden bäri bar. Taryhymyzyň müňýyllyklara uzaýan gatlaryna nazar salanymyzda, muny aýdyň görüp bilýäris.

Şeýle garaýyşlar, onda-da bütin adamzat üçin gymmatly garaýyşlar bu gün Garaşsyz, hemişelik

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Bitarap Türkmenistan döwletine guwanyp ýaşaýan halkymyzyň bütin durmuşynda hem gymmatyny saklaýar, bu biziň döwlet syýasatymyzyň özenini düzmek bilen, ýurdumyzyň bütin kanunçylyk ulgamynyň hem özenine, bilim-terbiýe ojaklarynyň many-mazmunyna öwrülendir.

Bir döwürler ata-babalarymyz, eýýäm Hudaýyň birligine ynanýarkalar, olaryň töwerek-daşynda ýaşaýan halklaryň hersi bir zadyň şekiline uýup ýören köphudaýlylar, ýagny şol wagt olar barada aýdylyşy ýaly, «ýonma agaç taňryly gäwürler» eken. Turan ýurdy iňňän giň bolupdyr. Onuň bir ujy Týan-Şan daglaryna çenli baryp ýetipdir. Orta Aziýadan şol çäklere çenli giňişliklere oguzlar – türkmenler eýelik edipdirler. Şonuň üçinem bu ägirt uly ýurda Turan diýlipdir. Nuh pygamberiň ogly, türki kowumlaryň iň irki nesilbaşysy hasap edilýän, Türküstanda ýaşan Ýafesiň ýazlagy, «Oguznamanyň» salgy berşine görä, Ynanç şäheriniň golaýyndaky Urtakda we Kurtakda – Urdagda we Kurdagda, ýagny Abulgazynyň döwründe Uly dag we Kiçi dag diýlip atlandyrylýan ýerlerde eken. Abulgazynyň ýazmagyna görä, Ur dagyny we Kur dagyny Oguz hanyň atasy Gara han hem ýazlag edinipdir. Onuň gyşlagy bolsa şol ýerden uzak bolmadyk Garagumda (Karakurum), Barsuk

diýen ýerde eken. Şol ýerlerde Talas şäheri we kyrk sany tylla derwezeli Saýram şäheri bolupdyr.

Taryhy çeşmelerden görnüşine görä, biziň halkymyz – türkmenler mundan müňlerçe ýyl ozal hem öz atlary bilen dünýä ýaň salmagy başarypdyrlar. Häzirki wagtda biziň Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyz biziň halkymyzyň adyny – «türkmen» adyny göterýär. Şol gadymy döwürlerde hem türkmenleriň ata-baba mekanlarynyň ady şu güne gelip ýeten «türkmen» adyny buýsanç bilen göteripdir, ýagny ol ýurduň ady Turandy. «Turan» diýmek bolsa türkmenleriň – turlaryň – oguzlaryň ýurdy diýmekdir.

Gadymy döwür baradaky has gymmatly maglumatlar otparazçylyk dininiň keramatly kitaby «Awestada» hem bar. «Awestada» Türkmenistan, Merkezi Aziýa, şol döwürde onuň bilen araçäkleşýän Eýranyň, Owganystanyň ýerleri, ilaty, bularyň dinleri barada giň maglumatlar berilýär.

Gadymyýetde ady äleme dolan oguzlaryň döwleti, Şeýdaýynyň aýdyşy ýaly, «kyrk şäherden hyraç alypdyr», «Oguznamalaryň», dilden-dile geçen rowaýatlaryň, beýleki çeşmeleriň habar berşi ýaly, bu döwlet Ýer togalagynyň iki ýüzüne-de hökümini ýöredipdir. Şol uly döwletiň başynda meşhur Oguz han durupdyr. Ýene bir gezek nygtap

aýtsak, Oguz han, dünýä ganatyny geren güýçli döwleti gurmakdan hem başga, umumadamzat aňynda uly öwrülişik döreden birhudaýlylyk dininiň hem düýbüni tutujydyr diýip arkaýyn aýdyp bileris.

OGUZ HAN WE OGUZ NAMALARY

Oguz han atamyzyň şejeresi Nuh pygamberden gaýdýar. Görnüşi ýaly, bu örän uly hem baý taryhdyr. Öňki kitaplarymda hem Oguz han barada käbir zatlary ýazypdym. Ýöne ynam-ygtykat, Allatagalanyň birligi barada gürrüň edilende, ýene-de Oguz han atamyz ýatlanmasa, juda bärden gaýdyldygy bolardy.

Geçen bäş müňýyllyk taryhymyzyň gözbaşynda Oguz han atamyz bar. Şuňa görä, milli ýol-ýörelgämiziň, ruhy gymmatlyklarymyzyň, däp-dessurlarymyzyň gözbaşlarynyň şol döwürlerden gaýdýandygyny aýtsak, asla nädogry bolmaz. Şol bir wagtyň özünde munuň özi heniz Oguz han atamyzyň birhudaýlylyk ýörelgesine çenli halkymyzyň ruhunda oturan, oňa soňra ýene müňýyllyklar boýy «ýoldaş» bolan, milli däp-dessurlarymyzyň, ynançlarymyzyň içinde ýitmän gelen käbir gymmatlyklary hem öz içine alýandyr.

Bir Taňra – gudraty güýçli Beýik Allatagala gulluk etmek ähli ylahy dinlerde baş maksatdyr. Türkmenler irki döwürlerde hem asmandaky Hudaýa – Gök Taňra sygnyp gelipdirler. Oguz hanyň Gök Taňry baradaky garaýşy miladydan ozalky II müňýyllykda Musa pygamber tarapyndan döredilen birhudaýlylykdan has öň ýüze çykandyr.

Gök Taňra uýýanlara tä yslama çenli «göktürkmenler», «gökoguzlar» diýlipdir. Oguzlaryň soňra yslamy kabul etmekleri, hatda seljuklar döwründe yslamyň arkadaýanjy bolmaklary bu diniň hem, edil Oguz handan gaýdýan bir Taňra uýmakdaky ýaly, birhudaýlylygy – Taňryny tanamaklygy ündeýändigi bilen baglanyşyklydyr. Taňra uýmakdan galan sözler biziň halkymyzyň arasynda henizem şol gadym döwürlerdäki ýaly ulanylyp gelinýär. Türkmen halkynda «Taňryýalkasyn!», «Taňrynyň haky üçin!», «Taňrynyň güni darydan köp», «Taňrysyny tanamaz», «Bikärden Taňry bizar» ... diýilmesi bardyr. Bulardaky «Taňry» sözi yslamdaky «Alla» sözi bilen manydaşdyr. Görnüşi ýaly, Oguz han döwründäki «Taňry» sözi şu günlerem öz manysyny ýitirenok, halkymyzyň dilinde edil «Alla», «Hudaý» ýaly sözler bilen bir manyda, deň derejede

ulanylýar. Bu-da halkymyzyň ynamyna, ynanjyna ygrarlydygyna şaýatlyk etmeýärmi, eýsem!?

Oguz hanyň döwleti uç-gyraksyz bolup, ol Türküstandan demirgazyk Hytaýa, Tibete, Hindistana, Orsýetiň günortasyndaky Emba, Ural, Wolga derýalaryna, Ural dag gerişleriniň iki tarapyny tutup ýatan daglyk ýerlere, demirgazyk Kawkaza, şeýle-de Eýran, Yrak, Şam, Müsür, Pereňistan ýaly ýerlere baryp ýetipdir. Oguz han şunça giň ýerlerde ýaşaýan halklary öz ynanjyna salypdyr. Şundan hem Oguz hanyň ägirt uly döwlet guran, ozal hersi aýry bir ygtykatda gezip ýören ýigrimi dört oguz taýpasyny we raýatlygyndaky beýleki halklary bir ynanja – bir Hudaýa uýduryp, dini birlik döredip, pygamberlik derejesine ýeten, örän beýik şahsyýet bolandygy baradaky hakykat açylýar.

Oguz han asmany Hudaý – Taňry diýip yglan etmek bilen, külli oguzy, beýleki ençeme halklary köphudaýlylykdan, butlara uýup ýörmekden halas edip, olary birhudaýlylyga – Gök Taňra bolan ynanja uýdurypdyr. Şunuň bilenem, ol adamzat taryhynda Nuh pygamberden soň ilkinji gezek monoateizmiň – birhudaýlylygyň düýbüni tutupdyr.

Oguz han türkmen taryhynyň gözbaşynda duran beýik soltandyr, döwletliligiň hem akyl-parasatyň nusgasydyr. Şol bir wagtyň özünde ol, diňe öz

halkyna däl, tutuş adamzada Allatagalanyň birdigi baradaky ynanjy beripdir diýen netijä gelýärin. Oguz hanyň Gök Taňry ynanjy adamzadyň ýekehudaýlylyk düşünjeleriniň, soňra bu ugurda dörän ähli dinleriň özenini düzüpdir. Görnüşi ýaly, bu hakykat uzak geçmişlerde beýik ýaşaýyş medeniýetlerini – siwilizasiýalary döreden halkymyzyň adamzadyň ösüşlerindäki ýene bir taryhy hyzmatydyr.

Ýagşy hem ýaman, halal hem haram, haýyr hem şer, günä hem sogap, çyn hem ýalan ýaly düşünjeler, şular bilen baglanyşykly ýörelgeler halkymyzda has gadymy döwürlerden bäri bardyr. Bu düşünjeler we ýörelgeler Oguz hanyň birhudaýlylyk taglymatyny, şunuň bilenem, adamzat ýaşaýşynyň berk kada-kanunlaryny düzmäge hyzmat edipdir.

«Oguznamalar» gadymy oguz rowaýatlarydyr. Olar ata-babalarymyzyň – türkmen halkynyň, şonuň bilen birlikde, tutuş türki kowumlaryň şöhratly taryhy baradaky iň gadymy, iň möhüm ýazuw çeşmelerindendir. Olar biziň halkymyzyň köp müňýyllyk geçmişi, durmuşy bilen baglanyşykly döräpdir. Soň-soňlar olara yslam dininiň täsiri hem siňipdir, «Oguznamalaryň» käbir ýerleri belli bir derejede şol döwre görä üýtgedilip rowaýat edilipdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

«Oguznamalardan», Oguz-Orhon ýazgylaryndan, Awestadan, Behistun (Bisütün) ýazgylaryndan, «Gorkut ata», «Görogly» şadessanlaryndan, beýleki köp sanly çeşmelerden biz ýurdumyzyň taryhyny, şonuň bilen bir wagtda, şu toprakda kemala gelen, ömür süren, baryp mundan 5–6 müň ýyl ozal (belki, ondan-da öň) ekerançylyk senenamasyny düzen, müňýyllyklar boýy özi we şan-şöhraty dünýä ýaýylan halkymyzyň durmuşyny öwrenip bilýäris. Hawa, gymmatly çeşmeler biziň halkymyzyň gadymy taryhyny, jemgyýetçilik gurluşyny, ýaşaýyş medeniýetini, ykdysady hem ruhy-ahlak ýagdaýyny, däp-adatlaryny, ynançlaryny, ýörelgelerini görkezýär.

«Oguznamalar» biziň halkymyzyň has irki döwürlerden bäri birhudaýlylyk düşünjesine eýerip, ony özleriniň durmuş ýoly edinendiklerinden habar berýär. Bu eserde diňe bir Taňra – Gudraty güýçli Ýeke-täk Hudaýa ynanmak, diňe Oňa ybadat etmek we Ondan özge hiç zada, hiç kime çokunmazlyk baradaky berk garaýşa uly orun berlipdir. «Oguznamalarda» aýdylyşy ýaly, Oguz han dünýä inende, tä ejesi ýeke-täk Taňra iman getirýänçä, onuň süýdüni emmändir, soňra ulalanda, özi üçin bellenen gyzlaryň içinden diňe ýekehudaýlylyga ynanýan gyzy saýlapdyr. Oguz hanyň uruşlarynyň köpüsiniň,

şol sanda öz ýakynlaryna garşy alyp baran jeňleriniň aňyrsynda hem birhudaýlylyk – Gök Taňra uýmak bar.

Şu ýerde «Oguznamanyň» Salar baba we Gazan nusgalaryndan käbir mysallara ýüzlenmegi makul bildim.

«Oguznamanyň» Salar Baba nusgasynda aýdylyşy ýaly, Allatagalanyň permany bilen ondan (Gara handan) bagtyýarlyk we patyşalyk nyşanly bir ogul dünýä inýär. Ol üç gije-gündizläp enesiniň süýdüni emmeýär. Enesi bu ahwalatdan gaýgy-gama batyp oturar eken. Ol bir gije düýş görüpdir. Düýşünde ogly oňa:

– Eger maňa öz süýdüňi emdirmegi isleýän bolsaň, onda Ýeke-täk we taýsyz Hudaýa iman getirip, Taňrynyň şerigatyny kabul etgin! – diýýär...

Oguz han ruhy birlik döretmek, hemmeleriň köňlüne bir Taňra bolan ynanjy salmak ugrunda tagalla edýär. Käbir uruglar ejizlik we biçärelik ýüzünden oňa şeýle diýýärler:

– Biz barçamyz seniň aslyňdan we tohumyňdan bolarys. Biz bir agajyň miweleridiris we bir kökdendiris. Neçün bizi ýok etmekde tagalla baryny edýärsiň?!

Oguz öz maksadynda bek durup, olara şeýle jogap berýär:

ÖMRÜMIŇ MANYSY

– Eger Allatagala iman getirip, oňa ybadat etseňiz, men aman berip, mekan tutmak üçin Türküstany size bereýin.

Oguz çagalyk zamanyndan kämillik ýaşyna ýetýär. Ol hemişe şükür we doga edip, Taňrysyny ýat edip gezýär. Hemişe-de oňa Hudaýyň keremi iner eken. Edeplilikde, salyhatlylykda, hünärde, ok atmakda, at çapmakda saýlanyp, il arasynda adygypdyr. Öňde-de belleýşim ýaly, Oguz ýigit çykyp, öýlenmeli bolanda-da, diňe Taňrynyň birligine iman getiren gyzy saýlap-seçýär.

«Oguznamanyň» Gazan nusgasynda Oguza dil bitip, onuň hemişe «Alla! Alla!» diýýändigi barada gürrüň berilýär. Oguzyň şeýle diýýänini eşidenler: «Heniz çaga bolýar, dili öwrülmeýär, näme aýdýanyny bilmeýär» diýipdirler. Emma Hudaýtagala Oguzy eneden doganda weli, ýagny Hudaýa ýakyn, keramatly edip ýaradypdyr, hemişe onuň köňlüne we diline özüniň adyny salyp durupdyr.

«Oguznamalarda» Oguzyň ýeke-täk Taňra synmaz ynanjy, ynsanlaryň aňyna hem kalbyna bu ynanjy girizmek ugrundaky dyngysyz tagallalary barada başga-da kän aýdylýar. Gara han bilen Oguz han ikisiniň goşun düzüp urşandyklary, Hudaýtagalanyň Oguz hany ýeňiji edendigi hakynda hem gürrüň berilýär.

«Oguznamada» şeýle diýilýär:

«Elgaraz, bagtyna ýeten Oguz han ýurt tagtyna ornaşanda, ähli giň älemi iman nury bilen ýagtyltdy. Halaýygyň barçasy iman nuruny syladylar. Oguz hanyň parasatly oý-pikirlerinden türkmen taýpalary karar tapyp, ildarlyk we mülkdarlyk işlerini berjaý ederdi. Ol ähli raýatlaryna ýaranlyk ederdi. Eger mülkdarlygy dolandyryşda haýsy-da bolsa bir taýpa bilen agzalalyk ýa-da jedelli ýagdaý dörese, Hudaýtagala olary ýeňmekde oňa ýardam bererdi. Halaýyk onuň ynsanperwerliginden minnetdar we hoşaldy».

Oguzlaryň döreýşi, döwlet guruşlary, dünýä ýaýraýyşlary, dünýä taryhynda, medeniýetinde goýan öçmez yzlary barada köp eserler ýazylypdyr. Şeýle eserlerden biziň üçin örän gymmatlysy, elbetde, «Oguznamalardyr». Oguzlaryň özleri ýa-da şolar bilen baglanyşykly halklar tarapyndan döredilen bu eserler oguzlaryň örän irki döwürlerdäki durmuşy barada gürrüň berýärler. Ýazyjy ogly Alynyň «Seljuk türkmenleriniň taryhy», ýa-da başgaça atlandyrsak, «Oguznama» atly eseri hem Oguz han we oguz kowumlarynyň taryhy baradaky söhbetleri, hekaýatlary bilen özüne çekýär.

Oguz kowumlary we ýigrimi dört sany boýy Oguzyň agtyklaryndan, onuň bilen birleşen käbir

doganlarydyr doganoglanlaryndan döredilerdi. Olardan (ýagny dogandyr doganoglanlaryndan) uýgur, gypjak, kaňly, garlyk we kalaç (halaç) peýda boldy. Bu olaryň danalary tarapyndan beýan edilendir. Özleri hem bu pikir bilen ylalaşýandyrlar. Şu esasda hem yslam taryhçylarynda-da şeýle beýan edilendir. Şeýle-de Beni Ysraýylyň Töwrat kitabynda hem şeýle ýazylandyr:

Nuh pygamber aleýhyssalam Ýer ýüzüni günortadan-demirgazyga çenli üç bölek edipdir. Birinji bölegini garalaryň atasy bolan ogly Hama; ikinji bölegini araplaryň, parslaryň, rumylaryň, ymranylaryň atasy bolan ogly Sama; üçünji bölegini bolsa türkileriň atasy bolan ogly Ýafese beripdir. Ýafesi gündogara iberipdir. Türkiler we mongollar hem şeýle diýýärler. Emma türkiler Ýafese Abulja han diýýärler. Ýöne Abulja hanyň Nuhuň ogludygyny ýa-da agtyklaryndandygyny anyk bilmeýärler. Emma onuň Nuhuň neslindendigini we oňa ýakyn döwürde ýaşandygyny ykrar edýärler. Tamam mongollar, türki taýpalar we çarwalar onuň neslindendir. Ony şu görnüşde beýan edýärler: Abulja han çarwa we göçüp-gonup ýörerdi. Onuň ýaýlagy örän uly we beýik daglar bolan Or dag we Kür dag sebitlerindedi. Ol sebitlerde Ynanç atly bir şäher bolup, onuň gyşlagy şol sebitlerdedi. Ýursun, Kakyýan, Garagum

– oňa Garagurum hem diýýärler, Talas şäheri, Garry Saýram dagy ol ýerleriň golaýyndady. Garry Saýram gadymy we örän uly şäherdir diýýärler. Ony görenler: «Bir ujundan beýleki çetine çenli bir günlük ýol bolup, kyrk gapysy bar» diýýärler. Şeýle-de: «Bu döwürde musulman türkler onda ýaşaýarlar we olar Kaýduýa degişlidir» diýýärler. Olar Goýunçy ulusyna we onuň oglanlarynyň oturýan ýerlerine ýakyndyr.

Abulja hanyň Diýb Takuý atly bir ogly bolup, onuň adynyň manysy «döwlet, uly, derejeli» ýaly manylary aňladyp, ol ähli kowumyň ulusy we başy diýmekdir. Abulja han ölenden soň, ony atasynyň ýerine han etdiler. Ol şan-şöhrat we patyşalyk esbaby birle atasyndan artykdy.

Diýb Takuýyň Gara han, Or han, Gün han we Kür han atly dört ogly bardy. Ähli kowumlary we taýpalary bilen kapyrdylar. Diýb Takuý han ölenden soň, Gara han atasynyň ýerine han bolup tagta çykýar. Onuň bir ogly boldy. Üç gije-gündiz enesiniň emmesini almady we süýdüni emmedi. Enesi ol sebäpden aglap, ahy-nalalar çekerdi. Onda çaga: «Eý, meniň enem! Eger Taňra sygnyp, Taňryny söýüjilerden bolsaň, seniň süýdüňi emerin» diýdi. Enesi «Eger Taňra sygnyp, ony äşgär etsem, oglum bilen meni heläk ederler» diýip, kapyr ärinden we

tutuş kowumdaşlaryndan gorkusyna gizlinlikde köňlünde Taňra iman getirdi we Ony bir bildi. Bütin yhlasy bilen Haktagalany söýdi. Ol oglanjyk enesini emmäge başlady. Bir ýaşa ýetdi. Ol örän päk we görklüdi. Kämillik we Hak ýolunyň alamatlary alnynda öwşün atýardy. Atasy onda beýle alamatlary görende: «Biziň urugymyzdan beýle görkli we beýle syratly ogul dünýä inmändi. Bu oglan özüniň deň-duşlarynyň we egindeşleriniň arasynda olardan uly we beýik bolar we kämillik mertebelerine ýeter» diýýärdi. Oňa at goýmak babatda kowumdaşlary bilen sözleşip, maslahat ederdi. Çaga bir ýaşanda dil açyp: «Meniň adyma Oguz goýuň!» diýip sözledi. Ol ýerdäkiler bu ahwala örän haýran galdylar. Onuň sözüne görä – oňa ýol görkeziji belent we gudratly Allatagalady – oňa Oguz diýip at goýdular. Ulalyp, kämillik ýaşyna ýetende, atasy Gara han öz doganlarynyň gyzlaryndan örän owadan we sahypjemal bolan Kür hanyň gyzyny oňa alyp berdi. Oguz gizlinlikde oňa:

– Eger Taňra sygnyp, Taňryny bir bilseň we Taňryny söýüjilerden bolsaň, menem seni söýerin we saňa ýakynlyk ederin – diýdi.

Ol gyz ör-gökden gelip, nesihatyny kabul etmän:

– Ataňa diýsem, seni heläk eder – diýdi.

Oguz şonuň üçin oňa üns bermedi. Ony söýmändigini görende, atasy Gün han atly bir doganynyň gyzyny-da oňa alyp berdi. Ony Oguza alyp berenlerinden soň, Oguz ol gyza-da şol sözi aýtdy. Ol gyz hem kabul etmedi we Haktagala iman getirmedi. Oguz ony hem söýmedi we oňa golaýlaşmady. Gara han Oguzyň ol gyza hem meýliniň ýokdugyny, ol ikisiniň hiç birine hem mähir bermeýändigini görende, Or han atly doganynyň gyzyny Oguza alyp berdi. Emma heniz öýlenmänkä, Oguz şikardan gelýärkä, eşik ýuwmaga çykan kenizler bilen ýören Or hanyň gyzyny suw gyrasynda gördi. Oguz atyny suwa ýakyp, onuň ýanyna bardy we ýuwaşlyk bilen aýtdy:

– Bilýärmiň, doganoglanlarymyň gyzlaryndan ikisini aldym. Emma olary söýmeýärin we olar bilen söhbet etmeýärin. Sebäbi olardan Gök Taňra iman getirmeklerini we ony söýüjilerden bolmaklaryny soradym. Olar meniň sözümi diňlemediler we müňkür boldular. Indi seni maňa nikalap bererler. Eger Taňrynyň birligini ykrar edip, oňa iman getirseň, Ony söýüjilerden bolsaň, seni alaryn we söýerin.

Ol gyz şeýle jogap berdi:

– Men Taňryny tanamaýaryn we bilmeýärin. Emma seniň sözüňden çykmaryn we seniň buýrugyňa tabyn bolaryn.

Oguz aýtdy:

– Meniň göwün islegim hem şeýledi. Men saňa Taňra iman getirip, ony söýüjilerden bolmagyňy buýurýaryn.

Ol aýtdy:

– Seniň sözüňi kabul etdim.

Haktagala iman getirip, ony söýüjilerden bolandan soňra, Oguz ony aldy we söýdi. Şeýlelikde, Oguz diňe onuň bilen söhbet edip, onuň gaşyna baryp, öňki aýallarynyň ýanyna barmaýardy. Oguzyň özi bir Taňra sygynýan, hudaýhon we doga-dilegli adam bolandan soň, kapyr atasy we doganoglanlary bilen kän bir garyşmak islemezdi. Çünki olaryň bary kapyrdy. Şonuň üçin hemişe olardan aýry gezmek isleýärdi. Olardan aýry awa giderdi. Hemişe Taňry adyny süýji söz bilen «Alla», «Alla» diýip ýat ederdi. Onuň näme diýýändigini we ol sözüň näme manysynyň bardygyny hiç kim bilmeýärdi. Ol hemişe hoş owaz bilen «Alla» diýerdi. Ol kowum bolsa, «hiňlenmek we güýmenje üçin aýdýar» diýip pikir edýärdiler. Ol söz Oguza endik bolupdy.

Bir gün Gara han gelinlerine toý edip, olara mähribanlyk edip, olardan sorady:

– Öňdäki iki gelin soňraky gelinden has görkli we owadan. Emma näme üçindir oglum soňraky gelni

bulardan gowy görýär we onuň bilen söhbet edýär, bu iki gelne bolsa üns bermeýär.

Ol iki gelin ärinden närazy bolandyklary sebäpli, pursat arap, bileleşip, Oguzy ýamanlap diýdiler:

– Ol bir dine girip, Gök Taňrysyna iman getirip, ony söýüjilerden bolupdyr. Bizi hem şol dine girmäge çagyrdy. Biz ony inkär edip, oňa üns bermedik. Şol sebäpli onuň köňli biziň bilen bir bolmady. Soňraky gelin Taňra iman getirip, onuň bilen ylalaşdy. Şol sebäpli ony söýdi, bizi söýmedi.

Ol wagt Oguz nökerleri we bir topar ýaranlary bilen awa gidipdi. Gara han gardaşlaryny, doganoglanlaryny, kowumyny we beglerini jemläp aýtdy:

– Oglum Oguz ýaş wagty bir bagtyýar, geljegi gowy bolup görnerdi. Ondan meniň köňlüm örän hoşdy. Eşitdim, häzir arabozar bir ýowuz iş tutmuş, biziň dinimizden dönmüş...

Oguz öz tarapdarlary bilen garşydaşlaryna garşy ýetmiş bäş ýyla golaý söweşdi. Her ýylda birküç gezek söweş bolardy. Ahyrynda Oguz üstün gelip, Türküstan ýurtlaryny Talas we Saýramdan tä Buhara çenli eýeledi. Eýran we Turan onuň golunyň astyna geldi.

Hormatly okyjym, men şu ýerde Oguz hanyň giň ülkeleri özüne tabyn edip, beýik hökümdarlyga

ýetip, özüniň gadymy ata ýurduna baryp, ähli ogullaryny we agtyklaryny illi-ilinden, boýly-boýundan getirip, altyn başly ak öý gurduryp, uly toý tutup, olaryň hersine altyn-kümüş, bezelen halatlar, uly serpaýlar, mertebelerine görä welaýatlar berip, aýdan sözüni getirmek isleýärin. Oguz han şeýle diýýär: «Eý, meniň ogullarym we jigerbentlerim, diňläň, men garradym, ahyrýete göçmekligim ýakynlaşdy. Size berjek öwütlerimi we nesihatlarymy jan gulagy bilen eşidiň we yhlas bilen diňläp, ony özüňize bagt we döwlet saýyp, onuň bilen amal ediň! Oglanlaryňyza, perzentleriňize, boýuňyza we urugyňyza meniň sözümi, öwütlerimi we nesihatlarymy ýetiriň! Olaram şol nesihatlara amal edip, döwür döndügiçe, dünýä durdugyça perzentlerine we nesillerine ýetirsinler! Eger uruglaryňyz we boýlaryňyz giňelip, bu öwütler bilen amal etseler, dünýä ýurtlaryna patyşa bolup, hiç bir duşman olardan üstün bolmaz. Dinlerini üýtgedip, azmazlar. Hemişe din we dünýäleri abat bolar. Eger meniň öwütlerime we ýörelgelerime amal etmän başlasalar, onda, gürrüňsiz, biri-birlerine uýmazlar, onsoň duşman olardan üstün bolar. Her bir boý bir yklyma düşer. Oturymly halk bilen garyşarlar. Boýly-boýuny we süýegini unudarlar».

Agzybirlik, ruhy birlik, döwletlilik babatda Oguz hanyň bu sözüniň gymmaty müňýyllyklar geçip könelmändir. Bu sözlerden islendik jemgyýet, islendik döwlet özi üçin bahasyz baýlygy tapyp biler. Beýik Oguz han atamyzyň parasaty biz – türkmenler üçin bolsa aýratyn gymmatlydyr, beýik mekdepdir. Şeýle parasata uýup, bitewüligi elden bermän, biziň halkymyz hemişe öz bagtyny gorap biler, öz döwletliligine, ýol-ýörelgesine guwanyp hem ony ösdürip ýaşap biler.

Oguz hanyň her sözünde, wesýetinde, edil pygamber hadyslaryndaky ýaly, düýpli many bar. Men olary hemişe-de dykgat bilen okaýardym. Göwnüme has ýaranlaryny bolsa, hemişe el ýüzünde bolar ýaly, özüme ýazyp alypdym. Şol ýazgylarymdan käbirini size-de ýetireýin:

«Eger bäş ýüz ýyl bolsun, müň ýyl bolsun, ýa-da on müň ýyl bolsun, tapawudy ýok, perzentler doglup, atalarynyň ýerine geçenlerinde, menden ýadygär galan düzgünleri we ýörelgeleri saklap, ýok etmeseler, Gökden olaryň döwletine medet geler. Daýym aýşy-eşret içinde bolarlar. Haktagala olara gowulyk eder, nygmatlar berer. Älem halky olara doga eder, ömürleri uzyn bolup, döwletli we nygmatly bolarlar».

«Kim syýasatda ýagşy bolsa, hökümdarlygy dowamly bolar».

«Mundan soňra ýene-de patyşalardan we hanlardan köp ogullar dünýä gelerler. Eger olaryň ýanlaryndaky ulular, begler, pälwanlar düzgüni-ýörelgäni berk tutmasalar, hanlyk we patyşalyk işi sarsyp, ýok bolar. Şonda Oguz hany arzuw ederler, emma ol bolmaz, ony tapmazlar».

«Tümen begleri, müňbegiler we ýüzbegiler owal-ahyr geler-giderler. Emma Oguzyň öwüdini tutmasalar, goşunlara ýolbaşçylyk edip bilerlermi? Öz ýurtlarynda oturyp galanlar we öwüdi diňlemedikler, uly suwa gaçyp çykmadyk ite ýa-da gür tokaýyň içine atylan oka meňzärler. Onuň ýaly kişiler ýolbaşçylyga ýaramazlar».

«Her kim öz öýüni päk tutup bilse, mülk we yklymy hem ogrudan we ýalançydan arassalap biler».

«Üç bilimdaryň ylalaşan sözüni her ýerde diýmek bolar. Bolmasa, oňa ynam etmek bolmaz».

«Her at semizlikde gowy çapsa, orta etli we arryk bolanda-da gowy çapyp bilse, ol ata ýagşy at diýmek bolar. Emma şu üç ýagdaýyň birinde gowy çapyp bilmese, ol ata ýagşy at diýmek bolmaz».

«Ýolbaşçylyk (serkerdelik) edýän we tamam esgerleri bilen awa we söweşe gidýän uly begler öz

a:tlaryny belli ederler. Mydama Haktagala haýrydoga kylyp, köňüllerini Oňa baglap, ýeňiş we gowulyk dilärler. Şonda gadym Taňrynyň kuwwaty bilen çar tarapy tutup biler».

«Goşuna gireniňizde, ýaňy dogan göle kibi ümsüm boluň, söweş edeniňizde, aw üstüne eňen aç bürgüt ýaly boluň!»

«Är kişi, hemme ýerde özüni halka görkezer ýaly, Güneş däldir».

«Ýagşy är ýagşy hatyndan bellidir...».

«Bezirgenler zerli matalar, taňsyklar we bazar ýükleri bilen gelenlerinde, köňülleri kuwwatly we umytly bolar. Şonuň ýaly, goşun begleri hem öz esgerlerine ok atmagy, at segretmegi we göreş tutmagy gowy öwretmelidir».

«Patyşa gije Haktagala dergähinde dogada bolmalydyr. Gowulyk we keramat dilemelidir. Gündiz halka patyşa bolmalydyr».

«Soňky patyşalar öňki ýaşap geçen patyşalaryň haýyrlaryny we ýagşylyklaryny ýok etmesinler. Şonda olaryň hem eden haýyrlary jahanda baky galar».

«Patyşalaryň hemdemleri, söhbetdeşleri, ýaranlary we bile oturyp-turuşýanlary akylly, görkli, belent asylly, abraýly, päk, namysly, hoş häsiýetli, şirin sözli, dünýäni gören, yklymy gezen, durmuş

synaglaryndan geçen, ajyny-süýjini dadan kişiler bolmalydyr».

«Patyşanyň kethudasy we weziri patyşanyň baýlygyndan onuň dinine has mähribanlyk edýän we raýata adalatsyzlygy rowa görmeýän kişi bolmalydyr».

«Patyşalar öýsüzleriň we ýetimleriň atasydyr. Baý ata bilen ýoksul atanyň arasynda parh bolar ýaly, patyşa olara atalaryndan hem artyk hossarlyk etmelidir».

«Il-ulus, ýurt tutmak uly işdir».

«Hiç kim hyýanat, ogurlyk we haramlyk etmez ýaly, haýyn we günäli kişileriň çäresini görmek gerekdir. Zorluk we zulum edijiler möwç almaz ýaly, zorluk we zulum gören kişileriň dadyna ýetişmelidir».

Oguz hanyň parasaty asyrlardan-asyrlara geçip, ähli döwürlerde din-ygtykat, ýol-ýörelge baýdagy bolupdyr. Gorkut ata ýaly danalar Oguz hanyň parasatly sözlerini ýat tutupdyrlar, öz döwrüniň oguz wakalaryny rowaýat edipdirler, şeýdip bütin Oguz kowumynyň danasyna öwrülipdirler.

Gorkut atanyň Muhammet pygamberiň zamanyna ýakyn döwürde ýaşap geçendigi barada dürli çeşmelerde maglumatlar gabat gelýär. Ol barada pygamber aleýhyssalam zamanyna ýakyn

döwürde Gorkut ata diýen bir äriň dörändigi, onuň gelip çykyşynyň türkmendigi, Oguz kowumynyň danasydygy aýdylýar. «Näme aýtsa bolardy, gaýypdan habar bererdi, Allatagala onuň köňlüne ylham bererdi» diýilýär.

«Gorkut ata» şadessanyny biz «Kitaby dädem Gorkut» diýen at bilen çap edip, halkymyza ýetirdik. Şadessanda Gorkut ata il-günüň ýaşulusy, maslahatçysy hökmünde peýda bolýar. Ol oguz iliniň serhedini goraýan ýigide ak pata berýär, aşyk-magşugy myradyna ýetirmek üçin sawçylyga gidýär, oguz iliniň ilçisi bolup, Depegözüň ýanyna ugraýar, gaýduwsyzlyk görkezen ýetginjege at dakýar... Türki halklaryň edebiýatyny we folkloryny öwrenmekde köp işleri bitiren alymlar, şol sanda W. M. Žirmunskiý hem Gorkut atany halkyň akyldary we mugallymy hökmünde häsiýetlendirýär.

Oguz türkmenleriniň orta asyrlardaky durmuşyny, syýasy şertlerini, jemgyýetçilik gatnaşyklaryny şöhlelendirýän «Gorkut ata» şadessanynyň many-mazmunyny gahrymançylyk, gaýduwsyzlyk, il-günüň asudalygyny, abadan durmuşyny üpjün etmek, maksada okgunlylyk, ynsanperwerlik ýaly mukaddes ýörelgeler düzýär. Eserde bularyň örän aýdyň, gadymy röwüşde şöhlelenmegi Oguz hanyň wesýetleriniň

unudylmandygyny, ondan gelýän ýörelgeleriň müňýyllyklar aşyp, Gorkut atanyň döwründe-de mizemändigini görkezýär. Şol ýörelgeleriň özeninde durýan bir Taňra ynanmak hem, edil Oguz han döwründe bolşy ýaly, Gorkut ata döwründe-de halkyň dini-imany bolup ýaşaýardy. Elbetde, Oguz hanyň döreden ynam-ygtykat, ýol-ýörelge sütünleriniň kän-kän kyn şertlerde, agyr ýollarda synman, Gorkut atanyň aýdanlarynyň hem dilden--dile, nesillerden-nesle geçip ýören döwürlerinde Muhammet pygamberiň getiren dini yslam görnüşinde halkyň durmuşyna giripdi.

«Kitaby dädem Gorkutdan» käbir setirlere ser salynsa hem muňa düşünip bolar. Bu setirlerde halkymyzyň Taňrynyň birligi hakyndaky gadymy ynanjy bilen birlikde, mukaddes kitaplarda, esasan hem, Gurhanda gelýän Musa Kelim, Mekge bilen Medine, Aly, Düldül, Zülpükar, Hasan hem-de Hüseýin bilen baglanyşykly düşünjeler ornuny tapýar.

– Mere, kafyr, aman! Taňrynyň birligine ýokdur güman. Goň meni, bu agaç-le söýleşeýim – diýdi.

Çagyrub, agaja soýlamyş, görelüm, hanym, ne soýlamyş:

Agaç-agaç diýrsem saňa, arlanma, agaç,
Mekge ile Medinäniň gapusy, agaç,
Musa Kelimiň asasy, agaç,
Böýük-böýük suwlaryň köprüsi, agaç,

Gara-gara deňizleriň gämisi, agaç,
Şahymerdan Alynyň Düldüliniň eýeri, agaç,
Zülfikaryň gyn-le gabzasy, agaç,
Şa Hasan-le Hüseýiniň bişigi, agaç…

Men türkmen we umuman, türki halklaryň taryhy bilen gyzyklanýaryn. Muňa degişli maglumatlary toplaýaryn. Şeýle maglumatlaryň bir ýerde bardygyny eşitsem, olary tapmagyň aladasyny edýärin. Şeýdip, men halkymyzyň taryhyny öwrenmekde möhüm çeşmeler, bolan köp sanly eserler bilen içgin tanyşdym. Olardaky taglymatlardan özümçe netije çykarýaryn. Birhudaýlylyk düşünjesi, bu babatda Oguz hanyň bitiren taryhy hyzmatlary, öz halkyny hem şu ýola salmak bilen birlikde, adamzada hem ýol-ýörelge görkezendigi hakynda oýlanýaryn. Käbir türkolog alymlaryň eserlerinde Oguz han pygamber derejesine çykarylýar. Munuň sebäbi Allatagala uýmakda, ynam-ygtykat birligini, agzybirligi öňe

sürmekde we ornaşdyrmakda Oguz hanyň bitiren işleriniň juda uludygy bilen baglanyşyklydyr.

«Oguznamalaryň» türki halklaryň arasynda asyrlardan-asyrlara geçip, ýörgünli bolup gelmegi diňe onda biziň ata-babalarymyzyň taryhynyň beýan edilýändigi bilen baglanyşyky bolman, eýsem, ondaky gadymy türkmen ynanjy – Taňrynyň birligi baradaky düşünje bilen baglanyşyklydyr. «Oguznamalaryň» bize gelip ýeten nusgalarynyň dürli-dürlüdigine garamazdan, olaryň hemmesinde birhudaýlylyk düşünjesi birmeňzeşdir.

Ibn Fazlanyň dünýäniň ençeme dillerine terjime edilen «Syýahatnama» eseri gadymy maglumatlary özünde jemleýän iň seýrek taryhy eser hasaplanýar. Bu eser Apbasy halypasy Muktadyryň Sakalyp hökümdaryna ýollan ilçisi Ahmet ibn Fazlan ibn Apbas ibn Reşit ibn Hammadyň ýazan eseridir. Ibn Fazlan Bagdada barandan soňra, syýahat eden ýerleri, başdan geçiren geň-taň wakalary, oguzlaryň, bulgarlaryň, başgyrtlaryň we ruslaryň edim-gylymlary baradaky gören-bilenlerini bir ýere jemläp, arap dilinde «Syýahatnama» («er-Rihle») kitabyny ýazypdyr. Şol döwürde diwan kätibi Ibn Fazlan ilçilige iberilýär. Ol Nyşapurdan Sarahsa, Sarahsdan Merwe, Merwden Amula barypdyr.

Ol özüniň Jürjanyýada (Köneürgençde) üç aýdan gowrak wagt bolandygy barada hem ýazypdyr.

«Syýahatnama» eseri oguzlaryň myhmansöýerlik, birek-birege hormat goýmak, sylaşyklylyk ýaly belent adamkärçilik häsiýetlerini, däp-dessurlaryny öwrenmekde hem, özünde gymmatly etnografik maglumatlary jemleýändigi bilen hem juda ähmiýetli eserdir. Eserde gelen myhmanyň harajady bolmasa, ýola gitjek wagty oguzlaryň ony harajat berip ugradýandyklary beýan edilýär. Oguzlaryň bir Taňra uýýandygy nygtalýar. Kynçylyga duçar bolsalar ýa-da halamaýan zadyny görseler, olaryň başlaryny asmana göterip: «Bir Taňry!» diýýändikleri barada aýdylýar. Eserde: «Türki dilde «bir» sözi arapça «wahytdyr», «Taňry» sözi arap dilindäki «Alladyr» diýilýär.

Ýazuw edebiýatymyzyň we halk döredijiligimiziň mirasymyzy öwrenmekde uly ähmiýeti bardyr. Ýazuw edebiýatymyzda, şol sanda nusgawy şahyrlarymyzyň döredijiliginde bir Alla uýmak, Oňa sygynmak we diňe Ondan ýardam dilemek düşünjesi aýdyň görünýär. Şu ýerde akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň käbir setirlerini ýatladaýyn:

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Herne hajatyňny dilegil Hakdan,
Gudraty güýçlüdir, ýaratdy ýokdan.

* * *

Magtymguly, umyt etmek Hudadan,
Ýalbarmak gedadan, ýalkamak şadan.

* * *

Barçanyň ynanjy Kadyr Allaýa,
Alladan özgäge söýenji bolma.

Nusgawy şahyrlarymyzdan, dessanlarymyzdan we beýleki halk döredijilik eserlerimizden mysallary ýene näçe diýseň getirip bolar. «Müň öwlüýäden bir Alla», «Sebäpsiz (Allasyz) çöp başy gymyldamaz», «On iki ymama ýalbarandan, bir Hudaýa ýalbar», «Mert Hudaýdan görer, namart – ýoldaşdan» ýaly atalar sözlerinde-de şeýle düşünje şöhlelenýär.

Oguz han atamyzyň göreldesi we Hudaýyň söýen bendeleriniň – pygamberleriň, welileriň ündewi bolan birhudaýlylyk düşünjesi adamlary birleşdirýär, olarda köňül rahatlygyny, päkligi, yhlaslylygy döredýär. Şeýle adamlar Allatagalanyň nazaryndan hiç bir zadyň sypmaýandygyna, Onuň ähli zady görýändigine ynanýarlar, özleri Haka hem,

halka hem, ýurduna-döwletine hem ikilik etmeýärler we ikilik edýänleri bolsa ýazgarýarlar. Hak işlere berilýärler, halal ýaşaýarlar, sogap gazanýarlar. Muny olar iki dünýäňi abat etmegiň, ahyretde ýalkanmagyň kepili hasap edýärler. Men halkymyzyň müňýyllyklar aşyp gelen, islendik döwürde juda gymmatly bolan şeýle päkize ýörelgesine, belent adamkärçilik häsiýetlerine guwanýaryn. Şuňa görä, türkmen halkymyzyň we tutuş adamzadyň şeýle päk, synmaz ynam bilen ýaşamagyny, birek-birege ýagşylyklar eçilmegini, dünýämiziň parahatçylyga beslenmegi baradaky ýagty arzuw-umytlarymyzy hasyl edýän işlere jany-teni bilen berilmegini, ynanyşmagyny we söýenişmegini, iki dünýä bagtyýarlygyna gowuşmaklaryny arzuw edýärin.

Hormatly okyjy! Şu kitabymda halkymyzyň köp asyrlardan bäri ynanjy bolan yslam dini, yslam dinini goramakda, yslam medeniýetini ösdürmekde we dünýä ýaýmakda türkmenleriň bitiren taryhy hyzmatlary, häzirki döwürde bu diniň biziň halkymyzyň durmuşynda tutýan orny barada hem aýtmak isleýärin. Eýsem-de bolsa, mundan öňürti men birhudaýlylygyň ilkinji kitaby we ony ynsanlara ýetiren Zaratuştra pygamber hakynda söhbet etmelidirin. Zaratuştra pygamber bolsa biziň ata-baba ýurdumyzda – türkmen topragynda

dünýä inendir, ýaşandyr we onuň mukaddes kitaby Awesta hut şu toprakdan dünýä ýaýylandyr.

ZARATUŞTRA WE ONUŇ «AWESTA» KITABY

Men otparazlygyň pygamberi Zaratuştra hakynda «Türkmenistan – Beýik Ýüpek ýolunyň ýüregi» atly eserimiň ikinji kitabynda-da käbir zatlary aýdypdym.

Belli bir taryhy döwürde kuwwatly Amul döwletiniň Baktriýa şalygynyň düzümine girendigi we onuň paýtagtynyň antik alymlaryň eserlerinde ýatlanylýan Zeriaspi şäheri bolandygy baradaky maglumatlar ünsi çekýär. Zeriaspi adalgasy soňra Amulyň günortasyndaky Zergärdepäniň adynda saklanypdyr. Ylmy barlaglar, hakykatdan-da, Amuldan 5 – 7 kilometr günortada ýerleşýän Zergärdepeden we Göbeklidepeden tapylan arheologik gymmatlyklaryň antik döwre degişlidigini görkezdi. «Zeriaspi» sözüniň «altyn atly» manysy bar. Bedewiň ady bilen baglanyşdyrylýan islendik düşünje türkmeniň ruhy dünýäsinde mukaddeslik hökmünde orun alandyr. Gürrüňi edilýän döwürde biziň şöhratymyz hem buýsanjymyz bolan şabaz bedewlerimiziň «Nusaý atlary», «behişdi bedewler»,

«ganatly atlar» ýaly sözler bilen waspynyň ýetirilip, dabarasynyň dag aşandygy baradaky gürrüňler okyjylara ozaldan hem tanyşdyr.

Şu zatlary aýtmak bilen, men ýokarda ýatlan kitabymda pederlerimiz tarapyndan irki döwürlerden bäri ulanylyp gelinýän «altyn», «tylla» sözleri bilen manydaş «zer» sözüniň otparazlygyň pygamberi Zaratuştranyň adynda hem orun alandygyny, hut «zer» sözünden emele gelen «Altyn düýeli» adyny göteren pygamberiň dünýädäki iň gadymy dinleriň biri otparazlygy we onuň mukaddes kitaby «Awestany» döredendigini nygtadym. «Oguznamalarda» we beýleki orta asyr golýazmalarynda Amulyň Oguz hanyň neberesi, Turan yklymynyň hökümdary Afrasiab tarapyndan esaslandyrylandygy ýatlanylýar. Adyl şa Afrasiabyň ady mukaddes «Awestada» Frangrasian diýlip tutulýar. Ferdöwsiniň «Şanama» eserinde Afrasiab pygamber Zaratuştranyň iň ýakyn egindeşi we otparazlygyň merdana goragçysy hökmünde çykyş edýär.

Şeýlelikde, hormatly okyjylar, men şu kitabymda size Zaratuştra pygamber we Awesta kitaby barada has giňişleýinräk gürrüň bermegi makul bildim.

Zaratuştra – bu goşma atdyr, ýagny «zara» – «zer», «ustra» – «düýe» manysynda bolup, «Altyn

düýeli» ýa-da «Altyn düýäniň eýesi» diýmegi aňladýar. «Awestadan» çen tutsak, otparazlar düýe malyny juda oňat görüpdirler. «Düýe malym – dünýe malym» diýýän halkymyzyň häzirem düýä aýratyn garaýşy bar.

Dürli çeşmelere ser salanymda, «otparazlyk dini», «zoroastrizm», «zoroastrianizm», «mazdaýasna» ýaly dini aňladylyşyna gabat geldim. Hususan-da, «zoroastrizm» adalgasy köp ulanylypdyr. Ol pygamber Zaratuştranyň adynyň grekçe aýdylyşy bolan «zoroastr» sözünden gelip çykan adalgadyr. Ony türkmençeleşdirseň, «Zaratuştra dini» diýmegi aňladýar.

Otparazlyk dininiň mukaddes kitaby «Awestada» ata-babalarymyz bolan turlar barada aýdylýar. Onda beýan edilişi ýaly, örän gadymy halk bolan turlar öz serkerdeleri Afrasiabyň («Awestada» Frangrasian) ýolbaşçylygy astynda gaýduwsyz hereket edýärler. Görnüşi ýaly, biziň halkymyz otparazçylygyň ýüze çykan wagtlarynda hem bireýýäm dörän, juda gadymy halk hasaplanypdyr.

Zaratuştra pygamberiň «Awesta» kitaby Oguz han atamyzyň birhudaýlylyk baradaky ýörelgesi dünýä ýaýrandan soň ýüze çykypdyr. Şuňa görä, şeýle diýmekçi: «Awestada» Oguz hanyň Hudaýyň birligi baradaky taglymaty dowam etdirilipdir.

Şonuň bilen birlikde, «Awesta» birhudaýlylyk baradaky ilkinji kitapdyr. Mundan hem başga Zaratuştranyň dini dünýä dinine öwrülmek bilen, onuň «Awestasy» dünýä dininiň ilkinji kitabydyr. Birhudaýlylygyň we dünýä dininiň ilkinji kitabynyň Türkmenistanyň çäklerinden dünýä ýaýylmagy biziň topragymyzyň juda keramatly toprakdygy, halkymyzyň gadymyýetden bäri baý ruhy-medeni mirasa eýe bolandygy, türkmen topragynyň bütin adamzadyň aň-düşünjesine, medeniýetine örän gymmatly, gaýtalanmajak baýlygy berendigi barada ýene bir gezek buýsanç bilen aýtmaga esas berýär.

«Awesta» kitaby ençeme özbaşdak kitaplardan ybarat. Şol kitaplaryň mazmuny bitewi halda zorastrizm taglymatlaryny öz içine alsa-da, olaryň her birinde aýry-aýry mazmun bar. Otparazlyk dinini esaslandyryjy Zaratuştra adamlaryň ýeke-täk Hudaý, beýik Ýaradyjy bolan Ahura Mazda uýmagyny, oda çokunmagyny ündäpdir, birhudaýlylygyň kitabyny – «Awestany» wagyz edipdir. «Awesta» sözi wesýetnama, nesihatnama, üýtgewsiz ýa-da jedelsiz kada-kanunlar diýen manyny berýär. «Awestada» Ahura Mazda bilen bir hatarda, başga dürli hudaýlar – erkek adamlaryň hudaýy Mitran, asman suwlarynyň hudaýy, mallaryň we hasyllylygyň hudaýy barada hem aýdylýar.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Käbir çeşmelere görä, Zaratuştra miladydan öňki VII asyrda ýaşap geçipdir. Başga bir çeşmeler Zaratuştranyň miladydan öňki 1700 – 1500-nji ýyllar aralygynda ýaşap geçendigini delillendirýärler. Dürli wagtlarda dürli ýurtlaryň, dürli halklaryň wekilleri bolan alymlar Zaratuştranyň Margianada ýaşap geçendigi, beýleki ülkelere-de barandygy barada hem anyk delillere salgylanyp ýazypdyrlar. Şoňa görä, «Awesta» degişli kitaplaryň ençemesiniň dörän ýerleri Türkmenistanyň çäkleridir. Şonuň bilen birlikde, bu din sebitiň giň ýerlerine, hatda ondan alyslara-da ýaýrapdyr. Bar bolan deliller, edil türkmenler ýaly, Orta Aziýanyň we sebitiň beýleki halklarynyň hem bu gadymy medeni mirasdan üzňe bolup bilmejekdiklerine güwä geçýär. Parslaryň gadymy atalary bolan ahameniler we sasanylar hem otparazlyk dinine uýupdyrlar.

Zaratuştra we onuň dini taglymaty juda irki döwürlerden bäri Günbatar ýurtlaryna hem belli bolupdyr. Mysal üçin, miladydan öňki 465 – 425--nji ýyllarda ýazylan giňişleýin işde ol hakynda agzalýar. Zaratuştranyň dini Ýunanystana bu ýurtda hristian dini kabul edilmezden, takmynan, dört asyr öň ornaşypdyr. Ol hakynda Platon bilipdir. «Awesta» Günbatar ýurtlarynda gadymy Aziýa pähim-paýhasyna wekilçilik edipdir.

B. e. öňki II müňýyllykda Marguş ýokary derejede ösen, başynda beýik hökümdary oturan döwlet bolupdyr. Eýýäm şol döwürde Marguşyň halky otparazlyk dinine uýupdyr. Adamlar oda keramatly zat hökmünde çokunypdyrlar. Otparazlyk zamanynda ojak mukaddes hasaplanyp, oňa «ataşhana» diýipdirler. Ojak biziň halkymyzda hemişe we şu gün hem mukaddes hasaplanylýar. Halkymyz «ojagyň abatlygy», «ojagyň odunyň sönmezligi», «ojagyň ýylysy» ýaly düşünjeleri tutuş öýüň abatlygy, maşgalanyň abadançylygy, tutuş öýüň ýylysy, maşgala agzalarynyň birek-birege we il-güne mähremligi, dünýäniň abadançylygy, ýaşaýşyň rahatlygy manysynda ulanýar.

«Awesta» kitabynda biziň ata-babalarymyzyň uzak geçmişlerde guran Parfiýa, Nusaý, Margiana, Horezm, Girkaniýa, Baktriýa (Balh) ýaly beýik döwletleridir uly şäherleri agzalýar. Bu kitapda gadymy Marguşuň ady «Mouru» diýlip atlandyrylypdyr. «Awestada» şeýle sözler bar: «Men Ahura Mazda, bäşinjiden, ýaşaýşa iň amatly ýerlerden we ýurtlardan Margiana bilen Baktriýanyň arasynda (ýerleşen) Nisaýany döredendirin». Alymlaryň aglabasy şu ýerde getirilýän Nisaýany Parfiýanyň paýtagty Nusaý diýip hasap edýärler.

«Awestada» agzalýan Urba şäherini bolsa alymlar Ürgenç diýip düşündirýärler.

Zaratuştranyň ömri hem durmuşy barada «Awestanyň» iň gadymy bölegi bolan Gatlarda (dabaraly dini aýdymlar) maglumat berilýär. «Awestanyň» 17 bapdan ybarat bolan bu bölegindе görkezilişine görä, Zaratuştra «kanunyň däl-de, güýjüň» hökmürowanlyk eden döwründe ýaşapdyr. On bäş ýaşynda bilim-sowat alyp, ruhanylyga ýetişen Zaratuştra öz güzerany bilen meşgul bolup, parahat oturan halkynyň üstüne kesekileriň dowamly çapawulçylykly çozuşlaryny, bigünä adamlaryň gyrgyna berlişini, olaryň emläkleriniň talanyp, mallarynyň sürlüp äkidilişini gözi bilen görüpdir. Zaratuştra bu zorlugyň, sütemiň, eden-etdiligiň garşysyna ýekelikde göreş etmegiň netije bermejekdigine ymykly göz ýetiripdir. Ol adalatly jemgyýeti gurmagyň zerurdygyna düşünipdir we bu babatda ymykly tagalla edip ugrapdyr.

Zaratuştra şeýle bir jemgyýetiň esasy ýörelgelerini işläp düzüpdir, oňa görä, täze jemgyýetde adamlar garypdygyna ýa baýdygyna, güýçlüdigine ýa ejizdigine garamazdan, kanunyň öňünde deň bolupdyr.

Ol ýigrimi ýaşyna ýetende, dogduk mekanyny taşlap, öz taglymatyny wagyz-nesihat etmek üçin,

çet ýurtlara gidipdir. Şondan 10 ýyl geçenden soň, oňa ýokardan aýdyňlyk gelipdir. Ýagny bir gün säher bilen Hudaýa çokunmak üçin, derýanyň kenaryna gelende, Zaratuştranyň öňünde birden Wohi Mana (Bahman) atly perişde peýda bolupdyr we ony Ahura Mazdanyň ýanyna alyp barypdyr. Şonda Zaratuştra älemde ýeke-täk Hudaýyň bardygyna, onuň Ahura Mazdadygyna göz ýetiripdir. Aýdyňlyk alan Zaratuştranyň wezipesi hem aýdyňlaşypdyr. Şeýlelikde, ol Ýokary Hudaý Ahura Mazdanyň pygamberi hökmünde öz dinini dürli halklaryň arasynda ýaýratmagyň ugruna çykypdyr. Zaratuştra dinini öz taýpasynyň arasynda wagyz-nesihat edip ugrapdyr. Emma, birinjiden, taýpadaşlarynyň bir toparynyň gulak asmandygy, agzalalygy zerarly, ikinjiden bolsa, öz dinini has giň ýerlere ýaýratmak islegi bilen baglanyşykly ol öz dogduk mekanyndan beýleki ýakyn-u-uzak ülkelere tarap ýola düşüpdir.

Zaratuştra Orta Aziýanyň, Eýranyň dürli künjeklerine, Ýakyn Gündogar ýurtlaryna, Hindistana baryp, wagyz-nesihat işlerini edipdir. Köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Ahyrsoňy onuň taglymatyny Orta Aziýanyň we Eýranyň gadymy mifik patyşalarynyň biri Wistaspa kabul edipdir. Bu hökümdar Zaratuştranyň penakäri bolupdyr,

onuň dinini ýaýratmaga kömek edipdir. Zaratuştra 77 ýaşynda dünýäden ötüpdir.

Zaratuştranyň dini iki başlangyçly, ýagny dualistik taglymatdyr. Onuň esasynda dünýäniň gurluşy we adamzat durmuşynyň ýüze çykyşy bilen bagly iki sany mizemez başlangyç – biri-biri bilen barlyşyksyz, gapma-garşylykda bolan iki sany ruhy güýç durýar. Olaryň birinjisi ýagtylygyň, adalatlylygyň, asyllylygyň, ähli päk, gowy we nepis zatlaryň ruhudyr. Onuň başynda Ýokary Hudaý Ahura Mazda durýar. Ikinjisi, nejisligiň, zalymlygyň, betpälligiň, kezzaplygyň, ölümiň we gaýry erbetlikleriň ruhudyr. Onuň başynda zalym hem melgun, abat zatlary bibat ediji, gowy zatlary berbat ediji, döwleriň ýolbaşçysy Anha-Manýu durýar. Bular biri-biriniň garşysyna müdimilik göreş alyp barýarlar. Ýeke-täk hem hakyky Hudaý – Ahura Mazda, erbetligiň ruhy bolsa Hudaý däl diýlip ykrar edilipdir.

Kimde-kim oňat ruhuň ýoly bilen gitse, oňa diňe gowulyk garaşýandyr. Kimde-kim ýaman ruha eýerse, onuň barjak ýeri erbetlikdir.

«Awestanyň» bir nusgasyny ahemeni patyşasy göçürdipdir, ol «Uly ahemeni Awestasy» adyna eýe bolupdyr. «Uly ahemeni Awestasy» 21 kitaby öz içine alypdyr. Ol iki nusgada altyn suwy çaýylan syýa bilen, käbir maglumatlara görä, 12 müň, beýleki

maglumatlara görä, 30 müň öküziň hamyndan ýasalan kagyzyň ýüzüne ýazylypdyr.

Bu nusga miladydan öňki IV asyrda Eýrany we Orta Aziýany Aleksandr Makedonskiniň basyp almagy netijesinde, onuň buýrugy bilen ýakylypdyr. «Awestanyň» gadymy metinininiň bir nusgasy bolsa, Aleksandryň buýrugyna laýyklykda, grek diline terjime etmek üçin, Aleksandriýa kitaphanasyna iberilipdir. Munuň özi Zaratuştra dininiň we «Awestanyň» başyna inen ilkinji agyr muşakgat bolupdyr.

Aradan müň ýyldan gowrak wagt geçenden soň, edil Aleksandr Makedonskiniň miladydan öňki 330-njy ýylda Persopol we Samarkant şäherlerinde eden ýowuz hereketleri ýaly zabun hereketleri, şol bir sebäbe görä, miladynyň 712-nji ýylynda Horasanyň hökümdary Kuteýba ibn Muslim al-Bahili Horezmde gaýtalapdyr. Abu Reýhan Biruny bu ýagdaýy şeýle beýan edipdir: «Kuteýba Horezmi hatyny bilýänleri we horezmlileriň ylmyndan, rowaýatlaryndan baş çykarýan adamlary uçdantutma gyrdy. Ol Horezmiň ilatyny şeýle bir ýowuz güne saldy, şondan soň olaryň rowaýatlary bütinleý gizlin bolup galdy. Hatda yslam dini bu ýurda ýaýrandan soň hem horezmlileriň nähili ýagdaýa düşenini biler ýaly bolmady». Abu Reýhan Biruny ýene şeýle nygtapdyr: «Kuteýba din hadymlaryny öldürdi, olaryň kitaplaryny we

dolama eserlerini oda ýakdy, horezmliler bisowat bolup galdylar».

Hernäme-de bolsa, «Awestanyň» metinleri Aleksandryň imperiýasy ýykylandan soň hem, kuwwatly Parfiýa şadöwleti döränden soň hem, ep-esli wagtyň dowamynda üzlem-saplam, pytraňňy bir ýagdaýda il içinde ýaşapdyr. Parfiýa eýýamynda «Awestanyň» metinlerini täzeden neşir etdiren Parfiýanyň ilkinji patyşasy Ärsak I-niň neberesinden bolan Wologez I-dir. Ol şadöwletiniň welaýatlaryna baranda, ilata «Awestanyň» asyl nusgalaryny aýawly saklamagy, olary nähili görnüşde gelip ýeten bolsa, şonuň ýaly edip, üýtgetmän, ýurduň merkezi şäheri üçin sünnäläp göçürmegi buýrupdyr. Şeýle hem, bu mukaddes kitaplar bilen baglanyşykly, ýazuw görnüşinde bolsun, ýatda galan we dil üsti bilen gelip ýeten düzgünnamalar bolsun, näme tapylsa, ählisini ýazuwa geçirmegi buýrupdyr. Munuň özi taryha «Ärsaklar Awestasy» ady bilen giripdir.

Şeýlelikde, Aleksandr Makedonskiniň tozgunçylyklaryndan soň, halkymyzyň we adamzadyň bu gymmatly taryhy mirasyna eýe çykan, «Uly ahemeni Awestasynyň» metinini ilkinji bolup dikelden we ony ýene-de aremeý elipbiýi bilen täzeden göçürden Parfiýa patyşasydyr. Diýmek, parfiýalylar bu meselede täzeçillik görkezenler,

başlangyç berenler bolupdyrlar. Şondan soň Sasany döwletiniň hökümdarlary parfiýalylaryň bu taryhy başlangyçlaryny dowam etdiripdirler.

Zaratuştra dinine uýýanlar özleriniň «Awestany» düzýän mukaddes kitaplarynyň aglabasyny yslam döwründe hem tas bäş ýüz ýylyň dowamynda saklap gelmegi başarypdyrlar. Ol kitaplaryň soňra doly aradan aýrylmagynyň esasy sebäbi bolsa Orta Aziýanyň halklarynyň uçdantutma yslam dinini kabul edip almagydyr. Ýüze çykan täze şertlerde köne diniň täze kitaplaryny ulanmak zerurlygy bolmandyr. Yslam dinini kabul edip alan täze nesliň çagalary şol diniň täsirinde ösüp-ulalypdyrlar. Olar ýaşlykdan «Awestanyň» aýatlarynyň deregine «Gurhanyň» dogalaryny öwrenipdirler.

«Awesta» Türkmenistanyň gadymy döwür taryhyny, edebi we medeni mirasyny öwrenmekde örän gymmatlydyr. «Awestanyň» kitaplarynyň biri «Widewdatyň» («Döwlere garşy kanun») berýän maglumatlaryna görä, älem-jahan gurlup, Ýeriň ýüzünde adamzat durmuşy peýda bolandan soň, Ýokary Hudaý Ahura Mazdanyň döreden 16 sany ýurdunyň birnäçesi Türkmenistanyň çäklerinde ýerleşýär. «Awestany» köp taraplaýyn öwrenen, teswirlän käbir alymlar bu ýurtlar diýip iki ýa-da üç ýurdy görkezýärler. Emma men «Awestada»

ady gelýän we biziň halkymyzyň döreden taryhy döwletleriniň, öý-ojak edinen ýurtlarynyň sany bu diýilýänden kändir diýip pikir edýärin. Şeýlelikde, «Awestada» Hudaýyň dünýäde döreden ýurtlarynyň hatarynda sanalýan ýurtlaryň ençemesi biziň ata--baba taryhy watanlarymyzdyr – Horezmdir (onuň içinden akyp geçýän derýa bolsa, «Awestada» görkezilişi ýaly, Amyderýadyr), Margianadyr, Parfiýa we onuň paýtagt şäheri Nusaýdyr, Girkaniýadyr, Türkmen Baktriýasy – Balhdyr. Şulary Zaratuştranyň we onuň mukaddes dinininiň watany hasaplamak hem örän dogrudyr. Bir söz bilen şeýle diýip bolar: Zaratuştra dinininiň, onuň mukaddes kitabynyň deslap dörän we ýaýran ýeri Türkmenistandyr.

Türkmen topragynyň Zaratuştra dinininiň watanydygyny, deslap ýaýran ýurdudygyny professor W.I.Sarianidiniň alyp baran gazuw--agtaryş işleri hem tassyklaýar. Alym «Marguş» atly kitabynda bu barada şeýle ýazýar: «Togalak-21» ybadathanasynda geçirilen gazuw-agtaryş işleri dine bagyşlanan ilkinji düýpli desgany ýüze çykardy, ol soňra ilkinji dünýä dini bolan Zaratuştra dininde öz dowamatyny tapypdyr we ösdürilipdir. Gadymy marguşlylaryň şu dine dahylly zatlara sadyklygynyň ýene bir subutnamasy Marguş ýurdunyň hakyky paýtagty Goňurda geçirilen gazuw-agtaryş işleri

netijesinde peýda boldy, bu ýerde geçirilen köp ýyllyk yhlasly gözlegler netijesinde Merkezi Aziýadaky ilkinji kilisäniň («semenosuň») ýa-da «keramatly mekanyň» ýerleşiş ýagdaýy doly ýüze çykaryldy».

Awtor öz işiniň beýleki bir ýerinde şeýle nygtaýar: «Gadymy Margiananyň rowaýatdyr hekaýatlarynyň soňra gaýtadan işlenilen görnüşde Zaratuştra tarapyndan öz taglymatyna girizilendigi täsirli subutnama bolup durýar. Munuň özi bolsa, öz nobatynda, Zaratuştraçylyk dinininiň ýüze çykmagy has äşgär ýagdaýda mümkin bolan merkezleriniň biri hökmünde Margiana hakyndaky düşünjäni emele getirýär».

Gazuw-agtaryş işleri netijesinde Margiananyň harabaçylygyndan Zaratuştranyň heýkeli hem tapyldy.

Biri-biriniň üstüni ýetirýän birtopar aýdyň deliller, ylmy seljermeler, arheologik barlaglaryň anyk netijeleri, hakykatdan-da, bu diniň türkmen topragynda dörändigine hem ösendigine hiç hili şübhe goýmaýar.

Ýeri gelende, ýurdumyzyň çägindäki gadymy Zaratuştra ybadathanasy hakynda hem aýdaýyn. Bilelikdäki türkmen-polýak arheologik topary 1995–2000-nji ýyllarda Köne Sarahs şäheriniň

erkgalasynda we şähristanynda gazuw--agtaryş işlerini alyp bardy. Olaryň Melehaýran ýadygärliginde 1997-nji ýylda başlan işleri 2009-njy ýyla çenli tapgyr-tapgyr dowam etdirildi.

Ilkibaşda Melehaýran depesi sasany emeldaryna degişli bolan köşk-galadyr diýlip çaklanylypdy. Emma gazuw-agtaryş işleriniň barşynda ataşgähiň binýady tapylyp, ýadygärligiň otparazçylyk dinine degişli ybadathanadygy anyklanyldy. Bir ýarym gektar meýdany tutýan bu ýadygärlik biziň eýýamymyzyň II – V asyrlaryna degişli hasap edilýär.

Melehaýran ýadygärliginden tapylan sypalaryň ýüzündäki gül we ösümlik bezeg şekilleriniň juda gadymydygyny, şonuň ýaly-da, henize-bu güne çenli halkymyzyň durmuşyndan aýrylmandygyny aýtsam, munuň özi köp zada şaýatlyk edýändir. Şol şekilleri häzirki döwürde türkmen gelin-gyzlarymyzyň şaý-sepleriniň ýüzünde-de görmek bolýar.

Ýene bir zady belläýin! Ýadyňyzda bolsa, men «Ahalteke bedewi – biziň buýsanjymyz we şöhratymyz» atly kitabymda hut Melehaýrandan tapylan, şirmaýydan ýasalan at üstündäki adam şekiliniň suratyny ýerleşdiripdim. Munuň biziň köp öwüşginli, baý taryhymyzyň ähli gymmatlyklarynyň biri-biri

bilen aýrylmaz baglanyşygyny aňladýandygy üçin hem, men muňa uly ähmiýet berýärin.

«Awesta» kitabynyň dini däpler hem-de baýramçylyklar bilen bagly ýazgylary şol döwürdäki ybadathanalarda okalypdyr. Otparazçylyk dinine degişli ybadathanalar biziň ýurdumyzda Akdepede, Artykda hem tapylandyr. Melehaýrandan tapylan ybadathana käbir aýratynlyklary bilen olardan düýpli tapawutlanýar, alymlar ony dünýäde deňi-taýy bolmadyk arheologik tapyndy diýip atlandyrýarlar. Bu otparazçylyk ybadathanasy bütin dünýäde uly gyzyklanma döretdi. Ol hakynda haýran galmak bilen, dünýäniň teleýaýlymlarynda aýdylandygyna, metbugatynda ýazylandygyna buýsanmalydyrys.

Demirgazyk Türkmenistanyň antik döwrüniň şäheri bolan Aýböwür galasynyň harabaçylygyndan tapylan, küýze döwüginiň ýüzüne arameý harplary bilen ýazylan gysgajyk «Awesta» metini dogrusynda hem ýatlasam ýerlikli bolar. Miladydan öňki V asyra degişli bolan bu ýadygärlik otparazlyk dininiň halkyň bütin durmuşyna düýpli ornaşandygyna, «Awestanyň» sözleriniň gap-gaçlaryň ýüzlerine çenli doga edilip ýazylandygyna şaýatlyk edýär.

Otparazlyk dini baradaky pikirlerimi jemläp aýtsam, ol müňýyllyklaryň dowamynda biziň

halkymyzyň durmuşynda uly orun eýeläpdir, asyrlaryň dowamynda halk bu dine uýupdyr, dini ynanç hökmünde ol Gündogar halklarynyň arasynda giňden ýaýrapdyr, Günbatar medeniýetine öz täsirini ýetiripdir. Bu gün biz otparazçylyk bilen baglanyşykly käbir ynançlaryň şonça uzak we agyr ýol geçip, ýitmän saklanyp galandygyny görýäris. Halk arasynda häli-häzirlere çenli ýaşap gelýän şaman ot, ýagny gijeki ot dessury, oduň üstünden bökülmegi, ot adamy kesellerden halas edýär diýen ýaly ynançlar we beýlekiler otparazlyk düşünjeleri bilen baglanyşyklydyr.

GADYMYÝETE NAZAR

AHLAKY DURMUŞYŇ BINÝADY

Bu hakynda kän edebiýatlary dörüp, örän çylşyrymly hem örän düşnükli pikir-garaýyşlaryň dünýäsine girdim. Çylşyrymlydygynyň sebäbi, munuň adamzadyň ýaradylyşyndan başlap, kyýamat-ahyra çenli ähli zady – ähli döwri öz içine alýandygy, şu aralykdaky ýaşaýşyň bütin kada-kanunlaryna seredýändigi, üstesine, bular barada dürli döwürlerde dürli döwletlerden, dürli milletlerden bolan alymlaryň her taraplaýyn pikir ýöredendigi, olaryň içinde yslam ulamalaryndan başlap, dürli garaýyşly we dürli ylymlara degişli alymlaryň bardygy bilen baglanyşyklydyr. Düşnüklidiginiň sebäbi, yslamyň biziň ata-babalarymyzyň kabul eden, şu günlerem halkymyzyň uýup ýören dinidiginden hem başga, onuň asyl esaslarynyň, düýp özeniniň biziň halkymyzyň Oguz han atamyzyň döwründen bäri gelýän dini garaýyşlary bilen umumylaşýandygy, ylalaşýandygy, birdigi bilen baglanyşyklydyr.

Şeýlelikde, yslam näme? «Yslam» sözi «boýun bolmak», «tabyn bolmak», «ýaraşyk etmek», «salamata gowuşmak» manylaryny aňladýar. Gurhana hem pygamber hadyslaryna görä, yslam Allanyň hak dinidir. Din alymlary yslamy berk din, dogry ýol, ynsan tebigatyna has mynasyp hem laýyk birhudaýlylyk dini, Alla tarapyndan döredilen asyl din, Alla tarapyn ynsanyň tebigatyna bagyş edilen Ýaradany tanamaga, Haky kabul etmäge bolan meýil manylarynda hem düşündirýärler.

Gurhana görä, Muhammet aleýhyssalamyň VII asyryň başlarynda ynsanlary çagyran dini täze ýüze çykan din däldir, ol ozal adamlaryň özleri tarapyndan ýoýlup, üýtgedilip, soňra Allanyň hak dininiň täzeden dikeldilmeginden ybaratdyr.

Gurhan adamyň öz Ýaradanyny tanamalydygyny we Oňa gulluk etmelidigini öwredýär. Her dogan çaganyň şol tebigata eýedigi, ýaradylyşyndaky şol aýratynlygynyň ýahudyçylyk, hristiançylyk ýa-da otparazlyk şekilinde emele gelşiniň maşgalanyň hem daş-töweregiň täsiriniň netijesinde peýda bolýandygy din barada ýazylan kitaplarda aýdylýar.

Bendäniň Ýaradany tanap, Oňa gulluk etmegine Allanyň ýardam berýändigi, ondaky şol «dogabitdi,

tebigy» duýgyny we aňy ylahy wahyý bilen ugrukdyryp, ony eýesiz goýmaýandygy Gurhanda beýan edilýär. Allatagala iň gözel şekilde ýaradylan ynsanyň ýaradylyşyna laýyk görnüşde ýaşamagy üçin, oňa ýol görkezer ýaly, pygamberleriň üsti bilen ýörelgeleri iberipdir. Şol ýörelgeler toplumyna «Hakyň dini» diýilýär.

«Yslam» sözüne onuň «iman» sözi bilen gatnaşygy taýdan kesgitleme bermäge çalşan irki döwür alymlary ony «Alla bütinleý boýun bolmak, Onuň hökümlerine hem emirlerine uýmak, kişiniň özüni bütinleý Alla tabşyrmagy, diňe Oňa gulluk etmegi, Oňa şärik goşmazlygy» ýaly görnüşlerde düşündiripdirler. Soňky döwürlerde ýazylan işlerde bolsa yslam «ýürekdäki ynanjy dil bilen beýan edip, iş we hereket bilen ynanjyň talap edýän zatlaryny ýerine ýetirmek arkaly Allanyň höküm eden ähli zatlarynda Oňa boýun hem tabyn bolmak, hezreti Muhammet pygamberiň habar beren zatlaryny ýürekden kabul edip, olara uýmak» görnüşinde has giňişleýin düşündirilýär. Bir adamyň musulman bolmagy onuň men-menlikden halas bolmagyny, güýjüne gereginden artyk buýsanmazlygyny üpjün edýändir.

Şeýlelikde, yslam hezreti Muhammet pygambere baş taglymatlary hem esaslary wahyýyň üsti bilen Alladan gelen, bu babatda ilkinji amallaryň pygamberiň gös-göni özi tarapyndan ýerine ýetirilen, wagtyň geçmegi bilen musulman jemgyýetler tarapyndan adamzadyň aň-zehininden, amaly tejribelerinden hem peýdalanmak arkaly kämilleşdirilen dindir, dünýägaraýşyň ynsan, jemgyýet, döwlet ýaly meselelerinde özüne mahsus ýörelgeleri, pelsepesi bolan taryhy tejribäniň, medeniýetiň, ruhy hem maddy gymmatlyklaryň umumy adydyr.

Yslam iň soňky pygamberiň adamlara ýetiren dini bolmak bilen birlikde, öňki pygamberleriň halklara ýetiren hak ýola çagyrmagyň esasyny – Allanyň birligini ykrar edip, Onuň eradasyna boýun bolmak ýörelgesini düzýän dinleriniň hem adydyr. Şu nukdaýnazardan, yslam hem ilkinji, hem iň soňky dindir. Şol sebäpden, Allanyň ýanynda ýeke-täk din yslamdyr diýip, mukaddes Gurhan düşündirýär. Şunuň bilen baglylykda, Hezreti Adam ata bilen başlaýan wahyý däbiniň soňky halkasy bolan yslam pygamberler tarapyndan getirilen, ýöne wagtyň geçmegi bilen ýatdan çykarylan ýa-da adam

tarapyndan her hili üýtgemelere sezewar edilen ylahy taglymatyň (habaryň) kyýamata çenli dowam eder ýaly düzedilip, täzeden beýan edilişiniň adydyr. Gurhandaky: «Bu gün siziň üçin diniňizi kemala getirdim, size bolan nygmatymy doly tamamladym we siziň üçin din hökmünde yslamy saýladym» diýen aýatyň hem şuny subut edýändigini bu ugurda işleýän alymlar aýdýar.

Alla tarapyndan soňky pygamber hökmünde hezreti Muhammet pygamber saýlanyp, üstüne wezipe ýüklenenden soň, 610-njy ýylda Mekgede onuň üsti bilen adamzada gelmäge başlan wahyýyň gelip durmagy ýene ýigrimi üç ýyllap dowam edýär. Pygamber bu wahyýa esaslanýan dini düşündirip, kadalaryň hem dini jogapkärçilikleriň ýerine ýetirilişini durmuşda görkezýär, yslam jemgyýetini döredýär. Şol sebäpli, yslam dinine akyl ýetirmekde Gurhanyň hem-de pygamberiň kesgitleýji orny bardyr.

Yslamyň esasy çeşmeleriniň Gurhan hem sünnetdigi (pygamberimiziň ýoly, taglymaty) musulman taryhynyň her döwründe subut etmegi talap etmeýän hakykat hökmünde kabul edilipdir. Muhammet pygamberiň döwründen başlap,

musulman halklaryň düşünje hem amaly durmuşy şol iki çeşmäniň çäginde kemala gelendir.

Bir adamyň musulman bolmagy üçin ilki kelemeýi-şahadatyň, ýagny «Alladan başga ybadata laýyk hiç bir hudaýyň ýokdugyna, Muhammediň onuň resulydygyna şaýatlyk edýärin» diýen sözüň manysyna düşünip, ony dili bilen aýtmagy, soňra namaz okamagy, remezan aýy roza tutmagy, zekat bermegi we haj ybadatyny berjaý etmegi parzdyr.

«Iman» sözi «dogry saýyp tassyklamak, ynanmak» manysyny aňladýar, dini kabul etmegiň we mömin hasaplanmagyň düýp esasyny düzýär. Iman «Alladan alyp, din diýip adamlara beýan edip ýetirendigi anyk bolan meselelerde pygamberleri ykrar etmek we olara ynanmak» diýmekdir. Bu ynanja eýe bolan adam «mömin», ynanjynyň talap edýän zatlaryny berjaý edýän «musulman» diýlip atlandyrylýar.

Mukaddes Gurhanda we pygamberimiziň sünnetlerinde nygtalyşyna görä, dünýä hem ahyret bagtyýarlygy ynanç hem ýagşy işler bilen aýrylmaz baglydyr. Diýmek, bu meselede ynanç, ýagny iman bilen amal hemişe bir bolmaly, ýagny adam diňe ýagşy işlere ynanýandygyna arkaýyn bolman, ol işlere amal hem etmelidir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Imanyň esaslarynyň düýp özeni, esasan, Allanyň hökmürowanlygyna boýun egmekden, iberen ilçilerini (resul, nebi) tassyklamakdan ybaratdyr. Şu nukdaýnazardan, iman edilmäge degişli meseleler Gurhanyň hut özi bolup durýar. Şeýle-de bolsa, irki döwürden bäri musulman alymlary, bilim hem ylym jähetinden aňsatlyk döretmek maksady bilen, iman esaslaryny belli-belli temalara bölüp öwrenipdirler. Şunda olar, ilki bilen, Allatagala iman getirmek hakynda aýdypdyrlar.

Öňde-de aýdyşym ýaly, Gurhan her bir adamyň älemi ýaradan hem ony dolandyrýan bir beýik barlygyň bardygyny kabul edip biljek ukypda ýaradylandygyny nygtaýar. Ynançsyzlyk – munuň üstüniň emeli görnüşde örtülip, hereketden galdyrylmagydyr. Köre-körlük bilen eýermek, tekepbirlik, biderek höwes we meýilleriň yzyna düşmek, erk-eradasyzlyk ýaly, päsgel berýän sebäpler bolmasa, Allanyň barlygyny adaty ýagdaýda inkär edip bolmaýar. Hut şonuň üçin, yslam dininde adamzat üçin iň uly howp saýylan şirki (Hudaýa şärik goşmagy) ret etmäge aýratyn ähmiýet berilýär. Alladan başga hiç bir ýaradany we çokunylýan taňryny kabul etmezlige esaslanýan

towhyt ynanjy yslamyň esasy aýratynlygydyr. Şoňa görä, mömin adam Alla bilen gönüden-göni gatnaşyk saklamalydyr, doga-dileglerini we ähli ybadatlaryny Oňa etmelidir, bagyşlanmagyny araçysyz diňe Ondan islemelidir.

Beýik Biribara diňe Ony sypatlandyrýan sözler arkaly ýüzlenmek mümkindir. Bu sözler Allanyň diňe Özüne mahsus we Özüne mynasyp atlary hem sypatlarydyr.

Allanyň ylym, gudrat, erada sypatlary bilen baglanyşykly bolan kadar (gadar) – Allanyň her bir zady, wakany ozaldan meýilleşdirip, takdyr edip ýazmagy, zamany we wagty gelende-de ony ýaratmagy diýmekdir. Allanyň ýanynda her bir zadyň ölçegi – mukdary bar. Ol her bir zady belli ölçeg – kadar bilen inderýändir. Ol her bir zady bir meýilnama – kadara görä ýaradýandyr. Adamlar islänini iman, islänini hem inkär edip bilýär, bular adamyň öz erk-ygtyýaryna goýlandyr. Ýöne edýän ýagşy amallary özleriniň bähbidine, ýaman amallary bolsa özleriniň zyýanynadyr. Amallaryna görä hem jennete ýa-da jähenneme girerler. Alla bendelerine asla zulum edýän däldir diýlip, mukaddes kitapda düşündirilýär.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Gurhanda we hadyslarda «resul», «mürsel», «nebi» diýilýän pygamberler, Alla bilen bendäniň arasynda hem habarçy, hem bir ilçi bolup, imanyň durmuşa geçirilmegini ýola goýýarlar, diniň aýratyn şahsyň we jemgyýetiň durmuşyndaky ölçeglerini hem çäklerini kesgitleýärler. Hezreti Adam ata bilen hezreti Isadan beýleki pygamberler ene-atadan dünýä inip, ynsana mahsus häsiýetlere eýe bolupdyrlar, dünýä işleri bilen meşgullanyp, beýleki adamlar ýaly hem dünýäden ötüp gidipdirler. Pygamberleriň wezipeleri iň soňky pygamberiň mysalynda şeýle beýan edilýär: «Eý, pygamber! Biz seni şaýat, buşlukçy hem habardar ediji, Allanyň ygtyýar bermegi bilen Onuň ýoluna çagyryjy we nur saçýan çyra hökmünde iberdik». Alla tarapyndan pygamber edilip iberilendiklerini adamlara subut etmek üçin, Allatagala pygamberlere mugjyzalar (adatdan daşary ukyp-başarnyklar, gudrat) beripdir. Pygamberler sadyk, dürs, pygamberlik wezipelerinde ýalňyşmakdan, şahsy durmuşlarynda-da şahsyýetlerine şek ýetirjek hereketlerden goragly, Ýaradana hormat goýýan, ýaradylanlara mähriban adamlardyr. Alladan wahyý alýandyklary jähetinden beýleki adamlardan tapawutlanmak bilen birlikde,

Alla bermese, gudrat (mugjyza) görkezip bilmeýärler, Alla bildirmese, gaýyby (akylyň hem duýgularyň üsti bilen bilip bolmaýan zatlary) bilmeýärler.

Imanyň esaslarynyň biri hezreti Muhammet pygambere inderilen wahyý bilen birlikde Allatagala tarapyndan ondan öň inderilen kitaplara hem iman getirmekdir.

Perişdelere (meleklere) iman getirmek ynanç esaslarynyň biridir. Perişdeler Allanyň emrlerine gyşarnyksyz boýun bolan nurana barlyklardyr. Olar mydama Allatagala tagzym etmek, sejde etmek, Onuň buýruklaryny ýerine ýetirmek, pygambere salawat we salam aýtmak, möminler üçin doga edip, olaryň günäleriniň geçilmegini dilemek ýaly işleri ýerine ýetirýärler. Perişdeleriň içinde dereje taýdan iň ulularyndan bolan Jebraýyl pygamberlere wahyý (ylahy habar) getirmek, Mikaýyl jandarlaryň rysklary, ýagyş-ýagmyryň ýagmagy we ösümlikleriň ösmegi işlerine seretmek, rowaýatlarda, beýleki dürli eserlerde, halk arasynda Ezraýyl atlandyrylýan ölüm melegi ajaly ýetenleriň janyny almak, Ysrafyl bolsa kyýamatyň gopmagy we ahyret durmuşynyň başlanyşy wagtynda surnaýyny çalmak wezipelerini berjaý edýärler. Bulardan başga-da, adamlaryň

sözlerini, hereketlerini ýazyp belleýän, adamlary görünmeýän howplardan goraýan, gabyrda sorag edýän perişdeler hem bardyr.

Gurhanyň we hadyslaryň berýän maglumatyna görä, adamzat ýaly, boýnuna Alla gulluk etmek ýüki ýüklenen barlyklaryň biri hem jyndyr. «Jyn» sözi «örtmek, gizlemek» manysyny aňladýar. Jynlar adamyň gözüne görünmeýär we adamlaryňkydan üýtgeşik aňyýete eýedir.

Dünýäde Alla gulluk etmek üçin ýaradylan adama bu synag ýolunda päsgelçilik döretmegi üçin, «haýyrdan we rehmetden daşlaşan mahluk» diýilýän şeýtan döredilendir. Onuň asly otdan ýaradylan jynlardandyr. Ol her bendäniň Perwerdigäri razy etjek işleri ýerine ýetirmegine päsgelçilik döredýär, ony ýaman işlere çagyrýar, onuň ýerine ýetirýän ybadatlaryny bozmaga çalyşýar.

Iman esaslarynyň biri ahyretdir. «Ahyret» sözi «soň», «her zadyň soňy», «soňlanyş» manysyny berýär. Türkmenler muňa «ahyrzaman» hem diýýärler. Ahyret kyýamatyň gopmagy bilen başlanýar. Haýsydyr bir adamyň dünýäden ötmegi onuň üçin ahyretiň ilkinji basgançagydyr.

Yslam dini Alladan başgalara, Ondan gaýry hudaýa ýa-da hudaýlara uýup, olara çokunmagy iň ullakan ýalňyş hasaplamak bilen, dini gulluklary diňe Alla üçin etmek ynanjyny birinji maksat edip goýýar. Allatagala tarapyn Ýer ýüzüne pygamber iberilmeginiň asyl maksady: «Hakykatdan hem, biz her ymmata: «Alla ybadat ediň, tagutlardan (uýlup çokunylýan zatlardan, ýalan hudaýlardan) daş duruň!» diýip düşündiren ilçi iberendiris» diýen aýatda aýdyň beýan edilýär. Şoňa görä, Alla iman getirmek we diňe Oňa ybadat etmek, pygambere wepalylyk, dünýä durmuşynyň panylygyna, ahyretiň bakylygyna ynanmak, her bir işde Alla daýanmak, takwalyk (Allanyň emrini ýerine ýetirip, gadagan eden zatlaryndan saklanmak), Alla çuňňur hormat duýup, Onuň öňünde kämil edep bilen durmak, ybadatlary diňe Alla üçin etmek, sabyr etmek – bular diniň esaslarydyr. Namaz okamak, roza tutmak, haj, zekat ýaly, wagtlary, düzgünleri we mukdarlary belli ybadatlar bardyr. Şular bilen birlikde, doga, zikir (Allany ýatlamak), toba, günäleriň bagyşlanmagyny dilemek, Allanyň ähli nogsanlyklardan we aýyplardan päkdigini nygtamak ýaly, umuman, Alla bolan imany, hormaty hem-de Oňa boýun bolmagy

aňladýan ybadatlar hem bar. Her bir adamyň Allanyň razylygyny maksat edinip, özüniň ýa-da başgalaryň dünýäsi hem ahyreti üçin edýän sogap işleri, aýdýan sözleri, beden hem mal-baýlyk bilen bagly jomartlyklary, hoş niýetleri, ýagşy pikirleri hem ybadat hasaplanýar. Ybadatlaryň ýerine ýetirilişi yslam dininiň kada-kanunlarynyň çeşmeleri bolan Gurhanda we pygamberiň sünnetlerinde görkezilişi we öwredilişi ýaly berjaý edilýär. Bularyň daşyndan täze ybadat şekillerini döretmek bolsa gadagandyr.

Imansyz ýerine ýetirilen ybadat il gözüne etmek, şöhratparazlyk, ikiýüzlülik hasaplanylýar. Netijede, amalsyz we hereketsiz iman hem ýalandyr.

Yslam dini butparazlygy, köptaňrylylygy doly derejede inkär edip, bendeleriň ähli edýän işlerini birkemsiz bilýän, görýän, rehmeti biçak giň, şonuň bilen birlikde, jezalandyryşy hem juda ajy hem agyr bolan Allatagala bolan ynanjy bermek bilen, ahlaky durmuşyň mizemez binýadyny gurupdyr. Yslamda çendenaşa dünýäparazlygyň ýerine çuňňur dini jogapkärçilik, ahyret üçin yhlas etmek düşünjesi, oňşuksyzlygyň we duşmançylygyň ýerine söýgi-muhabbet, adalatlylyk, ylalaşyklylyk, raýdaşlyk, duýgudaşlyk, doganlyk, birlik, jebislik, ahlak ýörelgeleri öňe sürülýär.

YLYM-BILIM, MEDENIÝET BOSSANYNYŇ AÇYLYŞY WE DÜNÝÄ ÝAÝLYŞY

Her bir halk öz şöhratly taryhy, gazanýan üstünlikleri bilen tanalýar. Türkmen halky asyrlaryň jümmüşinden gaýdýan bäş müň ýyllyk taryhynyň dowamynda, dürli sebäplere görä, dünýäniň çar künjegine ýaýrapdyr. Mesgen tutan ýerlerinde türkmen medeniýetini, şeýle-de öz milli medeniýeti bilen sazlaşykly utgaşýan, öz milli medeniýetiniň bir bölegine öwrülen, öz milli medeniýeti bilen baýlaşan, adamzadyň bähbitlerine hyzmat edýän medeniýetleri hem dünýä ýaýmakda ägirt uly işleri bitiripdirler.

Munuň özi yslam medeniýeti babatda hem şeýledir.

Men bu baradaky möhüm maglumatlary berýän edebiýatlara gaýtadan nazar saldym. Şonda ýene bir gezek mundan müň ýyldan hem has ozalky döwürlerden başlap gaýdýan çylşyrymly wakalaryň içinden geçdim.

Taryhyň alys jümmüşlerindäki Sümer türkmenleri bilen araplaryň arasyndaky gatnaşyga aýratyn bir döwür hökmünde garanymyzda, türkmenler bilen bu topraklara yslam medeniýetini getiren araplaryň gatnaşygy irki yslam ýörişleri bilen başlanýar. Bular

barada IX asyrda ýaşap geçen Belazuri, Tabary, Ibn Rüste ýaly alymlaryň taryhy we geografik eserlerinde gymmatly maglumatlar bar.

Musulman araplaryň biziň ýerlerimize aralaşyp ugramagy VII asyra degişlidir. Bu juda uly taryh. Şoňa görä, men bu ýerde şunuň bilen baglanyşykly wakalar barada ýeke-ýeke gürrüň bermekçi däl.

Bir söz bilen aýtsam, çaryýarlaryň (biziň halkymyz muňa «dört çaryýarlar» diýýär) döwründe yslam biziň ýurtlarymyza gelipdir. Şeýle-de bolsa, dürli sebäplere görä, yslamyň we arap diliniň halkyň durmuşynda doly orun almagy üçin ep-esli wagt gerek bolupdyr. Hernäme-de bolsa, yslam dini ýaýrap başlapdyr.

Wagt geçip, türkmenler yslamy kabul edip, musulmanlaryň harby durmuşyna hem işjeň gatnaşyp, oňa giňden täsirini ýetirip başlapdyr.

Ümewiler döwründe, olaryň yslamy ýaýratmak üçin, köplenç, harby hereketler bilen meşgul bolandygy sebäpli, bu sebitlerde ylmyň we medeniýetiň ösüşi togtapdyr. Ýöne ümewiler yslam medeniýetini we arap dilini ýaýmak bilen, apbasy döwründe amala aşan ylmy galkynyşyň esasyny goýupdyrlar. Bu işde türkmenleriň aýratyn uly goşandy bardyr.

Ümewi halyflygy ýykylyp, apbasy halyflygynyň esaslandyrylmagy bilen (750 ý.) yslam medeniýetini we arap dilini ýaýmak syýasaty işjeň dowam etdirilipdir. Türkmenler syýasy, harby, ylmy we medeni durmuşa giňden gatnaşmak arkaly onuň rowaçlanmagyna özleriniň uly täsirini ýetiripdirler.

Ümewiler döwründe biziň sebitlerimize araplar köpçülikleýin göçüp gelen bolsalar, apbasylar döwründe türkmenler Bagdada tarap uly bolmadyk göçüş hereketine başlapdyrlar. Soňra seljuklar döwründe bu göçüşler uly tolkunlara öwrülipdir.

Taryhy çeşmelerde aýdylmagyna görä, Fazl ibn Ýahýa el-Bermeki Harun Reşit tarapyndan Horasana häkim bellenilende (794 ý.), ol ýerden bäş ýüz müň esgerden düzülen goşun taýýarlapdyr we olaryň ýigrimi müňüsini Bagdada eltipdir. Türkmen ýigitleriniň edermenligi, batyrlygy, wepalylygy, söweşjeň ukyby, galyberse-de, tireparazlykdan we milletçilikden daşda durýandygy sebäpli, halyf Mamunyň (813 – 833 ý.) döwründe goşunda olaryň sany has hem artypdyr we onuň gullugynda köp sanly söweşjeň batyr türkmen ýigitleri jemlenipdir. Halyflyk tagtyna Mugtasym (833 – 842 ý.) geçende bolsa, goşunda türkmenleriň sanyny artdyrmaga

yzygiderli üns berlipdir. Alymlaryň käbiri munuň sebäbini Mugtasymyň ejesiniň türkmenliginde gören bolsalar, käbiri türkmenleriň araplaryň we parslaryň tagt üçin edýän bäsdeşliginden uzakdadygynda, öz baştutanyna wepalydygynda görüpdir. Olaryň pikirleri bilen ylalaşmazlyk mümkin däl.

Belli bir döwürlerde hatda Bagdat türkmenler üçin darlyk edipdir, halyf Samerra şäherini gurmaga (835 ý.) mejbur bolupdyr.

Apbasy halyflygy döwründe türkmenler ýokary harby ukyplaryny görkezmek bilen birlikde, öz ylmy we medeni gymmatlyklaryny yslam medeniýeti bilen utgaşdyrmagy başarypdyrlar. Bu ýagdaý apbasylar döwründe juda ýokary derejelere göterilip, soňky asyrlarda hem dowam eden ylmy galkynyşyň özenini düzüpdir. Netijede, türkmen topragyndaky Merw, Sarahs, Abiwerd, Nusaý, Dehistan, Amul, Gürgenç (Jürjäniýe) ýaly, gadymyýetiň şöhratly şäherleri ylmyň we yslam medeniýetiniň münberlerine öwrülipdir. Bu şäherlerde yslam dininiň dünýä dinine öwrülmeginde uly hyzmatlary bitiren beýik şahsyýetler ýetişipdir.

Oguz han döwründen bäri ýüregine hem aňyna ýekehudaýlylyk guýlan türkmen halky yslam

medeniýetini öz kalbyna ýakyn görüp, ony ösdürmek we dünýä ýaýmak wezipesini öz üstüne alypdyr. Türkmenler bu maksady amala aşyrmak üçin, ilkinji nobatda, ylmy belent derejelere göteripdir. Türkmenler yslam medeniýetine hyzmat etjek örän kän eserleri arap dilinde ýazypdyrlar. Olaryň bitiren işlerini bilip, her bir türkmen buýsanmaga haklydyr. Mysal hökmünde şol alymlaryň käbirlerini ýatlap geçmegi makul bildim.

Şeýle alymlaryň biri Abdylla ibn Mübärek Merwezidir (Ol 797-nji ýylda halyf Harun Reşidiň döwründe dünýäden ötýär). Merwezi özüniň çuňňur ylmy, gözel gylyk-häsiýeti, edermenligi, jomartlygy we hudaýhonlygy bilen türkmeni musulman älemine tanadypdyr. Alym Sufýan Söwri ol barada: «Men ömrümde bir ýyl hem bolsa Abdylla ibn Mübärek ýaly bolmagy arzuw edýärin, emma üç gün hem bolmagy başaramok» diýipdir. Ibn Uýeýne: «Men sahabalaryň we Abdyllanyň ömür beýanyna seredenimde, olaryň Abdylladan pygamber bilen ýoldaş bolup söweşe gatnaşmaklaryndan başga artykmaçlyklarynyň ýokdugyny gördüm» diýipdir. Günleriň birinde Fuzaýl ibn Yýaz, Sufýan we beýleki alymlar Mesjidi-haramda otyrkalar, aňyrdan Abdylla

çykypdyr. Şonda Sufýan: «Ine, Gündogaryň gerçegi» diýipdir. Fuzaýl bolsa: «Gündogaryň, Günbataryň we ikisiniň arasynyň gerçegi» diýipdir.

Şol alymlaryň hatarynda ýokarda ady agzalan, Abiwertde önüp-ösen, «Iki mukaddesligiň ybadathony» adyna eýe bolan Fuzaýl ibn Yýazy hem öz işleri bilen uly hormata mynasyp bolupdyr. Yslam dünýäsinde alty sany ygtybarly hadys kitaplaryň biriniň awtory, nusaýly alym Abu Abdyrahman Ahmet ibn Şugaýp Nesaýy (829 – 915) hem öz köp jiltlik eserleri bilen yslam medeniýetiniň dünýä ýaýramagynda uly hyzmatlary bitiripdir.

Ady taryhyň sahypalaryna altyn harplar bilen ýazylan alymlaryň biri-de matematik, astronom we geograf Muhamet ibn Musa Horezmidir (780 – 850). Ol köp ugurly ylmy ukyby bilen apbasy halyfy Mamunyň döwründe (813 – 833) yslam älemininiň Bagdatdaky ylymlar akademiýasyna – «Beýt el-hikmete» («Hikmet öýi») baştutanlyk edipdir. Halyf oňa Zemininiň kartasyny çyzmagy tabşyrypdyr. Muhammet Horezmi grek we hindi ylymlaryndan hem oňat baş çykarypdyr. Ol ähli ylmy işlerini arap dilinde ýazyp, yslam medeniýetiniň Ýewropa ýurtlaryna ýaýramagyna köp goşantlar goşupdyr.

Abdylla ibn Ahmet Habaş el-Hasyb Merwezi (770 – 874) matematika, astronomiýa we geografiýa ylymlarynda uly işleri bitirip, özüni dünýä tanadan alymlaryň biridir. Ol apbasy halyflary Mamunyň we Mugtasymyň döwründe ýaşap, Bagdadyň «Hikmet öýünde» Horezmi bilen bir döwürde işläpdir.

Apbasy döwletiniň süňňüne gowşaklyk aralaşyp ugrandan soň, Horasanda Tahyrylar (821 – 873), soňra Safarylar (861 – 1003), Samanylar (819 – 999) häkimiýet başyna geçýärler. Bu döwletler yslam medeniýetini dünýä ýaýmakda uly hyzmatlary bitiripdir. Olaryň hökümdarlarynyň ýurtda durnuklylygy berkitmekleri sebitiň, hususan-da, biziň ýurdumyzyň gadymy şäherleriniň yslam medeniýetiniň dünýä şugla saçýan ojaklary bolmagyny üpjün edipdir. Bu barada gürrüň edilende, Istahry ady bilen tanalýan Abu el-Kasym Ybraýymyň (957 ý.) «el-Mesälik wel-memälik» atly eserinde diňe Merw barada berýän maglumatyna salgylanmagyň özem ýeterlikdir. Istahry Merwi wasp edip, şeýle diýýär: «Ol ýerde üç sany juma metjidi bar. Merw yslamyň ilki döwürlerinde esasy leşgergäh hökmünde hyzmat edýärdi. Ol ýerde Mamuna halyflyk geldi we dogany Muhammetden üstün çykdy. Halyflygyň

esasy serkerdeleri hem bu ýerden. Yragyň kätipleri we Horasanyň häkimleri hem bu ýerden. Merwden birnäçe meşhur fykyh alymlary we edebiýatçylary çykdy. Eger bu kitabymyzy ýazmakda gysga beýan etmek usulyna eýermedik bolsadyk we biziň aýtjak zatlarymyz beýleki kitaplarda aýdylmadyk bolsady, onda birnäçe alymlar barada giňişleýin söhbet ederdik».

Samanylar we Gaznaly türkmen döwletiniň döwründe biziň topragymyzdan ylmyň dürli ugurlary boýunça döreden eserleri bilen yslam medeniýetini baýlaşdyran Abu Nasr Faraby (870 – –950), Abu Reýhan Biruny (973 – 1048), Abu Aly ibn Sina (980 – 1037) ýaly ägirtler ýetişipdir. Olaryň arap dilinde kagyz ýüzüne geçiren oýlap tapyşlary, dünýä ylmynyň ösüşlerine uly goşant bolmak bilen, yslam medeniýetiniň we şol bir wagtyň özünde arap diliniň dünýä ýaýylmagyna telim asyrlap hyzmat edipdir. Ýakut Hamawy hem diňe Merwiň özi barada gürrüň edip: «Merw başga şäherlerde bolmadyk alymlardyr meşhur şahsyýetleri ýetişdiripdir. Olardan hadysçy we fykyhçy alym Ahmet ibn Hanbaly (780 – 855), Sufýan es-Söwri, Yshak ibn Rahewiýýe, Abdylla ibn Mübärek we beýlekiler» diýip belleýär. Ol gürrüňini

dowam etdirip: «Eger mongollar bu ýurtlara gelmedik bolsady, onda tä ölýänçäm, bu ýeri terk etmezdim» diýýär.

Türkmenleriň garlyk taýpasyndan gelip çykan Garahanlaryň X asyryň birinji ýarymynda yslamy kabul etmekleri bilen Seýhunyň (Syrderýanyň) aňyrsyndaky türkmenleriň arasynda yslam dini ýaýrap başlapdyr. Osman taryhçysy Munejjimbaşynyň habar bermegine görä, Garahanlardan ilkinji bolup Satuk Bugra han Abdylkerim (955 ý.) yslamy kabul edipdir. Onuň ogly, soltanlaryň soltany adyny alan Musanyň döwründe (956 – 958) hem yslamy kabul etmek dowam edip, Arslan han adyny alan Süleýman ibn Abdylkerimiň döwründe (958 – 970) Garahanlaryň ýurdy musulman ýurduna öwrülipdir. Ibn Miskeweýhiň we ibn Esiriň öz işlerinde bellemegine görä, şol döwürde 200 000 çadyr, ýagny bir million töweregi türkmenler yslam dinini kabul edipdir.

Gözbaşyny Oguz han türkmen döwletinden alyp gaýdýan Gaznaly türkmen döwletiniň (963 ý.) döremegi bilen, bu döwlet yslam medeniýetiniň dünýä ýaýramagynda, Hindistanyň demirgazyk sebitlerine aralaşmagynda uly hyzmatlary bitiripdir.

Onuň paýtagt şäheri Gazna ylmyň we medeniýetiň merkezine öwrülipdir. Bu döwürde alymlardyr edebiýatçylara döwlet tarapyndan goldaw berlipdir. Gaznaly türkmen döwletiniň saýasynda Abulkasym Ferdöwsi, Abu Reýhan Biruny ýaly beýik şahyrlardyr alymlar eserlerini döredipdirler, ylmy işlerini ýazypdyrlar. Şol döwürde Muhammet ibn Abdyljepbar el-Utby, Abu Sagyt Gerdizi, Abu el-Fazl el-Beýhaky ýaly beýik alymlar hem ýetişipdir.

Daňdanakan söweşinden (1040 ý.) soň, Gaznalylary gutarnykly ýeňlişe sezewar edip, öz garaşsyz döwletini guran Seljuklar hem bu wezipäni aňryýany bilen ýerine ýetiripdirler. Olar araplaryň başyny başlan, maksat edinen, emma amala aşyryp bilmedik birtopar işlerine hötde gelipdirler, Anadolyny eýelemegi başaryp, yslam medeniýetini Kaşgar bilen Konstantinopol aralygyndaky ýurtlara ýaýradypdyrlar. Seljuk döwletiniň gülläp ösen döwründe, husasan-da, Alp Arslanyň we Mälik şanyň döwründe ylma, edebiýata uly üns berlipdir. Seljuklar musulman ýurtlarynyň sanyny artdyrypdyrlar we musulman dünýäsiniň çägini giňeldipdirler, yslam medeniýetini dünýä ýaýmak üçin örän aňly-düşünjeli işleri alyp barypdyrlar. Olar yslam taryhynda ilkinji

gezek döwlet tarapyndan goldaw berlen medreseler ulgamyny döredipdirler. Medreselere kitaphanalar birikdirilip, olar kitaplar bilen doldurylypdyr. Soňra şol medreseler, hususan-da, Bagdat medresesi dört asyra golaý kämil derejede işläp, öz wezipesini ýerine ýetiripdir.

Seljuklar döwri, beýleki ägirt uly, taryhy işleri bilen birlikde, beýik ylmy galkynyşyň hem döwrüdir. Bu döwürde Omar Haýýam, Abdyrahman Hazyny, Abu Yshak Şirazy, Abu Hamyt Gazaly, Abdylmälik Juweýni, Ymam Bagawy, Jarulla Abulkasym Mahmyt Zamahşary, Abu Sagd Abdylkerim Semgany Merwezi ýaly ägirtler orta çykypdyr. Bu alymlar ähli eserlerini diýen ýaly arap dilinde ýazyp, yslam medeniýetini dünýä ýaýmaga, ösdürmäge we umumadamzat medeniýetiniň baýlaşmagyna uly goşant goşupdyrlar.

Soňra Anuşteginler (1097 – 1231) döwleti döräp, seljuk we gur döwletiniň mirasyna eýe çykypdyr. Anuşteginler döwründe syýasy wakalar agdyklyk eden hem bolsa, bu ýagdaý olaryň ylma we edebiýata üns bermeklerine böwet bolmandyr. Bu döwürde ylmyň dürli ugurlarynda beýik alymlar ýüze çykypdyr. Olaryň aglabasyna soltanlaryň özi işlemek üçin çakylyk edipdir. Mysal üçin, Abu

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Ybraýym Ysmaýyl ibn Hüseýn el-Jürjäni 1110-njy ýylda Kutbeddin Muhammet Horezmşanyň çakylygy boýunça gelip, 1136-njy ýylda Merwde dünýäden ötüpdir. Eserlerini arap we pars dillerinde ýazypdyr, lukmançylyga degişli «Zahyrat Horezmşa» atly eserini döredipdir. Bu babatda Watwat ady bilen tanalan Reşidedin Muhammet Abdyljelil, Abu Ysmaýyl el-Jürjäni ýaly alymlary hem agzap geçmek bolar.

Wagşyçylykly mongol çozuşlarynyň netijesinde yslam äleminde iň kyn döwür başlanypdyr. Ýöne bu çozuşlar türkmen halkyny umytdan düşürmändir. Olara Soltan Jelaletdin Türkmeniň gaýtawul berşiniň özi bir uly taryhdyr. Ýeri gelende, bu hakynda gysga gürrüň etmän, alymlar, ýazyjylar tarapyndan aýratyn kitaplaryň ýazylmagynyň gerekdigini nygtamakçy. Soltan Jelaletdin Türkmeniň ýegeni, türkmen soltany Seýfetdin Kutuzyň Aýny Jalut söweşinde (1260 ý.) mongol goşunyny derbi-dagyn etmegi başarandygyny aýratyn bellemek isleýärin. Taryhdan bilşimiz ýaly, soňlugy bilen türkmenler Anadoly topraklarynda we Ortaýer deňzi sebitinde ençeme asyrlap yslam medeniýetiniň

baýdagyny parladan Osman şadöwletini esaslandyrypdy.

MUKADDES YNANJYŇ GORAGÇYLARY

VII asyrda Arabystan ýarym adasynda döräniyslam dininiň türkmen topragyna, türkmenleriň kömegi bilen dünýäniň ençeme ýurtlaryna ýaýrandygy barada gürrüň etdik. Ýöne welin, türkmenlere bu dini kabul etmek üçin üç asyr çemesi, hatda şondan hem köp wagt gerek bolupdyr. Meniň pikirimçe, bu örän üns bermeli ýagdaý. Türkmenleri öňki durmuşyndan, öňki ynanjyndan dänderip, täze ýagdaýa geçirmek, täze diniň kada-kanunlaryna uýdurmak aňsat bolmandyr. Munuň özi: «Türkmenleri ynandyrmak aňsat däl, ynananlaryndan soň ynanjyndan dändermek mümkin däl» diýip, dünýäniň uly-uly alymlarynyň, syýahatçylarynyň biziň halkymyza örän jaýdar baha bermegine sebäp bolupdyr.

Yslamy goramak, dünýä ýaýmak, berkitmek babatda türkmenleriň bitiren taryhy hyzmatlary bolsa muny ýene bir gezek aňryýany bilen tassyklaýar. Seljuk türkmenleri din baýdagyny göterip dünýä çykypdyrlar. Özleri dünýä ýaýylmak, dünýäni ele geçirmek, baran ýerlerine öz medeniýetlerini,

ylymlaryny eltmek bilen birlikde, elbetde, yslam dinini hem eltipdirler. Olar şol döwürlerde halys ysgyny gaçan, her ýanlardan çekelenilýän arap halyflygynyň dadyna ýetişipdirler. Halyflygyň ýeketäk, ygtybarly we ýanbermez goragçysy bolupdyrlar. Yslam dininiň kastyna çykan, taryhda «haçly ýörişler» diýlip tanalýan ýörişlere garşy durmagy we yslam dinini gorap saklamagy başarypdyrlar.

Yslam dünýäsi, şol sanda arap dünýäsi türkmen halky, türkmen taryhy, türkmenleriň yslam dini bilen gatnaşygy barada juda köp maglumatlary bilýärler we türkmenlere uly hormat goýýarlar. Bu barada daşary ýurtly kärdeşlerimden, meşhur syýasatçylardan eşidenlerim, toplan maglumatlarymyň üstüni ýetirip, halkymyň şöhratly taryhyna, şanly geçmişine guwanjymy artdyryp, şu kitabyň ýazylmagyna hem bellibir derejede itergi berdi. Türkmenlere goýulýan hormatyň, elbetde, berk taryhy esaslary bar. Taryhyň anyk hem şöhratly sahypalaryny yzarlap, araplar türkmenleri örän sowatly, ylymly, mert, gaýratly, ygrarly, suhangöý, sahy, gaýduwsyz hem batyr halk diýip bilýärler.

Öňde-de ýatlaýşym ýaly, orta asyrlarda arap dilinde eser ýazan, yslam ýol-ýörelgesini düşündiren

türkmen şahyrlary, akyldarlary, alymlary juda köp bolupdyr. Gurhany teswirlemekde türkmen alymlarynyň bitiren işleri ummasyzdyr. Arap diliniň grammatikasyny öwrenmekde, arap dilini, şol bir wagtda yslam medeniýetini dünýä ýaýmakda türkmen alymlarynyň hyzmatlarynyň belli bahasy ýokdur. Bu babatda orta asyrlarda türkmenler hatda araplaryň özünden hem öňe geçipdirler. XI asyryň beýik türkmen alymy Mahmyt Zamahşarynyň araplara ýüzlenip aýdan: «Eý, araplar, geliň, men size arap taryhyny, arap dilini öwredeýin!» diýen meşhur sözi hem şundan habar berýär.

Şol döwürlerde türkmen şahyrlarynyň, akyldarlarynyň we alymlarynyň öz eserlerini, esasan, arap dilinde ýazmaklary – munuň özi öz diliňi, medeniýetiňi ýitirmek däldir. Biziň halkymyz mydama öz ynanjynyň ýanbermez goragçysy bolşy ýaly, öz dilini, medeniýetini hem hemişe aýawly saklap, gorap, ösdürip gelipdir. Muňa şeýle bir mysal getireýin.

Bir gezek Mahmyt Zamahşarydan:

– Saňa arap dilini araplaryň özünden gowy bilýär diýýärler. Munuň gözbaşynda näme dur? – diýip sorapdyrlar.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

– Arap dilini gowy bilmegime öz dilime söýgim gözbaşdyr – diýip, Mahmyt Zamahşary jogap beripdir.

Ondan ýene:

– Arap diline ünsüň öz diliňi ýatdan çykardanokmy? – diýip sorapdyrlar.

Beýik alym muňa şeýle jogap beripdir:

– Öz diliňi ýatdan çykarmak imansyzlykdan nyşandyr. Imansyz adamyň bolsa halka özüni diňletjek bolmaga-da haky ýokdur. Men araplaryň arasynda arapça gürlesem-de, kalbym hemişe türkmençe gürleýär.

Türkmenler yslama garşy edilen dokuz sany haçly ýörişiň dokuzysyny-da yzyna serpikdiripdirler, yslam dinini ýok bolmak howpundan halas edipdirler, yslamyň dünýä dinine öwrülmegini gazanmakda taryhy hyzmatlary bitiripdirler. Bular barada araplar, bütin musulman dünýäsi juda gowy bilýändir we bulary hiç mahal unudýan däldir. Şonuň üçin olar hemişe türkmenlerden hoşaldyrlar we türkmenlere aýratyn gowy nazar bilen garaýandyrlar.

Şu aýdanlarym bilen baglanyşykly men size käbir anyk zatlary, onda-da her bir türkmeniň bilmegi zerur diýip hasap eden zatlarymy gürrüň bereýin.

Yslam dünýäsi X asyr bilen XI asyryň başlarynda syýasy taýdan birtopar döwletlere dargap, düşünje we mezhep dawalary bilen öz daýanyp duran sütünlerini çagşadyp başlapdyr. Esasan hem, apbasy halyflygy gurlandan soň, ýüze çykyp ugran, wagtal--wagtal yslam dünýäsi we medeniýeti üçin uly howp bolup abanan, her dürli ugur hem ýörelgeleri ussatlyk bilen ulanyp hereket etmegi başaran batyny akymlaryň yslam medeniýetini ýykmak ugrundaky tagallalary örän agyr, howply ýagdaýlary döredipdir.

Bu ýerdäki «batyny akymlar» diýýänim näme? Ýönekeý okyjylara çenli aýdyň bolar ýaly, men muny düşündireýin. Batyny akymlar – bular Gurhanyň we hadyslaryň tekstleriniň gizlin we syrly (batyn) manylarynyň bardygyny öňe sürüp, yslamyň esasy hökümlerine musulmanlaryň düşünişinden başgaça düşündiriş berip, olaryň dini tutuşlaryny inkär edip, ýa-da eden-etdilik derejesine çenli öte geçen ygtykat toparlarynyň, şeýle hem juda gizlin görnüşlerde hereket eden guramalaryň üsti bilen merkezi hökümete garşy gönükdirilen gozgalaňlaryň başyny çeken dürli görnüşdäki syýasy toparlardyr.

Musulman dünýäsiniň sarsmagyndan özlerine bähbit aran ysmaýyly we karmaty toparlary

yslam dininiň we onuň hökmürowanlygynyň ýerine parslaryň gadymy dinlerini ornaşdyrmaga çalşypdyrlar. Bu bulagaýlykly ýagdaýdan peýdalanan Wizantiýa imperatorlygy hem öňki goranma syýasatyny taşlap, hüjüme geçipdir we goşunlaryny halyflygyň merkezine tarap sürüpdir.

Musulman dünýäsi üçin şular ýaly içki hem daşky elhenç hadysalar bolup durka, türkmenleriň arasynda yslamyýetiň ýaýraýandygy hakyndaky habarlary ýeke-täk teselli beriji ýagdaý hökmünde kabul etmek bilen, musulmanlar Gündogara tarap uly umyt bilen garapdyrlar. Halyf Muktediriň 921-nji ýylda Ibn Fadlanyň ýolbaşçylygynda meşhur ilçilik toparyny ilki oguzlaryň ýanyna, soň hem bulgarlara ibermegi türkmenler babatdaky şol ilkinji umyt beriji habarlar bilen baglanyşyklydyr. Şol habarlar netijesinde X asyrda Bagdatda Gündogardan geljek ýeňiji türkmenleriň yslamyýeti halas etjekdikleri we şol mahal höküm sürýän büweýhileriň agalygyny syndyrjakdyklary bilen bagly düşünje döräpdir. Ilkinji gezek Mahmyt Kaşgarly tarapyndan ýazga geçirilip, türkmenler hakda dürli çeşmelerde ulanylan, soň Mogol hökümdarlary, iň soňunda-da Temirleň tarapyndan özleşdirilip, özleriniň ugradan

hatlarynda nygtalyp geçilen: «Meniň Gündogarda türkmen atlandyrylýan bir esgerim bardyr; haýsy kowuma gazaplansam, şolary ol kowumuň üstüne çozduraryn» diýen manydaky mukaddes hadysyň orta çykmagy şol düşünjäni we ynamy görkezmek, yslam dünýäsiniň türkmenlere nä derejede halasgär hökmünde garandyklaryny subut etmek jähetinden örän ähmiýetlidir.

Yslam medeniýetiniň örän howply döwri ýeňip geçip, medeniýete täze bat hem ugur berip, XVI asyra çenli dünýäniň gülläp ösen medeniýeti hökmünde ýaşaýşyny dowam etdirip bilmegi oguzlaryň – türkmenleriň musulmançylygy kabul etmeginiň, Beýik Seljuk döwletini gurmagynyň miwesidir. Musulmanlar ýeňiji türkmenleriň saýasynda leşgergählerde (harby düşelgelerde) goranyşdan hüjüme geçip, öňe tarap ýöriş eden wagtlarynda, Seljuklar döwletiniň gol astynda bolmadyk Ortaýer deňzi sebitinde agalyk edýän musulman döwletleri deňizden tiz yza çekilip, häkimiýeti hristian milletlere taşlap gidipdirler. Hatda şol mahal deňizde haçly güýçleriň öňünde durup biljek hiç bir musulman deňiz floty galmandyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Mälim bolşy ýaly, Çagry begiň we Togrul begiň döreden Beýik Seljuk döwleti gysga döwrüň içinde Günbatara, Kiçi Aziýa tarap ummasyz giňişliklere ýaýrapdyr. Bu döwlet dargandan soň hem özbaşdak türkmen döwletleri döräpdir. Beýik Seljuk döwletinden başlap, bularyň her biriniň türkmeniň şöhratyny dünýä ýaýmakda, yslam dinine arka durmakda bitiren işleriniň gymmaty hakynda pikir edip görüň!

Hawa, Beýik Seljuk döwleti dargandan soň hem yslam dünýäsini goramakda iň uly hyzmatlary bitirenler, häli-şindi täzeden bat alyp gelýän haçlylaryň hüjüminden yslam dinini ýene we ýene halas edenler türkmenlerdir. Üstesine, yslam äleminiň garşysyna edilen beýleki her hili hüjümleri yzyna serpikdirmek, şeýlelikde, her sapar yslam baýdagynyň Ýer ýüzünden bütinleý ýok edilmeginiň öňüni almak ýaly birtopar taryhy ýeňişler ýene musulman türkmenleriň başda durmagynda gazanylypdy.

Seljuk türkmenleriniň agalygy yslamyýet üçin hemişe weýran edijilik häsiýetini saklap gelen düşünjeleriň hem hereketleriň düýpli gowşamagyna, yslam dünýäsinde sünniligiň üstünlik gazanmagyna

getiripdir. Seljuk soltanlary öz döwletleriniň bähbidini ýokary tutuşlary ýaly, ynançlaryny hem belende göterip, onuň talabyny berjaý edip, yslam dünýäsinde sünniligi berkarar etdiler. Bulardan başga-da, olar yslamyýete bitmez ýara salmak, ony gemirmek isleýän «kesellerden» diňe ýarag güýji bilen gutulyp bolmajakdygyna gaty gowy düşünipdirler. Ylmy we medeniýeti ösdürmek arkaly we sünnilik esaslarynda yslam medeniýetini täzeden gurupdyrlar, öz häkimiýetleriniň binýatlaryny hem berkidipdirler. Türkmenler metjitleriň, medreseleriň, zawyýalaryň (hüjreler, hanakalar) gurulmagy we olaryň işleriniň durmuşa düýpli ornaşmagy ugrunda tagalla etmek bilen bir hatarda, harby güýçleriň gapdaly bilen bilelikde, ylym we sopuçylyk wekillerinden düzülen aň-düşünje goşunyny hem bir maksadyň töwereginde jemlemegi başarypdyrlar. Şondan soň diňe bir sünniligi däl, yslam dinini köki bilen sogrup zyňmaga çalşan hereketler gaýdyp uly howp halyna gelmäge mümkinçilik tapardan ejiz gelipdir.

Türkmenleriň yslamyýeti kabul edişleri hakynda Fahreddin Mübärekşanyň aýdan sözlerine dykgat ediň! Ol başga kowumlardan (halklardan, milletlerden) tapawutlylykda, musulman

bolanlaryndan soň, türkmenleriň öz ynanjyna tüýs ýürekden berilýändigi, olaryň hiç biriniň dinden çykanynyň hem görlen zat däldigi barada nygtaýar.

Yslamyýeti esaslandyrmak abraýy araplara degişli bolsa-da, yslamyň ömrüni dowam etdirmek we dünýä ýaýmak abraýy türkmenlere degişlidir diýen netijä gelýärin. Türkmenleriň saýasynda yslamyýet XI asyrdan başlap içerki we daşarky howplardan aman galmagy, haçly ýörişlere garşy durmagy, özüni goramagy we beýgeltmegi doly başarypdy.

Beýik Seljuk döwleti yslam dünýäsine aralaşyp, ony weýran etmek islän bozuk dini akymlary, esasan hem, şaýy-fatymy-batyny akymyny aýryp, ýerine ähli sünnet ynam-ygtykadyny berkitmek maksady bilen, özüniň agalyk edýän çäklerinde Nyzamylmülküň ýolbaşçylygynda medreseler açmaga başlapdyr.

Üç ylahy dinde – ýahudyçylykda, hristiançylykda hem-de yslamda mukaddes hasaplanmagy, hezreti Muhammet pygamberiň göge ýolagçylyk eden magraç hadysasy üçin Metjidi-Haramdan (Käbe metjidi) Metjidi-Aksa getirilmegi, musulmanlaryň ilkinji kyblasy bolmagy we Gurhanda ýatlanyp geçilmegi ýaly sebäpler bilen musulman halklarda hemişe örän möhüm orna eýe bolan Kudus

(Ýerusalim) şäheri bir asyr töweregi (969 – 1071) din we ygtykat taýdan bozuk ýörelgelere esaslanyp döredilen Fatymylar döwletiniň gol astynda galýar. Seljuklaryň günbatara ýörişleri mahalynda öňdebaryjy serkerdelerinden bolan Atsyz ibn Uwak 1071-nji ýylda Kudusa giripdir we fatymy walysyny (häkimini) wezipeden çetleşdirip, şäheri eýeläpdir. Atsyz Müsürdäki fatymy halyfy Müstansyr-Billäniň adyna okalýan hutbany ýatyryp, Apbasy halyfy Kaim-Biemrilläniň, şeýle hem Beýik Seljuk soltany Alp Arslanyň adyna hutba okatmagy ýola goýupdyr. Şeýlelik bilen, Kudus çärýek asyryň dowamynda Seljuk-Türkmen häkimiýetinde galýar. Bu döwürde şäher arassa we dogry ýol – sünni ýoly bilen örän derwaýys ösüşlere we özgerişlere eýe bolupdyr.

Nureddin Mahmyt Zeňňi (1118 – 1174) hak ýolunda söweşiji, dindar, adalatly lider, kämil sypatlara eýe bolan döwlet adamy bolupdyr. Ol Nyzamylmülkden soň iň köp medreseler açan döwlet işgäridir. Ol muderrislere (medrese mugallymlaryna), fakyhlara, haj ýolagçylaryna, garyp-gasarlara, öwlatlara (hezreti Alynyň neberelerine), Allanyň ýolunda söweşýänlere, musulman ýesirlere, şeýle hem zawyýalara (sopularyň hüjrelerine), rabatlara,

keselhanalara we metjitlere ýardam hem hemaýat berip, halkyň söýgüsini gazanypdyr.

Nureddin Zeňňiniň üç sany syýasy maksady bolupdyr. Birinjisi – Siriýa deňiz kenarynda we Sina ýarym adasynda özüniň gysyşda goýan haçly döwletlerini ýok etmek. Ikinjisi – Müsürdäki Fatymy döwletini ýykyp, yslam dünýäsini Apbasy halyfynyň gol astyna salmak. Üçünjisi – Stambuly basyp almak. Ol haçly döwletleri tutuşlaýyn ýok etmegi başaryp, Kudusyň azat edilmeginiň ilkinji başlangyçlaryny goýýar. Müsürde fatymylar üçin okalýan hutbany ýatyryp, Apbasy halyfynyň adyna hutba okalmagyny gazanýar. Fatymy döwleti synandan soň, Apbasy halyfy Mustazyd-Billä Nureddine soltanlyk nyşanlaryny ugradýar. Şeýlelik bilen, Nureddin Demirgazyk Yragy, Günorta Anadolynyň esli bölegini, Siriýanyň ýerlerini, Müsüri, Trablusgarba (Tripol) çenli Demirgazyk Afrikany, Sudanyň demirgazyk bölegini, Ýemeni we Hyjazy (Mekge we Medine) öz agalygyna alypdyr.

Ibn Fazlanyň «Syýahatnama» eserinde rowaýat edilişine görä, 1162-nji ýylda bir papa tarapyndan hezreti Muhammet pygamberiň jesedini ogurlamak üçin iberilen zahyt (terkidünýä) keşbindäki adamlar

pygamberiň metjidine golaý bir ýerde öý edinipdirler. Gizlinlik bilen ýer astyndan geçelge gazyp, gubra ýetmäge çalşypdyrlar. Türkmen şahsyýeti Nureddin Zeňňiniň düýşüne hezreti pygamber girip, bolup geçýän wakadan ony habarly edipdir. Nureddin Zeňňi dessine Medinä gelip, şol adamlary tutupdyr we gaýdyp şeýle ýagdaýlar bolmaz ýaly, gubruň daşyna gurşun guýdurypdyr. Bu barada maňa ilkinji gezek haj parzymy berjaý etmek maksady bilen Mekgede bolup, soň Medinä baranymyzda, arap kärdeşlerim hem uly buýsanç, uly hormat bilen gürrüň beripdiler.

Hezreti pygamberiň gubry ýerleşen mübärek otag üçin ilkinji bolup ýörite resmi işgärleri bellän hem Nureddin Zeňňidir. «Aga» diýilýän şol işgärleriň hemmesi kary, ýagny Gurhany doly ýatdan bilýän adamlar bolup, olar on iki sany eken.

Ozal hem ýatlaýşym ýaly, asly Horezmşalar nesilşalygyndan gaýdýan Kutuzyň (Guduz) kakasy Jelaletdin Horezmşanyň doganoglanydyr, ejesi bolsa onuň gyz doganydyr. Türkmen-yslam taryhynyň örän aýgytly döwründe Memluklar döwletiniň tagtyna geçen Kutuz (1259 – 1260) meşhur Aýny Jalut söweşiniň esasy gahrymanydyr. Taryhyň akymyny üýtgeden bu

söweşde gazanylan ýeňiş ýöne ýeňiş bolman, tutuş musulman dünýäsiniň ýeňşi hasaplanýar. Şol ýeňşiň netijesinde Siriýa bilen Müsürden başga, Magryp (demirgazyk Afrika), hatda günbatar Ýewropa mongol basybalyjylaryndan halas bolupdyr. Kutuz özüniň edermenligi, akyly hem pähim-parasaty bilen bu söweşde ýeňiş gazanmak arkaly musulmanlary şol güne çenli sezewar bolnan ýene bir örän uly howpdan halas edipdir.

Hawa, bular – türkmenlerdi! Biziň ata-babalarymyzdy! Müňlerçe ýyllyk taryhy şöhratlandyranlardy! Oguz han atamyzdan başlap, hakykatdan-da, dünýäde ýetmişden gowrak döwleti döredenlerdi! Uly-uly şahsyýetleriň we olara ykbalyny ynanan halkyň güýç-gudraty bilen Ýer ýüzünde şeýle beýik döwletler berkarar edilipdi. Bu beýik döwletleriň saýasynda dürli ugurlardan uly-uly alymlar orta çykypdy we olaryň işleri bütin adamzadyň ösüşlerine hyzmat edipdi. Oguz hanyň döreden gadymy Beýik Oguz döwleti, Oguz türkmenleriniň Beýik Hun döwleti, Göktürkmenleriň döwleti, Garahanly türkmen döwleti, Beýik oguz-türkmen döwleti, Gaznaly türkmen döwleti, Beýik seljuk türkmenleriniň döwleti, Köneürgenç

türkmenleriniň döwleti, Kermandaky, Anadoludaky, Şamdaky, Yrakdaky seljuk türkmenleriniň döwletleri, Mosuldaky we Müsürdäki türkmen döwletleri, Salyr türkmenleriniň we Ildeňiz türkmenleriniň döwleti, Delidäki türkmen soltanlygy, Artykogullary türkmenleriniň we Resulogullary türkmenleriniň, Memlýuk türkmenleriniň we Osman türkmenleriniň, Garagoýunly türkmenleriň we Akgoýunly türkmenleriň, Kutubşa türkmenleriniň we Sefewi türkmenleriniň, Owşar türkmenleriniň we Gajar türkmenleriniň... döwletleri.

Men bu ýerde geçmişde döredilen ähli türkmen döwletlerini sanamadym, olaryň diňe käbirini agzap geçdim. Bu bir giden taryh ahyryn! Şoňa görä, ol döwletleriň her biriniň adyny agzap, olara diňe gysga häsiýetnama bermegem köp wagt alardy. Şu sananlarymyň käbiri bolsa şadöwletdir, ýagny, aýdylyşy ýaly, imperiýadyr, onda-da örän uly we beýik imperiýadyr. Mysal üçin, Beýik Oguz döwleti, Beýik Hun döwleti, Beýik Seljuk türkmenleriniň döwleti, Beýik Osman türkmenleriniň döwleti we başgalar. Bularyň her biri dünýäniň ägirt giň ýerlerine eýelik edipdirler. Şol ata-baba ýerlerde müňýyllyklaryň dowamynda türkmenler beýik döwletleri

esaslandyrypdyrlar we dolandyrypdyrlar, ol ýerlerde ýaşaýyş medeniýetini ösdüripdirler. Deňizler hem derýalar, daglar hem düzler, çeşmeler hem köller, sähralar hem çemenzarlyklar... ata-babalarymyzyň ýurt edinen, döwlet gurmagyň we adamzat gatnaşyklaryny kämilleşdirmegiň, ýaşaýşyň ýörelgesini edinmegiň beýik tejribesini dünýä beren ýerleri bolupdyr.

Oguz han, Duman Beýgi, Mete han, Mahmyt Gaznaly, Seljuk beg, Togrul beg, Çagry beg, Alp Arslan, Mälik Şa, Soltan Sanjar, Muhammet Şa, Jelaletdin Menguberdi, Ärtogrul gazy, Osman gazy... Bu beýik ärleriň ady müňýyllyklaryň jümmüşlerinden bäri, asyrlarboýy dünýä ýaň salyp gelendir. Olar döwlet gurmakdaky we halkyň agzybirligini gazanmakdaky, millete şan hem mertebe, ýol-ýörelge bermekdäki beýik işleri bilen, güýç-gaýratlylygy hem parasatlylygy bilen, ugurtapyjylygy hem adalatlylygy bilen adamzat taryhynda öçmez yz goýupdyrlar.

Bu beýik ynsanlar we olaryň guran döwletleri barada mundan beýläk hem has düýpli işleriň edilmegi, olaryň her biriniň şanyna kämil eserleriň döredilmegi zerur. Munuň özi biziň öz nesillerimizi ata-babalarymyzyň merdanalygynyň, akyl-

parasatynyň, çuňňur watansöýüjiliginiň ruhunda terbiýeläp ýetişdirmegimiz üçin hem derwaýysdyr.

Ine, meniň häli-şindi nygtap belleýän zadym: Biziň bu günki Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan döwletimizi gurmagymyzyň we barha beýgeltmegimiziň esasynda geçmişdäki beýik türkmen döwletleriniň taýsyz tejribesi, beýik türkmen soltanlarynyň ganymyzda aýlanýan, ruhuňy joşduryjy güýç-kuwwaty, Magtymguly ýaly akyldarlarymyzyň, alym-ulamalarymyzyň parasaty durandyr.

«ALYM MISLI YMAM AGZAM GEREKDIR»

Ynanjymyz, dinimiz barada gürrüň edilende, biziň halkymyzyň asyrlaryň dowamynda uýup gelen mezhebi bolan Ymam Agzam mezhebine gysgaça düşündiriş bermegi makul bildim. Ymam Agzam – Abu Hanyfa Nugman ibn Sabytyň lakamy. Ol 699 – 700-nji ýyllarda Kufede dogulýar. Ol Aryf tarapyndan:

Alym misli Ymam Agzam gerekdir –
diýlip taryplanan, Andalyp tarapyndan:
Akyl sen, Ymamy-Agzamy-Kufige nazar kyl –

diýlip derejelenen, ýene kän çeper we ylmy edebiýatlarda ady getirilen, waspy ýetirilen şahsyýetdir.

Abu Hanyfa ilki filosofiýany we dini ylymlary öwrenipdir. Ol yslamyň sünni ugrunyň dört mezhebiniň biri bolan «Hanafy» mezhebini döredipdir. Ol birnäçe kitap ýazypdyr. Ymam Agzam Muhammet pygambere degişli müňlerçe hadysyň diňe 17 sanysyny dogry diýip tassyklapdyr, galanlaryny inkär edipdir.

Abu Hanyfa yslam hukugynyň ijtihat usulyny, ýagny Gurhanda we sünnetde bolmaýan ýa-da açyk ýagdaýda mälim bolmaýan meselelerde karar bermeli kişiniň Gurhana we sünnede laýyk bolan hökümleri çykarmagyny has kämilleşdirmek üçin uly tagallalar edipdir. Ol Ymam Agzam (Beýik Ymam) ady bilen meşhur bolupdyr.

Onuň bir gyzy we Hammat atly ogly bolupdyr. Yraklylaryň arasynda galam gutusyna «hanyf» diýilmegi, Abu Hanyfanyň bolsa hemişe galam gutusyny ýanynda götermegi, ýa-da bolmasa, «hanyf» sözüniň hakdan, dogrulykdan we dürslükden aýry bolmadyk manysy – bularyň ymama ýöňkelmeginiň bolup biläýjek ýagdaýdygy barada onuň ömrüni we

mirasyny öwrenijiler pikir ýöredipdirler. Netijede, Abu Hanyfa adyny oňa dakylan lakam hökmünde kabul edýärler. Şeýlelikde, Yrak fykyh mekdebine «Hanafy mezhebi» ady dakylypdyr. Oňa Ymam Agzam – Beýik Ymam diýilmegini bolsa döwürdeşleriniň arasynda fykyh (hukuk) düşünjesi we ijtihat usulyýeti babatda uly ösüşleri gazanmagy, täzelikleri getirmegi, özünden soňky hukukçy alymlaryň onuň usulyýetini nusga edinmegi, ondan peýdalanmagy ýaly sebäpler bilen düşündirip bolar.

Abu Hanyfanyň agtyklary Omaryň we Ysmaýylyň ýazyp galdyran işlerinde habar bermegine görä, nesil daragtynyň başy Nugman ibn Sabit ibn Zuta bin Mahdyr. Käbir çeşmeler Abu Hanyfanyň aslynyň nusaýly bolup, onuň atalarynyň Sasani döwletinde ýokary wezipelerde işländigi hakynda gürrüň berýärler. Ymam Agzamyň asly barada taryhy çeşmelerde dürli maglumatlaryň bolmagynyň sebäplerinden biri atasy Sabitiň, az wagtlyk hem bolsa, dürli ýerlerde bolup, iň soňunda Kufa welaýatyna gelip ýerleşmegi bilen baglanyşyklydyr. Aýdylyşyna görä, Abu Hanyfanyň atasy Sabit hezreti Alynyň ýanyna zyýarata baryp, öz zürýatlary üçin onuň haýyr doga-dileglerini we patasyny alypdyr.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Abu Hanyfa täjirlik bilen meşgullanýan maşgalada dünýä inipdir. Özi hem söwda-satykdan gowy baş çykarypdyr we Kufada onuň dükany bar eken. Ol ylym-bilim bilen meşgul bolandygy üçin, söwda işini şärikdeşine tabşyryp, bar ünsüni ylma gönükdiripdir. Söwda-satykdan gazanan girdejisiniň bir bölegini garyp-gasarlara we talyplara sarp edipdir.

Abu Hanyfa ýaşlykdan Gurhany okap, soňra ony ýat tutup, kary derejesine ýetipdir. Ol kyragat ylmyny bu ugurda ussatlyk gazanan alym Asym ibn Behdeleden öwrenipdir. Şol döwürlerde Abu Hanyfanyň önüp-ösen ýeri bolan Kufa we Basra şäherleriniň dürli milletler, köne medeniýetler bilen baglanyşygy bolup, olar yslamy ylymlary we arap dilini öwredilýän möhüm merkezlere öwrülipdir. Bu şäherler meşhur fykyh, dilçi, edebiýatçy alymlaryň, şahyrlardyr pelsepeçileriň mesgeni bolupdyr.

Görnükli alymlaryň biri Abu Amr Şeýbany bir gün Abu Hanyfany ýanyna çagyryp: «Eý, Abu Hanyfa! Sen örän zehinli, ugurtapyjy we başarjaň bir ýaş ýigit. Sen ylymdan we alymlaryň mejlislerinden üzňe bolma!» diýýär. Abu Hanyfa uly alymyň bu sözünden täsirlenip, ylym-bilime has köp üns berip başlaýar. Ol ilki akaid (ynanç) we fykyh (hukuk) ylmy bilen

meşgul bolup, ussatlyga ýetipdir. Şondan soňra ol dürli batyl (ýalňyş) ynançlaryň artmagy sebäpli, pygamber aleýhyssalamyň, sahabalaryň, bulardan soň ýaşap geçen meşhur din adamlarynyň päk ynanç--ygtykatlaryny gorap saklamagy özüne maksat edinipdir.

Abu Hanyfa ilkibaşda kelam (jedel) ylmyna ýykgyn edip, bu ugurda köp zat öwrenipdir. Soňra kelam ylmyndan fykyh ylmyna geçmegi ýüregine düwüpdir. Onuň fykyh ylmyna geçmegi bilen baglanyşykly dürli rowaýatlar bar.

Rowaýatlaryň birinde aýdylmagyna görä, Abu Hanyfanyň ýanyna bir aýal gelip, oňa talak (är-aýalyň aýrylyşmasy) bilen baglanyşykly sowal berýär. Alym bu soraga jogap berip bilmändir. Abu Hanyfa ol aýaly fykyh okadýan Hammat ibn Abu Süleýmanyň ýanyna ugradýar we onuň berjek jogabyny eşitdirmegi ýaňky aýaldan haýyş edýär. Ol aýal Hammatdan alan jogabyny Abu Hanyfa ýetirende, Abu Hanyfa fykyh ylmynda özüniň tejribesiniň azdygyna göz ýetirip, ylmyny artdyrmak kararyna gelipdir. Ýaşynyň ýigrimi ikä ýetendigine garamazdan, Hammat bin Süleýmandan fykyh ylmyndan ders almaga başlapdyr. Bu rowaýatdan Abu Hanyfanyň fykyh ylmynda uly

alymlaryň biri bolup, «Ymam Agzam» lakamyna eýe bolmagynda Hammat ibn Süleýmanyň ornunyň örän ähmiýetli bolandygyna göz ýetirip bolar.

Ymam Agzam 720-nji ýyldan başlap, tä halypasy Hammat ibn Süleýman aradan çykýança, ýagny on sekiz ýyl onuň ýanynda bolup, ylym alypdyr, onuň iň gowy talyplarynyň biri bolupdyr. Hatda halypasy ýok wagtlarynda talyplara ders bermek derejesine ýetipdir. Hammat ibn Süleýman 738-nji ýylda aradan çykandan soň, halypanyň egindeşleri onuň ýerine Abu Hanyfany geçirmek hakyndaky pikirlerini aýdanlarynda, Ymam Agzam halypasynyň iň gowy talyplarynyň on sanysy özi bilen azyndan bir ýyllap, deň derejede ders mejlisini dowam etdirseler, bu teklibi kabul etjekdigini aýdypdyr. Netijede, Abu Hanyfa kyrk ýaşlarynda medresede ders berip başlapdyr we tä ömrüniň soňuna çenli bu işini dowam etdiripdir.

Ol pes göwünli, tertip-düzgüni halaýan adam bolupdyr. Dünýäniň dürli künjeklerinden oňa talyplyga gelipdirler we ondan sapak alypdyrlar. Onuň müňlerçe talyby bolupdyr, şolardan kyrk sanysy Gurhanda we sünnetde anyk beýan edilmedik mesele babatda Gurhanyň we sünnetiň ruhuna laýyk

pikir ýöredip, karar çykaryp bilýän beýik alymlar bolupdyr. Ymam Agzam ylmyň merkezi bolan Kufa şäherinde otuz ýyllap halypalyk edipdir. Abu Ýusup, Muhammet Şeýbany we Zufer ýaly soňra uly alymlyga ýetişen kişiler onuň talyplary bolupdyrlar, ondan ylym öwrenipdirler.

Ussady Hammadyň sebäp bolmagy bilen, Abu Hanyfa hezreti Omar, hezreti Aly, Abdulla ibn Mesgut, Abdulla ibn Abbas ýaly alymlardan ylym alan Ybraýym Nehaýi we Abu Amr Şagbi ýaly ulamalar bilen hem tanşypdyr. Abu Hanyfanyň pikirlerine bu alymlar öz täsirini ýetiripdir.

Abu Hanyfa 767-nji ýylyň meret aýynda Bagdatda aradan çykypdyr. Özüniň wesýet edişi ýaly, ol Hazurran gonamçylygynyň gündogar tarapynda jaýlanylypdyr. Soňra 1067-nji ýylda Şerefulmulk Abu Sagyt Mustewfi tarapyndan onuň mazaryna gümmez galdyrylypdyr. Häzirki wagtda onuň gubry Bagdatda Agzamyýýe diýilýän ýerdedir.

Taryhy çeşmeler Abu Hanyfanyň köp ybadat edýän we yhlasly adamdygy, söwda-satyk işlerinde hem, adamlar bilen gatnaşyklarynda hem adalatly, hoşgylykly bolandygy barada habar berýärler. Ol gazanjyna haram we şübheli zatlary goşmazlyga

çalşypdyr. Bir gezek Abu Hanyfa şärikdeşi Hafs ibn Abdyrahmanyň bilmezlikde kemçilikli bir matany müşderä satandygy sebäpli, şol tapgyr getirilen matalaryň ähli girdejisini garyp-gasarlara paýlapdyr.

Hatyp Bagdadynyň aýtmagyna görä bolsa, ol bir ýyllyk gazanjyny hasap edip, girdejiden özüne geregini alyp, galanyny töweregindäki mätäç we ylym bilen meşgul bolýan adamlara paýlap: «Muny gerekli ýerlere harçlaň we diňe Alla hamdy-sena aýdyň! Sebäbi bu beren zatlarym, hakykatdan hem, meniňki däl-de, Allanyňkydyr. Alla jomartlygy bilen siziň nesibäňizi meni sebäp edip berdi» diýer eken. Ol arassa geýnip, atyr sepinip, özüne her taraplaýyn üns beripdir, töweregindäkileriň hem tämiz bolmagyny ündäpdir.

Abu Hanyfa orta atylan dini meseläni şägirtleri bilen töwerekleýin seljerip, soňra olara hata geçirmegi tabşyrypdyr. Şeýdip Hanafy mezhebiniň esasy eserleri bolan «Zahirurriwaýe» ýygyndysy döräpdir. Bu ýygyndynyň içinde alty eser bolup, olar «Asl» (Mebsut), «Ziýadat», «Jämigul-kebir», «Jämigus-sagyr», «Siýerul-kebir», «Siýerus-sagyr» atly eserlerdir. Bu eserleriň hut Abu Hanyfanyň özüniň gözegçiliginde ýazylandygyna hiç hili

şek-şübhe ýokdur. «Müsned» atly eseri bolsa okuwçylary tarapyndan taýýarlanan, Abu Hanyfanyň kararlarynda delil edip ulanan hadyslarynyň ýygyndysy bolup durýar. «Fykhul-ekber» Abu Hanyfanyň kelam (ynanç, ygtykat) ylmyna degişli eseridir. «El-Fykhul-ebsat» atly eseri hem kelam ylmyna degişli bolup, bu kitap Abu Hanyfanyň ogly Hammat we şägirtleri Abu Ýusup, Abu Mutgy Balhy tarapyndan rowaýat edilipdir. Ymam Agzamyň şeýle-de «Alim wal mutagallym», «Risale», «Wasiýýe» ýaly kitaplary bardyr.

Yslam dini ynsanlaryň bütin durmuşyny öz içine alýan hem bolsa, käbir meselede nämäniň dogrudygy ýa-da nämäniň nädogrudygy Gurhanda we hadyslarda açyk beýan edilmändir. Allatagala bendelerine akyl diýen bahasyna ýetip bolmajak gymmatlygy beripdir, olara yslam dininiň esaslaryny Gurhanyň we hadyslaryň üsti bilen ýetiripdir. Allatagala galan meselelerde ynsanyň öz akylyny ulanmagyny isläpdir. Beýik Taňrynyň kitaby bolan mukaddes Gurhanyň aýatlarynyň birnäçesinde adamyň akylyna daýanmagynyň wajyplygynyň bellenilmegi hem şunuň bilen baglanyşyklydyr.

Muhammet pygamber dini bir mesele ýüze çykanda, ozaly bilen, Gurhana, soňra hadyslara, soňra bolsa ijma ýüz tutmalydygyny, ýagny Gurhanda we hadysda gabat gelmeýän dini meseläni sahabalaryň jemlenip, pikirlenip, seljerip, bir çözgüde we netijä gelmelidiklerini ündäpdir. Mezhepler, esasan, pygamber aradan çykandan soň döräpdir. Gurhanda açyk beýan edilmeýän aýatlara takyk jogap berjek pygamber bolmandygy sebäpli, dürli garaýyşlar we dürli pikirler döräpdir. Netijede, amaly we ygtykady (ynanç) mezhepler orta çykypdyr.

Amaly mezhepleriň döreýşi şunuň bilen baglanyşyklydyr: Muhammet aleýhyssalam aradan çykandan soňra sahabalar dürli sebitlere gidipdirler. Şonda ol ýerdäki musulman halklaryň soraglaryna jogap bermek üçin, ilki bilen, Gurhana we hadysa ýüzlenipdirler. Eger bulardan olaryň soraglaryna anyk jogap tapmasalar, Gurhanyň we hadyslaryň ýörelgesinden ugur alyp, öz pikir-garýyşlary we tejribeleri bilen hereket edipdirler.

Sahabalaryň ýetişdiren şägirtlerine «tabygyn» diýlipdir. Tabygynlaryň ýetişdiren şägirtlerine bolsa «tabigtabgyn» diýlipdir. Tabigtabgyndan soňra gelen alymlar bolsa ata-babalaryndan gelýän bu usula

eýerip, Gurhan, hadys, ijma, kyýas we istihsan ýaly usullar bilen çözgüt gözläp başlapdyrlar.

Amaly mezhepleşme, esasan, ýokarda bellenip geçilen üçünji nesilde döräp başlapdyr. Mezhepler gözbaşyny Gurhandan we hadyslardan alandyklary sebäpli, diniň esasy böleginde düşünişmezlik bolmandyr. Käbir düşünişmezlikler dürli ýerlere ýaýran sahabalaryň, olaryň şägirtleriniň garşylaşan dürli wakalary, dürli dindäki we dürli jemgyýetde ýetişen adamlar musulman bolanlaryndan soň, şol ýer bilen baglanyşykly dörän meseleler sebäpli ýüze çykypdyr. Hezreti Muhammet aleýhyssalam ýigrimi üç ýyllap pygamberlik eden döwründe Hijaz halkynyň garşylaşyp biljek bütin dini we durmuşy meselelerine yslamyň kada-kanunlarynyň çäginde çözgüt tapyp, özünden soňkulara ýol-ýörelge goýup gidipdir.

Fykyh mezhepleriniň döremeginiň sebäpleriniň biri hökmünde yslam medeniýetiniň ösmegini hem görkezip bolar. Medeniýetiň ösüşi döwletiň ösüşine bagly bolup durýar. Döwletiň ösmegi bilen dürli wakalar we hadysalar ýüze çykýar. Dowamly artýan hadysalar bilen baglanyşykly orta çykan soraglara jogap bermek hiç zamanda hem her

kesiň edip biljek işi bolmandyr. Täze meselelere kanagatlanarly çözgüt tapmak şol meseleler bilen dowamly gyzyklanmany we tertip-düzgünli zähmet çekmegi talap edýär. Şoňa görä, bu işlerden juda gowy baş çykarýan ussat alymlar gerek bolupdyr. Adamlar özlerini gyzyklandyrýan meseleler boýunça sowallaryny şolara berip, onuň beren jogaby bilen kanagatlanyp, muny gündelik durmuşlarynda amal edipdirler. Alymlaryň jogaplaryndan täsirlenip, dürli mezhepleriň döremegi, alymlaryň ýörite işläp, olary tutuş bir ulgama öwürmegi tebigy bir ýagdaýdyr diýsek ýalňyş bolmaz. Şunda iň kämil mezhepler öz işini dowam etdiripdirler, mezhepleriň birnäçesi bolsa ýitip gidipdirler.

Hanafy mezhebi yslamyň dört sany uly sünni mezhebiniň biridir. Bu mezhebiň ady, öňde belläp geçişim ýaly, ony esaslandyryjy Abu Hanyfanyň ady bilen baglydyr. Hanafy mezhebiniň esaslandyrylmagynda hezreti Omaryň döwründe Kufa şäheriniň dowamly ösüp, ylmyň we medeniýetiň merkezine öwrülmeginiň, soňra dördünji halyf hezreti Alynyň, Abdulla bin Mesgudyň we bu şäherde mesgen tutan müň bäş ýüz töweregi sahabanyň paýy hem uludyr. Şol döwürlerde halypa-şägirt

gatnaşyklary ýokary derejede gurnalyp, täze-täze çözgütler döräpdir, halypalaryň pikirleri nesillere baý miras, ugur alyş çeşmesi bolupdyr. Şeýlelik bilen, Gurhanyň we sünnetiň çäginde dürli meselelere täzeçe usullar, garaýyşlar we çözgütler girizilipdir. Sebitde döran fykyh başlangyjy Ybraýym Nehaýiden (714 ý. aradan çykan) başlap, «Yrak fykyhy» («Yrak mekdebi») diýlip tanalmaga başlapdyr. Yrak fykyh mekdebi Medinedäki Hijaz fykyh mekdebine («Ähli Hadys») bir alternatiw mekdep hökmünde döräpdir.

Hijaz fykyh mekdebiniň Yrak fykyh mekdebinden nähili aýratynlyklary bar? Bu ikisiniň arasyndaky tapawut barada gysgajyk aýdyp bereýin.

Muhammet pygamber ömrüniň köp bölegini Medinede geçiripdir. Musulmanlaryň arasynda dini mesele ýüze çykanda, olar pygamberden sorap, gerekli jogaplaryny alypdyrlar. Netijede, köp meseleler boýunça berlen jogaplar şol ýerde ýaşaýan halkyň aňynda müdimilik galypdyr. Muhammet aleýhyssalam dünýäden ötenden soň, halk öz soraglaryna kanagatlanarly jogap berip biljek alym sahabalardan düzülen toparyň adyna «Hijaz mekdebi» («Ähli Hadys») diýip at beripdirler.

Bu mekdebiň alymlary esasy ýörelge hökmünde Gurhana we hadysa daýanypdyrlar.

Medineden uzakdaky Yrak sebitinde ýaşaýan, dürli dinleri we dürli medeniýetleri bolan halklaryň yslamy kabul edip, musulman bolmaklary üýtgeşik wakalaryň, hadysalaryň ýüze çykmagyna getiripdir. Alymlar dini meselelere we soraglara kanagatlanarly jogap bermek üçin, Gurhan bilen hadysdan hem başga, akyl-paýhasa hem daýanmaly bolupdyr. Bu babatda akylyň önümi bolan deňeşdirme we seljerme ýaly usullar kämilleşdirilipdir. Bu yörelgäniň has ýaýbaňlanmagynda Abu Hanyfanyň bitiren işleriniň belli bahasy ýokdur.

Abu Hanyfa töweregine müçtehitleri toplap, fykyh akademiýasyny döretmegi başarypdyr. Gurhandaky we hadyslardaky maglumatlara gowy düşünip, olary seljerip, gündelik durmuşyň hemme taraplaryny göz öňünde tutup, jemgyýet we döwlet üçin dörän mätäçligiň öwezini dolup, bulary bitewülige getirmek ugrunda tagalla edipdir. Şeýle bitewüligiň döredilmeginde Abu Hanyfanyň ýanyndaky egindeşleriniň hem paýy uludyr.

Abu Hanyfa bir mesele orta çykanda, fykyh akademiýasy diýlip ykrar edilen alymlaryň mejlisinde

egindeşleri we talyplary bilen şol meseläni her taraplaýyn seljeripdir. Bu häsiýeti ony beýleki mezhep ymamlaryndan görnetin tapawutlandyrypdyr. Mejlise gatnaşýanlar pikirini aýdyp bolanlaryndan soň, Ymam Agzam: «Meniň şu mesele bilen baglanyşykly pikirim, ynha, şeýledir» diýip, öz pikirini aýdar eken. Ol köpçüligiň pikirini diňlemegi, her iş boýunça dogry netije çykarylmagyny gazanmagy başarypdyr.

Abu Hanyfanyň Horasana giden talyplarynyň ellerinde Yrak fykyhynyň we ussatlarynyň pikirleri toplanan kitaplar bolupdyr. Bir gezek öz okuwçysy Abu Ýusuf bilen ders alan Abu Mutgy Balhynyň elinde fykyhyň dürli ugurlaryna degişli dört müň meseläni we bu meselelere düşündiriş beren kitaplary görüp, onuň şeýle köp meselelere berlen düşündirişleri toplandygyna Abu Hanyfanyň özem haýran galypdyr. Abu Süleýman Jüzjany bolsa Hanafy mezhebinden gowy baş çykarýanlardan ders alyp, olaryň kitaplaryny toplap, Horasan sebitinde Ymam Muhammediň eserlerini tanadypdyr we Hanafy mezhebini wagyz edipdir.

Uly şäherlerde Hanafy mezhebine bagly kazylar bellenilipdir we bu hem Hanafy mezhebiniň ýaýramagyna uly täsirini ýetiripdir. 819-njy ýylda

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Aziýada ýüz ýyla ýakyn höküm süren Samany döwleti esaslandyrylyp, Hanafy mezhebi döwlet tarapyndan kabul edilipdir. Bu döwletiň weziri bolan Muhammet ibn Muhammet ibn Ahmet ibn Abdylmejit Hakim Merwezi ilkinji bolup Hanafy mezhebine degişli «Muhtasar» atly esere düşündiriş berýär. Ýeri gelende aýtsam, bu kitap häzirki güne çenli öz ähmiýetini gaçyrman, halkyň arasynda gollanma hökmünde ulanylyp gelinýär. Taryhda türkmenler tarapyndan esaslandyrylan beýik döwletleriň köpüsi Hanafy mezhebini ýöredipdirler.

Hanafy mezhebiniň ýaýramagynda we türkmenleriň arasynda rowaçlyk gazanmagynda Beýik Seljuklar döwletiniň we Osmanly Türkmen döwletiniň orny uludyr. Beýik Seljuklar döwletiniň hökümdary Togrul begiň Nişapur, Yspyhan we Hemedan ýaly ýerlere Hanafy mezhebini tutýan kazylary we ymamlary bellemegi ol ýerlerde Hanafylygyň has köp ýaýramagyna sebäp bolupdyr. Seljuk hökümdarlarynyň buýrugy we maliýeleşdirmegi esasynda «Nyzamyýe» medreseleri bina edilip, olarda Hanafy alymlary ders beripdirler.

Beýik Seljuklar döwletiniň hökümdary Hanafy mezhebiniň Siriýada ýaýramagynda uly rol oýnapdyr.

1154-nji ýylda Damask şäherinde üç sany Şafygy, iki sany Hanbaly we dört sany Hanafy medreseleri bolupdyr. Nureddin Mahmyt Zeňňi Siriýada we Müsürde Hanafy mezhebini ornaşdyrmakda köp işler bitiren hökümdarlaryň biridir. Salaheddin Eýýuby hem Gündogar ýurtlaryndan gelen alymlary Kair şäherine ýerleşdirip, Hanafy mezhebini ýaýmak bilen bagly syýasaty ýöredipdir.

Meşhur orta asyr taryhçysy Makdisi Italiýada sisiliýalylaryň köp bölegini Hanafy mezhebine uýýandyklary barada ýazypdyr. Ol demirgazyk Afrikanyň hem ymam Muhammetden ylym alan Eset ibn Abdylla bilen baglanyşykly Hanafy mezhebini kabul edendiklerini, Andalusyň (İspaniýa) başda Hanafy mezhebinde bolandygyny, soňra käbir syýasy sebäplere görä, Mäliki mezhebine geçendigini aýdypdyr.

Şol irki döwürlerde bolşy ýaly, häzirki wagtda hem Türkmenistanda, Türkiýede, Özbegistanda, Gazagystanda, Gyrgyzystanda ýaşaýan türki halklar, Hytaýda we dünýäniň beýleki dürli ýurtlarynda ýaşaýan türki uýgurlar yslam dininiň Hanafy mezhebine eýerýärler. Täjigistan, Owganystan, Pakistan, Hindistan, Kaşmir we

Banglades musulmanlarynyň aglaba bölegi hem Hanafy mezhebini kabul edendirler. Aziýanyň we Ýewropanyň beýleki dürli ýurtlarynda hem bu mezhebe uýýan musulmanlar köpdür. Hanafy mezhebi yslam äleminde iň köp agzaly mezhepdir.

Biziň halkymyz – türkmenler Seljuklar döwründe, hatda ondan hem öň Hanafy mezhebini ýürekden kabul edip, onuň ýol-ýörelgesini, ündewlerini öz däp-dessurlaryna we edim-gylymlaryna siňdiripdir.

SOPUÇYLYK TAGLYMATY

Dünýäde şeýle bir hakykat bar: ykbal asmanyndan parlak Gün bolup dogan Garaşsyzlyk türkmen halky üçin altyn eýýamyň gapysyny açyp berdi, Türkmenistany hemişelik Bitaraplygyň mekanyna öwürdi, halkymyzyň asyrlaryň jümmüşinden gözbaş alyp gaýdýan halal ruhy akabasynyň öňüni arçady.

Şeýlelikde, halkymyzyň müňýyllyklaryň dowamynda halallygy messep edinip, ruhubelentlik hem ynsanperwerlik bilen döreden milli ýol-ýörelgelerini, edim-gylymlaryny täzeden dikeltmäge, göwün ganatyna öwürmäge giň mümkinçilik açyldy. Halkymyz edim-gylymlaryny, däp-dessurlaryny berjaý etmäge, milli mirasyny, taryhyny has doly dikeltmäge we

öwrenmäge erkli-ygtyýarly boldy. Munuň özi türkmen edebiýatynyň, onda-da onuň sopuçylyk ugrunyň taryhyny öwrenmek babatda hem şeýledir.

Sopuçylyk musulman dünýäsiniň köpasyrlyk taryhy tejribesiniň esasynda kemala gelen ynanç--ygtykat taglymatydyr, barlyga hem bakylyga akyl ýetirmegiň dünýägaraýyşlar ulgamydyr. Gadymy we orta asyrlarda dünýäniň ähli halklarynda diýen ýaly, ruhy kämillige ýetmek üçin bilim almagyň pynhan we syrly usullary bolupdyr. Bu bilimlere diňe amal etmesi kyn beden hem ruhy synaglardan geçmek arkaly eýe bolnupdyr. Şol ýollary geçen adamlary Hindistanda – hanamlar, hristianlarda – keramatlylar we gaýduwsyzlar, musulman ýurtlarynda sopular (derwüşler) diýip atlandyrypdyrlar. Dürlüçe atlandyrylandyklaryna garamazdan, olaryň ählisini diňe bir zat – Haka bolan päk, beýik söýgi we ynanç birleşdiripdir. Olar ähli ynançlaryň, dinleriň gözbaşynyň ýeke-täkdigine, onuň esasyny bolsa Beýik Ýaradanyň emele getirýändigine ynanypdyrlar.

Ylahyýet ylmynda sopuçylyga «tarykat», «tasawwuf», ýagny «ýol», «ýörelge» hem diýilýär. Sopuçylyk özünde ähli bilimleriň «açaryny» saklaýan pynhan taglymat hasap edilipdir. Onuň düýp wezipesi

ynsany has ýokary kämillige çykarmak bolupdyr. Ähli ylymlar adamzada Allatagalanyň ýaradan zatlaryna akyl ýetirmek üçin ýöriteleşen bolsa, sopuçylyk Beýik Allatagalanyň özüne akyl ýetirip, Onuň özünde ýitip gitmekdir. Şundan gelip çykyşyna görä, sopuçylyk – munuň özi hakyky Barlyga akyl ýetirmegiň ýoludyr, ol diňe bir ynsanyň kimdigi hakyndaky däl, eýsem, onuň nähili bolmalydygy hakyndaky taglymatdyr. Sopuçylyk ynsany söýmäge gönükdirilendir. Sopuçylygyň görnükli wekilleri tasawwufyň (sopuçylygyň) nämedigine kesgitleme beripdirler we onuň mazmundyr maksadyny aýdyň edipdirler. Şoňa görä, sopuçylyk:

Boýdan-başa edepdir;

Ýaramaz gylyk-häsiýetleri terk edip, gözel häsiýetlere eýe bolmakdyr;

Hiç kimden ynjamazlyk we hiç kimi ynjytmazlykdyr;

Ähli kişiniň ýüküni çekmek we hiç bir kişä ýük bolmazlykdyr;

Tämiz bir kalp, päk bir köňül eýesi bolmakdyr;

Kämil ynsan bolmakdyr.

Beýik pir Mäne baba tasawwufyň maksadyny şeýle aňladýar:

«Tasawwuf ahlakdyr. Ahlakda senden ýokary bolan tasawwufda hem senden ýokarydyr, artykmaçdyr»;

«Tasawwuf harlykdaky – yzzat, derwüşlikdäki – baýlyk, bendelikdäki – beglik, açlykdaky – dokluk, ýalaňaçlykdaky – donlulyk, bendilikdäki – azatlyk, ölümdäki – dirilik, ajylykdaky – süýjülikdir»;

«Tasawwufda iň wajyp zat ynsandyr. Ynsany söýmek, ezizlemek, oňa hormat goýmak, hyzmat etmek, onuň hajatyny bitirmek, göwnüni awlamak bolsa esasdyr».

Ol özüne: «Halkdan Haka barýan näçe ýol barka?» diýlip berlen sowala: «... müňden-de köpdür. Dünýäde näçe barlyk bar bolsa, şonça-da Haka barýan ýol bardyr, emma Haka gowuşmagyň iň ýakyn hem iň ýeňil ýoly – musulmanyň ruhuna goldaw bermekdir. Biz şu ýol bilen ýöredik we şuny saýlap aldyk. Ähli adamlary hem şu ýoldan gitmeklige çagyrýarys», «Ýol nämedir?» diýlen sowala: «Dogruçyllyk we mylaýymlyk. Dogruçyllyk – Hak bilen, mylaýymlyk – halk bilen bolmaly», «Sopy kimdir?» diýlen sowala: «Sopy – edenini Hak halan, Hakyň edenine razy bolan (ten beren, kaýyl bolan) kişidir» diýip, aýgytly jogaplary berýär.

Ine, şulardan tasawwufyň maksady we ynsanperwerlige eýlenen ähli many-mazmuny dolulygyna aýdyňlaşýar. Sopuçylygyň meşhur wekilleriniň kalplaryndan syzylyp çykan gözel jümlelerden olaryň Haka baglanan köňülleri, Hak öňündäki borçlary, päk ruhy dünýäleri, asylly maksatlary, dürs ýollary, adamlara ynsanperwer garaýyşlary we olar baradaky aladalary örän aýdyň görünýär.

Tarykat (ýol) gurujylara we ýol görkeziji bolan beýiklere şyh, mürşit, pir diýlişi ýaly, bu ýola girip, ondan ýöreýänlere hem mürit, derwüş ýaly atlar berlipdir.

Sopuçylyk ylmyna «tasawwuf» ýa-da «hakykat ylmy» diýilýär. Bu ylym ynsanyň nebsini her hili ýaramaz ahlaklardan päklemek we kalby dine, ynsanlyga laýyk gelmeýän hapa işlerden tämizlemek ýolundaky gabat gelýän dürli meseleleriň beýanyny öz içine alýar.

Jüneýit Bagdady: «Sopy – ýer ýalydyr. Ýere hapa-haşal zatlary atýarlar. Emma ol özünden ýagşy zatlary öndürýär» diýipdir. Abu Aly Rudbary: «Sopy päklik bilen ýüň eşik geýen, nebsini jepa çekmek bilen iýmitlendiren adamdyr. Dünýä onuň

ýeňsesindedir» diýipdir. Gündogary öwreniji iňlis alymy S. Trimingem bolsa özüniň sopy baradaky düşünjesini şeýle aňladýar: «Men «sopy» sözüni Ýaradan bilen gönüden-göni gatnaşyk etmek mümkinçiligi bar diýlip hasap edilýänleriň we şol mümkinçiligiň hakykata öwrülýän ýagdaýyna ýetmek üçin özüni taýýarlaýanlaryň ählisine degişli etmek bilen, oňa has giň manyda düşünýärin».

Hakykatdan-da, bu ylmy öwrenijileriň her biri maksada ýetmek ugrunda çalşypdyr. Öz ömrüniň elli ýylyny bu akymy öwrenmäge sarp eden we onuň akyl ýetiriş nazaryýetinden juda gowy baş çykaran iňlis alymy R. Nikolson edebi çeşmelerde hijriniň bäşinji asyryna çenli sopuçylyk düşünjesine 78 hili düşündiriş berlendigini hasaba alypdyr. Ýöne sanaw munuň bilen tamamlanmandyr. XI asyryň birinji ýarymynda ýaşan nişapurly alym Abu Mansur Abdul-Bagdat sopuçylygyň abraýly wekilleriniň ýazan işlerinden «sopy» we «tasawwuf» adalgalaryna berlen kesgitlemeleriň bir müňden gowragyny ýygnapdyr we olary elipbiý tertibinde ýerleşdiripdir. Beýleki adalgalar babatda-da ýagdaý başgaça bolmandyr. X asyrda Basrada ýaşan mistik Abu Sagyt ibnul-Araby: «Sopular ulanýan şol

bir sözlerine dürli hili many berýärler. Sebäbi ol sözleriň manysy çäksizdir» diýip ýazypdyr. Ol muny: «...sopular çäk bilmeýän duýguçyllyk bilen akyl ýetirişiň wekilleridir» diýip düşündiripdir.

Ruhy gymmatlyk bolup orta çykmak bilen, sopuçylyk taglymaty ynsany ýagşy ahlaklylyga we wyždan päkligine ugrukdyrypdyr, jemgyýeti ýaramaz endiklerden daşlaşdyrypdyr. Maddy we ruhy gymmatlyklaryň döremeginde, adamzat jemgyýetiniň sazlaşykly ösmeginde, kämilleşmeginde yslam dininiň, şol sanda bu diniň ýörelgeleri esasynda dörän sopuçylygyň hyzmaty örän uly bolupdyr. Sopuçylyk daşyňy hem içiňi – bedeniňi hem kalbyňy arassa saklamak baradaky taglymatdyr. Onuň ýörelgeleri dogruçyllyk, päklik, edep, haýa, ynsanperwerlik ýaly, ynsany bezeýän iň gowy häsiýetleri özünde jemleýär.

Yslam äleminde VIII asyryň ortalarynda ýüze çykyp başlamak bilen, sopuçylyk garaýyşlary we ýörelgeleri kem-kemden ösüşe eýe bolupdyr. Zahytlyk görnüşinde peýda bolmak bilen, ol ilkibaşda zulumyň, zalym hökümdarlaryň, dikmeleriň, aldawçy ruhanylaryň garşysyna gönükdirilipdir. Muhammet pygamber dünýäden ötenden soň,

çaryýarlaryň döwründe musulmanlaryň arasynda dürli garaýyşlar peýda bolup başlapdyr. Ümewiýe halypalygy döwründe köşkler gurmak, altyn-kümüş, hazyna toplamak möwç alyp, Alla ýolunda tagat--ybadat etmegiň ornuny dünýe malyna bolan höwes eýeläpdir. Bu ýagdaý takwa kişileriň närazylygyna sebäp bolupdyr. Olaryň bir topary açyk göreşe çyksa, beýleki bir topary närazylyk alamaty hökmünde zahytlyk we terkidünýälik bilen tagat-ybadata meşgul bolupdyrlar. Kufe, Bagdat, Basra we beýleki şäherlerde halk arasynda uly abraýdan peýdalanýan Weýsel Kara, Hasan Basry ýaly zahytlar köp bolupdyr. Bu garaýyşlar soňra has giňelip, tutuş yslam älemine ýaýrapdyr.

Heniz Muhammet pygamberiň diri wagtlary ýüze çykan her bir dini we dünýewi hadysalar barada onuň özüne ýüz tutupdyrlar. Soňra sahabalardan sorapdyrlar. Emma soňabaka durmuşda bolýan çylşyrymly hadysalary çözmek kynlaşyp ugrapdyr. Onsoň her bir ýagdaýda pygamberiň özüni alyp barşy, aýdan sözleri bilen çözgüt tapmak meselesi orta çykypdyr. Bu bolsa hadys ylmynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Dini ynançlarda ygtykat bilen bagly dürli garaýyşlaryň peýda bolmagy tefsir

ylmynyň, dindäki amaly we durmuşy meseleler bolsa fykyh ylmynyň ýüze çykmagyna getiripdir. Edil şunuň ýaly, sopuçylyk garaýyşlary ýaýrap ugrandan soň, onuň ýörelgelerini kesgitlemek üçin, sopuçylyk ylmynyň hem ýörelgeleri peýda bolup, tutuş yslam älemine ýaýrap başlapdyr.

Sopuçylyk taglymaty soň-soňlar Merkezi Aziýada has ösüp başlapdyr we kämilleşipdir. XII – XIII asyrlarda Merkezi Aziýada sopuçylygyň üç tarykaty esaslandyrylypdyr. Bu tarykatlary Horezmde Nejmeddin Kubra, Türküstanda Hoja Ahmet Ýasawy, Buharada Hoja Abdylhalyk Giždiwany esaslandyrypdyr. Hoja Abdylhalyk Giždiwanynyň esaslandyran tarykaty ilkibaşda «Tarykaty--hojagan» diýlip atlandyrylypdyr. Iki asyrdan soňra, Bahaweddin Nagyşbendiniň bu tarykaty kämilleşdirmegi bilen, ol «Hojagan-Nagyşbendiýe», ondan soňky asyrlarda bolsa «Nagyşbendiýe» diýlip atlandyrylypdyr.

Şeýlelikde, indi men okyjylaryma türkmen halkynyň arasynda we musulman dünýäsinde giňden tanalýan akyldarlaryň, sopuçylyk ýol-ýörelgesini esaslandyryjylaryň käbiri barada, gysgarak hem bolsa, ýörite gürrüň bermekçi.

ABU SEÝIT ABUL HAÝYR – MÄNE BABA

Mäne baba – türkmen hem Gündogar edebiýatynyň taryhynda meşhur şahsyýetleriň biri. Onuň ömür ýoly, döredijiligi, tutuş şahsyýeti has çuňňur, giňişleýin öwrenilmäge mynasypdyr. Ol X – XI asyrlaryň sepgidinde ýaşap öten beýik türkmen akyldarydyr, şahyrydyr, pir-welisidir.

Bu beýik şahsyýet barada dürli wagtlarda kän çeşmeleri okadym. Olarda onuň doglan we aradan çykan wagty, döredijilik mirasy dogrusynda gymmatly maglumatlar bardy. Ol 967-nji ýylyň dekabr aýynyň 7-sinde, ýekşenbe güni, häzirki Kaka etrabynyň Mäne obasynda dünýä inip, 1049-njy ýylyň ýanwar aýynyň 12-sinde, anna agşamy şol obada aradan çykýar. Mäne baba şyhy-panylyga ýeten adam hasaplanylýar, çünki ol pany jahanda 83 ýyl 4 aý, ýagny 1000 aý ýaşan adamdyr.

Onuň doly ady Abu Seýit Fazlulla ibn Ahmet ibn Muhammet ibn Ybraýym bolup, dürli halklaryň arasynda Abu Seýit Abul Haýyr (Abu Sagyt Abul Haýyr hem diýilýär) ady bilen meşhurdyr, biziň halkymyz bolsa oňa, esasan, Mäne baba diýýär. Onuň hakyky ady Fazlulla bolup, Abu Seýit künýesidir. Abu Seýidiň

kakasynyň hakyky ady Ahmet bolup, Abul Haýyr künýesidir. Diýmek, Fazlullanyň kakasynyň ady Ahmet, onuň kakasy Muhammet we onuň kakasynyň ady Ybraýym bolupdyr.

Mäne babanyň ýaşlyk döwri, ene-atasy barada dürli çeşmelerde ygtybarly maglumatlar berilýär. Ol halalhon, dindar hem takwa maşgalada önüp-ösüpdir. Mäne babanyň kakasy hoşboý ysly zatlary, dermanlary, melhemleri ýasamakda belli adam bolup, onuň dükanynda dürli keselleriň garşysyna gerekli ot-çöpler we beýleki zatlar hemişe tapylyp durupdyr. Mäne babanyň kakasy garyp-gasarlara, ýoksullara ýardamyny gaýgyrmandyr. Hoşboý ysly zatlary ýasamakda ussat bolany üçin, ilat oňa «attar» (atyrçy) diýipdir. Ol hoşboý ysly däri-dermanlar bilen Mahmyt Gaznalynyň köşgüni hem üpjün edipdir we soltanyň aýratyn hormatyndan peýdalanypdyr, köşge islän wagty girip-çykyp bilipdir.

Mäne babanyň ylym dünýäsindäki ilkinji ädimleri öz obasyndan başlanypdyr, başlangyç bilimi şol ýerde alypdyr. Ymam Abu Muhammet Annazydan Gurhany öwrenipdir. Bu takwa adam Horasanda belli hapyz-kary bolup, onuň mazary Nusaýdadyr.

Mäne baba baradaky ygtybarly maglumatlar, esasan, onuň ömri-durmuşy hakda Muhammet Münewwer tarapyndan ýazylan «Esraryt-Towhyt» atly kitapda jemlenipdir. Onda getirilýän maglumatlara görä, Mäne baba öz çagalygy barada şeýle ýatlar eken:

«Oglankak, Allanyň Gurhanyny öwrenip ýören döwrümiz, kakam Abul Haýyr meni juma namazyna äkidýärdi. Bir gün metjide barýarkak, ýolda bize Abulkasym Bişr Ýasyn sataşdy. Ol hem biz bilen ugurdaş namaza barýan eken. Abulkasym Bişr öz döwrüniň iň tanymal alymlaryndan we beýik pirlerinden biridi. Özi-de Mänede ýaşaýardy. Ol bizi görende, kakamdan: «Eý, Abul Haýyr, bu oglan kimiň ogly?» diýip sorady. Kakam: «Biziňki» diýip jogap berdi. Kakam şeýle diýenden, ol ýanymyza gelip, dyza çökdi-de, ýüzüni ýüzüme öwürdi. Onuň gözleriniň owasy ýaşdan doludy. Soňra ol şeýle diýdi: «Biz welaýat boşap galar diýip howpurgap, bu jahandan gidip bilmeýärdik, derwüşleriň ýollaryny urduraryndan gorkýardyk. Bu gün seniň perzendiňe gözüm düşenden, welilik makamynyň (derejesiniň) bu oglanyň nesibesi boljakdygyna doly ynandym». Soňra ol kakama: «Namazdan çykanymyzdan soň, muny meniň ýanyma alyp gel» diýdi. Namazdan

çykanymyzdan soň, kakam meni Abulkasym Bişr Ýasynyň ýanyna alyp bardy. Biz hüjrä girip, onuň ýanynda oturdyk. Hüjräniň ýokary başragynda bir tekje bardy. Abylkasym Bişr Ýasyn kakama: «Abu Seýidi egniňe mündür, goý, ol tekjedäki külçäni alsyn» diýdi. Kakam meni ýokary galdyrdy, men elimi uzadyp, tekjedäki külçäni aldym. Arpa unundan bişirilen külçe, meniň duýşuma görä, ýyp-ýyljakdy. Abulkasym Bişr Ýasyn ony menden alanda, gözleri ýaşdan doldy. Ol külçäni ikä bölüp: «Iý!» diýip, ýarysyny maňa uzatdy, beýleki bölegini özi iýdi, ýöne kakama hiç zat ýetmedi. Kakam şonda: «Eý, pir, bu mukaddes zatdan meniň nesibämiň bolmazlygy nämedenkä?» diýende, Abulkasym Bişr Ýasyn şeýle diýdi: «Eý, Abul Haýyr, bu külçäniň şol tekjede goýlanyna otuz ýyl boldy. Bize wada berenlerinde: «Jahana täzeden jan berjek ynsan şol külçä elini degrende, külçe ýylar» diýip ynandyrypdylar. Indi hem, edil şu wagtky görşüňiz ýaly, ol gürrüň hakykata öwrüldi. Jahana täzeden jan berjegiň seniň ogluň boljakdygyny saňa buşlaýaryn».

Gurhany doly çykandan soň, Abu Seýit Abul-Haýyr kakasynyň tabşyrygy boýunça edebiň, ýagny edep – edebiýat ylmyny öwredýän ussadyň ýanyna gidýär.

Kakasy Abu Seýit Abul Haýyra: «Mübärek bolsun!» diýip, ak pata berip: «Meniň şu sözlerimi hiç wagt ýatdan çykarmagyn: «Ýer ýüzüniň malu-mülki seniňki bolandan, bir göz açyp-ýumasy salym Hak ýolunda bolsaň haýyrlydyr» diýip wesýet edýär. Abu Seýit Abul Haýyr ömrüniň soňuna çenli onuň bu nesihatyny tutýar. Mundan soň kakasy ony hoja ymam Abu Sagyt Annazynyň ýanyna alyp barýar. Ol döwrüniň ymamy, müftüsi we edibi eken. Onuň ýanynda birnäçe wagt bolýar. Şol aralykda Abulkasym Bişr Ýasynyň ýanyna hem gatnap, ondan sopuçylygyň ince syrlaryny öwrenýär. Abulkasym Bişr Ýasyn 990-njy ýylda Mänede ýogalýar. Abu Seýit Abul Haýyr bu ýerdäki gonamçylyga baranda, ilki şonuň mazaryna zyýarat eder eken.

Abu Seýit dil öwrenmegi tamamlap, fykyh (şerigat kanunlaryny öwrenýän ylym) öwrenmek höwesi bilen, Merwe barýar. «Mäneden fykyh öwrenmek üçin Merwe baranymda, jahylyýet döwrüniň goşgularyndan otuz müň beýdi ýatdan bilýärdim» diýip gürrüň bermegi onuň ýaşlykdan örän zehinli bolandygyna şaýatlyk edýär. Ol Abu Abdylla Hydyrynyň ýanynda bäş ýyl bolup, öz döwrüniň ileri tutulýan ylymlaryny öwrenipdir. Abu

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Abdylla Hydyry öz döwrüniň ymamy, zamanasynyň müftüsi we tarykat ylmyna ökde adam bolupdyr. Iliň öňüne çykyp bilýän ymamlar, ulamalar hem dürli meseleler boýunça oňa ýüz tutar ekenler. Abu Seýit öz tefsirini tamamlan döwürlerinde, ymam Abdylla hem ýurduny täzeläpdir. Onuň mazary Merwde ýerleşipdir. Ol ýogalandan soň, Abu Seýit ymam Abu Bekr Kaffaly Merweziniň ýanyna baryp, ondan ýene bäş ýyllap fykyh öwrenipdir. Ymam Kaffalynyň derslerine Abu Sagyt bilen bile gatnap, ondan tälim alanlardan şyh Nasyry Merwezi, şyh Abu Muhammet Jüweýni, şyh Abu Aly Sençi ýaly şahsyýetler jahanyň buýsanjy bolup geçipdirler. Abu Seýit ymam Kaffalynyň ýanyndaka, iki tefsiri ýazyp gutarypdyr.

Ol Merwden soň Sarahsa, şol döwürde şapygy mezhebini ýaýradan, hadys, tefsir we fykyh ylymlaryndan öňüne adam geçirmedik ymam Abu Aly Zahyr ibn Ahmediň ýanyna barypdyr. Bu ýerde Abu Aly Fakyh bilen Abu Alynyň ýanynda tefsiri, günortan wagtlary yslamyň esaslaryny, agşamlaryna bolsa pygamberimiziň ömür beýanyny öwrenmek bilen meşgullanypdyr. Bu üç ders boýunça Abu Aly Fakyhyň şägirdi bolupdyr. Köp wagtlap şu tertipde

onuň ýanynda ylym öwrenipdir. Ýeri gelende aýtsam, Abu Aly Fakyhyň mazary Sarahsda ýerleşýär.

Bir gün Abu Seýit Abul Haýyra ylym uran pir Lukman Sarahsy gabat gelýär. Ol Lukman Sarahsynyň kömegi bilen Abulfazl Sarahsynyň – Sarahs babanyň ýanyna baryp, birnäçe wagt onuň elinde tälim alýar. Abu Seýit Abul Haýyr pir Abulfazl Hasanyň ýanynda bolansoň, pir oňa öz hüjresiniň gabadyndan jaý berýär we hemme ýagdaýlaryndan habar tutup durýar, ahlak päkliginiň we çillä oturmagyň (ýagny, kyrk günläp hylwatda Gurhan okap oturmagyň) ähli şertini kemsiz berjaý etmegini ondan talap edýär. Mäne babanyň: «Heran-haçan bizde bir halat ýüze çykanda, sähra gidýärdim. Eger şol halatymda bir müşgillik ýüze çykaýsa, onda şyh Abulfazl Hasan peýda bolýardy-da, ol müşgilimi çözýärdi» diýen sözleri onuň durmuş-ykbalynda halypasy Abulfazl Hasanyň uly hyzmatynyň bolandygyna delildir.

Şyh Abulfazl Sarahsda ony has kyn çilleler bilen synag edip, soňra Mänä iberýär. Abu Seýit Abul Haýyr Mänede metjitleriň we tärethanalaryň tämizlik işine seredýär. Ol namazdan öň ýuwnup, elmydama dymyp gezýär. Geýýän dony hem ýamadan ýaňa gat-gat bolup giden eken. Ol 20 – 30 günläp çöle

çykyp, ýalňyzlykda ýaşar eken. Ol şeýdip özüniň pikir-düşünjesini, kalbyny has hem saplapdyr. Onuň başdan geçiren kyn çilleleri hakda şeýle diýilýär: «Ol Babyl guýusynda başaşak sallanyp, çille çeken Harut we Marut ýaly, bir agaçdan özüni başaşak asyp goýýar».

Soň ýene Sarahs babanyň ýanyna gaýdyp gelen Mäne baba bu durmuşyny dowam etdiripdir. Onuň tabşyrygy bilen Nişapura gidipdir. Ol ýerde Ymamyl-harameýn Jüweýni, Abulkasym Kuşeýri ýaly alymlar we sopular bilen tanşypdyr. Mäne baba ol ýerde meşhur sopy Abu Abdyrahman Suleminiň elinden hyrka geýýär. Mälim bolşy ýaly, sopuçylykda belli bir derejä ýeten adam öz piriniň goldamagy we ak patasy bilen hyrka don geýipdir.

Soňra Mäne baba Mänede 7 ýyllap ýaşapdyr we çille durmuşyny dowam etdiripdir. Amul şäherinde ýaşan Abulabbas Gassap hem Abu Seýit Abul Haýyryň halypalarynyň biridir. Sarahs baba ýogalandan soň, Mäne baba Amula baryp, Abulabbas Gassapdan ikinji hyrkany geýýär. Abulabbas Gassap ýogalandan soň, ol ýene Mänä gaýdyp gelipdir. Gijelerine ybadat hem zikir bilen meşgul bolupdyr. Gündizlerine elmydama agyz bekläp gezer eken.

Dynç alman, elmydama kybla bakyp oturar eken. Haram zatlardan daş durup, berhiz tutup gezer eken. Şeýdip, 18 sany ýörelgäni geçdim diýip hasap edenden soň, ol halky hem sopuçylyga, hak ýola çagyryp ugrapdyr. Nişapurda we Mänede öz daşyna ençeme mürit ýygnapdyr.

Mäne baba hanakalarda daňa çenli semag edip, ylahy, yşky şygyrlary okar eken. Öz söhbedine gatnaşanlary joşdurar eken. Özüniň çagyrylýan oturyşyklarynda we zyýapatlarynda has joşgunly semaglar eder eken. Ol hiç haçan baýlyk ýygnamagyň aladasynda bolmandyr. Onuň semag mejlislerini yakyn ýarany Hasan Mueddep gurnar eken.

Mäne babanyň ýuwlugy Muhammet Münewwer özüniň «Esraryt-Towhyt» atly kitabynda Abu Seýit Abul Haýyryň daşky keşbi hakynda ony görenleriň dilinden aýdylan şeýle hekaýaty getiripdir: «... onuň kaddy-kamaty uzyn, ak ýüzli, peşeneli, gözleri röwşen, göbegine çenli sakgaly ýapyp duran, başyna sopy telpegini geýen, hasasy we kündügi elinde, namazlygy egnine atylan, aýagy örme köwüşli bir nazarkerde ýaşuludygyny gördüm. Onuň ýüz-gözünden nur çogup durdy».

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Mäne babanyň ömri, durmuşy, edebi hem ylmy döredijiligi, pelsepewi garaýyşlary, sopuçylyk taglymatynda goýan yzlary barada möhüm maglumatlary özünde saklaýan eserler onuň nebereleri tarapyndan ýazylyp galdyrylypdyr. Olaryň biri Mäne babanyň ýuwlugy Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla ibn Abu Seýit ibn Abu Sagyt tarapyndan ýazylan «Halaty suhanany Abu Seýit Abul Haýyr» («Abu Seýit Abul Haýyryň halatlary we paýhasly sözleri») atly eserdir. Eser Soltan Sanjar aradan çykandan soňra (1154-nji ýyldan soň) ýazylypdyr. Soltan Sanjar aradan çykandan soň, Horezmşa Il Arslan Horasana gelipdir. Mäne galasyna gelende, ony Mäne babanyň nebereleri garşylapdyrlar. Olar Horezmşa özleriniň atalary, meşhur şyh, alym Abu Seýit Abul Haýyr, onuň işleri, keramatlary barada yzygiderli gyzykly gürrüňler beripdirler. Bu gürrüňler soňra Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla aýratyn bir kitap ýazmaga esas bolupdyr.

Abu Seýit Abul Haýyry öwreniji rus alymy W. A. Žukowskiý ol eseri Britan muzeýindäki golýazmasy esasynda 1899-njy ýylda «Goja Abu Seýit Mäneliniň durmuşy we hekaýatlary» («Жизнь и речи старца Абу-Саида Мейхенейского».

Персидский текст) ady bilen neşir etdirýär. Oňa ýazan sözbaşysynda alym eseriň aýratyn bir ada eýe däldigini, onuň awtorynyň adynyň Jemaleddin Abu Rawh Lutfulla ibn Abu Seýitdigini görkezýär. Lutfullanyň bu eserini eýran alymy Muhammet Reza Şafygy Kadkany 1384-nji ýylda çapa taýýarlap, Tähranda çap etdiripdir.

Mäne babanyň ömür beýany hakdaky «Esraryt--Towhyt» eserinde sapar-syýahatlara we zyýaratlara uly orun berilýär. Olar arkaly orta asyrlarda, ýagny Seljuklar döwründe esasy syýahat we mukaddes zyýarat ýerler baradaky gymmatly maglumatlary öwrenmek mümkindir. Mäne baba, esasan, Horasanyň çäklerine – Bawert, Nusaý, Amul, Damgan, Astrabat, Bust, Merw, Hyrat, Sarahs, Nişapur, Tus ýaly şäherlere sapar edipdir, Sarahsda keramatly pir Abulfazl Sarahsynyň (Sarahs babanyň), Harakanda Abulhasan Harakanynyň, Bistamda Baýezidiň guburlary onuň esasy zyýarat edýän ýerleri bolupdyr.

Mäne baba öz döwründe döwlet hökümdarlarynyň, baştutanlarynyň we wezir-wekilleriniň hem ýakyn maslahatçysy, geňeşdary, ruhy hemaýatçysy, doga--dilegçisi bolupdyr. Olar onuň ýanyna gelip, işleriniň rowaçlanmagy üçin ak pata, maslahat, öwüt-nesihat

alypdyrlar. Muny Soltan Togrulyň weziri bilen baglanyşykly şeýle bir hekaýatdan hem görmek bolýar:

Soltan Togrulyň weziri hoja Abu Mansur Warakany bir gün Mäne babanyň ýanyna gelip, oňa: «Eý, pirim! Şoňa eýerer ýaly, maňa bir öwüt bersene!» diýip, işleriniň ugruna bolmagy üçin, özüne dogry ýol salgy bermegini soraýar. Onda Mäne baba aýdýar: «... Bu gün seniň işiň, ýagny borjuň halkyň hakyny berjaý etmekdir. Sen bu gün munuň hötdesinden gelip bilseň, ertirki gün bu babatdaky hyzmatlaryň seniň goluňdan tutar... Bütin halk seniň döwletiň perzentleridir, sen olaryň ählisine öz perzentleriň ýaly bak! Dünýäniň baýlygyna we öz dergähiňdäki halkyň toplumyna aldanmagyn. Halaýyk öz hajatlarynyň gullarydyr. Eger sen olaryň hajatlaryny bitirseň, seniň birgiden kemçilikleriň bar bolsa-da, hiç biri olaryň gözüne ilmez, seni gowy kabul ederler. Eger olaryň hajatlaryny bitirmeseň, seniň müň dürli hünäriň bar bolsa-da, olar saňa hiç hili üns berip durmazlar» diýip, ony haýra iterip, abraýa göterjek atalyk maslahatyny berýär.

«Tapan zatlarymyň ählisini gije ukyny, ýüregimden dawa-jedeli we kalbymdan maly-dünýä

nebsewürligini terk etmek arkaly gazandym» diýen sözleri Mäne babanyň gözel ahlaga, beýiklik we ýokary adamkärçilik derejesine haýsy ýol, nähili tagalla bilen ýetendigine güwädir. «Biz gözli kördük, gulakly kerdik, dilimiziň saýrap durandygyna garamazdan, laldyk» diýşi ýaly, ol gözlerini görmesiz zatlary görmekden, gulaklaryny eşitmesiz zatlary eşitmekden, dilini aýtmasyz zatlary aýtmakdan gorap saklapdyr.

HOJA AHMET ÝASAWY

«Medinede – Muhammet, Türküstanda – Hoja Ahmet» diýlip, belent mertebä eýe bolan ussat, Ýasawylyk mekdebini esaslandyran, müňlerçe talyp ýetişdiren Hoja Ahmet Ýasawy türkmeniň orta asyr sopuçylyk edebiýatynyň başyny çekýär. «Türküstan piri» diýlip atlandyrylyp, mertebeli sopular tarapyndan uly hormata mynasyp bolan Hoja Ahmet Ýasawy diňe bir türkmen halkynyň däl, eýsem, bütin türki halklaryň arasynda örän meşhurdyr.

Beýik Türküstan piriniň türki-yslam sopuçylyk taglymatynyň taryhyndaky tutýan orny hakynda anyk, dogry we ýeterlik derejede pikir ýöretmek üçin, taryhy maglumatlardan hem başga, halk

ynançlaryny we halk rowaýatlaryny doly öwrenmek zerurdyr.

Kakasy Ybraýym ibn Mahmyt ibn Iftihar uly dindar, arassa ahlakly, abraýly kişi bolupdyr. Ahmediň ejesi Garasaç hem juda takwa, akylly, şeýle-de örän görmegeý bolupdyr. Bularyň Göwheri Şanäz atly gyzy we Ahmet atly ogly bolupdyr. Ahmet heniz ýedi ýaşlaryndaka, ene-atalary ýogalyp, bu iki dogan ýetim galypdyr.

Hoja Ahmet Ýasawynyň doglan ýyly anyk däldir. Käbir maglumatlarda ol XI asyryň ortalarynda doglupdyr diýilse, käbir çeşmeler onuň 1105-nji ýylda doglandygyny tassyklaýarlar. Maglumatlar onuň 1166-njy ýylda dünýäden ötendigini we Ýassy obasynda jaýlanandygyny aýdýarlar. Şu ýerde beýik welileriň köpüsiniň doglan senesiniň anyk däldigini bellemek isleýärin. Emma olaryň dünýäden öten seneleri barada welin kän aýdylypdyr we bular ýatdan çykmajak derejede beýan edilipdir.

Şunuň bilen baglanyşykly ýene bir ýagdaýy bellemekçi. Rowaýatlara we taryhy maglumatlara görä, geljekki Türküstan welisi Hoja Ahmet Ýasawy Saýramda (Saýram – günorta Gazagystandaky gadymy bir şäher, ol wagtlar örän giň ýerler

umumylykda Türküstan diýlip atlandyrylypdyr) dünýä inipdir. Beýleki bir maglumata görä, ol 1105-nji ýylda Türküstanyň Ýasy (Ýassy) diýen obasynda eneden bolupdyr. Bu oba-şäherleriň haýsysy bolanda-da, olaryň biri-birinden aýry bir ýerler däldigini hem aýdaýyn.

Köp gowgaly ýyllar geçip, 1395 – 1397-nji ýyllarda Emir Temir Hoja Ahmediň köne mazarynyň üstünde ullakan haşamly gümmez galdyrypdyr.

Alyşir Nowaýynyň «Nesaýymul-muhabbet» («Söýgi şemallary») atly eseri Hoja Ahmet Ýasawy we onuň edebi mekdebine dahylly müritleri dogrusynda anyk, giň hem geň-enaýy maglumatlary berýän eserleriň biridir. Onuň mukaddamasynda (girişinde) ýazmagyna görä, bu eser Abdyrahman Jamynyň pars dilindäki «Nefahatul-üns hazaratulkuds» («Päklik mejlislerinde hemdemlik ysy») atly, 601 sany sopynyň ömür beýanyny öz içine alýan eseriniň üsti doldurylan türki dilli eserdir.

Bu eserde Hoja Ahmet Ýasawy hakynda şeýle maglumat berilýär:

«Hoja Ahmet Ýasawy Türküstan mülküniň uly şyhlaryndandyr. Onuň derejesi has beýik hem meşhurdyr, keramaty bolsa dowamly hem çäksizdir.

Onuň müritleri hem ýaranlary sansyzdyr. Işiginde şahu-gedalaryň isleg we yhlaslary soňsuzdyr. Ol Ymam Ýusup Hemedanynyň ýaranlaryndandyr. Ol Hoja Abdylhalyk Giždiwany bilen köp söhbetdeş bolupdyr. Hoja Abdylla Barky, Hoja Hasan Endeki hem onuň bilen bilelikde Ymam Ýusup Hemedanynyň müritleri bolupdyrlar. Ymamyň şeýle beýik mertebelere ýetenligi jähetden, zamanynyň köp welileri onuň ylym-terbiýesini alypdyrlar. Şyh Lala bolsa, hormatly Şyh Nejmeddin Kubranyň hyzmatynda bolmazdan ozal, Hoja Ahmet Ýasawynyň hyzmatynda bolupdyr we onuň hanakasynda piriň tarykat ýoluna giripdir. Hoja Ahmediň mazary Türküstanda Ýasy diýen ýerde bolup, ol şol ýerde önüp-ösüp, şol ýerde hem dünýeden gaýdandyr. Ol Türküstan ähliniň kyblaýy dogasydyr».

Alyşir Nowaýy bu eserinde Hoja Ahmet Ýasawydan soňra, onuň silsilesine we Zeňňi babanyň silsilesine dahylly bolan Kutbeddin Haýdar, Hekim Ata, Ysmaýyl Ata, Yshak Ata, Hoja Bahaweddin, Hoja Baýezit, Hojam Halyl, Gorkut Ata, Aly Ata, Gylyç Ata, Sadr Ata, Hubby Hoja, Ýigit Ahmet, Gök Şyh, Demirçi Ata, Zehhat Han, Şyh Abuhasan Aşyky, Mahmyt Şyh, Hudaýguly Şyh, Muhammet Şyh, Ylýas Şyh, Şyhzada Abulhasan,

Şyh Muhammet Sopy, Musa Şyh, Şyh Soltan Sopy, Gyşlyk Ata, Omar Ata, Seýit Ata, Hüseýin Bap, Zeňňi Ata, Hasan Şyh (Gözli Ata), Ýusup Şyh, Hajy Şyh we ýene käbir sopularyň hal-hatyrlaryndan habar berýär. Men, ýeri gelende, Nowaýynyň eserinde gürrüňi edilýän bu şahsyýetleriň hem her biriniň türkmen edebiýatynyň taryhynda özüne mynasyp orunlarynyň bardygyny, bulary öwrenmegiň öňdäki wezipedigini aýtmak isleýärin.

Sopuçylyk akymy Orta Aziýada uly sopularyň, akyldarlaryň ýüze çykmagyna sebäp bolupdyr. Beýik pirler we derwüş-sopular dini hem ahlaky pikirleri ýaýbaňlandyrypdyrlar. Halk köpçüligi olary özlerine ýolgörkeziji hökmünde kabul edipdir, hökümdarlar we döwlet adamlary olara uly hormat bilen garapdyr. Şunuň netijesinde, eýýäm XII asyrda gadymy türkmen topragy sopuçylygyň örän güýçli merkezine öwrülipdir. Bu ýerde ýetişen ýüzlerçe derwüş-sopularyň tagallasy bilen sopuçylyk medeniýeti we däbi orta çykypdyr. Şeýle ýagdaýda, türkmeniň uly piri Hoja Ahmet Ýasawy töweregine ýüzlerçe müritleri, talyplary ýygnap, bu uly akymyň Ýasawylyk ugruny esaslandyrypdyr. Onuň dini-ahlaky hikmet görnüşindäki şygyrlary

bilen Ýasawylyk ugry giň we gadymy türkmen topragynyň ähli ýerine, bu topraklarda ýaşaýan ähli illere ýaýraýar. Öz şygyrlarynda Hoja Ahmet Ýasawy hem, soňra onuň ýoluny mynasyp dowam etdiriji derwüş-sopular hem täze pikirleri, türkmeniň öz dini ynançlaryna laýyklykda, Allatagala bolan söýgüsini, duýgusyny halkyň düşünip, aňlap biljek dilinde we derejesinde beýan edipdirler. Şonuň üçinem, halk bu sopuçylyk akymyny çalt we ýitilik bilen, ýürekden kabul edipdir. Hoja Ahmet Ýasawydan soňra onuň şägirtleri, müritleri bu ýoly uzak wagtlap dowam etdiripdirler. Hatda Ýasawylykdan birnäçe gollar ýaýrap, ondan Zeňňi Atanyňky ýaly täze silsileler hem peýda bolupdyr.

Abdyrahman Jamynyň «Nefahatul-üns», Käşifiniň «Reşehaty aýnyl-haýat» ýaly eserleri hem Hoja Ahmet Ýasawynyň ömrüne we döredijiligine degişli anyk maglumatlary berýän ygtybarly çeşmelerdir. Bularda Hoja Ahmet Ýasawynyň XI asyryň ortalarynda Saýramda dünýä inendigi, 1166 – 67-nji ýyllarda aradan çykandygy habar berilýär. Ahmediň heniz çagajykka enesinden, ýedi ýaşa girende bolsa atasyndan aýrylandygy, ony babasy Arslan Babanyň öz terbiýesine alyp, Ahmet heniz çaga mahaly onuň

hem aradan çykandygy, soň ony Arslan Babanyň ogly Mansur Atanyň terbiýeläp kemala getirendigi aýdylýar. Bu çeşmelerde Ýasawy pirlik derejesine ýeten mahalynda, çaga döwründe onuň özüni terbiýelän Mansur Atanyň-da oňa mürit bolandygy barada hem gürrüň berilýär.

Maglumatlara görä, ol bozkeýikli türkmenlerdendir. W. W. Bartold: «Hoja Ahmet Ýasawa «Ata Ýasawy» hem diýer ekenler...» diýse, W. A. Gordlewski: «Musulman dinini türki halka öwretmekde we olaryň arasynda ýaýratmakda Ýasawynyň bitiren işleri diňe Orta Aziýada däl, hatda Kiçi Aziýada-da diýseň uludyr. Häzir hem şol ýerde türkmenleriň arasynda Ýasawynyň bozkeýikler tiresinden bolan nesilleri ýaşap ýör» diýip belläpdir.

1484-nji ýylda Hoja Ubeýdullanyň müridi bolan Sopy Möwlana Aly bin Hüseýiniň 1503-nji ýylda ýazan «Reşehaty aýnyl haýat» («Dirilik çeşmesiniň syzyndylary») atly kitabynda şeýle maglumat berilýär:

«Hoja Ahmet Ýasawy Hoja Ýusup Hemedanynyň üçünji oruntutarydyr. Ol Türküstanyň Ýasy şäherinden, gubry-da şol ýerdedir. Türküstan halky oňa Ata Ýasawy hem diýýärler».

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Hoja Ahmet Ýasawy ýedi ýaşynda Arslan baba duşandygyny şeýle beýan edýär:

Ýedi ýaşda Arslan Baba kyldym salam,
«Hak Mustapa emanatyn kylyň engam!»,

Şol halatda müň bir zikrin kyldym tamam,
Nebsim ölüp, la mekanga aşdym men-ä.

Hoja Ahmet Ýasawy on bäş ýaşyndaka, düýşünde «Horasan käbesi» Hoja Ýusup Hemedanyny görüpdir. Şondan soň ol Buhara gidip, piriň hyzmatynda durupdyr. Hoja Ahmet piriniň patasy we sargydy bilen birnäçe ýyldan soň ýene Ýasy şäherine dolanyp gelipdir. Bu ýerde uly bir hanaka gurduryp, ýüzlerçe talyp ýetişdiripdir. At-owazasy bilen birlikde onuň Ýasawylyk tarykatynyň owazasy hem dünýä dolupdyr.

Hoja Ahmet Ýasawynyň Hoja Ýusup Hemedanydan sapak alandygy baradaky taryhy maglumatlary Ýasawylyk mekdebiniň talyby Gul Şerip hem öz şygyrlarynda tassyklaýar:

...Ýetdi ýaşy on bäşe, gadam goýdy her işe,
Bir är girdi düýşe, Hojam Ahmet Ýasawy.

«Adym Ýusup Hemedan, bolaý saňa mähriban,
Aryp bolup, bolgul jan, Hojam Ahmet Ýasawy».

Gözün açdy – hiç kim ýok, muhabbete garny dok,
Aşyk bolsaň, sözni ok, Hojam Ahmet Ýasawy.

Çölden-çöle gitdiler, bir aý ýörüp ýetdiler,
Gije girmeý ýatdylar, Hojam Ahmet Ýasawy.

Irte säher gopdular, nagra-perýat etdiler,
Hanakaga girdiler, Hojam Ahmet Ýasawy...

Görnüşi ýaly, bu eserinde Gul Şerip Hoja Ahmediň on bäş ýaşyndaka Hoja Ýusup Hemedanyny düýşünde görüp, onuň mübärek didaryny arzuwlap, bir aýlyk ýoly paý-pyýada geçendigini aýdypdyr. Soňra bolsa: «Ten öýüdir ab-ugil, hyzmat kyldy ýedi ýyl» diýip, onuň Hoja Ýusup Babanyň ýanynda ýedi ýyl bolandygyny hem belläpdir.

Hoja Ahmet Ýasawa üçünji hyrkany Hoja Ýusup Hemedany geýdiripdir. Ol özüniň bu ylym şägirdine uly hormat goýupdyr. Talyplaryň hanakasyna aýlananda, ol Hoja Ahmediň hüjresine gelen wagty belent ses, ýakymly owaz bilen Gurhanyň «Bakara» süresini okar eken. Şeýdip beýik pir Hoja Ahmet

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Ýasawa, geljekki Türküstan welisi, beýik pir bolup ýetişjek sopusyna bolan çäksiz hormatyny we uly söýgüsini aňladypdyr.

Öňde-de ýaňzydyşym ýaly, Hoja Ahmet Ýasawynyň näçe ýaşandygy anyk däldir. Has dogrusy, bu syrlydyr. Rowaýatlardyr taryhy maglumatlarda bu barada dürlüçe aýdylýar. Käbir alymlar onuň 63 ýaşandygyny aýdýan hem bolsalar, bu dogry däldir diýip netije çykarýaryn. Sebäbi hezreti Muhammet aleýhyssalamyň hormatyna 63 ýaşdan soňky ömrüni ýer astynda, çillehanada geçirendigini onuň özi hikmetlerinde aýdypdyr:

Subhy-sadyk duşenbe gün ýere girdim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.
Altmyş üçde sünnet diýdi, eşdip bildim,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Ýer üstünde ýaranlarym matam tutdy,
Älem hemme «soltanym» diýp nagra dartdy,
Altmyş üçde, eşit menden, nesip nätdi,
Mustapaga matam tutup, girdim men-ä.

Muhammet pygamberiň hormatyna altmyş üç ýaşdan özgesini özi üçin mynasyp görmedik beýik

pir bu dünýäde ömrüniň ahyryna çenli ýaşamagy nebis belasyndan hasap edip, bu dünýäniň haý-höweslerinden, ýalançynyň eşretlerinden berhiz tutup, ýer astyndaky tüm şekilli garaňky jaýa girendigini, emma o taýda-da şonça ýaşandygyny eserlerinde beýan edipdir:

Altmyş üçde sünnet boldy ýere girmek,
Resul üçin iki älem berbat bermek,
Aşyklaryň sünnetidir tirik ölmek,
Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Rowaýatlaryň käbirinde onuň 133 ýyl ýaşandygy aýdylsa, käbirinde 120 ýyl ýaşandygy aýdylýar. Onuň ruhy-edebi mekdebine degişli bolan talyplaryndan Gul Şerip bir hikmetinde: «Hoja Ahmet Ýasawy ýüz ýigrimi ýaşapdyr» diýip belleýär. Ol muny ýöne ýerden alan däldir, çünki piriň yzyna eýeren talyplaryň onuň durmuşyndan hem, döredijiliginden hem bihabar bolmagy mümkin däldir. Ýaşynyň ýüz ýigrimi bäşe girendigini öz setirlerinde şahyryň özi-de aýdypdyr ahyryn:

Erenlerden faýzy-futuh alalmadym,
Ýüz ýigrimi bäşe girdim, bilelmedim,

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Haktagala tagatlaryn kylalmadym,
Eşdip, okap, ýere girdi Gul Hoja Ahmet.

Oguz türkmenleriniň mekany bolan ýer-ýurt atlaryna taryhy çeşmelerde juda köp gabat gelinýär. Munuň sebäbi ol ýerleriň durky bilen beýik taryhdygy, onda-da müňýyllyklaryň jümmüşlerinden gaýdýan, dünýä ýaň salan taryhdygy bilen baglanyşyklydyr. Hoja Ahmediň ýaşan, hatda onuň doglan ýeri diýilýän Saýram şäheri hem biziň ata-babalarymyzyň – gadymy oguzlaryň mekanydyr. Abulgazy bu hakynda: «Oguz iliniň ýurtlarynyň gündoguşy Yssyk köl we Almalyk we kyblasy Saýram we Kazgurt dagy we Garajyk dagy we demurgazygy Ulug dag we Kiçik dag ki misniň käni bolur we günbatyşy Syrderýanyň aýagy Ýaňykent we Garagum. Uşbu aýdylgan ýerlerniň içinde dört müň we bäş müň ýyl olturdylar. Täki haýsy urug köp bolsa, andan patyşa göterdiler» diýip ýazypdyr.

Beýik Magtymguly Pyragy bolsa:
Hyrka geýen Hoja Ahmet,
Saýramdadyr, Saýramda –

diýipdir.

Hoja Ahmediň sopuçylyk ýörelgesindäki derwüşligiň, aşyklygyň umumy görnüşde we täze şertlerde Mansur Hallajynyňky bilen uýgunlaşýandygyny belläpdirler. Ýasawy öz taglymatynda Hudaýyň bardygyny ykrar edýär. Emma yhlasly sopy üçin Haka ýetmek elýetmez däl, eger derwüş yhlas etse, Ony durky bilen söýse, kalbyny tämizlese, ýagny daşyny gurşap alan durmuşyň ähli erbetliklerinden, pisliklerinden arassalasa, özüni ruhy we akyl taýdan kämilleşdirse, şol elýetmezlige – Haka gowşup, onuň bilen birleşip bilýär. Onuň üçin derwüş ruhy taýdan öz pikirlerinde, Mansur Hallajy ýaly, aýtjak sözlerinde we durmuşynda erkin bolmaly. Dünýäniň hany-manyna, häkim-şasyna bagly bolmaly däl, onuň esasy ýagysy öz nebsi bolmaly. Derwüş, ozaly bilen, nebsini öldürmeli. Munuň aňyrsynda nähili gözel zatlar, ähli gözel zatlaryň gözeli bolan Hak bar! Düşünjeler mistiki häsiýetde berilse-de, bu ýerde öňi bilen ynsan mertebesi beýgelýär.

Ýeri gelende aýtsam, W. W. Bartold, W. A. Gordlewski, M. Ý. Masson, B. Glizeti, A. K. Borowkow ýaly alymlaryň şeýle uly hem syrly mana eýe bolan bu sopuçylyk ylmy dogrusynda ýöreden anyk pikirleri hem okadygyňça özüne çekýär.

Söhbedimiň başynda-da belleýşim ýaly, orta asyr sopuçylyk edebiýaty hakda aýdylanda, türkmen edebiýatyna, onda-da türkmen sopuçylyk edebiýatyna kerwenbaşylyk eden Hoja Ahmet Ýasawydyr. Bu ykrar edilen hakykatdyr. Taryhdan mälim bolşy ýaly, Garahanly döwleti musulman dinini kabul eden ilkinji türkmen döwleti bolupdyr. Mahmyt Kaşgarlynyň «Diwany lugat-it-türk», Ýusup Has Hajybyň «Gutadgu bilig», Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetler» atly diwanlaryna esaslanyp, bu döwletde türkmen dilindäki edebiýatyň ösüşe eýe bolandygyny arkaýyn aýtmak bolar. Bu eserleriň, şol bir wagtda:

Hoşlamaýdur alymlar, bizniň aýgan türküni,
Aryplardan eşitseň, açar köňül mülküni –

diýýän Hoja Ahmet Ýasawynyň şygyrlarynyň dili XII asyrda Orta Aziýa edebiýatynda höküm süren Kaşgarly hanlygynyň – Garahanlylaryň edebi dili bolupdyr. Bu dil meşhur Garahanlylar döwletinde türkmen garlyk we uýgur edebi dilleriniň garyşmagy netijesinde edebi meýdana gelen ortak dildir. Mahmyt Kaşgarlynyň, Ýusup Has Hajybyň, Hoja Ahmet Ýasawynyň eserleri türkmen halkynyň ruhy-medeni baýlygydyr we olaryň Orta Aziýadaky türki

dilli halklaryň ortak eserleri halyna gelen eserleri şol döwrüň ortak edebi dilinde ýazylandyr we hatda şol edebi dili döredendir. Bu dil soňra Hoja Ahmet Ýasawynyň şägirtleri Hekim Süleýman Atanyň we onuň döredijilik mekdebine dahylly beýleki talyplarynyň eserlerinde dowam etdirilipdir.

NEJMEDDIN KUBRA

Türkmen topragy taryhy wakalara juda baý. Nejmeddin Kubranyň durmuşy, Watan üçin görkezen gahrymançylygy hem şu toprak bilen aýrylmaz baglanyşyklydyr.

Mukaddes Garaşsyzlygymyzy gazanmagymyz bilen, tutuş musulman dünýäsinde «Kubra», ýagny «Beýik» lakamy bilen tanalan, Gündogaryň medeni-ylmy äleminiň röwşen ýyldyzy bolan, Gündogar ylmynyň ösüşine güýçli itergi beren, dünýä meşhur beýik alym Nejmeddin Kubranyň ömri, ylmy mirasy, filosofik garaýyşlary, dünýä medeniýetine goşan goşandy çuňňur öwrenilip başlandy.

Şunuň bilen baglanyşykly, 2008-nji ýylyň 4-6-njy sentýabry günlerinde «Nejmeddin Kubra we Gündogaryň ruhy-medeni dünýäsi» atly halkara ylmy maslahatyň geçirilendigini ýatlamak isleýärin.

Bu halkara ylmy maslahatyň geçirilmegi, milletine, diline, dini ygtykatyna garamazdan, mübärek we şöhratly ady indi sekiz ýüz ýyl töweregi wagt bäri dünýä halklarynyň dilinden düşmän gelýän beýik alyma ýurdumyzda goýulýan hormat-sarpanyň bir nyşanydyr.

Akyldaryň adamzady haýra, hakykata, ynsaba, ynama, ygrara çagyrýan eserleri dünýäniň köp ýurtlaryna ýaýrapdyr. Biz Türkmenistanyň Ylymlar akademiýasynyň Magtymguly adyndaky Dil, edebiýat we milli golýazmalar institutynyň üsti bilen türkmen halkynyň geçmişine, edebiýatyna, taryhyna, diline degişli ýüzlerçe golýazma çeşmeleriň surat nusgalaryny ata Watana gaýtaryp getirmek babatda soňky ýyllarda ägirt uly işleri amala aşyrdyk. Şol golýazmalaryň arasynda beýik alym, uly pir Nejmeddin Kubranyň eserleri hem bar. Şolaryň hatarynda Kubranyň «Fewäihul-jemal we fewätihul-jelal» («Gözelligiň müşki we beýikligiň gözbaşy»), «Risalatu haiful-häim min lewmetil-läim» («Ýazgarýanyň ýazgarmagyndan gorkýan haýran kişiniň risalasy»), «Risala sekinetus-sälikin» («Ýola düşenleriň risalasy»), «Usuly aşara» («On usul»), «Risala fit-tasawwuf» («Tasawwuf hakda risala»),

«Risalatuş-şagyr» («Şahyryň risalasy»), «Akrabut-taryk» («Iň ýakyn ýol») ýaly eserleri bar.

«Kubrawiýe» tarykatyny esaslandyran, sopuçylygyň taryhynda we halkyň arasynda «Nejmeddin Kubra» ady bilen tanalýan beýik türkmen alymy, akyldary we meşhur piri bolan Nejmeddin Kubranyň doly ady Abu Jennap Ahmet ibn Omar ibn Muhammet ibn Abdylladyr.

Nejmeddin Kubra, takmynan, 1141-nji ýylda Horezmde dünýä inip, 1221-nji ýylda Horezmiň paýtagty Gürgenç, häzirki Köneürgenç şäherinde mongollar tarapyndan öldürilipdir.

Ol başlangyç bilimi dogduk obasynda alypdyr. Soňra ylym syýahatyna çykyp, Nişapur, Töwriz, Hemedan, Yspyhan, Mekge, Isgenderiýe ýaly, şol döwrüň ylym-bilim merkezlerinde tälim-terbiýe alypdyr. Ylym ugrunda hiç bir muşakgatdan çekinmändir. Döwrüniň iň uly alymy şyh Ruzbehan Wazzandan, soňra Töwrizde Abu Nasyr Hafzadan tälim alypdyr. Nejmeddiniň ylymdarlygyna, asylly ahlagyna göwni ýeten şyh Ruzbehan oňa öz gyzyny beripdir. Ondan Nejmeddiniň iki ogly bolupdyr.

Sopuçylyk ýoluna girýançä, Nejmeddiniň meşgullanan esasy ylmy Muhammet pygamberiň

sözleri we işleri, ýagny hadys ylmy bolupdyr. Ol hadys ylmynda hemedanly Abu Alydan pata alypdyr. Soňra Isgenderiýe şäherine baryp, döwrüniň ussat hadysçysy Abu Tahyr Silefiden tälim alypdyr. Ondan soň bolsa Nişapurdaky Abu Magalynyň derslerine gatnaşypdyr.

Kubranyň ýaşan döwri sopuçylyk taryhynyň iň ösen döwrüdir. Bu döwre «Tarykatlar döwri» hem diýýärler. Çünki köp sanly tarykat pirleri şol döwürlerde ýaşap, öz sopuçylyk garaýyşlaryny mekdep görnüşinde halka ýaýradypdyrlar. Nejmeddin Kubranyň «Kubrawiýe» tarykaty bilen bir hatarda Abdulkadyr Gilanynyň «Kadyryýe», Hoja Ahmet Ýasawynyň «Ýasawyýe», Bahaweddin Nagyşbendiniň «Nagyşbendiýe» tarykatlary şol döwürlerde giň türkmen ülkelerine we beýleki ýerlere hem ýaýrapdyr.

Yslam älemini her bir ýerinde şular ýaly pirleriň bolmagy halklaryň sopuçylyk durmuşyna aralaşmagyna itergi beripdir. Şeýlelikde, Seljuklar, Horezmşalar we Osmanly döwletlerine, hatda Hindistanyň Babyrlar, Togalakşalar, Adylşalar we beýleki nesilşalyklaryna degişli ýerleriň medeniýetleri hem tarykat ýollaryndan güýçli täsirlenipdirler.

«Nefehatul-üns» kitabynda Abdyrahman Jamynyň aýtmagyna görä, Möwlana Jelaleddin Rumynyň kakasy, «Soltanul-Ulama» («Alymlaryň Soltany») adyny gazanan Bahaweddin Welet Nejmeddin Kubranyň meşhur sopularynyň biri bolupdyr. Bu hakynda Jelaleddin Rumynyň müridi Ferideddin Sypahsalar hem özüniň «Risala» atly eserinde belläp geçipdir. Nejmeddin Kubranyň köp sanly sopusy bolupdyr. Şonuň üçin oňa «Şyhyl-welitaraş», ýagny «Weli ýetişdirýän pir» hem diýipdirler.

Gündogar sopuçylyk taryhynda we medeniýetinde Nejmeddin Kubranyň örän uly orny bardyr. Ol tarykat hakyndaky pikirlerini öz kitaplarynyň we ylmy mejlisleriniň üsti bilen halka ýetiripdir. Mysal üçin, ol özüniň «Fewaihul-jemal we fewatihul-jelal» atly kitabynda sopuçylygyň ince syrlary hakynda ussatlyk bilen aýdypdyr. «Usuly aşara» we «Risalatu haiful-häim min lewmetil-läim» atly kitaplarynda sopuçylygyň edeplerini we tarykat ýolunyň usullaryny nesihatlar hökmünde beýan edipdir.

Nejmeddin Kubra öz pikirlerini adamlara örän düşnükli edip aňladyp bilipdir. Mysal üçin, ol şeýle diýýär: «Şerigat gämi, tarykat deňiz, hakykat bolsa gymmat bahaly hünji ýalydyr. Hünji isleýän adam

gämä münüp, deňze çykar-da, hünji gözlär. Sopulara ilki gerekli zat şerigatdyr, şerigat bolsa Allatagalanyň we pygamberiniň buýruklaryna boýun bolup, täret, namaz, roza, zekat, haj ýaly buýruklaryny ýerine ýetirip, haram eden zatlaryndan gaçmakdyr. Sopynyň şerigatdan soň ýapyşmaly zady tarykatdyr, tarykat hemme haý-höweslerden daşlaşyp, Allatagala ýakynlaşdyrýan takwaçylyga ýapyşmakdyr. Hakykat bolsa Allatagalanyň tejelli nuruny görüp, maksada ýetmekdir. Şerigat – suw bilen tämizlenmek, tarykat – kalby haý-höwesden daş tutmak, hakykat bolsa kalby Allatagaladan başgadan tämizlemekdir».

Beýik alym ylym dünýäsine ajaýyp eserleri, rubagylary miras goýmak bilen birlikde, kämil şägirtleri hem ýetişdirip beripdir. Ençeme alymlary, pirleri ýetişdiren Nejmeddin Kubra, köňül duşmanlary bolan nebis we şeýtan bilen göreşişi ýaly, daşky duşmanlar bilen hem batyrgaý göreşip, Watan ugrunda şehit bolupdyr.

Nejmeddin Kubranyň Watany goramakda görkezen edermenligi, gaýratlylygy barada hem ençeme rowaýatlar, beýleki kyssa eserleri döredilipdir. Ol eserler «Horezmnama», «Hywanyň taryhy», «Horezmiň geçmişi» ýaly atlar bilen bellidir.

Bu eserleriň dürli nusgalary Türkmenistanyň, Russiýanyň Sankt-Peterburg şäheriniň we beýleki ýerleriň golýazmalar hazynalarynda saklanýar.

Halk arasynda üç ýüz altmyş piri terbiýeläp ýetişdiren diýlip tanalýan keramatly pir Nejmeddin Kubranyň bize miras goýup giden eserleriniň terbiýeçilik ähmiýeti örän uludyr. Olarda watançylyk, halallyk, ahlaklylyk, edep we terbiýe bilen bagly, milli ruha ýugrulan öwüt-ündewler, wagyz-nesihatlar örän köp.

Gündogar edebiýatynda sopuçylygyň taryhyny, sopuçylyk pelsepesini Nejmeddin Kubrasyz göz öňüne getirmek mümkin däldir.

Türkmeniň beýik ogly, keramatly pir Nejmeddin Kubranyň umman ýaly çuň, giň many-mazmunly eserleri, ylmy hem medeniýeti ösdürmekdäki işleri, durmuş ýoly ömrüňi manyly ýaşamagyň, il-ýurduňa wepalylygyň nusgasydyr, nesiller üçin terbiýe mekdebidir.

BAHAWEDDIN NAGYŞBENDI

Bahaweddin Nagyşbendi bekdaşy, kadyry, kubrawy, möwlewi, nygmatullahy, ryfagy, senusy,

suhrawerdi, çişti, şazili, ýasawy ýaly 12 tarykatyň birini – nagyşbendiçilik tarykatyny esaslandyrypdyr.

Magtymguly şahyrymyz ol hakynda şeýle ýazypdyr:

Ol Bahaweddindir, ol hem bir ärdir.

Onuň çyn ady Bahaweddin Muhammet ibn Burhaneddin Muhammet Buharydyr. «Bahaweddin» sözi «Diniň nury» manysyny aňladýar. «Buhary» nisbesini ol Buharada doglandygy üçin göteripdir. Nagyşbendi ady bolsa oňa ýaşlykdan atasy bilen matalara dürli nagyşlary çekmek, haly dokamak bilen meşgullanandygy sebäpli berlipdir. Mugyneddin Nagyşbendi (1674-nji ýylda ýogalan) bu atlakam bilen baglanyşykly şeýle hekaýat getiripdir: Bahaweddiniň kakasynyň hyzmatkärleriniň biri haly dokaýardy. Bahaweddin on ýaşynda wagty haly dokalýan öýe girýär we mäkini hereketlendirip, ajaýyp nagyşlary salýar. Hyzmatkär bu ýagdaýy onuň kakasyna aýdanda, kakasy oňa: «Sen nagyşbent (nagyşçy) bolupsyň» diýýär.

Käbir çeşmelerde Nagyşbendiniň ady «Bahaul--Hakky wel-milleti wed-din» – «Hakyň, milletiň we diniň nury» görnüşinde hem duş gelýär. Türkmenleriň arasynda oňa Gaýtarmyş ata, Şa Nagyşbendi hem

diýilýär. Nusgawy şahyrymyz Magtymguly Pyragy hem «Bir nan getirdi» atly goşgusynda:

Bir gije ýatyrdym, Şa Nagyşbendi,

Keremi joş eýläp, bir nan getirdi –

diýmek bilen, onuň adyny «Şa Nagyşbendi» diýip tutýar. Oňa bu adyň, özi ökde nagyşçy, has dogrusy, halyçy bolandygy üçin, «Nagyşçylaryň ýa-da halyçylaryň şasy» diýen manyda berlen bolmagy-da mümkin diýip pikir edýärin. Aly ibn Hüseýin Wagyz Käşifi hem «Reşehaty aýnyl-haýat» atly kitabynda Nagyşbendiniň dünýäden ötmegi bilen bagly goşgy setirlerinde şeýle diýipdir:

Nagyşbentleriň (nagyşçylaryň) şasy, din we dünýäniň hojasy (piri) gitdi,

Ol diniň, döwletiň we milletiň şaýoludy...

Bahaweddin Nagyşbendi 1318-nji ýylda Buharanyň Kasry-Aryfan obasynda doglup, 1389-njy ýylda şol ýerde aradan çykypdyr. Onuň gubry Buharanyň etegindedir. Men 2011-nji ýylyň 5 – 6-njy maýynda Özbegistan Respublikasyna iş saparymyň çäklerinde ol ýere ýörite baryp, keramatly pir Bahaweddin Nagyşbendiniň aramgähine zyýarat edipdim. Ol ýere barmazdan öňem keramatly pir barada örän kän maglumatlary toplapdym.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Bahaweddin Nagyşbendiniň dünýäden ötenine bir ýarym asyr gowrak wagt geçenden soň, 1544-nji ýylda Şeýbanylar nesilşalygynyň hany onuň gubrunyň üstüne gümmez gurdurypdyr. Tiz wagtdan bu ýer zyýarathana öwrülipdir. Halk arasynda onuň gubruna üç gezek zyýarat etmegiň özi bir gezek Mekgä gidip, hajy bolmak bilen barabar diýen ynanç ýaýrapdyr.

Bahaweddin Nagyşbendi özüniň ömrüni ynsanlaryň ruhy-ahlak taýdan arassa bolmagy ugrundaky haýyrly işlere, ylma bagyş edipdir. Onuň Hezreti Bahaweddin, Hoja Büzürg, Şahy-Nagyşbent ýaly mübärek atlary ýedi ýüz ýyl töweregi wagt bäri milletine, diline, dini-ygtykadyna garamazdan, ynsanlaryň dilinden düşmän gelýär. Adamzady ýagşylyga, hakykata çagyrýan nagyşbendiçilik tarykaty Merkezi Aziýa, Türkiýä, Eýrana, Owganystana, Pakistana, arap ülkelerine, Hindistanyň, Hytaýyň musulman halklarynyň arasyna we beýleki ýerlere ýaýrapdyr. Munuň düýp sebäbi Nagyşbendiniň esaslandyran sopuçylyk ugrunyň durmuşa has ýakyndygy, sada, ýönekeý adamlaryň hem ulanyp biljek ýörelgesi bolandygy üçindir.

Nagyşbendiniň taglymaty öňki sopuçylyk taglymatlaryndan düýpli tapawutlanypdyr. Ondan öňki sopuçylyk akymlarynda durmuşy aladalardan terkidünýälik has agdyklyk edipdir. Olar ruhy pikirlenmäni, Alla gowuşmany durmuşdan üzňe düşünjelerde – zahytlykda görüpdirler. Nagyşbendiniň taglymaty bolsa adaty adamlaryň, ýagny hünärmentleriň, daýhanlaryň, şäherlileriň, obalylaryň... – hemmeleriň durmuşy bilen aýrylmaz baglanyşykly bolupdyr. Ol bu tarykata girmegiň bir ýoly hökmünde zähmet çekmegi hem şert edip goýupdyr. Alla gowuşmak üçin, «Kalbyň Ýarda (Allada), eliň kärde bolsun!» diýen taglymy öňe sürüpdir. Ine, şu hem sopuçylygyň bu tarykatyny durmuşa has ýakynlaşdyrypdyr. Bahaweddin Nagyşbendiniň Alla gowuşmagyň bir şerti hökmünde zähmeti esas edip almagy Emir Temiriň we onuň neberelerinin (Baýgara, Babyr) döwründäki edebi we medeni ösüşlere düýpli täsir edipdir.

Nagyşbendiniň sopuçylyk taglymaty öte baýamagyň tarapdary bolmandyr. Gul ýa-da hyzmatkär saklamagy maslahat bermändir. Öz höregini her kimiň özüniň tapmalydygyny ündäpdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Nagyşbendi özüni durmuşda hem taglymyna laýyk alyp barypdyr.

Nagyşbendi özüniň sopuçylyk garaýyşlaryny esaslandyranda, Abdylhalyk Giždiwanynyň ýoly bilen Hoja Ahmet Yasawynyň ýörelgesini esas edinipdir we sopuçylygyň jemi 11 düzgünden ybarat bolan täze taglymatyny döredipdir. Ol düzgünlerde ündelýän pikirler aşakdakylardan ybarat:

Her bir demiňde hüşgär bolmak, näme bilen meşgullansaň-da, Allany unutmazlyk, zikir etmek.

Ýeri gelende bellesem, Sagdyda taglymat hökmünde orta atylmasa hem, şu pikir agzalyp geçilýär. Ol özüniň «Gülüstan» atly eserinde: «Alnan her bir dem ömrüňe dowam berýär, demiň içden çykmagy bolsa durkuňa rahatlyk berýär. Diýmek, her nepesde iki nygmatyň hasyl bolany üçin, iki şükür hem wajyp bolýar» diýýär. Nagyşbendi hem her demiňde Allany unutmazlygy, zikir etmegi ündeýär.

Nazaryňy gadamyňa – aýak basan ýeriňe gönükdirmek. Ýagny, nädürs ýollara girmezlik üçin, her ädimiňi oýlanyp basmak, nazaryňy bir ýere dikip, ünsüňi jemlemek, pespällik.

Erbet häsiýetlerden saplanmak, ýagşy häsiýetlere tarap sapar etmek, özüňi gowy gylyk-häsiýetler bilen bezemek.

Halkyň içinde ýalňyz bolmak. Munda daşky görnüşde hemişe halkyň arasynda bolsaň-da, içki görnüşde, ýagny kalbyňda Hak bilen bolmak ündelýär. Bahaweddinden: «Siziň tarykat ýoluňyzyň esasy näme?» diýip soranlarynda, ol: «Daşky tarapdan halk bilen, içki tarapdan Hak bilen boluş» diýip jogap beripdir. Ol halkdan üzňe ýaşamagy, terkidünýäligi ret edipdir, zahytlygy asla oňlamandyr. Hemişe il-halkyň içinde bolup, Allany unutmazlygy ündäpdir.

Allany hemişe ýadyňda saklamak, zikir etmek. Kalbyňy bir pursat hem Allanyň zikirinden daşlaşdyrmazlyk, köňül içre zikir eýlemek. Şu ýerde «Kalbyň Ýar (Hudaý) bilen, eliň kär bilen» taglymy has aýdyň ýüze çykýar. Nagyşbendi sessiz zikiri öňe sürüpdir. Oňa ilkibaşda ussady Seýit Emir Külalyň şägirtleriniň birnäçesi garşy bolsa-da, Emir Külal muny oňlapdyr. Nagyşbendi porhanlyk ýaly sazly, agyly, raks (tans) gatyşykly zikiri ret etmek bilen, zikirdäki «dälilik» çuňlugyny inkär edipdir, ýuwaşlyk bilen özüňe siňmek arkaly Allany ýatlamak paýhaslylygyň alamatydyr diýen pikiri öňe sürüpdir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Hemişe ýene-de Allanyň huzuryna baryljakdygyny ýatlap, kalbyňda Allanyň huzuryna barmak, Onuň razylygyny gazanmak, zikiriň yzyndan doga-dileg etmek.

Zikir wagtynda ünsüňi diňe zikir etmekde jemläp, başga pikiri orta goşmazlyk. Kalbyňy başga pikirler bilen perişan etmezlik.

Her pursatda Allany ýadyňda saklamak, zikir wagty edýän amalyň mübärekdigini ýatdan çykarmazlyk.

Her bir pursady ganymat bilip, wagty bisarpa geçirmezlik. Geçen wagtyňdan ägä bolup, Allanyň zikiri bilen öten wagtyňa şükür, gaflat bilen geçiren wagtyňa toba etmek.

Allany zikir edeniňde, zikir ediliş (3,7,9,21,33) tertibini saklamak, her bir zikiri täk san bilen etmek. Çünki pygamber aleýhyssalam hadyslarynyň birinde: «Alla birdir, täkligi hem söýýändir» diýipdir.

Zikir edijiniň kalby hemişe Allatagaladan habarly bolmaly we zikir ediji öz kalbyndan habarly bolup, kalbyny diňe zikir bilen bezemeli.

Bularyň başky sekizi Abdylhalyk Giždiwanynyň esaslandyran ýörelgeleri bolup, soňky üçüsi şol ýörelgeleriň üstüne Bahaweddin Nagyşbendiniň goşanlarydyr.

Bahaweddin türkmen we pars dillerini suwara bilipdir. Ol şol döwürlerde türkmenleriň has köpçülikleýin oturan ýerleri bolan Merw, Sarahs, Hyrat, Mäne ýaly ýerlere köp barypdyr, Maryda üç gezek birnäçe wagtlap ýaşapdyr. Onuň haly sungaty bilen meşgullanmagy has-da ünsi çekijidir. Halyçylyk sungaty gözbaşyny adamzat taryhynyň iňňän gadymy döwürlerinden alyp gaýdýan ajaýyp medeni gymmatlyklarymyzyň biridir. Türkmen halyçylyk sungaty özüniň uzak taryhy ösüşiniň dowamynda kämilleşip, gözelligi we nepisligi bilen kalbyňy heýjana salýan gymmatlyk derejesine ýetipdir.

Türkmenistanyň Beýik Ýüpek ýolunyň özboluşly çatrygynda ýerleşmegi netijesinde halyçylyk sungatymyz dünýäniň dürli halklarynyň sungatlarynyň, adamzat sungatynyň baýlaşmagyna öz täsirini ýetiripdir. Belli bir döwürde türkmen halylary Buhara halylary ady bilen hem satylypdyr. Türkmenler bolsa Buhara sebitlerinde has irki döwürlerden bäri ýaşapdyrlar. Apbasy halypasy Mätiniň (786-njy ýylda aradan çykan) döwründe Gündogar Türküstan dokuz oguzlardan bölünip aýrylýar. X asyrda bolsa oguzlar has öňler hem oturan ýerleriniň biri bolan Buhara aralaşypdyrlar.

Olar şol ýerlerde soň-soňlar hem oturypdyrlar. Soňra olar Beýik Seljuklar döwletini gurmakda möhüm rol oýnapdyrlar.

Bahaweddin bir düýş görüp, enesinden bu gören düýşüni ýormagyny haýyş edende, enesi oňa: «Eý, oglum! Saňa türkmen pirlerinden bir nesibe ýeter» diýipdir. Şol türkmen piri hem Halyl ata eken. Bahaweddin düýşünde gören piriniň ýüz keşbini ýadynda saklapdyr. Ol ony bir gün Buharanyň bazarynda görüpdir we onuň sopusy bolupdyr. Rowaýatlarda Halyl atanyň soňra Mawerannahra patyşa bolandygy, Nagyşbendiniň hem alty ýa-da on iki ýyllap onuň huzurynda gezendigi, onuň hemişe Nagyşbendini goldandygy aýdylýar.

Çeşmelerde maglumatlaryň dürlüçe berilýändigine garamazdan, edebiýat taryhy bilen meşgullanýan alymlar we taryhçylar Halyl atanyň 1347-nji ýyla çenli Çagataý hanlygynda höküm süren Gazan handygy baradaky pikiri öňe sürýärler. Aslynda, türkmen han-soltanlarynyň keramatly pirleri hormatlandygy, olardan pata alandygy ýa-da türkmen pirleriniň han-soltanlar tarapyndan hormatlanandygy taryhdan mälim. Mäne baba soltan Mahmyt tarapyndan hem, onuň ogly soltan

Mesgut tarapyndan hem sylanypdyr. Oňa Beýik Seljuk şadöwletini esaslandyran Çagry beg bilen Togrul beg aýratyn uly hormat goýupdyr. Olar bu şadöwleti esaslandyrmazdan öň, Mäne babadan pata alypdyrlar. Halk arasynda sylag-hormata mynasyp bolan pirler, ruhanylar şalaryň hökümdarlyk durmuşynda uly rol oýnapdyrlar. Muny soňkurak döwürlerde ýaşan Küsten Gara bilen Patşa Hojanyň mysalynda hem görmek bolýar.

Abdyrahman Jamy, Alyşir Nowaýy, Magtymguly Pyragy ýaly beýik söz ussatlarynyň eserlerinde Bahaweddin Nagyşbendä ýokary baha berlipdir. Dürli halklaryň arasynda Bahaweddin Nagyşbendiniň ömri, durmuşy, keramatlary bilen bagly köp sanly rowaýatlar döredilipdir.

Men köne edebiýatlardan Nagyşbendiniň iki gezek haja gidendigi hakynda okadym. Ol birinji gezek haj zyýaratyna 1370-nji ýylda gidipdir. Şonda ol käbir müritleri bilen Merw, Sarahs we Mäne ýaly, türkmenleriň köpçülikleýin oturan şäherlerine barypdyr. Nagyşbendi Mänede Abu Seýit Abul Haýyryň (Mäne baba) neslinden bolan Hoja Mueýýediň öýünde myhman bolupdyr. Bahaweddin Nagyşbendi haj zyýaratyndan gaýdyp

gelýärkä, Merwde birnäçe wagt ýaşapdyr. Şol döwürde Buharadan Möwlana Aryf Diggeranynyň çagyrýandygy barada Bahaweddin Nagyşbendä habar gelip ýetýär. Bahaweddin Diggeran obasyna Möwlana Aryfyň ýanyna gidýär. Ölüm ýassygynda ýatan pir pirlik wezipesini Muhammet Parsa tabşyrýandygyny aýdyp aradan çykýar. Ol dünýeden ötenden soňra Nagyşbendi ýene Merwe dolanyp gelipdir.

Magtymguly Pyragy öz şygyrlarynda Nagyşbendini uly hormat bilen gaýta-gaýta ýatlaýar. Muňa öňde-de mysal getirdim. Magtymguly ýene şeýle diýipdir:

Bir gije ýatyrdym, Şa Nagyşbendi –
Bahaweddin atly diwana geldi.

Hasasyn süýreýip gelmiş Buhardan,
Hak yşkyna mestu-mestana geldi.

Şeýle mysallar Magtymgulynyň hem nagyşbendiçilik ýörelgesine eýerendigini, onuň garaýyşlaryndan tälim alandygyny aňladýar.

MUKADDES MEKGE-MEDINÄ ZYÝARAT

HAJ PARZY HAKYNDA

Haj parzy musulmançylykda hökmany ýerine ýetirmeli bäş parzyň biri hasaplanylýar. Şonuň üçinem şol parzyny berjaý etmegi ýüreginde beslemeýän musulman ýokdur. Ildeşlerimize haj parzyny berjaý etmek üçin döredýän mümkinçiliklerimiz baradaky gürrüňden öň, mukaddes haj düşünjesi baradaky pikirlerimi paýlaşmak isleýärin.

Yslam dinininiň iň gowy ýörelgeleri halkymyzyň has aňyrlardan gelýän ýörelgeleri bilen täsin bir sazlaşykda goşulyp-garylyp, birleşip, bitewi milli ýol-ýörelgämizi düzýär. Bular hut şu ýagdaýda halk döredijilik eserlerimiziň, nusgawy söz ussatlarymyzyň döredijiliginiň eriş-argajy bolup, şol eriş-argaçlaryň arasyna lowurdap siňen çitimler bolup, milletimize jan-ten bolan, milletlik mertebe bolan gaýtalanmajak ruhy dünýäni emele getirýär. Olar biri-birine bal bilen ýag ýaly garylyp-

gatylypdyrlar. Olary biri-birinden aýyrmak mümkin däl. Hatda birtopar kadalar yslamdan has öňden barmy ýa-da yslam bilen geldimi – muny aýyl-saýyl etmegem çynlakaý ylmy seljermeleri talap edýär.

Yslam dini bilen baglanyşykly garaýyşlar, mysal üçin, haj parzy bilen baglanyşykly garaýyşlar edebi eserlerde kä göni manysynda, kä göçme manyda ýa-da gytaklaýyn häsiýetde, käte obrazly aňlatma görnüşinde we şular ýaly başga bir ýagdaýda gelip, pikiri aňlatmagyň müňdebir öwüşginli serişdesine öwrülýär. Nähili bolanda-da, ol yslam dininde ündelýän pikirlere asla çapraz gelmän, gaýtam, ol pikirleriň wagyzçysyna hem goldawçysyna öwrülýär.

Magtymguly Pyragy:

Gutular sen hak ýolunda jan berseň,
Hülle bolar, bir garyba don berseň,
Saýa bolar, mähtäçlere nan berseň,
Bir ajy doýurmak hajdyr, ýaranlar –

diýende, has öňden gelýän, soňra yslamda-da aýdylýan belent ynsanperwerlik garaýyşlaryny görýäris. Şonuň bilen birlikde, anyk yslam taglymatyndaky haj bilen baglanyşykly pikirleri-de

görýäris. Elbetde, musulmançylyga görä, jany sag, mätäçlik çekmeýän, mümkinçiligi bolan, talap edilýän şertleriň ählisine laýyk ýagdaýdaky her bir musulman üçin haj zyýaratyny amala aşyrmak – parz. Eýsem-de bolsa, Käbä zyýarat, ozaly bilen, her musulmanyň kalbynda bolmaly. Gerek bolsa, Hak ýolunda jan bermek, ýalaňaja – don, ajygana nan bermek, bir ajy doýurmak, şu hili ähli dogry hereketler, gözel häsiýetler ynsany ynsan, musulmany musulman edýär.

Döwletmämmet Azady:

Käbe weýran etmekden müň mertebe
Bir köňül ýykmak ýamandyr, eý, dede! –

diýipdir. Azady – ylmyň, parasatyň öýjügi. Ol yslam kada-kanunlaryndan hem, türkmençilik kada-kanunlaryndan hem örän gowy baş çykarypdyr. Onuň parasatyny, şu ýokarda getirilen sözüni hem islendik ylym, islendik medeniýet, islendik ýol-ýörelge, şol sanda yslam hem diňe dogry tapyp, oňlap biler. Bu söz hut şuňa laýyk gelýär: Mukaddes Käbe ynsan köňüllerine giňlik, ýagtylyk, dirilik bermek üçin! Köňül ýykylmazlygy, köňül abatlygy üçin! Allatagalanyň parz hem sünnet eden işlerine

sadyk ynsanlar üçin! Ynsan durmuşynyň abatlygy üçin! Muny mukaddes Gurhandan hem, Muhammet pygamberiň hadyslaryndan hem tapyp bileris. Hezreti Muhammet aleýhyssalam: «Ynsanyň hakyky baýlygy onuň bu dünýede eden ýagşylyklarydyr» diýipdir. «Bigünä halyna ýüregine ýara salsaň, ol ynsanyň köňül sadakasyny iki dünýäde-de ödemersiň» diýipdir. «Köňül ýykmak ýetmiş mertebe Käbäni ýykmakdan has beter günädir» diýipdir.

Görnüşi ýaly, türkmençilikde ýörelge edinilen, yslam dininde ündelýän, bütin adamzat üçin gymmatly iň gowy pikirler Azadynyň paýhasynda aýlanyp, täzeden janlanypdyr. Şeýle mysallary ýene getirip bilerdim.

Şol bir wagtyň özünde mukaddes Käbä zyýarat her musulmanyň, şol sanda, her türkmeniň hem arzuw-dilegi. Käbä zyýarat, gürrüňsiz, Azady üçinem, Magtymguly üçinem hökman ýerine ýetirilmeli iş, diýmek, parz bolupdyr. Şoňa görä, beýik Magtymguly: «Kyýamat gün güwämiz – sünnet bilen parz dälmi?» diýipdir. Şeýle-de Magtymguly:

Imanym ýoldaş bolsa,
Barsam, Käbäni görsem –

diýipdir.

Gadymy kitaplarda ýazylyşyna görä, Muhammet pygamber şeýle diýipdir:

– Her mömin haj niýeti bilen öýden çyksa, bir ädim ýol ýörese, Haktagala ol bendäniň günälerini geçer.

Görnüşi ýaly, haj parzyny bitirmegi niýet edinip, ýola çykmagyň özem ýönekeý bir zat däl.

GADYMY HEM MUKADDES TOPRAK

Saud Arabystany Aziýa yklymynda, Arap ýarym adasynda ýerleşýär. Bu örän gadymy, baý taryhly toprak. Onuň taryhy Adam ata zamanasyndan gaýdýar. Saud Arabystanynyň Arabystan ýarym adasynyň günbatar bölegini eýeläp, Gyzyl deňziň kenarynda uzalyp ýatan ýerlerine Hijaz diýýärler. Ol yslamyň dörän ýeridir. Hijaz Mekge hem Medine şäherleri bilen dünýä meşhur. Gadymyýetden bäri bu şäherler uly söwda merkezleri bolupdyr, asyrlaryň dowamynda olaryň üstünden söwda kerwenleri geçipdir.

Yslamyň dünýä ýaýlan döwürlerinden bäri bolsa jahanyň çar parasyndan musulmanlar haj parzlaryny berjaý etmek üçin Mekgä zyýarata barýarlar. Bu şäherde mukaddes ymarat – Käbe bar.

Käbäni Adam ata binýat edipdir. Şol döwürden bäri Käbe eziz saýylypdyr we «Hudaýyň öýi» diýlip atlandyrylypdyr. Bir döwür ol Nuhuň tupany zerarly weýran bolupdyr. Soňra Ybraýym pygamber bu topraga gadam goýupdyr we ol Taňrynyň buýrugy bilen Käbäni öňki ýerinden gaýtadan gurýar. Ybraýym ogly Ysmaýyl bilen daglardan daş saýlaýarlar, «Hudaýyň öýi» üçin ol daşlary gerdenlerine göterip daşaýarlar we Käbäni binýat edýärler. Jaý kub görnüşli bolup, şondan hem binanyň ady Käbe (Kub) hasyl bolýar. Allatagala gökden kümüş reňk saçyp duran inedördül göwher daş oklaýar we Ybraýym ony jaýyň bir burçunda goýýar.

Bu işleri bitirenden soňra Ybraýym pygamber ilkinji haj zyýaratyny amala aşyrýar: gara daş goýlan burçundan başlap, Käbäniň daşyndan ýedi gezek aýlanýar. Ýedi gezek Sapa dagyna, ýedi gezek Merwe dagyna, ýedi gezek Arafat dagyna barýar.

Adamlar mukaddes Käbe sebitini «Mukaddes mekan», kümüş reňkli göwher daşy bolsa «Mukaddes gara daş» ýa-da «Hajar al-Asweti» diýip atlandyrýarlar.

Ýeri gelende aýtsam, hajy bolmagyň tutuş dessury mazmuny boýunça Ybraýymyň maşgala durmuşynyň dürli pursatlaryny görkezýär. Zyýaratçylar heniz

aýak bitmedik ogly Ysmaýyl üçin suw gözläp, Sapa we Merwe daglarynyň arasynda ýedi gezek elewräp aýlanan, oglunyň ýanyna dolanyp gelende bolsa, onuň ýanynda Allatagalanyň eradasy bilen Jebraýyl perişdäniň açan Zemzem çeşmesinden suw çykyp durandygyny gören Hajaryň hereketlerini gaýtalaýarlar. Olar Ybraýymyň Ysmaýyl bilen bilelikde ýykylan Käbäni dikeldişlerini, Iblisiň garşysyna göreşip, Mina jülgesinde Allanyň ýoluna ogluna derek goçy gurban edişini uly hormat bilen ýatlaýarlar.

Käbäniň demirgazyk-gündogar diwarynyň ýanynda Ysmaýylyň öňüne haýat bolup çekilen ýarym aýlaw diwar ýerleşýär. Ol gadagan edilen ýerdir, Ysmaýyl öz ejesi Hajar bilen şol ýerde jaýlanypdyr...

Asyrlar aýlanyp, soň bir zamanlar Käbe ýene ýykylyp, weýran bolup ýatan köne ymarata öwrülýär. Käbe on bir gezek gurulýar. Muhammet pygamber döwründe ony gaýtadan dikeldýärler. Şonda «Mukaddes gara daşy» ýerinde goýmak hormaty Hezreti Muhammediň paýyna düşýär. Muhammet pygamber özüniň wagyz-ündewlerini şu ýerden başlaýar. Köphudaýlylyga uýýanlary bir Hudaýa uýdurmakda, öz dinini wagyz etmekde

pygamberimiz köp kynçylyklary başdan geçiripdir. Musulman taryhynda Akaba (621-nji ýyl), Bedr söweşi (621-nji ýyl), Uhud we Händek söweşleri (624-nji ýyl), Hudaýbiýah sulhy (ýaraşygy) ýaly wakalar örän uly ähmiýete eýe bolan wakalar hasaplanylýar.

PARZ HEM WAJYP ZYÝARAT

Haj parzyny niýet edinen pursatlarym mähriban halkymyz we mukaddes dinimiz, bu ikisiniň bilelikde geçen taryhy ýoly, yslam dininiň dörän taryhy topragy barada serime dolan pikir-garaýyşlarym häli-şindi ýene täzeden aňymda aýlanýar. Şoňa görä, Mekge hem Medine şäherlerine barşym, mukaddes Käbä zyýaratlarym barada okyjylaryma hem gürrüň beresim gelýär. Meniň Saud Arabystany Patyşalygyna barmagym haj parzyny berjaý etmek maksady bilen bolupdy, şeýle-de resmi saparymdy. Şeýlelikde, bu saparym haj parzynyň amal edilmegi bilen birlikde iki ýurduň – Türkmenistan bilen Saud Arabystany Patyşalygynyň arasyndaky gatnaşyklara täze güýç bermek babatda hem örän wajyp boldy.

Halkymyň belent ynamyna mynasyp bolup, ilkinji gezek Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine saýlanmak bilen, öz ilim-ýurdum barada ýüregimde

beslän uly maksatlarymy amala aşyrmaga girişdim. Bu örän jogapkärli işlere juda ynamly ýapyşmak bilen, men mydama: «Ýurdumyzy gülledip ösdürmek, bu toprakda bagtly ýaşaýşy kemala getirmek işinde beýik Taňry bize güýç-gaýrat, rowaçlyk bersin!» diýip, öz ýanymdan dileg edýärdim. Belent wezipä girişenime köp wagt geçmänkä, has takygy, iki aýdan soňra men egindeşlerime we beýleki watandaşlaryma baş bolup, Saud Arabystany Patyşalygyna tarap ýola düşdüm. Şeýlelikde, 2007-nji ýylyň aprel aýynyň 13 – 16-sy günleri – şol mukaddes toprakda bolan pursatlarymyz hiç mahal ýatdan çykmajak taryh boldy.

Meniň pikirimçe, haj parzyna ugramazdan öňürti her bir adam öz-özünden hasabat soraýandyr. Munuň özi bolaýmaly zat. Sebäbi mukaddes topraga mukaddes duýgy-düşünjeler bilen aýak basmaly diýip düşünýärin. Ine, onsoň adam özi hakynda, ömrüniň manysy hakynda, ýagşy niýetleri, uly maksatlary, bitiren haýyrly işleri hakynda, ýene köp zat hakynda gaýtadan oýlanmaly bolýar. Döwlet Baştutany hökmünde meniň egnimde eýýäm şol wagt juda agyr, juda jogapkärli wezipäniň durandygy düşnüklidir. Halkymyzyň abadan, asuda, eşretli ýaşaýşyny üpjün etmek, agzybirligi, jebisligi berkitmek, ilatyň

ýaşaýyş-durmuş şertlerini ýokarlandyrmak, bilim, saglygy goraýyş ulgamlarynyň işini kämil ýola goýmak, şäherleridir obalary ösdürmek, döwrebap derejä götermek, obasenagat toplumynda we ykdysadyýetiň ähli ugurlarynda işleri ilerletmek ýaly tagallalarym raýatlaryň durmuşyna düýpli täsirini ýetirip başlan bolsa, zähmetimiň ýerine düşdügi diýip hasaplaýardym. Men watandaşlarymyň ýurtda amala aşyryp başlan işlerime, biziň hemmämiziň bilelikde, agzybirlikde gazanýan üstünliklerimize guwanyp, buýsanyp ýaşaýandyklaryna begenýärdim. Biz şol wagt ýurtda uly özgertmeleri amala aşyryp ugrapdyk. Eýýäm bitirilen, başlangyç berlen, badalga alan işler ýurdumyzda taryhy özgertmeleriň başlanandygyny dünýä aýan edipdi. Bu tagallalaryň ählisi ýurdumyzyň uly ösüşlerini, halkymyzyň bagtly durmuşyny üpjün etmek maksadyndan ugur alýardy.

Şol mahal bilim ulgamynda düýpli öwrülişikler edildi, dokuz ýyllyk okuw ulgamy on ýyllyk okuw ulgamyna öwrüldi we soňlugy bilen on iki ýyllyk okuw ulgamyna geçilmegi maksat edinilip, dünýä ülňülerine laýyklaşdyryldy. Mugallymlaryň okuw sagatlaryna düzedişler girizildi, iş şertleri gowulandyryldy. Ýaşlarymyzyň daşary ýurtlaryň

ýokary okuw mekdeplerinde okamaklaryna mümkinçilikler açyldy. Bular bilim berlişinde dünýäniň iň kämil enjamlaryndan peýdalanmak, bilim ulgamyny dünýäniň iň gowy gazananlary bilen baýlaşdyrmak, okuw mekdepleriniň täze, döwrebap binalaryny gurmak ýaly, soňra giň gerimde dowam etdiren işlerimiziň hem başyny başlady.

Ýurdumyzyň oba hojalygyny ösdürmegi, turuwbaşdan, esasy meseleleriň biri hökmünde öňe çykardyk. Bu ugurda örän möhüm Kanunlary, Kararlary kabul etdik. Türkmenistanyň XX Halk Maslahatyny oba hojalygyna bagyşladyk. Pagtanyň, gallanyň döwlet satyn alyş nyrhlary ýokarlandyryldy.

Ýurdumyzyň günbatar sebitinde ýerleşýän Esenguly etrabynda bolup, bu etrabyň ilatynyň hal-ýagdaýy bilen içgin tanyşdyk, adamlaryň ýaşaýyş derejesini, iş bilen üpjünçiligini gowulandyrmak maksady bilen edilmeli anyk işleri kesgitledik. Şonuň netijesinde, soňra bu etrapda gysga möhletde täze mekdepler, çagalar bagy, sport zaly, medeniýet öýi, etrap hassahanasynyň jaýy, saglyk öýi guruldy we bu ýeriň ýaşaýjylary üçin beýleki amatlyklar döredildi. Daşoguz welaýatynyň Şasenem düzlüginde bolmak bilen, bu düzlükde Ruhubelent diýlip atlandyrylan

täze etraby döretdik. Bu etrapda täze ýaşaýyş jaýlarynyň, beýleki binalar ulgamynyň gurluşygynyň düýbüni tutduk.

Ömürboýy kolhozda işläp, pensiýa alyp bilmän kösenip ýören oba ýaşulularymyzyň pensiýa tölegini ýola goýduk. Ýurtda düzgün-tertibi gowulandyrmak, neşekeşligi düýp-teýkary bilen ýok etmek, sagdyn durmuş ýörelgesini ornaşdyrmak ugrundaky anyk çäreleri amala aşyryp başladyk. Bary-ýogy iki aý çemesi wagtyň içinde bitirilen şeýle işleriň halkymyz tarapyndan uly goldaw tapandygyny kanagatlanmak bilen aňymda aýlaýaryn. Men ynsan ömrüniň manysy bitiren gowy işlerinde bolýar diýen düşünjä uýýaryn. Sebäbi her bir adam bitiren şeýle gowy işleri bilen beýgelýär, şolar bilen ýalkanýar.

Elbetde, mukaddes Käbä diňe teniňi däl, kalbyňy päkläp barmak gerek. Oňa asylly işleri bitirip, öz halkyň gyzgyn söýgüsini gazanyp, halkyň bilen bir jan-u-ten bolup barmak her kim üçin mertebedir. Döwlet Baştutany üçin bolsa bu aýratyn uly kanagatlanma döredýär, mukaddes topraga ruhy tämizlik bilen, uly ynam bilen gadam basmak, haj zyýaratyny arassa ýürek bilen amala aşyrmak, il-ýurduň aladasynda ak ýürekden doga-dileg etmek

mümkinçiligini berýär. Öz bitirip ýetişen we indi bitirmeli işleriňe buýsanjyň parz zyýaratyny ynamly amala aşyrmagyň esasydyr.

Şeýle pikirleri serimde aýlamak bilen, Garaşsyz, hemişelik Bitarap döwlete eýe edip, türkmen halkyny ýalkandygy üçin, Beýik Perwerdigäre hamdu-senalarymy aýtmak üçin, Käbäniň gara daşynyň dergähine barýandygymy bilýärdim. Ýurdumyň ykbaly ynanylan adam hökmünde bu uly wezipede ähli başarnygymy, güýç-gaýratymy gaýgyrmajakdygymy aýtmak bilen, il-halkym üçin bitirjek işlerimde mundan beýläk hem gujur-gaýrat, başarnyk bermegini, türkmen halkyny mundan beýlägem ýalkamagyny, parahat, eşretli durmuşda ýaşatmagyny Allatagaladan dilemäge barýandygymy bilýärdim.

Şeýlelikde, Muhammet pygamberiň dünýä inen aýynda Saud Arabystany Patyşalygyna resmi saparym başlandy. Ýeri gelende aýtsam, bu meniň Türkmenistanyň Prezidenti wezipesine girişmek bilen, daşary ýurda ilkinji saparymdy – munuň ýöne ýere däldigi düşnüklidir diýip pikir edýärin.

Görnükli serkerde Abdyl Aziz Saud 1932-nji ýylda hersi bir hanlyk bolup oturan haşym nesilşalygynyň

halkyny bir baýdagyň astyna birleşdirmegi başarypdyr. Şondan bäri ýurdy Saud hanedanlygy dolandyrýar we bu ýurda Saudlar ýurdy diýilýär. Taryha nazar aýlasak, ýurduň şeýle atlandyrylyşynyň türkmen halkyna-da mahsusdygyny görýäris. Uzak geçmişlerde dünýäniň ýüzünde ýetmişden gowrak döwlet guran türkmenler öz beýik döwletlerini öz baştutanlarynyň ady bilen, diýmek, öz atlary bilen atlandyrypdylar. Oguzlar döwleti, Seljuklar döwleti, Osman döwleti ýaly döwletleri, şol döwürdäki halkyň, milletiň – ata-babalarymyzyň adynyň oguzlar, seljuklar, osmanlar bolandygyny ýadyňyza salyp, bu hakynda çuňňur oýlanyp görüň! Ýa-da, öňde-de ýatlaýşym ýaly, gadymy döwürlerde ata-babalarymyzyň Ýer ýüzüniň juda giň çäklerini öz içine alan mekanlarynyň ady onuň şu güne gelip ýeten «türkmen» adyny buýsanç bilen göteripdir – ol ýurduň ady Turandy. «Turan» diýmek bolsa türkmenleriň – turlaryň – oguzlaryň ýurdy diýmekdir.

Bu gün hem türkmen öz berkarar döwletini öz ady bilen atlandyrýar: Türkmenistan! Garaşsyz, hemişelik Türkmenistanymyzyň adynda halkymyzyň ady bar!

Saud Arabystany Patyşalygy diňe Gündogarda däl, bütin dünýäde iň baý döwletleriň biri hasaplanýar.

Bu ýurda saparym wagtynda meniň ýanymda resmi wekiliýetimiziň agzalary hem boldular. Biz Saud Arabystanynyň diplomatik merkezi bolan Jidda bardyk. Dünýäniň musulmanlary hut şu ýerden yslamyň baş mukaddeslikleri bolan Mekgä hem Medinä tarap ýola düşýärler. Biz hem şu ýerden mukaddes Mekge şäherine – musulman dünýäsiniň ruhy paýtagtyna tarap ugradyk. Bu şäherde 570-nji ýylda yslam dinini esaslandyran Muhammet pygamber dünýä inipdir.

Bu şähere zyýarata barmak – her bir musulmanyň kalbynyň töründe orun alan arzuwy. Mukaddes Käbä girmek, «Mukaddes gara daşa» ýakynlaşmak – bular aýratyn tolgundyryjy pursatlar. Munda hemmeler özüne, maşgalasyna, il-gününe saglyk, rowaçlyk, döwletlilik, at-abraý, mertebe dileýär. «Mukaddes gara daşyň» öňünde öz ilim-günüm, ýurdum, berkarar döwletim üçin ýagşy doga-dilegler etmek meniňem borjum.

Gadymy hem şöhratly Mekge! Ol, gör, näçe gowgalary, näçe döwürleri başdan geçiripdir! Mekge şol gadymy döwürden bäri dünýä

musulmanlarynyň zyýarat edýän merkezidir. Dünýäniň ähli sebitlerinden oňa her ýylda millionlarça adam zyýarata gelýär. Bu ýerde musulmanlaryň esasy metjidi bolan mukaddes Al-Haram metjidi bar. Metjidiň içki howlusynyň merkezinde Käbe – «Hudaýyň öýi» ýerleşýär. Onuň burçlary dünýäniň taraplaryna bakyp dur. Käbe kybla bolup hyzmat edýär, musulmanlar ýüzlerini Käbä öwrüp namaz okaýarlar. Metjidiň gapysy arassa altyndan ýasalan. Käbäniň töwereginde birnäçe ýadygärlikler bar. Olar Muhammet pygamber bilen, şeýle-de Gurhanda we Töwratda aýdylýan şöhratly gahrymanlar – Ybraýym, Ysmaýyl, Agar-Hajar bilen baglanyşyklydyr. «Mukaddes gara daş» Käbäniň gündogar burçunda, onda Ybraýym pygamberiň dabanynyň yzy saklanyp galypdyr.

Zemzem çeşmesi hem Al-Haram metjidinde ýerleşýär, Mekge şu mukaddes çeşmäniň töwereginde peýda bolupdyr.

Haj parzyny amala aşyran pursatlarym birme-bir göz öňümden geçýär. Ol pursatlar – hiç mahal unudylmajak pursatlar.

Biz Mekgä gelip, Saud Arabystanynyň ýörite wekiliniň ugratmagynda mukaddes Al-Haram metjidine bardyk, şol ýerde Juma namazyna

gatnaşdyk, haj parzynda göz öňünde tutulan dessurlary ýerine ýetirdik. Käbäniň gündogar burçunda Togap namazyny berjaý etdik, soňra Zemzem çeşmesinden suw içdik.

Mukaddes Käbä aýlanmak däbi ýerine ýetirilýän mahaly men we ýanym bilen baran resmi wekiliýetiň agzalary türkmen halkynyň özbaşdak döwletliliginiň, garaşsyzlyk bagtynyň mizemezligi, biziň halkymyza eçilen beýik sahawatlary, täze taryhy işlerimiziň, başlangyçlarymyzyň, özgertmelerimiziň rowaçlygy, Watanymyzyň abadançylygy, parahatçylygy, halkymyzyň eşretli durmuşy üçin Gudraty Güýçli Allatagala alkyş okadyk, doga-dileg etdik. Men şol pursatlarda: «Beýik Biribar, türkmen topragyndan gelen zyýaratçylaryň doga-dileglerini kabul eýle! Halkymyzy hemişe bagtyýar eýle! Ýurdumyzyň beýik ösüş-özgerişlerine rowaçlyk ber!» diýip gaýtaladym.

Biz saý parzyny hem ýerine ýetirdik. Ybraýym pygamberiň aýaly Hajaryň öz ogly Ysmaýyl üçin suwuň gözleginde ikiýana aýlanan ýerinde – Sapa we Merwe daglarynyň arasynda ýedi gezek aýlandyk. Kybla bakyp, Allatagala dogalar etdik. Soňra wekiliýetiň agzalarynyň ählisi bolup saçymyzdan biraz kesdirip, haj parzyny doly ýerine ýetirdik.

Mukaddes Al-Haram metjidinde sadaka berip, türkmen topragynyň abadanlygy, halkymyzyň bagtyýarlygy, dünýäniň rahatlygy üçin doga-dilegler etdik.

Öýle namazyndan soň, ähli musulmanlar üçin mukaddes ýer – Arafat dagyna we Mina jülgesine baryp gördük. Arafat dagy Mekgäniň golaýynda ýerleşýär. Adam ata we How ene toba edip, günäsi geçilenden soňra Rehimdarlyk dagynyň, ýagny Arafat dagynyň eteginde duşuşypdyrlar. Bu Muhammet pygamberiň iň soňky gezek wagyz eden ýeridir. Arafat dagyna çykmak hajyň möhüm pursady hasaplanýar. Bu ýerde Gün ýaşýança durlandan soň, Mina düzlüginde şeýtany daşlamak dessury bolup geçýär.

Ertesi, 14-nji aprel güni Mekgeden Jidda ugradyk we bu ýerden hem Medine şäherine tarap ýola düşdük.

Medine musulmanlar üçin ikinji bir mukaddes şäherdir. Medinäniň Mekge bilen deň hatarda mukaddes görlüşiniň bir sebäbi bu ýerde Muhammet pygamberiň ýaşandygy we jaýlanandygy bilen baglanyşyklydyr.

Hawa, Muhammet aleýhyssalam we onuň dininiň tarapdarlary 622-nji ýylda mejbur bolup, Mekgeden

bu şähere barýar. Öňki Ýasrib adyny aýryp, ony Al-Medine al-Münawwara — nur, ýalkym şäheri diýip atlandyrýar. «Medine» – bu «şäher» diýmekdir. Muhammet pygamberimiz bu şähere ýalkym bolup, nur bolup, täze din bolup barypdyr. Onuň hijret çekip, Medinä gelen ýylyndan musulmanlaryň hijri ýyl hasaby ýöredilýär.

Muhammet pygamber Medinä gelip, ilki metjit gurýar, soňra özüne öý dikýär.

Medinede Muhammet pygamber on bir ýyl bolýar, bu ýerde Alladan gelen wahyýlary adamlara ýetirýär, ýaranlary bilen halkyna hyzmat edýär.

Bu şäherde Muhammet pygamber köp sanly täze egindeşlerini tapypdyr, olar bilen Mekgä ýeňişli gaýdyp barypdyr. Şeýlelikde, Medine adamzat taryhynda ilkinji musulman döwletiniň paýtagtyna öwrülipdir. Görnüşi ýaly, Gündogaryň bu meşhur şäherlerine aýratyn nazar bilen garalýandygy ýöne ýere däl: musulman däbine laýyklykda, Mekgä «Allanyň nazary düşen Mekge», «Şäherleriň enesi», Medinä bolsa «Ýalkym saçýan Medine», gysgaldylyp «Medine» diýip atlandyrylýan «Madinat an-Nabi» – «Allanyň iki dünýädäki resulynyň şäheri» diýýärler.

Yslamyň taryhynda ilkinji metjit bolan Muhammediň metjidi Medine şäheriniň baş gözelligi

bolup şugla saçýar. Bu ýerde pygamberiň gubry bar. Bişen kerpiçlerden salnan metjit musulman binagärliginiň deňi-taýy bolmadyk nusgasydyr. Onuň mermer poluna örän nepis halylar düşelipdir. Aramgähiň daşky diwarlary, gapylary älemgoşar reňkleri bilen ýalkym saçýar. Pygamberiň mazarynda XI asyra degişli «Nureddin Mahmud Metjid» diýen ýazgy bar – Nureddin Mahmud asly atabeg türkmenlerinden bolan hökümdardyr. Onuň bitiren hyzmatlary barada öňde hem ýatlapdym. Muhammet pygamberiň gubrunyň ýanynda onuň iň ýakyn egindeşlerinden ilkinji üç arap halyfynyň – Ebubekiriň, Omaryň, Osmanyň guburlary bar. Pygamberimiziň heniz çagajykka dünýäden öten ogly Ybraýym-da, gyzy Patma-da şu ýerde ýatyrlar.

Musulman dünýäsinde yslamyň bu iki mukaddesligi – Mekge bilen Medine ähmiýeti boýunça deňdir. Bu ýerde haj parzyny berjaý edýän her bir adam, dindarlaryň garaýşyna görä, ruhy halypanyň durmuş syryna eýe bolan hormatly adamdyr. Bu iki mukaddes ýere bir wagtyň özünde baryp görmek mümkinçiliginiň biziň öňümizde açylmagy türkmen halkynyň köp asyrlyk taryhyna, musulman dünýäsindäki ornuna, bu günki berkarar türkmen döwletine – Garaşsyz hem

Bitarap Türkmenistanymyza aýratyn uly hormat goýulýandygy bilen baglanyşyklydyr diýesim gelýär.

«Käbeden soň, Muhammet pygamberiň metjidinde okalýan namaz beýleki namazlardan müň esse sogaplydyr» – Medine şäherinde Muhammet pygamberiň metjidinde bolup, onuň iň arzyly ýerinde namaz okajak wagtym şu sözler aňymda aýlandy. Muhammet pygamber: «Meniň münberim bilen öýümiň arasyndaky ýer Jennetiň bossanyndan bir parçadyr» diýipdir. Bizi hormatlap, «Jennetiň bossanyndan bir parçada» namaz okamaga şert döretdiler. «Jennetiň mekany», «Allanyň ýoly» hem diýilýän şol ýer – münber bilen pygamberiň öýüniň arasy kyýamat gopanda-da durýar diýen düşünje bar. Bu ýerde namaz okamak her kime ýetdirip duran zat däl. Hepdeläp ýatyp-turup, şol ýere baryp bilmän ýörenler köp. Metjidiň köp sanly derwezeleri açylandan soň, zyýaratçylaryň ählisi hem hut şol ýere ymtylýarlar. Ýöne esasy şertleri berjaý edip – birek-biregi iteklemän, elinden ýa synyndan çekmän, özgelere päsgel bermän şol ýere baryp namaz okamak sanagly adama başardýar. Özem olar günüň dowamynda şol ýerden turman okaýarlar. Şol günki zyýaratçylaryň türkmen döwletiniň Baştutanyna we onuň ýanyndaky zyýaratçylara az

wagtlyk öz ýerlerini bermäge döwtalap bolandygyny aýdanlarynda, ony ata-babalarymyzyň din ugrundaky bitiren işleriniň netijesi, Türkmenistan döwletine, türkmen halkyna goýulýan belent sarpa hökmünde kabul etdim. Biz bu ýerde iki rekagat namaz okadyk. Soňra Türkmenistanyň wekiliýeti bilen Muhammet pygamberiň metjidinde dört rekagat öýle namazyny okadyk. Parz namazyny bolsa ymam bilen bile okadyk. Iki rekagat sünnet namazyny okap, juma namazyna hem gatnaşdyk.

Medine şäherinden Saud Arabystany Patyşalygynyň paýtagty Er-Riýad şäherine baryp, Saud Arabystanynyň Patyşasy bilen duşuşygym, bu ýurduň beýleki ýokary derejeli döwlet we hökümet resmileri, işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşygym – bularyň ählisi biziň dostana gatnaşyklarymyzyň, ýürekdeşligimiziň güwäsi boldy, iki ýurduň arasyndaky ruhy-medeni, ykdysady gatnaşyklaryň, hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine itergi berdi.

Meniň ilkinji daşary ýurt saparymy Saud Arabystany Patyşalygyna amala aşyrmagym türkmen-saud hyzmatdaşlygyny berkitmegiň ileri tutulýandygyna aýdyň şaýatlyk edýärdi we

şonuň netijesinde biz döwletara hyzmatdaşlygy ösdürmegiň täze tapgyrynyň başyny başladyk.

Ýurduň şazadalary, hökümet ýolbaşçylary, işewür adamlar bilen geçirilen gepleşikleriň netijesinde anyk ylalaşyklar gazanyldy, şertnamalar baglaşyldy. Er-Riýadda geçirilen ýokary derejedäki saud-türkmen gepleşikleri iki ýurduň arasyndaky täze ykdysady, medeni hyzmatdaşlyklara badalga berdi. Men Er-Riýaddaky Söwda-senagat edarasynda Türkmenistanyň ykdysady, medeni ösüşinde ileri tutulýan esasy ugurlara saudly işewürleriň ünsüni çekdim, olary hyzmatdaşlyga çagyrdym. Şunda, esasan, nebit, gaz, uglewodorod serişdelerini gaýtadan işlemek, himiýa pudaklary, oba hojalygy boýunça göz öňünde tutulýan anyk meýilnamalarymyz barada gürrüň berdim, şol meýilnamalaryň amala aşyrylmagynda gepleşiklere, hyzmatdaşlyga başlamaga taýýardygymyzy aýtdym. Bular saud işewürlerinde uly gyzyklanma döretdi, netijede, şol ýerde anyk hyzmatdaşlyga girişmek üçin ylalaşyklar gazanyldy. Bu gün biz olaryň netijelerini görýäris.

Saud Arabystany Patyşalygynyň Patyşasynyň meni Saud Arabystany Patyşalygynyň ýokary sylagy – Patyşa Abdel Aziz ben Abdurahman

Al-Saudyň adyny göterýän belent derejeli nyşany bilen sylaglandygyny buýsanç bilen ýatlaýaryn. Yslam dünýäsiniň merkezinde şeýle hormatly sylaga mynasyp bolmak diýseň ýakymly. Şol pursatlarda aýdyşym ýaly, men muny biziň hemmämiziň abraýymyz – bütin halkymyza, berkarar döwletimize, biziň «Döwlet adam üçindir!» diýip ýöredýän syýasatymyza, dünýä döwletleri bilen, şol sanda dünýäniň musulman döwletleri bilen, Saud Arabystany Patyşalygy bilen berkidýän dost-doganlyk gatnaşyklarymyza goýulýan belent hormat diýip kabul etdim. Türkmenistanda bitirilen we bitirilýän işleri dünýä jemgyýetçiliginiň uly gyzyklanma bilen synlaýandygyna, oňa baha berýändigine şol waka hem şaýatlyk edýär. Elbetde, aýdylyşy ýaly, Gün dogsa, ýagtysy äleme düşýär.

Meniň Saud Arabystany Patyşalygyna ýene bir resmi saparym, şunuň bilen birlikde, mukaddes Käbä zyýaratym 2016-njy ýylyň maý aýynyň ilkinji günlerinde bolup geçdi. Munuň özi bu döwletiň ýörite çakylygy boýunça amala aşyran saparymdyr. Şeýlelikde, 1-nji maýda Saud Arabystany Patyşalygynyň Er-Riýad şäherine bardym.

Bu resmi saparym döwletara gatnaşyklaryň taryhynda möhüm waka boldy. Şunuň bilen

biz ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygy giňeltmegiň ýolunda ýene bir uly ädim ätdik. Türkmen-saud gatnaşyklary täze derejä göterilýärdi, ähli ugurlarda giňeldilýärdi. Türkmenistanyň Hökümet wekiliýetiniň Saud Arabystany Patyşalygyna ýokary derejedäki bu sapary bolsa, hakykatdan-da, gatnaşyklarymyzy ýene has ösdürmegiň, täze many-mazmun bilen baýlaşdyrmagyň möhüm tapgyry boldy. Şol mahal dünýä metbugaty Türkmenistanyň arap dünýäsiniň esasy ýurtlarynyň biri bolan Saud Arabystany bilen gatnaşyklaryny iki dostlukly halkyň taryhy, ruhy-medeni däpleriniň umumylygyna esaslanýan, netijeli we sazlaşykly ösýän gatnaşyklaryň nusgasy diýip atlandyrdylar.

Biziň ýurtlarymyzyň arasyndaky ikitaraplaýyn hyzmatdaşlygyň örän netijelidigini, ägirt uly kuwwata eýedigini wagt doly görkezdi. Er-Riýadda geçirilen ýokary derejedäki duşuşyk döwletara görnüşde, şeýle hem abraýly halkara guramalaryň çäklerinde türkmen-saud gatnaşyklaryny has-da işjeňleşdirmäge gönükdirildi.

Türkmenistan hem-de Saud Arabystany Patyşalygy özara gatnaşyklaryny iki dostlukly halkyň bähbitlerine hormat goýmak, deňlik, ynanyşmak, özara bähbitlilik ýörelgelerinde giňeldýärler. Saud

Arabystany Türkmenistanyň oňyn Bitaraplyk hukuk ýagdaýyna uly hormat goýýar, ýurdumyzyň öňe sürýän halkara başlangyçlarynyň ählisine hemmetaraplaýyn goldaw berýär. Türkmenistan hem öz gezeginde Saud Arabystanynyň öňe sürýän, ählumumy durnukly ösüşi üpjün etmäge gönükdirilen ähli başlangyçlaryna, tekliplerine hormat goýýar. Biziň ýurtlarymyz terrorçylyga, guramaçylykly jenaýatçylyga, neşe serişdeleriniň bikanun dolanyşygyna, döwrüň beýleki wehimlerine we howplaryna garşy işjeň göreş alyp barýarlar.

Ýangyç-energetika pudagy hyzmatdaşlygyň ileri tutulýan ugurlarynyň hataryndadyr. Bu babatda Türkmenistan – Owganystan – Pakistan – Hindistan gaz geçirijisiniň taslamasynyň aýratyn orny bar. Bu hakynda men Patyşa Köşgündäki duşuşyk wagtynda aýtdym. Iki tarapyň hyzmatdaşlygynyň ileri tutulýan ugurlary hökmünde üç ugur – söwda, maliýe we maýa goýum ugurlary kesgitlenildi. Nebithimiýa we gazhimiýa senagaty pudaklarynda dürli taslamalary durmuşa geçirýän ýurdumyzda bu ugurlarda amala aşyrylýan taslamalara dostlukly ýurduň kompaniýalarynyň gatnaşmagyna gyzyklanma bildirýändigimizi nygtadym.

Senagat we gurluşyk harytlarynyň önümçiliginde, dokma senagatynda, ulag pudagynda, howa gatnawlarynda hyzmatdaşlygy ösdürmekde, Demirgazyk – Günorta we Gündogar – Günbatar ugurlary boýunça ulag-üstaşyr geçelgeleriň çäklerinde gatnaşyklary giňeltmekde giň mümkinçilikleriň bardygy bellenildi. Eksport-import mümkinçiliklerini artdyrmak, söwda-haryt dolanyşygyny ösdürmek, ykdysady hyzmatdaşlygy pugtalandyrmak maksady bilen, iki ýurduň wekiliýetleriniň arasynda geňeşmeleri yzygiderli geçirmegiň zerurdygy aýdyldy. Halklarymyzyň baý taryhy-medeni mirasyny öwrenmek, ynsanperwer hyzmatdaşlygy giňeltmek boýunça hem iki dostlukly döwlet uly tagalla edýär.

Türkmenistan we Saud Arabystany Patyşalygy tebigy serişdeleriň ägirt uly gorlaryna eýe. Ýangyç-energetika toplumynda döwletara hyzmatdaşlygy giňeltmek üçin amatly şertler bar. Önümçilik, nebiti we gazy gaýtadan işlemek, energiýa serişdelerini dünýä bazarlaryna çykarmak ýaly ugurlar özara gatnaşyklary yzygiderli ösdürmek üçin uly mümkinçiliklerdir. Himiýa senagaty we gurluşyk serişdeleri senagaty babatda-da şuny aýdyp bolar, bu pudaklary ösdürmäge ýurtlaryň ikisi hem uly

üns berýär. Iki dostlukly döwlet üçin halkara ulag-üstaşyr geçelgeler strategik ähmiýete eýe.

Ýokary derejedäki gepleşiklerden soň hökümetara we pudagara derejelerde gol çekişilen ikitaraplaýyn resminamalar iki döwletiň arasyndaky dost-doganlygyň, ynanyşmagyň barha berkeýändigini, hyzmatdaşlygyň dürli ugurlar boýunça ösdürilmegine uly ähmiýet berilýändigini aýdyň görkezdi.

Saud Arabystanynyň goranmak, daşary işler, saglygy goraýyş, söwda we senagat, maliýe ministrleri, şeýle hem «SABIC» kompaniýasynyň ýolbaşçysy bilen duşuşyklarymyň netijeli bolandygyny aýdasym gelýär. Saparymyň dowamynda Er-Riýad şäheriniň Söwda-senagat edarasynda Saud Arabystanynyň işewür toparlarynyň wekilleri bilen duşuşmagym, Patyşa Abdul Aziz adyndaky Ylym we tehnologiýalar şäherjigine baryp görmegim ylmy-amaly barlaglar, hemra tehnologiýalaryny ösdürmek, Gün energetikasy, suwy süýjetmek babatda tejribe alyşmak, gatnaşyklary ýola goýmak üçin badalga boldy.

Saud Arabystanyna saparym günlerinde başga-da köp sanly möhüm gepleşikler, duşuşyklar bolup geçdi. Men bu ýerde olar hakynda has giňişleýin,

jikme-jik aýdyp durmadym. Olaryň her biriniň iki halkyň arasyndaky taryhy gatnaşyklara täze döwürde täze güýç berilmegi üçin juda möhüm bolandygyny welin nygtasym gelýär. Şol gatnaşyklar has gadymy döwürlerden biziň günlerimize çenli gelip ýeten, has dogrusy, biziň günlerimizde döwrebap derejede ösdürilýän, barha giňeldilýän söwda-ykdysady, ruhy-medeni gatnaşyklara, häzirki zaman işewür we ylmy-tehniki hyzmatdaşlyklara çenli öz içine alýar.

Mekge we Medine, Käbe hakynda öňde, Saud Arabystany Patyşalygyna ilkinji resmi saparym baradaky söhbetimde gürrüň berdim. Şeýle-de bolsa, bu gezekki zyýaratymyň täsirlerine görä, zyýaratlarymyň her biri dogrusynda özümde juda ýakymly ýatlamalary saklaýandygyma görä, ýene käbir zatlary aýtmak isleýärin. Mekgede keramatly Käbä zyýaratym bu gezekki saparyma hem aýratyn ruhy öwüşgin çaýdy.

Mekge – tutuş yslam dünýäsiniň özboluşly merkezi. Orta asyr musulman ulamalary zyýarat dessurlaryny jikme-jik işläpdirler. Edil namaz babatda bolşy ýaly, haj we umra zyýaraty hem tämizligi talap edýär. Munuň üçin Mekgäniň töweregindäki keramatly ýerleriň çäklerine çenli

ýetip, musulman tämizliginiň dessurlaryny berjaý etmeli, Allatagala arassa niýet bilen ýüzlenmeli. Musulmançylykda kesgitlenen ýerlerde, mysal üçin, Jiddada şeýle dessurlar berjaý edilýär. Zyýaratçy tämizlenip, iki bölek ak matadan ybarat ýörite lybasy geýýär. Olaryň birini biline oranýar, beýlekisini egnine atýar. Bu lybasa «yhram» diýilýär.

Men mukaddes Käbä zyýarat etmek üçin ähli taýýarlyk dessurlaryny amala aşyryp, Mekgedäki Al-Haram metjidine bardym. 638-nji ýylda gurlan metjit geçen asyrda birnäçe gezek täzeden gurlupdyr we giňeldilipdir, şonuň netijesinde ol bütin dünýäden birbada ýüz müňlerçe zyýaratçyny kabul edip bilýär.

Örän yssy howada-da metjidiň içi salkyn. Edil şonuň ýaly, ol hemişe arassa saklanýar. Zyýaratça zerur bolan ähli zat elýeterli – Gurhan kitaplary tekjelerde tertipli goýlupdyr, teşneligiňi gandyrmak üçin mukaddes Zemzem çeşmesinden suw bar. Bu ýerde aýratyn bir ýagdaý ruhuňy göterýär, muny her bir musulman duýýar. Şunuň özem Beýik Allatagalanyň merhemetidir diýip düşünýärin.

Düzgüne görä, zyýaratçy metjide Dünýä derwezesinden (Bab as-salam) sag aýagy bilen ätläp girmeli. Onsoň ol «Mukaddes gara daşa» gelip, ony

öpmeli ýa-da oňa elini degirmeli. Daşyň diwaryna ýakyn sagadyň diliniň ugry boýunça ýöremeli. Ilkinji üç aýlawy ýeňiljek ylgamaly, galan aýlawlary ýöräp gitmeli. Ahyrynda zyýaratçy Käbäniň girelgesine gelýär, sag elini galdyrýar we günäleriniň geçilmegini dileg edýär. Şondan soňra doga okalýar.

Musulmanlar gara daşyň ilkibaşda asmandan Adam ata iberilen jennetiň ak göwher daşy bolandygyna, soňra onuň dünýädäki ynsanlaryň eden günäleri sebäpli garalandygyna ynanýarlar.

Men ýurdumyzyň wekiliýetiniň agzalary bilen mukaddes Käbäniň daşyndan ýedi gezek aýlandym, umra haja niýetlenen däp-dessurlary doly berjaý etdim. Watanymyzyň abadançylygynyň, gülläp ösüşleriniň, mähriban halkymyzyň bagtyýarlygynyň, eşretli durmuşynyň hatyrasyna Beýik Biribardan doga-dilegler etdim.

Ýörite hünärmeniň bu mukaddes ýer we onuň taryhy baradaky gürrüňini diňledim, makam Ibrahymy synladym. Türkmen wekiliýetiniň agzalary bilen Käbäniň gündogar burçunda iki rekagat namaz okadyk, Zemzem çeşmesinden suw içdik. Beýik Biribardan ýagşy dilegler etdik.

Däbe görä, Käbäniň daşyndan aýlanmagy tamamlap, zyýaratçylar Sapa hem Merwe daglaryna

ýedi gezek aýlanýarlar. Bu dessur Sapa dagyndan, doga-dileg edip, sag eliň ýokary galdyrylgy ýagdaýda başlanýar. Sapa dagyndan düşüp, zyýaratçylar Merwä tarap ugraýarlar, ýaşyl belgä çenli ýetip, ädimlerini çaltlandyryp, şonuň ýaly ikinji belgä ýetýänçäler ylgap başlaýarlar, ikinji belgä ýetenlerinde, ylgawy peseldýärler we soňra adaty ýöremek bilen Merwä ýetýärler. Bu ýagdaý ýedi gezek gaýtalanýar.

Bu dessurdan soňra ýene-de Beýik Allatagaladan doga-dileg edilýär.

Men şonda: «Mukaddes Käbä zyýaratymyz wagtynda Watanymyzyň hemişe parahat bolmagy, gülläp ösüşi, mähriban halkymyzyň bagtyýarlygy, agzybirligi, abadançylygy, ruhumyzyň belentligi barada eden doga-dileglerimiz Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolsun!» diýdim.

Dessura laýyklykda, zyýarata gatnaşyjylaryň her biriniň saçynyň bir çogdamjygy kesilýär.

Bu mukaddes toprakda bolup geçen örän möhüm ýagdaýa ünsi çekmek isleýärin. Maý aýynyň 2-sinden 3-ine geçilýän gijede Iki Mukaddesligiň Hyzmatkäri, Onuň Alyjenaby, Saud Arabystanynyň Patyşasy Salman ben Abdylaziz Al Saud tarapyndan türkmen halkymyza bildirilýän çuňňur hormat-sarpanyň nyşany hökmünde meniň üçin mukaddes

Käbäniň – Allatagalanyň öýüniň gapylary açyldy, onuň içinde namaz okamak üçin ýörite mümkinçilik döredildi. Men, ilki bilen, «Mukaddes gara daşy» öpüp, togap etdim. Bu ýerde maňa üç ýerde – Muhammet pygamberiň namaz okan ýerinde, Käbäniň içki diwarynyň ýanynda, gara daşyň iç ýüzündäki keramatly burçunda namaz okamaga mümkinçilik döredildi. Musulman dünýäsiniň asylly dessurlaryny birkemsiz berjaý edip, mukaddesliklere togap etdim. Halkymyzyň bagtyýarlygynyň, nurana geljeginiň, Watanymyzyň berkararlygynyň, abadançylygynyň, ählumumy parahatçylygyň bähbidine ýagşy dilegler etdim.

Mukaddes Käbäniň gapylarynyň açylmagy bilen, onuň içine girip, namaz okamak hormatynyň biziň halkymyzyň taryhynda ilkinji gezek özüme bildirilendigine buýsanýaryn. Ählumumy derejede örän seýrek duş gelýän bu ýagdaý, bu mümkinçilik üçin men mähriban halkymyza, berkarar döwletimize, ynsanperwerlikli döwlet syýasatymyza ýürekden hormat goýýan saudly doganlarymyzdan hemişe hoşaldyryn.

Mukaddes Käbä zyýaratdan soňra biz Medinä bardyk. Öňde-de belleýşim ýaly, Medine adamzat taryhynda ilkinji gezek musulman döwletiniň

paýtagtyna, yslamyň özboluşly ojagyna öwrüldi. Şu ýerden yslam bütin dünýä ýaýrap, özbaşdak din hökmünde özüni ykrar etdirdi. Medinede yslam taryhynyň köp ajaýyplyklary saklanýar. Muhammediň metjidi (Masjid an-Nabawi) şolaryň dürdänesidir. Bu ýerde pygamber jaýlanypdyr. Muhammediň müdimilik aram tapan ýeri metjidiň Ýaşyl gümmeziniň – Pygamberiň gümmeziniň aşagynda ýerleşýär.

Musulman mukaddesligine – Muhammet pygamberiň metjidine hormat-sarpanyň nyşany hökmünde men öz ýanymdaky wekiliýetiň agzalary bilen namaz okadym. Muhammet pygamberiň müdimilik aram tapan ýerine tarap ýüzümi tutup, Beýik Biribardan eziz Watanymyzyň baky abadançylygyny, türkmen halkynyň parahatçylykly rowaç durmuşyny, bütin adamzadyň halal, päkize hem bagtly ýaşaýşyny diledim.

Edil mundan öňki zyýaratymda bolşy ýaly, bu gezek hem Muhammet pygamberiň aram tapan ýerinde Allatagalanyň saýlan bu beýik ynsany barada okanlarym hem eşidenlerim hatarlanyşyp aňymdan geçýär.

Hezreti pygamberiň ýüregi hemişe ynsanlara söýgi bilen doly bolupdyr. Ol mydama adamlara ýag-

şylyk edipdir. Gamgynlara, ýetimlere, ýoksullara, çagalara rehimdarlyk bilen garapdyr. Bir gezek bir çarwa oňa:

– Meniň birtopar agtygym bar. Emma, siziň edişiňiz ýaly, olara beýle söýgi bildirmeýärin, olaryň ýekejesini hem gujagyma almaýaryn – diýipdir.

Muhammet pygamber oňa:

– Kalbyňda rehim ýok bolsa, men muňa näme edip bilerin? Rehimdarlyk etmeýän rehimli ýüzi hem görmez – diýipdir.

Hezreti Muhammet örän rehimdar bolupdyr, diňe ynsanlara däl, haýwanlara-da, ähli zada rehimli bolmagy ündäpdir. Bu babatda öz hereketleri bilen görelde bolupdyr. Ýeke galan, üşeýän, açlyk çekýän, kesele ýolugan haýwanlar barada alada edipdir. Agaç ekene, teşne agajy suwarana sogap ýazylýandygyny aýdypdyr. Bir pişigi aç galdyran aýalyň bu edeni sebäpli azap görjekdigini aýdypdyr. Suwsuz galan ite aýakgaby bilen suw çekip beren adamyň, eger günäsi bar hem bolsa, jennete barjakdygyny buşlapdyr.

Muhammet pygamber şeýle diýipdir:

– Rehim etmedige rehim edilmeýär, geçirmedige geçirim edilmeýär. Birewiň üzürini-ötünjini kabul etmedigiň tobasy hem kabul edilmeýär.

– Adamlaryň iň haýyrlysy adamlara peýda edýän adamdyr.

– Goňşusy aç bolanda, musulman adam dok ýatyp bilmez.

– Bagtly kişi şol adamdyr, ýagny başganyň başyna düşen işden görelde alar.

– Ähli oňatlyk hulky hoşlukdadyr, ähli günä we ýamanlyk kalpdaky uýatly işlerde we kaşlykdadyr.

– Eger bir öýe myhman gelse, ol öz ryzky bilen geler. Gaýdan wagty hem Allatagala öý eýeleriniň günälerini bagyşlan halynda çykyp gider.

– Adamlara mylaýym bol, Allatagala hem saňa mylaýymlyk eder.

– Hemme bela dilden geler.

– Günäsine toba edýän kişi bigünä adam bilen deňdir.

– Goňşy bilen ýagşy gatnaşykda boluň!

– Adamyň gözelligi onuň süýji dilliligindedir.

– Eneňe ýagşylyk et, eneňe ýagşylyk et, eneňe ýagşylyk et, soň ataňa ýagşylyk et!

– Ata hormat etmek Taňra hormat etmek bilen barabardyr. Onuň öňünde ýazykly bolmak Taňrynyň öňünde günäli bolmak bilen deňdir.

– Dişiňizi tämizläp ýörüň, çünki ol tämizlikdendir. Päkizelik imana ýol açýar, iman bolsa jennetde eýesi bilen bile bolýar.

– «Salam» Allanyň ýerdäki atlarynyň biridir. Biri-birleriňiz bilen salamlaşyp ýörüň! Eger musulman kişi adamlaryň ýanyndan geçip barýan bolsa, olara salam berse, olar hem aleýk berseler, ol olara salamy ýatladany üçin bir dereje sogaby artyk alar. Eger adamlar aleýk bermeseler, onuň salamyny olardan beýigräk we ýagşyrak birleri, ýagny perişdeler alar.

– Kim özge dini kemsidip, sögýän bolsa, kyýamat-magşar güni otdan ýasalan gamçy bilen urlar.

– Para berýäni hem, ony alýany hem, olaryň arasynda durýany hem Alla näletlesin!

– Iýiň, içiň, sadaka beriň, emma isripçilik etmäň!

– Ylma göýä çopan ýaly sakçy boluň, ýöne ylmy diňe rowaýat ediji bolmaň!

– Bir-birleriňize töhmet atmaň, ýalan gep aýtmaň!

– Kesbiň iň ýagşysy kişiniň öz eli bilen eden işi we halal söwdasydyr.

– Elbetde, amallar niýetler bilen baglydyr.

– Ylym okamak külli musulmanyň erkeklerine we aýallaryna parzdyr.

– Allatagalanyň ýardamy we rehmeti agzybirlikdedir.

– Syr saklamaýan ýürekde haýyr ýokdur.

– Gybat zynadan hem ýamandyr.

– Ökünmek tobadyr...

– Göwni bilen sözi bir bolana gurban bolaýyn!

Pygamberiň bu sözleriniň her birinden ömrüň, dünýäniň manysyny okap oturmaly!

Yslamyň mukaddes düşünjeleri asyrlar aşyp könelmeýär, tersine, her täze döwürde täze ýüzügiň göwher gaşy bolup lowurdaýar.

Yslam içgini, humary, süýthorlugy, zynany, ýalan sözlemegi, zulum we nähak iş etmegi gadagan edýär. Ýagşylygy, gowulygy, goldaşmagy, ynanyşmagy, adalaty, ýoksullara we misginlere rehimli bolmagy emir edýär.

Beden we ruhy tämizligi ündeýär. Ynsanyň beden tämizliginiň imanyň ýarysydygyny, tämiz bolanyň ryzkynyň artjakdygyny we sagdyn boljakdygyny aýdýar.

Ynsanyň ruhy onuň özüniň esasyny düzýär. Beden ruhuň jaýydyr, maddy we fiziki dünýäde onuň ýaşaýşyny dowam etdirýändir. Beden bilen edilen ybadat, tagat, haýyr-sahawat, beýleki salyh amallar ruhuň terbiýelenmegi we beýgelmegi üçindir. Allatagala gulluk etmek bilen kalp päklenýär. Şonuň bilen adam ulumsylyk, tekepbirlik, ýalan, kine,

haramlyk ýaly belalardan saplanýar. Adam özüni tanamak bilen Hudaýyny hem tanaýar.

Yslam ylym öwrenmegi, ryzk üçin işlemegi, halal gazanç etmegi ybadat hasaplaýar. Musulman kişi hemişe gözel we haýyrly bolan işleriň tarapyndadyr, ýaramaz we zyýanly işleriň bolsa garşysyndadyr.

Beýik akyldar şahyrymyz Möwlana Jelaletdin Rumy: «Içiňi daşyňdan has päkize sakla, daşyň halkyň, içiň Hakyň seredýän ýeridir» diýipdir. «Sen diňe sabyr et we ýadyňda sakla: ýagyşdan soň älemgoşaryň çykyşy ýaly, agyr kynçylykly günlerden soň iň gowy günleriň geljekdigini unutma!» diýipdir. «Eger sen ýigrenýän bolsaň, diýmek, seni ýeňipdirler» diýipdir.

Beýik Sady Şirazy: «Ynsanyň jemaly sözüniň gözelligidir» diýipdir.

Hajy Bekdaş Weli: «Öýkelemek we gaty görmek üçin bahana gözlemegiň ýerine söýmek we söýülmek üçin çäreler gözläň!» diýipdir...

Haýsy döwürde aýdylan bolsa-da, parasatly adamlaryň sözleri biri-biriniň üstüni doldurýar. Ol sözler yslamyň päkize garaýyşlary bilen bir hörpden gopýar...

MILLETIŇ RUHY-AHLAK MEKDEBI

GEÇMIŞIMIZE DAÝANYP, GELJEGIMIZI GURÝARYS

Biz paýtagtymyzda «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumyny gurduk. Bu toplum Gökdepe galasyny goraýjylaryň, 1941 – 1945-nji ýyllardaky urşa gatnaşyjylaryň hem-de 1948-nji ýylyň Aşgabat ýertitremesiniň şehitleriniň hatyrasyna bina edildi.

Eziz topragymyz üçin göreşen milli gahrymanlarymyzy, edermen ata-babalarymyzy, hemme wepat bolanlary hatyralamak halkymyzyň gadymdan gelýän asylly däplerindendir. «Halk hakydasy» ýadygärlikler toplumy hem hut şu däpleriň berjaý edilýän ýerine öwrüldi.

Käbä zyýaratymyzdan soň, biz ýadygärlikler toplumyna gül desselerini goýup, toplumyň golaýyndaky ýörite gurnalan ýerde sadaka berdik. Men şonda Saud Arabystany Patyşalygyna resmi saparymyň çäklerinde Er-Riýadda bu doganlyk ýurduň Patyşasy bilen gepleşiklerimi, Mekge

şäherine baryp, mukaddes Käbä zyýarat edişimi, Medine şäherinde degişli dessurlary ýerine ýetirip, Muhammet pygamberiň metjidinde namaz okandygymy ýatladym. Maňa musulman dünýäsiniň esasy mukaddesliginiň içinde namaz okamak mümkinçiligi döredildi, munuň üçin Allanyň öýüniň gapylary açyldy, bu waka pygamberimiziň arşa çykan senesi bilen gabat geldi.

Hakykatdan-da, mukaddes Käbäniň içine girilmegi örän seýrek duş gelýän ýagdaý. Bu dostlukly ýurtda bolanymyzda, bize şeýle ýürekdeşlik bilen köp gadyr-keremler edildi. Öňde-de aýtdym, ýene bir gezek nygtap aýtsam, bize döredilen şeýle mümkinçilikler, ýokary derejedäki hormat-sylag mähriban halkymyza bildirilen hormat-sylagdyr, Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistanymyzyň ösüşleriniň, döwletimiziň alyp barýan hoşniýetli syýasatynyň dünýäde doly ykrar edilýändiginiň, türkmen we saud halklarynyň bozulmaz dost-doganlygynyň güwäsidir.

Yslam gymmatlyklarynyň we türkmençilik ýörelgeleriniň biri-biri bilen berk baglanyşykly ýerleri örän köp. Mähriban Watanymyzyň parahatlygy, ösüşleri, halkymyzyň rahat durmuşy şu bitewülikden aýry däldir. Şoňa görä, mukaddes

ýerlerde biz ata Watanymyzyň abadanlygyny, ilimiziň bagtyýarlygyny, berkarar döwletimiziň mundan beýläk hem gülläp ösmegini dileg edýäris.

Maňa Käbä zyýaratym wagtynda teperrik gowşuryldy. Munuň özi keramatly ýerlerde görnükli din adamlary tarapyndan belent sarpanyň, çuňňur hormatyň nyşany hökmünde berilýän mukaddes peşgeşdir. Welaýatlaryň baş ymamlary, sylag-sarpaly ýaşulularyň bilen maslahatlaşylyp, dürli welaýatlaryň ýaşaýjylarynyň hem oňa tagzym edip bilmekleri üçin, bu teperrigi ýurdumyzyň metjitlerinde goýmak kararyna gelindi. Şondan soňra bu teperrik Gypjakdaky ýurdumyzyň baş metjidinde, welaýatlarymyzdaky we paýtagtymyzdaky metjitlerde ýörite aýna gaplarda goýuldy.

Bu – Käbeden getirilen mukaddes paý! Adamlar teperrigi görmek üçin metjitlere barýarlar, has dogrusy, oňa zyýarat edýärler we ony ýüzlerine sylýarlar.

Biziň döwlet syýasatymyz halkymyzyň köp asyrlyk däplerini, ruhy gymmatlyklaryny dikeltmegi ugur edinýär. Şöhratly pederlerimiziň wesýetlerine ygrarlylyk, milletiň däp-dessurlarynyň, ähli ruhy gymmatlyklarynyň aýawly saklanylmagy,

ösdürilmegi nesilleri terbiýelemekde uly ähmiýete eýedir.

Türkmen döwleti raýatlarymyzyň konstitusion hukuklarynyň we azatlyklarynyň, şol sanda dine uýmak erkinliginiň üýtgewsiz berjaý edilmegini kepillendirip, her bir musulman üçin mukaddes bolan haj parzyny berjaý edýän adamlara goldaw berýär. Döwletimiz tarapyndan guralýan ýörite uçar bilen ýurdumyzyň ähli welaýatlaryndan we paýtagtymyzdan bolan türkmen zyýaratçylary Saud Arabystany Patyşalygyna ugradylýar. Olar musulmanlaryň esasy baýramlarynyň biri bolan Gurban baýramynyň sahawatly günlerinde bütin dünýäniň zyýaratçylarynyň millionlarçasy bilen bir hatarda, Mekgede hem Medinede haj parzyny berjaý edýärler, şol mukaddes ýerlerde Beýik Alladan ýurdumyz we halkymyz baradaky iň ýagşy doga-dileglerini etmek mümkinçiligine eýe bolýarlar.

Halkymyzyň asylly däplerine hormat goýmagy, ahlak arassalygyny, halal durmuşy wagyz etmek, sözüň we işiň bilen jemgyýetiň sagdynlygyny gazanmaga, kämil ýaşlary terbiýelemäge goşant goşmak watandaşlarymyzyň her biriniň, şol sanda dindarlaryň, Käbe ýaly mukaddes topraga aýak basyp, haj parzyny berjaý edip gelenleriň jana-jan

borjudyr. Ýeri gelende aýtsam, dindarlar, il sylagly ýaşululaр döwletiň we jemgyýetiň durmuşynda möhüm ähmiýeti bolan şanly wakalara işjeň gatnaşýarlar.

Döwletimiz dindarlaryň asylly işine yzygiderli goldaw berýär. Dini ojaklar – metjitler jemgyýetde raýat ylalaşygyny, milletiň köp asyrlyk däp-dessurlarynyň dowamlylygyny pugtalandyrmaga hyzmat edýär. Metjitleriň gurulmagy döwletimiziň durmuş ugurly syýasatynyň amala aşyrylýandygynyň, Garaşsyz, Bitarap Türkmenistanyň Konstitusiýasy tarapyndan kepillendirilen raýatyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, şol sanda dine uýmak erkinliginiň berk berjaý edilýändiginiň bir subutnamasydyr.

Ýurdumyzyň ähli sebitlerinde örän gowy, ähli mümkinçiliklere eýe bolan, sadaka bermek üçin niýetlenen binalary hem bolan, töweregi abadanlaşdyrylan, gözelligi bilen göz gamaşdyryjy metjitler guruldy. Olar milli gurluşygyň däplerini we bu babatda täze gazanylanlary özünde jemläp, «Binagärligiň merjeni» diýlip atlandyrmaga mynasyp täze ruhy ojaklardyr. Olar ýurdumyzdaky köp sanly täze, ajaýyp binalar bilen sazlaşyp, özboluşly öwüşgini bilen ýalkym saçýarlar.

Şeýle kaşaň metjitler Diýarymyzyň ähli welaýatlarynda gurlup, ulanylmaga berildi. Diňe soňky ýyllarda açylan metjitleriň hatarynda Mary, Daşoguz, Lebap, Balkan welaýatlarynyň baş metjitleri, Aşgabat şäheriniň Parahat – 7 ýaşaýyş toplumyndaky metjit, obadyr şäherlerimizdäki beýleki metjitler bar.

Metjitler musulman dünýäsiniň özboluşly ylym we bilim merkezleridir, jemgyýetiň ruhy durmuşynyň jemlenýän ýeridir.

TOÝ–BAÝRAMLAR, RUHY KÖKLER

Ýurdumyz taryhy özgertmeleriň, ösüşleriň mekanyna öwrüldi. Biziň yzly-yzyna gelýän baýramlarymyzyň her biri bu günki üstünliklerimiziň toýudyr. Mähriban halkymyz bagtyýarlyk döwründe ynamyň, buýsanjyň, mertebäniň toýlaryny toýlaýar.

Milli toý-baýramlaryň, däp-dessurlaryň köpüsiniň kökleri yslamdan has aňyrky döwürlerdendir. Olar halkymyzyň durmuşynda hemişe uly orun tutupdyrlar.

Men şu ýerde göktürkmen dessanlarynyň iň ähmiýetlisi hasaplanylýan «Ergenekon» dessany hakynda durup geçeýin. Onda jemgyýetçilik-medeni

durmuşda bolup geçen özgerişler barada möhüm maglumatlar berilýär. Oguz handan miras galan söweş däpleriniň, berk düzgün-nyzamlylygyň, ynanç-ygtykatlaryň göktürkmenlerde hem dowam edendigi nygtalýar.

Göktürkmenler agzybirligi, asudalygy söýýän halk bolupdyr. Ýöne welin olaryň köpelmegi, mallarynyň sanynyň hem çendenaşa artmagy netijesinde jülge dolup-daşyp, ýaşamaga ýer gytçylygy döräpdir. Şonuň üçin olar bu jülgeden çykmagyň geňeşini edip, şeýle diýýärler: «Atalarymyzdan eşidipdik, Ergenekonyň daşynda-da giň ýerler, oňat ýurtlar bolmaly. Gadym zamanda ol ýerler biziň ýurdumyz ekeni. Özge iller gelip, biziň urugymyzy gyryp, ýurdumyzy elimizden alan ekeni. Taňra şükür, indi bu eýýamda biziň başymyza olar ýaly agyr ýagdaý düşmez. Duşmandan gorkup, dag içinde gabalyp otyrys. Gowusy, daglaryň arasyndan ýol gözläp tapalyň-da, bu ýerden göçüp gideliň! Ergenekonyň daşynda kim biziň bilen dost bolan bolsa, olar bilen görşeliň, duşman bolsa göreşeliň!»

Olar bu maslahaty makul bilip, daglaryň arasyndan geçer ýaly ýol gözleýärler, emma tapmaýarlar. Ilki gelen ýollary hem dag gaýasy ýykylyp baglanan eken. Olaryň arasyndaky bir

demirçi ussa dagyň gaýalarynyň biriniň demre meňzeýändigini, şol ýerde köp ot ýakylsa, demriň erejekdigini we ýol açyljakdygyny aýdypdyr. Onuň diýenini makul bilip, ol ýere odun, kömür baryny üýşürýärler we gaýanyň üstünde, gapdallarynda uly otlar ýakýarlar. Hakykatdan hem demir eräp, ýol açylýar. Göktürkmenler şol ýol bilen Ergenekondan çykýarlar. Olar bu wakanyň gününi, sagadyny belläp alypdyrlar we şol güni mukaddes hasaplap, her ýyl baýram edip belläpdirler.

Alymlaryň käbiri şol güni häzirki Nowruz güni hasap edýärler. Olar Nowruzda oduň ýakylmagyny hem göktürkmenleriň «Demir baýramy» diýip bellän bu baýramçylygynda uly otlar ýakmaklary bilen baglanyşdyrýarlar. Bu barada türk alymy Abdulhaluk M. Çaýyň «Türk Ergenekon baýramy – Nowruz» atly ýörite işi hem bar.

Bu günüň mukaddes hasaplanýandygy hakynda dessanda şeýle diýilýär: «Hudaýyň gudraty bile dag gyzandan soň, demir gaýa eräp akyberipdir. Dag böwsülipdir. Ýükli düýe geçer ýaly ýol açylypdyr. Şol keramatly günüň keramatly sagadynda göktürkmenler Ergenekondan çykypdyrlar. Olar şol aýy, şol güni gowy belläp alypdyrlar. Şondan soňra şol keramatly gün göktürkmenler üçin uly baýram bolup galypdyr.

Her ýyl şol gün gelende, uly toýlar tutulypdyr. Bu toýlarda bir bölek demir alyp, otda gyzdyrypdyrlar. Soňra-da gyzdyrylan demri ilki Göktürkmeniň hany gysaç bilen tutup, sandalyň üstünde goýup, çekiç bilen urupdyr. Ondan soňra beýleki türkmen begleri, ähli il-ulus ýaňky hereketi gaýtalap, baýramçylyk başlapdyr».

Nowruz baýramynyň örän gadymy döwürlerde, ata-babalarymyzyň parasady bilen döredilen baýramdygyna söz bolup bilmez. Şol bir wagtyň özünde, meniň pikirimçe, Nowruzda oduň ýakylmagy ýaly däpleriň, gürrüňsiz, şol gadymy otparazlyk dini bilen berk baglanyşygy bardyr. Onuň beýleki käbir halklaryň milli baýramyna öwrülip gidendigini hem köp ýerlere ýaýran şunuň ýaly berk ynanç, ýörelge bilen baglanyşdyryp bolar. Bu ajaýyp baýramçylyk 2010-njy ýylda Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 64-nji mejlisinde Halkara Nowruz güni diýlip yglan edildi.

Türkmenistanda yslam dini bilen baglanyşykly iki sany uly baýramçylyk, ýagny Oraza we Gurban baýramlary döwlet derejesinde giňden bellenip geçilýär. Ildeşlerimiziň baýramçylygy arkaýyn bellemegi üçin, ýörite Perman bilen şol günler iş günleri däl diýlip yglan edilýär.

Mälim bolşy ýaly, musulmanlar 622-nji ýylda Mekgeden Medinä göçýärler. Bu waka olaryň durmuşynda uly özgerişleriň bolmagyna sebäp bolupdyr. Şonuň bilen baglanyşykly musulmanlaryň özbaşdak senenamasy döräpdir. Bu senenamanyň başlangyjy gönüden-göni şol göçüş bilen baglanyşyklydyr. Başgaça aýdylanda, «göçmek» sözi arapça «hijret» bolup, bu senenama «hijri-kamary senenamasy» diýlip at berlipdir. Resmi taýdan bu senenamany hezreti Omaryň halyflyk döwründe ulanyp başlaýarlar. Musulman baýramlary bolan Oraza we Gurban baýramlarynyň ýüze çykmagy-da şeýle özgerişlerdendir.

Oraza we Gurban baýramlary musulmanlar tarapyndan hijretiň ikinji ýylyndan, ýagny hijri-kamary senenamasynyň ikinji ýylynda bellenip başlanýar. Bu iki baýram yslam äleminde «yýdul-fytyr» (pitre baýramy) we «yýdul-azha» (Gurban baýramy) atlary bilen tanalýar.

Bu iki baýramçylykda oba, şäher ilaty belli bir mekanda jemagat namazyny, ýagny aýt namazyny berjaý edýärler. Şol baýramçylyk günleri her kim özüne niýetläp goýan iň täze egin-eşiklerini geýýär.

Türkmenler her baýram günlerinden iki gün öň öýlerini hem daş-töwereklerini arassalap başlaýarlar.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Baýramdan bir gün öňinçä, «kokun güni» bellenip, bugdaý unundan ýörite taýýarlanylýan çapady bişirilip, ýedi goňşa paýlanylýar. Baýramçylyk güni bolsa her öýde supra ýazylyp, ony dürli süýji tagamlar bilen bezeýärler. Ýaşlar ýaşululary sylap, görme-görşe baryp, baýramyny gutlaýarlar. Meýdanlarda hiňňildik uçýarlar. Gyzlar gijelerine läle kakýarlar, türkmen oýunlary ýerine ýetirilýär.

Muhammet aleýhyssalam Remezan aýy bilen baglanyşykly şeýle diýipdir:

«Her kim Remezan aýynda bir gije ybadat etse, gündiz ýalançylykdan, gybatdan, töhmetden, şugulçylykdan özüni saklasa, Haktagala ol bendä müň aý ybadat edeniň sogabyndan hem köpräk sogap berer».

«Gijeleriň serweri Gadyr gijesidir, Gadyr gijesi Remezan aýynyň ýigrimi ýedinji gijesidir».

«Her wagt Gadyr gijesi bolsa, Jebraýyl aleýhyssalam perişdeler bilen geler. Asmanyň iň aňry çäginden gelen ol perişdeleriň sanyny bir Allatagala biler. Özge kimse bilmez. Olar jahany seýran ederler. Her jaýda Allatagalany ýatlap oturan mömin kişiler bar bolsa, olara Allatagalanyň rehmetini dökerler. Daň atandan, ol perişdeler asmana çykarlar».

Magtymguly Pyragy Oraza aýy hakynda şeýle diýipdir:

Ýigrimi dört sagatda, on iki aýda
Remezan diýerler aýyň ýagşysyn.

Mälim bolşy ýaly, oraza tutmak yslam dininiň bäş sütünlerinden biridir. Oraza ybadaty ilkinji gezek hijri senenamasynyň ikinji ýylynda, ýagny miladynyň 624-nji ýylynda mukaddes Gurhanyň Bakara süresiniň 183-nji we 184-nji aýatlary bilen parz edilýär. Bu aýatlarda şeýle diýilýär:

«Eý, iman getirenler! (Günälerden we erbet işlerden) gaça durmagyňyz üçin, sizden öňkülere parz edilişi ýaly, size hem oraza tutmak parz edildi. (Oraza) sanlyja (bellenen) günlerdir. Eger sizden haýsyňyz kesel ýa-da ýolagçy bolsa, (tutup bilmedik) günlerini sanap, başga günlerde öwezini dolsun. Eger kimiň güýji oraza tutmaga düýbünden ýetmese, onda bir garyp-gasary doýurjak mukdarda sadaka bersin. Emma kimde-kim göwnünden çykaryp has köp haýyr-yhsan etse, ol onuň üçin peýdalydyr. Aslynda-da, eger bilseňiz, oraza tutmak siziň üçin has haýyrlydyr».

Aýatda aýdylyşy ýaly, oraza tutmak hem ruhy, hem beden sagdynlygy üçin örän peýdalydyr. Bu

aýy agyz beklemek we köp ýagşy işleri etmek bilen geçiren adamyň göwni galkynýar, ruhy belent bolýar. Ruhubelentligiň bolsa ynsanyň beden sagdynlygyna uly täsir edýändigi äşgärdir. Ýokardaky aýatlarda oraza tutmak bilen birlikde ýerine ýetirilmegi zerur bolan käbir düzgünler nygtalýar. Bu düzgünler agyz bekleýän adamdan diňe iýip-içmekden däl, eýsem, ýaramaz endiklerden hem gaça durmagy talap edýär. Bu aýda oraza tutýan adam ähli maddy-ruhy erbetliklerden uzaklaşyp, gowy endiklere berilmelidir. Şunuň bilen baglanyşykly Muhammet aleýhyssalamyň käbir aýdanlaryny ýatladaýyn:

«Oraza bir galkandyr. Eger sizden biri oraza tutsa, ol hapa sözleri sözlemesin we hiç kim bilen dawalaşmasyn. Eger kimdir biri oňa sögse ýa-da azar berse: «Meniň agzym bekli, meniň agzym bekli» diýsin».

«Oraza tutan adam ýalan sözlemekden we ýalan bilen iş bitirmekden gaça durmasa, onuň aç-suwsuz gezip ýörmegine Allatagallanyň hiç hili mätäçligi ýokdur».

«Şeýle bir adamlar bardyr welin, olaryň tutan orazalaryndan aç we suwsuz gezmekden başga hiç bir peýda ýokdur».

Oraza ybadatynyň özüne mahsus kynçylyklarynyň bardygy düşnüklidir. Bu ybadat iýip-içmekden saklanmagy talap edýär. Bu bolsa bize gündelik durmuşymyzdaky iýip-içip ýören zatlarymyzyň, aslynda, uly bir nygmatdygyny hem ýatladýar, olaryň gadyryny bilmegi, olary zaýalamazlygy we olara şükür etmegi öwredýär. Şeýle-de, oraza adamda sabyrlylyk, çydamlylyk, öz-özüňe erk etmek ýaly gylyk-häsiýetleri terbiýelemäge kömek edýär.

Oraza aýy ynsanperwerligiň, haýyr-sahawatyň, geçirimliligiň, birek-birege kömek etmegiň, adamkärçiligiň, agzybirligiň, sylag-hormatyň, ýaramaz häsiýetlerden uzaklaşyp, peýdaly endikleri gazanmagyň aýydyr.

Türkmen maşgalalary mübärek Oraza aýyndan birnäçe gün öň goýun, geçi ýa-da göle soýup, goňşy-golamlaryny hem dogan--garyndaşlaryny myhmançylyga çagyryp, Hudaý ýoluna sadaka edýärler. Remezan aýynyň ähli gijelerinde türkmenleriň arasynda şeýle sadakaly myhmançylyklar bolup durýar.

Oraza aýynda agyz beklenip, agzaçar sadakalary berlip, Beýik Allatagalanyň mukaddes kitaby bolan Gurhana uýlup, tarawa namazlary okalýar we ýagşy doga-dilegler edilýär.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Dini däp-dessurlara uýýan türkmenler, beýleki musulmanlar ýaly, günde bäş wagt namaz okaýarlar. Kähalatlarda bäş wagt wajyp namazdan başga-da, «mustahak namazy» diýlen ybadaty hem berjaý edýärler. Remezan aýlarynda namazlaryny oňardyklaryça metjitlerde okaýarlar.

Oraza baýramynyň öňüsyrasynda Gadyr gijesi gelýär. Halkymyz Oraza aýynyň 27-si gijesini has gadyrly tutýar. Şoňa görä, ony «Gadyr gijesi» diýip atlandyrýar. Türkmen halkynyň «Her gijäni Gadyr bil, Her göreniňi Hydyr bil» diýen aýtgysy örän köp zatdan habar berýär. Bu jümläniň manysy örän giň. Gadyr gijesi hakynda Gurhanda ýörite rowaýatlar hem bar. Arap dilinde «Leýletilgadyr» diýlip, oňa degişli aýat hem süreler inipdir.

Mukaddes Gadyr gijesi mynasybetli, ata-babalarymyzyň milli däp-dessurlaryna tüýs ýürekden sarpa goýmak bilen, halkymyzyň dürli ýaşdaky, dürli kärdäki wekillerini bir desterhanyň başyna jemläp, biz her ýyl döwlet derejesinde agzaçar sadakasyny berýäris. Şol günler Türkmenistanyň Prezidentiniň Permany bilen günäsi geçilen köp sanly raýatlar, şeýle-de daşary ýurtlular tussaglykdan boşadylýar. Munuň özi mukaddes aýda görkezilýän belent ynsanperwerlikdir, ýalňyşan we günäsi geçilen

adamlaryň gaýdyp ters ýola düşmejekdigine belent ynamdyr.

Oraza baýramy musulman halklaryň her birinde bellenilýär. Türkmen halky bu baýramy hemişe-de özüçe belläpdir we oňa özüçe öwüşgin beripdir. Ony dindarlar hem, dindar däller hem, bütin halk öz baýramy hasaplaýar. Şoňa görä, biziň halkymyzda onuň ýaýrawy, dabarasy, şatlygy dini çäklerden giňdir, ol biziň halkymyzda tüýs milli baýrama öwrülip gidipdir diýip bolar.

Her döwürde Oraza baýramy ýetip gelende, halk ony şol döwrüň şatlygy bilen garşylapdyr. Goý, ol ýönekeýje bir şatlyk bolaýsyn, mukaddes baýram adamlaryň göwnüne giňlik hem rahatlyk beripdir. Ähli toý-baýramlarymyz ýaly, bu baýram hemişe ynsanlara rahatlyk, göwnühoşluk eçilip gelýär.

Diňe Oraza baýramynyň däl, tutuş Remezan aýynyň ýurdumyzda garşylanylyşy üýtgeşik. Ulular bilen birlikde çagalar hem bu aýa sabyrsyzlyk bilen garaşýarlar. Olar ýaremezan aýtmaga howlugýarlar. Topar tutuşyp gelýän oglan-gyzjagazlaryň owazy her öýüň gapysynda ýaňlanýar – olar «aýlaryň ýagşysynyň» başlanýandygyny her öýe buşlap, ýaremezan aýdýarlar we şeýdip halkymyzyň gadymy däpleri bilen terbiýelenýärler. Olaryň

iň körpejelerine çenli halk döredijiligimiziň bir görnüşine öwrülip giden ýaremezan aýtmagy öwrenýärler. Ýaremezanlardaky din hem dünýewilik bilen täsin bir halda garyşyp giden düşünjeler olaryň aňlaryna siňýär.

Abadançylygyň, erkana ýaşaýşyň höküm sürýän ýurdunda şeýle joşgun, şeýle şadyýanlyk, şeýle ruhubelentlik, şeýle agzybirlik bolup bilýär.

Ýurdumyzda Oraza baýramy namaz okap, agyz bekläp, dini däpleri berjaý edýänler üçin hem, beýlekiler üçin hem – hemmeler üçin deň derejede mukaddes baýram. Munuň özi halkymyzyň üýtgeşik häsiýetini, özüne mahsus bolşuny görkezýär. Ulumy ýa kiçimi, dindarmy ýa dälmi – bularyň ählisi mukaddeslikleriň gadyryny bilýär, biri-biri bilen deň derejede gürleşip, pikir alşyp, biri-birini sylap-sarpalap bilýär. Olaryň ählisi biri-biri bilen gatyşyp-garyşyp, toý-baýramlaryny bile sowýarlar. Biri-biri bilen goldaşyp, agzybirlikde, ynamly zähmet çekip, ýurdumyzyň taryhy özgertmelerine goşant goşup ýaşaýarlar.

Muhammet pygamber şeýle diýipdir: «Bu baýram günümizde berjaý etjek ilkinji işimiz (baýram) namaz okamakdyr». Şular ýaly hadyslara eýerip, dindarlar baýram günleri ir ertirden taýýarlanyp, guşluk wagtynda baýram namazyny okamak üçin

metjitlere barýarlar. Baýram namazyny okap, il-günümiziň bagtyýar, ýurdumyzyň abadan bolmagy üçin dileg-dogalar edýärler. Namazdan soňra bolsa öz maşgalasy, dogan-garyndaşlary, goňşy-golamlary bilen baýramçylyk belleýärler. Pygamberimiz Muhammet aleýhyssalam: «Arafa, gurban we teşryk günleri musulmanlaryň baýram günleridir. Bu günler iýip-içip, baýram bellenilýän günlerdir» diýip nygtaýar. Şonuň üçin, yslam alymlary Oraza we Gurban baýramlary günlerinde agyz beklemegi oňlamandyrlar.

Gurban aýynyň onuna başlaýan Gurban baýramy, adyndan belli bolşy ýaly, gurbanlyk soýmak bilen baglanyşyklydyr. Muhammet pygamberiň hadysynda şeýle diýilýär: «Gurbanlyga niýetläp soýan malynyň derisini satan kişiniň eden gurbanlygy kabul bolmaýar».

Musulmanlar Ybraýymyň ogly Ysmaýylyň ölümden halas edilişini baýram edýärler. Halkymyz muny «Gurban baýramy» ýa-da «gurbanlyk» atlandyrýar.

Ybraýym pygamber Gurban aýynyň birinji gijesi dünýä gelipdir. Ýunus pygamber Gurban aýynyň ikinji güni balygyň garnyndan çykypdyr. Zekereýa pygamberiň dilegi Gurban aýynyň üçünji güni kabul

bolupdyr. Isa pygamber Gurban aýynyň dördünji güni dünýä inipdir. Gurban aýynyň bäşinji güni musulmanlar taryhy ýeňiş gazanypdyrlar – Haýbary eýeläpdirler. Gurban aýynyň altynjy gününden başlap, tä gurban aýy ötýänçä, dowzahyň gapysy bekli bolar diýilýär. Gurban aýynyň ýedinji güni Zülpikary behişde getiripdirler we Allatagala gowşurypdyrlar. Gurban aýynyň sekizinji güni Nuh aleýhyssalama Allatagaladan wahyý gelipdir. Gurban aýynyň dokuzynjy güni Ysmaýyl aleýhyssalama goçgar gelipdir.

Oraza baýramyndaky ýaly, Gurban baýramy gününde musulmanlar baýram namazyny okamak üçin metjitlere gidýärler. Mälim bolşy ýaly, baýram namazy guşluk wagtynda okalýar. Olar namazyň yzyndan Beýik Biribardan ýurt parahatçylygy, il abadançylygy, maşgala agzybirligi, jan saglyk we rysgal-döwlet ýaly ýagşy dilegleri edýärler. Baýram namazy okalandan soň, maddy taýdan mümkinçiligi bolan adamlar gurbanlyklaryny soýýarlar. Pygamberimiziň gurbanlyk hakynda: «Gurban baýramy gününde gurbanlyk soýmak ýaly Alla ýakynlaşdyrjak başga bir iş ýokdur» diýmegi Beýik Biribaryň gaşynda ybadatyň derejesiniň nähili ýokarydygyny görkezýär.

Beýleki musulman halklar ýaly, türkmenler bu baýrama örän uly ähmiýet berýär. Olar baýram günlerinde öz dogan-garyndaşlarynyňka, goňşy-golamlarynyňka we dost-ýarlarynyňka myhmançylyga barýarlar, baýramçylyk mynasybetli taýýarlanan nygmatlardan iýip-içýärler, birek-birege ýagşy doga-dilegler edýärler.

Gurban baýramy günlerinde hiňňildik uçmak uly şadyýanlygy, ruhubelentligi döredýär. Hiňňildik uçmak bilen günäleriň dökülýär diýen gadymy ynanç şu günlerde-de ýaşaýar. Hiňňildik uçulýan ýerlerde joşgunly aýdym-sazlar belentden ýaňlanýar. Adamlar, aýratyn hem, ýaşlar ol ýerlere köpçülikleýin barýarlar. Bu ýagdaýlar adamlara uly lezzet berýär, ruhubelentlik paýlaýar, olaryň birek-birek bilen gatnaşygyny, agzybirligini berkidýär.

Biz halkymyzyň müňýyllyklardan gözbaş alan milli däp-dessurlaryna, dinine-ýörelgesine, diline-medeniýetine eýe bolduk. Bu mukaddes gymmatlyklary goramak, ösdürmek, özümiz bilen öňe alyp gitmek, geljek nesillerimize ýetirmek, nesillerimizi şu ruhda terbiýelemek mümkinçiligine eýe bolduk. Biziň Garaşsyzlyk gazanmagymyzyň manysy hem, Bitaraplyga eýe bolmagymyzyň manysy hem şundadyr.

Bitaraplyk ýörelgesi halkymyzyň asyrlaryň dowamynda kemala getiren beýleki dinlere hormat goýmak ýaly milli aýratynlyklarynyň ajaýyp taraplaryny hem özünde jemleýär.

* * *

Akgoýun toýy türkmen halkynyň köp asyrlardan bäri gelýän, naýbaşy toýlarynyň, onda-da örän özboluşly toýlarynyň biridir. Bu toý däp-dessury diňe türkmenlere mahsusdyr. Elbetde, ol käte käbir beýleki halklarda hem duşýar. Ýöne munuň özi goňşuçylykda ýaşamak netijesinde ol halklaryň arasyna türkmenleriň täsiri bilen ýaýrapdyr.

Şunuň bilen baglanyşykly, özümiň pygamber ýaşyna ýetmegim mynasybetli Gökdepe metjidinde akgoýun toý sadakasyny berendigimi ýatlamak isleýärin. Metjide gelip, bu ýerde ýaşulular bilen gürrüňdeş boldum, ýurdumyzda bolup geçýän möhüm ähmiýetli çärelere işjeň gatnaşýandyklary üçin, olara minnetdarlyk bildirdim. Şeýle pursatlarda aýdylan ýagşy sözüň gymmaty aýrybaşga bolýar, üstesine, ol akgoýun toý sadakasy ýaly ajaýyp toýlara ýene ajaýyplyk çaýýar. Adamlaryň biri-birine mähribanlygy bolup, hemmeleriň bir maksada – Watanymyzy gülledip ösdürmek, agzybirligimizi

has-da berkitmek ýaly asylly maksatlarymyza hyzmat edýändigine hoşallyk bolup, şeýle sözler mukaddes günde has täsirli, güýçli mana eýe bolýar. Ýaşulularyň durmuş tejribesi halkymyzyň durmuşynda, nesil terbiýesinde aýratyn ähmiýete eýedir.

Metjitde Beýik Biribardan türkmen topragynda parahatçylygyň, asudalygyň, halkymyzyň agzybirliginiň hem-de bitewüliginiň hemişe berkarar bolmagy, alyp barýan köptaraply işlerimizde täze üstünlikleriň gazanylmagy dileg edilip, aýat okaldy. Toý sadakasyna gatnaşyjylar maňa yslam dünýäsinde mukaddes künjek saýylýan Mekgeden ýadygärlik sowgat hökmünde iberilen keramatly Käbäniň ýazgysy bolan örtüge ylahy gymmatlyk hökmünde tagzym etdiler. Bu gymmatlykdan başga bu ýerde keramatly teperrik hem bar. Bu keramatly teperrik maňa, öňem aýdyşym ýaly, Saud Arabystany Patyşalygyna amala aşyran resmi saparymyň çäklerinde haj parzyny berjaý eden wagtym çuňňur hormatyň nyşany hökmünde berlipdi. Ýaşulularyň, akgoýun toý sadakasyna gatnaşýanlar iki mukaddeslige tagzym edip, biziň ähli asylly başlangyçlarymyzyň rowaçlanmagyny Beýik Biribardan dileg etdiler.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Yslam dünýäsiniň ýörelgelerine, türkmen halkynyň ajaýyp däp-dessurlaryna laýyklykda, 63 ýaş Muhammet pygamberiň ýaşyna ýetilmegini aňladýar. Bu ýerdäki sadaka berilýän binada men eziz Türkmenistanymyz, onuň gadymy taryhy, özboluşly däp-dessurlary, häzirki döwürde ýeten derejesi hakynda döreden kitaplarymyň galam hakyndan düşen serişdeleriň hasabyna toý sadakasyny berdim. Şol pursatlarda men halkymyzyň 63 ýaşa aýratyn nazar bilen garaýandygyny, munuň Muhammet pygamberiň ýaşan ömri bilen baglanyşyklydygyny hem aýtdym. Akyldar şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň şu goşgy setirlerini okadym:

– Jepa çekip, yslam dinin düzdüler,
Altmyş üç ýaşynda geçdi Muhammet.

Soňra asylly däbimize görä, tebärek çykyldy. Akgoýun toý sadakasyna gatnaşyjylara dürli tagamlar çekildi. Tagam dadylandan soňra, aýat-töwir okaldy. Men bu ýere ýygnananlara ýüzlenip, il-halkymyz baradaky ýagşy pikirlerimi aýtdym, berlen sadakanyň, edilen doga-dilegleriň Beýik Biribaryň dergähinde kabul bolmagyny, Garaşsyz, Bitarap Watanymyzda hemişe parahatçylygyň, agzybirligiň höküm sürmegini dileg etdim.

Şu ýerde, hormatly okyjy, özümiň akgoýun toýum bilen baglanyşykly käbir zatlar barada gysgajyk gürrüň bermek bilen, gadymy däp-dessurlarymyza, milli toý däplerimize örän uly ähmiýet berilýändigini, olaryň döwlet derejesinde aýalýandygyny, dowam etdirilýändigini anyk delillerde görkezmek isledim.

Halkymyz bu ýaşa, hakykatdan-da, aýratyn ähmiýet berýär, 63 ýaşa ýeten adama durmuş tejribesini toplan, ýaşuly adam hökmünde garaýar. Adam bu ýaşa çenli kän synaglardan geçýär, şoňa görä, ol ýagşy-ýamany seljermäge, haýryň-şeriň, günäniň-sogabyň parhyny bilmäge ukyply bolýar, durmuş tejribesine daýanyp, ýaşlara nusgalyk görelde görkezmegi başarýar.

Biziň halkymyzda pygamber ýaşyna ýetilmegi şanly senedir, ol uly dabara bilen bellenilýär. Onda halkymyzyň bagtyýarlygy, agzybirligi öz beýanyny tapýar. Meniň üçin hem şeýle. Şol wagt döwlet Baştutany hökmünde bolsa bu ýaşyň meniň üçin aýratyn häsiýete eýe bolandygyny belläsim gelýär. Türkmenistan Watanymyzda halkymyzyň köp asyrlyk arzuwlaryny özünde jemleýän, parahatçylyk, abadançylyk ýörelgelerini ugur edinýän giň möçberli taslamalar üstünlikli durmuşa geçirilýär.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Pygamber ýaşyna ýetilmegi mynasybetli guralýan dabaralarda türkmen halkyna mahsus häsiýetler, ula hormat goýmak, maşgala gymmatlyklarynyň mukaddesligi ýaly ajaýyp ýörelgeler öz beýanyny tapýar. Halkymyzyň däp-dessurlary – halkymyzyň milli gymmatlygy. Milli gymmatlyk bolsa goralmaga, dowam etdirilmäge, ösdürilmäge degişlidir.

Halkymyzyň asylly däbine görä, pygamber ýaşyna ýeten adamlar Beýik Biribara hoşallyk hökmünde akgoýun toýuny, başgaça aýdylyşy ýaly, akgoýun toý sadakasyny berýärler. Muny edil şunuň ýaly hem atlandyrýarlar – «akgoýun toýy», «akgoýun sadakasy», «akgoýun toý sadakasy» diýýärler. Bu toýuň «pygamber toýy», «pygamber ýaş toýy» ýaly atlandyrylmagynyň sebäbi Allanyň resuly Muhammet aleýhyssalamyň 63 ýaşap dünýäden ötendigi bilen baglanyşyklydyr.

Türkmen halkynyň meşhur sopy şahyry Hoja Ahmet Ýasawy hem Muhammet pygamberiň ýaşan ýaşyna aýratyn ähmiýet beripdir. Şahyryň altmyş üç ýaşandan soň, pygambere bolan beýik söýgüsiniň täsiri astynda, oňa duýgudaşlyk hökmünde ýerküme gazyp, şonda ýaşap başlandygy barada şu kitabymyň mundan öňki sahypalarynda ýatlapdym. Hoja Ahmet Ýasawynyň «Hikmetlerindäki» «Altmyş

üçde sünnet boldy ýere girmek» ýaly setirlere üns beriň! Ol altmyş üç ýaşa bolan aýratyn garaýşyny, onda-da, megerem, eýýäm şol döwürlerden halkyň aňyna ornan garaýşy mälim edýär. Hoja Ahmet bu ýaşa hormat goýmagy sünnet diýip hasap edýär, ýagny däp-dessur, adat, düzgün derejesinde görkezýär. Şunuň bilen baglanyşykly ýene bir zady aýtmak gerek: alymlaryň ençeme gezek belleýişleri ýaly, altmyş üç ýaşa berlen aýratyn ünsüň Hoja Ahmet Ýasawydan gaýdýandygyny çaklamak bolar. Biziň halkymyzyň akgoýun toýy dessurynyň şol irki döwürlerden gözbaş alýandygy bolsa jedelsizdir.

Ruhubelentlik türkmenleriň zandynda bar. Türkmen halky uzyn taryhyň dowamynda hemişe ruhubelent bolupdyr. Her bir zady ýagşylyga ýormagy we her bir şatlygy dabara öwürmegi başarypdyr. Halkymyz altmyş üç ýaş bilen bagly düşünjäni has ösdürip, ony pygamber ýaşyna ýetmegiň şükranalygyna sadaka bermäge, akgoýun toý dabarasyna, milli däp-dessura, adata öwrüpdir.

Türkmen: «Ak zat alnyňa ýagşy» diýýändir. Akgoýun toý sadakasyny geçirmek däbi hem halkymyzyň ak arzuwlary, ýagşy umytlary bilen baglanyşyklydyr. Halk arasynda süýtli aş pygamberimiziň iň gowy gören nahary bolupdyr

diýen düşünje bar. Şuňa görä, akgoýun toýy toýlananda, myhmanlara süýtli aş hödür etmek däbi hem bar. Şunuň bilen birlikde, akgoýun toýunyň esasy nygmaty ak goýunlaryň etinden taýýarlanan naharlardyr. Muňa «akgoýun toýy» diýilmesi hem hut şunuň bilen baglanyşyklydyr. Bu toýa niýetläp, ýörite iki sany ak goýun bakylypdyr: bir janlyny gurban etmegiň sogaby Muhammet pygamberiň ruhuna bagyş edilip, ikinji janly pygamber ýaşyny belleýäniň özi üçin niýetlenilýär. Bu toý mynasybetli pygamberimiziň ruhuna ýörite hatm bagyş edilip, tebärek çykylýar.

Akgoýun toýunyň geçirilişindäki gyzykly, özboluşly ýagdaýlar barada kän zatlary aýdyp bolar. Edil beýleki toýlarymyzyň biri-birinden tapawutlanyşy, biri-birinden gyzykly, täsirli geçişi, özboluşly aýratynlyklara, öwüşginlere baý bolşy ýaly, akgoýun toýy hem şeýle özboluşlylyklara, täsin pursatlara baý. Akgoýun toýuny tutýan erkek adammy ýa zenan – toý pursatlarynda bularyň hersine görä degişli sowgat-serpaýlar edýärler. Toý uludan tutulýar, myhmanlara türkmeniň dürli milli tagamlaryndan hödür-kerem edilýär. Bu toýda bagşy aýtdyrylýan wagty hem bolýar. Ýurdumyzyň käbir sebitlerinde, şeýle-de daşary

ýurtlarda ýaşaýan türkmenleriň arasynda akgoýun toýunyň toýlanylyşynda belli bir tapawutlar hem bar. Ol tapawutlar, edil älemgoşar öwüşginleri ýaly, biri-biriniň üstüni ýetirýärler we biziň umumy toý däbimizi düzýärler.

Akgoýun toýuny etmegiň düýp maksady pygambere bolan sylag-hormaty bildirmek, onuň ruhuna Gurhan okadyp, doga-dileg etmek, dünýäde pygamber kimin halal ýaşap, iman gazanmak ýaly duýgy-düşünjeler, ynançlar, arzuw-umytlar, nesillere ýol, ýagşy görüm-görelde görkezmek, gowy edep-terbiýe bermek bilen baglanyşyklydyr.

* * *

Gadyrly okyjym! Indi halkymyzyň ynançlary, ýol-ýörelgesi, däp-dessurlary bilen baglylykda tutýan beýleki käbir toýlary barada hem gürrüň bereýin.

Galpak toýy (ýa-da saç toýy) hem türkmeniň milli toýlarynyň biridir. Pygamberimiz Muhammet aleýhyssalam her bir täze doglan çaganyň saçy ilkinji gezek syrylanda, onuň agramyna görä kümüş ýa-da şonça kümşüň bahasyny garyp-gasarlara bermegi tabşyrypdyr.

Çaga bir ýaşyna ýeteninden soň, onuň çile saçy syrylyp, galpak toýy toýlanýar. Ýaş çaganyň durmuşynda dabaraly wakalaryň biri bolan galpak

toýy türkmenlerde ir zamanlardan bäri tutulýar. Çile saçy çaganyň doglandaky saçydyr. Ol ýüpek ýaly ýumşak, mymyk hem näzik bolýar. Halk arasynda çile saçy agyr hasaplanýar, çagany etikdirmeýär, horlaýar diýlip düşünilýär.

Däbe görä, çaganyň çile saçy daýysyna syrdyrylýar ýa-da päki degirdilýär. Ejesiniň süýtdeş agalarydyr inileri çaganyň daýysy hasaplanýar. Olar edil aýal doganlaryny eziz görüşleri ýaly: «Ýegen uja ýa:gy, ýa:gam bolsa gowy» diýip, ýegenlerini özlerine ýakyn saýyp, eziz görýärler. Ýaşyna ýeten çaganyň çile saçyny syrmagyň daýysyna ynanylmagy şu süýjüje garyndaşlyk gatnaşyklarynyň netijesidir. Ýegeniniň saçyny syran daýysy onuň eline gutluk hökmünde pul gysdyrýar. Çagany agalarynyň biri göterip, erkek kişileriň arasyna aýlaýar. Toýa gelen erkek adamlar onuň naşyja donunyň ýa-da kirliginiň jübüsine göwnünden çykaran gutluk pullaryny gysdyrýarlar, ýagşy arzuwlary edýärler. Galpak toýunda milli oýunlar oýnalýar, bagşy diňlenilýär. Toý şüweleňli geçirilýär. Daýy-daýzalar serpaýlanýar. Adatça, çaganyň saçyny syran daýysyna ak düwünçege salnyp, köýnek sowgat edilýär.

Öňler çaganyň çile saçyny syranlarynda, oglanlara galpak, gyzjagazlara bolsa alyn çokul, iki

gulpak, ýeňse çokul goýardylar. Çile saçy syrylan oglanjyga akgaýma tahýa, gyzjagaza gültahýa geýdirýärler. Çaganyň çile saçy bilen bagly ulanylan bu adatlar häzirki günlerde ýiteňkirläp barýar. Çile galpagy indi tutuşlygyna syrylýar. «Çile saçy bagt getirýär» diýen yrym bilen çaganyň gulpagyndan bir bölejik alnyp, ol elbukjada, sandykda saklanýar, galan bölegi bolsa miweli agajyň aşagynda gömülýär. Çile saçy syrylan çaga bagtly bolsun, yzyna jigi tirkesin diýen ýaly ýagşy niýetler bilen edilýän arzuwlara türkmen halky aýratyn ähmiýet berýär. Şular ýaly yrym-ynançlarymyz, dessurdyr adatlarymyz türkmeniň geçmişinden geljegine ýörelge mekdebidir.

Welaýatlarymyzyň käbir etraplarynda bolsa çaganyň yzyndan çaga dogulýança, onuň saçy syrylmandyr. Çile saçy syrylandan soň, syrylan saçlar oglanjyklaryň kürtekçesine dakylypdyr. Şeýle ynançlaryň yzlaryny welaýat muzeýlerimizde saklanýan çaga egin-eşiklerinde görüp bolýar.

Sünnet toýy çaganyň ulularyň hataryna goşulýandygyny aňladyp gelýär. Bu toý asyrlarboýy halkymyzyň örän gowy görýän we has giňden tutup gelen toýlarynyň biridir.

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Oglan çagany sünnet etmek pygamberimiziň tabşyrygy saýylýar. Ýöne dinimizde munuň üçin ýörite toýdur sadaka bermek barada buýruk ýokdur.

Türkmenlerde oglanlar täk ýaşyndaka – üç ýa bäş ýaşyndaka sünnetledilip, sünnet toýy tutulýar. Halk arasynda çaganyň sünnet edilmegine «çaganyň elini halallatmak», «ulularyň hataryna goşmak» hem diýilýär. «Elini halallatmagyň» manysy şundan ybarat: biziň halkymyzda sünnet edilen oglan indi towuk ýa başga mal-gara öldürmäge haklydyr, şuňa çenli onuň muňa haky ýokdur. Musulmançylygyň esasy parzlarynyň biri bolan sünnet türkmen maşgalalarynda uly ähmiýete eýe bolup, ol arassaçylygy, halallygy özünde jemleýär. Her bir musulmanyň çaga doglanda oňa ýagşy at dakmak, oglany täk ýaşynda sünnetletmek, perzent kämillik ýaşyna ýetende, ony gözli-başly etmek ýaly möhüm borçlary bardyr. Gadymdan gelýän bu adata uýulmagy tötänden däldir. Ol türkmen halkynyň bütin taryhy ösüşiniň dowamynda gyşarnyksyz berjaý edilip gelnipdir.

Sünnet parzynyň berjaý edilmegi inçe ýollary we yrymlary özünde jemleýär. Çagany sünnet etmek üçin, ýylyň ýaz we güýz pasly amatly hasaplanylýar, aýratyn sähetli günler saýlanyp alnyp, çaga sünnete

ýatyrylýar. Bu dabaranyň şowhunyny has-da artdyrmak üçin, sünnet ediljek oglanjygy daýysynyň alyp gaçmagy, tä oglanjygyň enesiniň, ejesiniň ýa-da kakasynyň: «Getir oglumyzy, daýy paýyňy bereli!» diýip, sowgat berýänçä, ony gizlemegi ýaly däpler hem bardyr.

Türkmençilikde sünnet etmek wezipesi çem gelene ynanylmandyr, bu sogaply işi agzy dogaly, namazly-täretli adamlar berjaý edipdirler. Olara halk arasynda «ussa» hem diýilýär. Ussalar çagajygyň ünsüni sowmak üçin, gyzykly gürrüňler, rowaýatlar aýdyp berip, ony güýmeýärler we «men bu gün seni sünnet etjek däl, ýöne sypalap gitjek, sünneti ertir gelip ederin» diýen ýaly sözler bilen çagajygy köşeşdirýärler, rahatlandyrýarlar. Çagada gorky galmasyn, onuň endamy düýrügip, gatap, gany köp gitmesin diýen niýetler bilen şeýdilýändir. Sünnetlenen çagany bir hepdeläp ýyljak öýde göz astynda saklaýarlar. Häzirki döwürde bu parzy ýörite lukmanlar ýerine ýetirýärler.

Käbir çagalar dogabitdi sünnetli dogulýar. Oňa «şyhsünnet», «pygambersünnet» hem diýilýär. Bu ýagdaý olara dakylan atlardan hem bellidir. Sünnetli doglan çagalar sünnet edilmän, yrym üçin ýöne päki degrilýär-de, sünnet toýy tutulýar.

Sünnet edilen oglanjygy mübärekleýärler. Oňa: «Tüweleme, uly adam bolupsyň, gutly bolsun!», «Är ýigit çykypsyň, mert oglanlaryň hatarynda bol!» diýen ýaly gutlag sözleri aýdylyp, puldur beýleki sowgatlar berilýär.

Durmuş gurmak we nikalaşmak barada Muhammet pygamberimiziň şu hadysy aýdylýar: «Nika meniň ýolumdyr, her kim bu ýoldan dänse (durmuş gurman, ýeke ýaşasa) menden däldir».

Türkmençilikde gelen gelne, ilki bilen, iki tarapyň razylygy esasynda nika gyýdyrylýar. Nikany, adatça, ir säherde ýa-da gün ýaşyp, il aýagy ýygnanandan soň gyýdyrýarlar. Nika gyýmak üçin ýörite kazy ýa-da molla çagyrylýar. Mollanyň ýanynda iki sany şaýady, pyýadakazysy we ýigidiň hossarlary bolýar. Türkmen: «Düýe malym – dünýe malym» diýip, düýäniň özüni-de, ýüňüni-de mukaddes saýýar. Şoňa görä, nika gyýylmazdan öňürti öýlenýän ýigidiň egnindäki toý köýneginiň jübüsine, gyzyň ketenisiniň art etegine, çabydynyň jübüsine düýe ýüňi çatylýar. Täze we syrçasy synmadyk jamda süýjülik suwy taýýarlanyp, üstüne-de ak ýaglyk ýapylyp, nika gyýylýan öýde goýulýar. Nika gyýmak dessuryna eli gaýçyly dört sany zenan maşgala hem gatnaşýar. Gaýçylaryň şarkyldaýan sesleri göze görünmeýän ýaramaz

güýçleri yza serpikdirýär, düwlen düwünleri kesýär diýen yrym-ynanç bar. Eli gaýçyly aýallar arasyna düýe ýüňi gysdyrylan gaýçylaryny yzyny üzmän şarkyldadýarlar. Täze gelniň saçbagynda, boýnuna, eline dakylan alajalarynda düwün bar bolsa, ony hökman çözdürýärler.

Nika gyýmak dessury geçirilýän pursadynda täze, syrçasy synmadyk gabyň ulanylmalydygy, düwünleriň çözülmelidigi, elleriň barmaklaryny biri-biriniň içinden geçirip, çilşirip oturmaly däldigi, köwüşleriň agdarylyp durmaly däldigi ýaş çatynjalar «bagly» bolmasyn, olaryň arasyna düwün düşmesin, düşünişmezlik, öýke-kine bolmasyn diýen ýaly ýagşy niýetleri aňladýar. Nika gyýmagyň hökmany dessurlary berjaý edilenden soň, pyýadakazylar ýigidiňem, gyzyňam ilki özüniň, soňra kakasynyň adyny, soňra nika gyýylmagyna razylyklaryny öz dillerinden eşidip, olaryň nikasyny doga okap berkidýärler. Şol doga yssylyk (mähribanlyk) dogasy diýilýär. Nika gyýýan kazy, molla üçin ýigidiň we gyzyň razylygyny diňe dil üstünden almak ýeterlikdir. Adata görä, nika gyýlanda, ähli güwälikler dilden berilýär we kazy hiç hili ýazgy geçirmeýär. Kazy ýa-da molla nikany hökman iki sany pyýadakazynyň gatnaşmagynda gyýýar. Şol pyýadakazylaryň biri

gyzyň, beýlekisi ýigidiň tarapynda durýar. Kazy ýaş çatynjalardan: «Gyz (ýa-da ýigit) wekilçiligini kime berýär?» diýip, töwerekdäkiler eşider ýaly edip soraýar. Gyz (ýigit) wekilçiligi pyýadakazylaryň birine berip bilýär ýa-da özüniň ynanýan adamsyny wekil bellemeklerini soraýar. Kazy, wekil bolmaly diýlip ady tutulan adamdan nika gyýmak dessuryna gatnaşmak üçin razyçylygyny alandan soň, ony pyýadakazy diýip yglan edýär.

Nika gyýlandan soň, pyýadakazy ýigit bilen gelne ýörite taýýarlanylan, içine gant, nabat we kümüş atylan süýjülik suwundan içirýär. Halk arasyndaky nika gyýmaklygy gizlin geçirmek däbi muny ýaramaz ruhlaryň, erbet niýetli adamlaryň duýmazlygy üçindir. Nika gyýany üçin, ýigidiň hossarlary molla, kaza ak ýa-da ýelýyrtan ýaglyk, ýagny el aklygy, arasyna jüp çörek, nogul-nabat düwüp berýärler. Pyýadakazylaryň birine süýjülik suwly tabagyň üstüne ýapylan ak ýaglyga, beýlekisine bolsa başga bir ýaglyga düwlen aklyk berilýär. «Bize-de şeýle toý nesip etsin!», «Çatynjalar süýji durmuşda ýaşasynlar!» diýen yrym, ýagşy arzuw-niýet bilen nika suwundan dadylýar we ol iň soňky damjasyna çenli toýuň märekesine paýlanylýar.

Hormatly okyjym! Sen eposdyr dessanlarymyzdan, ertekilerdir rowaýatlarymyzdan, hatda anyk taryhy çeşmelerden kyrk gije-gündizläp toý eden türkmenler hakynda bilýänsiň! Näme üçin kyrk? Bir hepde däl, ýigrimi ýa otuz gün hem däl, kyrk gün. Bu san bilen baglanyşykly halkymyzda gaty kän düzgünler, däpler, yrymlar, many aňlatmak üçin ýasalyp, ulanylyp gelinýän sözler bardyr. Bu-da örän gyzyklydyr, häli-şindi dürli awtorlaryň, alymlaryň hem ünsüni çekýän meseledir. «Görogly» eposynyň «Kyrk müňler» şahasy bar, Göroglynyň kyrk ýigidi bar. Türkmen milli saz sungatynda meşhur «Kyrklar» sazy bar, ýurdumyzyň çäklerinde «Kyrk gyz» galasy, «Kyrk gyz» gowagy, «Kyrk gyz» çeşmesi... bar.

Dessur we hatda örän berk düzgün edilip gelinýän «kyrk çile» düşünjesi bar. Ýene aýtsaň aýdybermeli: «kyrkçille», «kyrkbogun», «kyrkgaryn», «kyrkaýak», «kyrkgünlük», «kyrk-kyrk», «kyrky»...

Siz köne edebiýatlarymyzdan kyrk derwezeli şäher, kyrk şäherden hyraç almak, çillä oturmak (ýagny kyrk günläp hylwatda Gurhan okamak), kyrk çory, kyrk galandar, kyrk molla... barada hem kän okansyňyz! Nakyllarymyzda «Kyrk ýyl gyran gelse-de, ajally öler, biajal galar», «Kyrk ýyl gazan, bir ýyl iý», «Kyrk ýyl takat gelinçä, säher gözden ýaş gelsin»,

«Kyrk kişi bir ýana, gyňyr kişi – bir ýana», «Kyrkyň içinde janyny gaýgyran namart»... diýilýär. Nusgawy şahyrymyz Mollanepesiň: «Kyrk ýyl maýa gezinçäň, bütin bir ýyl ner gezgin» diýen sözi bar...

Şeýle bolmagy asla ýöne ýere däldir, örän berk hasap, çuňňur ylym hem tejribe bilen ýola girendir.

Edil häzir men meseläniň türkmen toýlary bilen baglanyşykly başga tarapyna ünsi çekmek isledim. Kyrk gije-gündizläp toý etmek, onda-da ýakyndan-uzakdan, çar tarapdan myhman çagyryp, at çapdyryp, altyngabak atdyryp, göreş tutduryp, beýleki milli oýunlary gurnap, baýraklary uludan goýup, myhmanlary dürli tagamlar bilen hezzetläp, örän derejeli toý tutmak köp harajaty talap edýär. Eýsem-de bolsa, türkmen toýy üçin zadyny gaýgyrmaýar. Gazanç edende, toý tutmak üçin gazanç edýär. Artdyranyny toýa diýip ýygnaýar. Dileg edende-de: «Gazananyň toýa ýarasyn!» diýýär. Gazananyny toýa ýaradýan türkmeniň rysgal-berekedi hiç mahal kemelmändir.

«Görogly» eposymyzdan toýlarda at çapdyrylyp, altyngabak atdyrdylyşy hakynda okansyňyz. «Hüýrlukga-Hemra» dessanymyzdan Hysrow patyşanyň ýurduna gelip, kyrk gije-gündiz toý tutandygy, at çapdyryp, altyngabak atdyrandygy

barada hem okansyňyz. Altyngabak, mälim bolşy ýaly, altyndan ýasalan kädini (gabak) ok-ýaý bilen atyp urmak boýunça guralýan gadymy türkmen oýnudyr. Toýlarda altyn-kümüş şaý-sepleriň, kürtedir gupbanyň, mata-marlakdyr beýleki toý enjamlarynyň zerurlygy düşnüklidir. Belli-belli adamlara dürli halatdyr beýleki gymmatbaha serpaýlar ýapmakdan, bagşy tutmakdan başga-da, at çapdyrylanda, göreş tutdurylanda, beýleki türkmen milli oýunlary guralanda, owlak-guzudan başlap, goýundyr göle, öküzdir düýe, haly ýaly, uly baýraklar hem goýlupdyr.

Biziň döwrümizde ähli dessurlary berjaý edip, täze däpler, islegler bilen hem baýlaşdyryp, köp harajatlary sarp edip, telim günläp toý tutulyşyny görseň, bu halkda özüni oňarman ýören bar diýseler, hiç ynanmarsyň! Biziň halkymyz şeýle halkdyr! Hem ruhy taýdan baýdyr, hem rysgaly egsilmezdir. Bu günki berkarar döwletimiziň gülläp ösüşlerinde hem men halkymyzyň göwnündäki hem bütin dünýäsindäki nuranalygy, giňligi, baýlygy, belentligi görýärin. Bu uly döwletlilik ahyryn! Muny bize Allatagala beripdir!

Berkarar döwletimiziň saýasynda halkymyzyň toý-baýramlary goşa-goşadan gelýär. Döwlet

derejesinde tutulýan toýlarymyz, edil halkymyzda aňyrdan däp bolup gelşi ýaly, uludan tutulýar. Biziň toýlarymyzyň çawy dünýä dolýar. Şol toý-baýramçylyklaryň ýokary derejede geçmegi, olarda uludan-kiçä hemmeleriň toý lybasynda bolmagy, buýsanmagy, döwletli toýlarymyzyň şatlygyna garylyp-gatylmagy üçin ähli şertler döredilýär, munuň üçin asla serişde gaýgyrmaýarys.

Biz mukaddes Garaşsyzlygymyzyň şanly 30 ýyllyk baýramçylygyny belledik. Garaşsyzlygymyzyň şanyna tutýan toýumyz biziň iň uly, iň şöhratly, iň uly dabaralara besleýän toýumyzdyr. Ýeri gelende aýtsam, beýleki toýlarymyz babatda bolşy ýaly, Garaşsyzlyk baýramymyzy hem gadymdan gelýän ýörelgelerimize laýyklykda, şonuň bilen birlikde, täze döwrüň toý-baýramlarynyň däbini kemala getirmek bilen geçirýäris. Şol toýlarda Garaşsyz, Bitarap döwletimiziň bütin ruhy, milli buýsanjymyz, joşgunymyz, dünýädäki mynasyp ornumyz, beýik ösüşlerimiz we aýdyň geljege gönükdirilen beýik maksatlarymyz öz beýanyny tapýar.

Goý, eziz ýurdumyzda mydama toý bolsun!

Garaşsyz Türkmenistanymyzda tutulýan toý-baýramlaryň owazy dünýä ýaň salyp dursun!

Toýlarymyz toýlara ulaşsyn!

Gazananymyz toýa ýarasyn!

SÖZSOŇY

Mähriban okyjym!

Seniň bilen paýlaşasym gelýän pikirlerim başga-da köp. Sebäbi halkymyzyň geçmiş taryhy, milletimiziň mertebesi, asyrlardan aşyp, şu günlerimize ýeten däp-dessurlarymyz barada näçe oýlandygyňça, täze-täze pikirler döreýär. Häzirki wagtda dünýäni gezmäge, halklaryň, milletleriň däp-dessurlary bilen has içgin tanyşmaga näçe diýseň mümkinçilik bar. Olaryň her bir halk üçin gadyr-gymmaty, aýratyn manysy, durmuşdaky orny bar. Olar ol ýa beýleki halkyň buýsanjy, guwanjy bolup durýar.

Biziň türkmen halkymyzda şu babatda buýsanara, guwanara zat örän köp. Gadymyýetden gözbaş alan, barha kämilleşdirilip, şu günlerde hem işjeň ulanylýan edim-gylymlarymyz, durmuş kadalarymyz barada hem buýsançly sözleri aýtmak mümkin. Oýlanyp görüň, biziň durmuş kadalarymyzyň aýratynlygy nämede? Gündelik durmuşymyzda gabat gelýän ýaşuly bilen ýaşulynyň, ýaşuly bilen ýaşkiçiniň, ýaşkiçi bilen ýaşkiçiniň, erkek adam bilen zenan

maşgalanyň, zenan bilen zenanyň, dogan bilen doganyň, dost bilen dostuň... (bu sanawy ýene-de uzaldyp bolardy) arasyndaky gatnaşyklarda aýdylmaly sözler, edilmeli hereketler milliligimize ýugrulyp, belli bir kada öwrülip gidipdir. Asla, olaryň hiç biriniň hem artykmaç gelýän ýa-da kemter gaýdýan ýeri ýokdur. Ula hormat, kiçä sarpa, zenany sylamak, maşgala gymmatlyklaryny ähli zatdan ýokarda goýmak, ejize ganymlyk etmezlik, mätäji goldamak ýaly häsiýetler asyrlaryň dowamynda türkmeniň ganyna, süňňüne ornan häsiýetlerdir.

Hemme babatda bolşy ýaly, türkmenler hemişe-de öz toýlaryny, goý, ol dini däp-dessurlar bilen baglanyşykly bolsun ýa-da beýleki toýlar, tapawudy ýok, hemişe uludan, deňli-derejeli tutýar. Halkymyz öz toýlaryna aýratyn nazar bilen garaýar, çynlakaý çemeleşýär. Özem, her kim şol toýlara ýat ýerden gelen myhman hökmünde däl-de, öz toýy ýaly hyzmat etmek höwesi bilen gatnaşýar. Sebäbi il-gün bilen toý-märekäni abraýly sowup bolýandygyna düşünýär. «Ilim-günüm bolmasa, Aýym, Günüm dogmasyn!» diýen ajaýyp sözi döreden türkmen eden ýagşy hereketleriniň ertir öz toýunda başgalar tarapyndan gaýtalanjakdygyny bilýär. Şol toýlara niýetlenen janlylar soýlup, dograma, palaw, ýarma, çekdirme

ýaly milli tagamlar taýýarlanylyp, bagşy aýtdyrylýar, göreş tutdurylýar, milli oýunlar oýnalýar. Ine, şonda başarjaň beýemçiniň bir diýenini iki gaýtalatman, ýeňini çyzgap hyzmat edýän ýaşlarymyzy göreniňde, guwanjyň, buýsanjyň artýar. Türkmen toýlarynyň hemmesi türkmeniň adatyny, däp-dessuryny özüne siňdirip, olary nesilden-nesle geçirip, halkyň durmuş ýoluny asyrlara aşyrýar.

Halkymyzyň milli ýörelgesine siňip giden, has gadymy döwürlerdäki ynanç-ygtykatlary bilen bir kökden gaýdýan toý-baýramlary, däp-dessurlary hakynda aýdara zat juda kän. Olar milletimiziň ruhy-ahlak mekdebini düzmäge gatnaşýarlar. Meniň pikirimçe, olar ýöriteläp çuňňur öwrenilmäge, giňişleýin gürrüňi edilmäge mynasyp.

Bir Taňra uýmak bilen, din bilen, köp asyrlaryň dowamyndaky durmuş tejribesi bilen baglanyşykly halkymyzyň özboluşly aňyýeti – adamzat ösüşlerine ägirt uly goşantlar goşup gelýän, islendik ýagdaýlara, şertlere uýgunlaşmagy başarýan, ýöne hiç bir döwürde özüni ýitirmeýän, döwre görä kämilleşmäge ukyply aňyýeti kemala gelipdir. Şoňa görä, halkymyzyň ynamy, ýoly-ýörelgesi meniň üçin örän mukaddes.

Biz halkymyzyň milli ýörelgesine daýanyp, berkarar döwletimiziň dünýädäki abraý-mertebesini barha belende göterýäris, ony kuwwatly, synmaz döwlete öwürýäris.

Goý, sarsmaz sütünli, berkarar döwlete eýe bolan halkymyň mertebesi mydama belent bolsun!

Türkmeniň şan-şöhraty mundan beýläk hem dünýä ýaýylsyn!

* * *

Eziz watandaşlar! Men bu kitabymda, görşüňiz ýaly, ençeme durmuş pursatlaryny beýan etdim. Ýöne, gadyrly okyjylar, durmuş ýoly uzak diýlişi ýaly, men indiki oý-pikirlerimi «Ömrümiň manysynyň dowamaty» diýen kitabymda siz bilen dowam ederin.

Sizi çuňňur hormatlamak bilen, Arkadag.

MAZMUNY

GIRIŞ 3

ÝAŞAÝYŞ MEDENIÝETI 15

YNANÇ HAKYNDA SÖZ 117
Lebiz, ygrar, köňül tämizligi 118
Ýaradylyşyň kanuny 131
Ahlak hem durmuş gözelligi 142

MÜŇÝYLLYKLARYŇ JÜMMÜŞINDEN GAÝDÝAN ÝOL-ÝÖRELGE 149
Juda baý, juda gymmatly taryh 150
Oguz han we oguz namalary 166
Zaratuştra we onuň «Awesta» kitaby 192

GADYMYÝETE NAZAR 209
Ahlaky durmuşyň binýady 210
Ylym-bilim, medeniýet bossanynyň açylyşy we dünýä ýaýlyşy 223
Mukaddes ynanjyň goragçylary 235
«Alym misli Ymam Agzam gerekdir» 251
Sopuçylyk taglymaty 268
Abu Seýit Abul Haýyr – Mäne baba 277
Hoja Ahmet Ýasawy 289
Nejmeddin Kubra 303
Bahaweddin Nagyşbendi 309

MUKADDES MEKGE-MEDINÄ ZYÝARAT 321
Haj parzy hakynda 322
Gadymy hem mukaddes toprak 326
Parz hem wajyp zyýarat 329

MILLETIŇ RUHY-AHLAK MEKDEBI 361
Geçmişimize daýanyp, geljegimizi guryýarys 362
Toý-baýramlar, ruhy kökler 367

SÖZSOŇY 401

GURBANGULY BERDIMUHAMEDOW

ÖMRÜMIŇ MANYSY

Jogapkär redaktor *W. M. Hramow*

Redaktorlar	*A. Hojanyýazow, N. Aşyrmämmedow, G. Gapurow, B. Ataýew*
Surat redaktorlary	*O. Çerkezowa, P. Pürmyradow*
Teh. redaktor	*O. Nurýagdyýewa*
Kompýuter bezegi	*G. Orazowa, M. Geldiýew, M. Çaryýew*

Çap etmäge rugsat edildi 21.04.2022. Ölçegi 60x90 1/8.
Şertli çap listi 51,0. Şertli reňkli ottiski 204,25.
Hasap-neşir listi 28,90. Çap listi 51,0. Sargyt № 1215. Sany 7500.

Türkmen döwlet neşirýat gullugy
744000. Aşgabat, Garaşsyzlyk şaýoly, 100.

Türkmen döwlet neşirýat gullugynyň Metbugat merkezi.
744015. Aşgabat, 2127-nji (G. Gulyýew) köçe, 51/1.